**E. Rahmanowa, O. Sadywakasowa**

# BANK IŞI WE BANKLAR

Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**“Ylym” neşirýaty**
**2013**

UOK 336
R 17

**Rahmanowa E., Sadywakasowa O.**
R 17 **Bank işi we banklar.** Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: Ylym, 2013. – 244 sah.

Bu okuw gollanmasy iki bölümden, ýagny «Bank işiniň nazaryýeti» hem-de «Bank amallary we hyzmatlary» bölümlerinden ybarat bolup, onuň birinji bölüminde karz edaralarynyň işiniň guralyşy, şeýle hem Türkmenistanyň Merkezi bankynyň we karz edaralarynyň wezipeleri, ikinji bölüminde bolsa karz edaralarynyň ýerine ýetirýän amallary we hyzmatlary beýan edilýär.

«Bank işi we banklar» atly okuw gollanmasy bank ulgamynda amaly iş bilen meşgullanýan hünärmenler, bank işi bilen gyzyklanýanlar, şeýle hem talyplar üçin bank işiniň esasy düzgünlerini has anyk düşündirmäge we zerur bolan hünärmenlik bilimini artdyrmaga niýetlenendir.

TDKP № 285 KBK 65.9 (2) 262

© E. Rahmanowa, O. Sadywakasowa, 2013
© “Ylym” neşirýaty, 2013



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

**TÜRKMENISTANYŇ**
**DÖWLET SENASY**

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletiňmiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesine eýerip, ýurdumyzyň her bir raýatynyň durmuşyny gowulandyrmaga gönükdirilen syýasy, ykdysady, durmuş we medeni özgertmeleriň ençemesi amala aşyrylýar.

Bu özgertmeleriň çäklerinde ýurdumyzyň ykdysadyýetinde aýratyn orna eýe bolan maliýe we bank ulgamynda ýetilýän maksatlaryň birnäçe ugurlary 2010-njy ýylyň maý aýynyň 10-nda Daşoguz welaýatynda geçirilen Ýaşulularyň maslahatynda kabul edilen «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» bellenildi, ýagny onda ýurdumyzyň bank ulgamynyň aktiwleriniň depginli ösüşini gazanmak, olary ulanmagyň netijeliligini düýpli ýokarlandyrmak, bank ulgamynyň işini halkara derejelerine götermek, Hormatly Prezidentimiziň transmilli taslamalarynyň üstünlikli durmuşa ornaşdyrylmagy üçin bank hyzmatlaryny bökdençsiz amala aşyrmak we maýagoýumçylaryň, şol sanda daşary ýurt maýagoýumçylarynyň bank ulgamyna bolan ynamyny berkitmek, ýurduň pul toplumynyň düzümini kämilleşdirmek, onda nagt pul serişdeleriniň paýyny yzygiderli azaltmak, talap edilýänçä we möhletli pul serişdeleriniň paýyny ýokarlandyrmak, nagt pul serişdeleriniň bankomatlardan berilýän bölegini artdyrmak, şeýle hem söwdada we hyzmatda döwrebap töleg terminallaryny oturtmak bilen bank kartlaryny ulanmak arkaly nagt däl hasaplaşyklary geçirmegiň döwrebap ulgamyny döretmek, bank karzlarynyň möçberini yzygiderli we ýokary depginler bilen artdyrmak we olaryň düzümini kämilleşdirmek, milli manadyň hümmetiniň berkemegi bilen karzlaşdyrmagyň telekeçiler üçin kesgitlenen göterim derejelerini yzygiderli peseltmek,

karzlaryň düzüminde uzakmöhletli karzlaryň, şol sanda ösen tehnologiýalary özünde jemleýän önümçilik desgalaryny karzlaşdyrmagyň paýyny artdyrmak, bank ulgamynyň sebitler boýunça ösüş derejesini, hyzmatlarynyň hilini we görnüşlerini halkara derejelerine laýyk ýola goýmak göz öňünde tutulýar. Bu bolsa, öz gezeginde, milli puluň hümmetsizlenme derejesini bellenen möçberde saklamaga we ony peseltmäge, ykdysadyýetiň pula bolan islegini kanagatlandyrmaga we ýurtda maliýe durnuklylygyny üpjün etmäge oňyn täsir eder.

Bank ulgamynyň ykdysadyýetde tutýan orny örän uludyr, sebäbi pul we töleg serişdeleri elmydama ýaşaýyş durmuşynda, önümçilikde, paýlaşykda, alyş-çalyşda we sarp edişde zerur bolýar. Bank ulgamynyň esasy işi haryt öndürmek däl-de, karz bermek, maýa goýmak we hasaplaşyklary geçirmekdir.Muny bank önümçiligi diýip atlandyrmak mümkin. Bankda geçirilýän başga amallardan karzyň we maýagoýumlaryň belli bir aýratynlyklary bar. Esasan hem, pul serişdeleriniň halk hojalygynda dolanyşykda bolup, gaýtadan emele getirilen gymmat bilen yzyna gaýdyp gelmegidir.

**«Bank işi we banklar»** dersi **«Pul, karz we banklar»** dersiniň dowamy bolup, onuň amaly ähmiýeti örän ýokarydyr. Bu, öz gezeginde, täjirçilik banklarynyň işjeňligini talabalaýyk guramakda hiç hili bökdençliklere ýol berilmez ýaly, gaty ünslüligi talap edýän bank işini aňly-düşünjeli alyp barar ýaly geljekki bank işgärine, şeýle hem banklar bilen gyzyklanýanlara bank işiniň esasy düzgünleri bilen baglanyşykly zerur bolan hünärmenlik bilimini berýär.

Karz edarasy öz işini hususy we çekilen pul serişdeleriniň esasynda ýerine ýetirýär. Ol wagtlaýyn ýuridiki (edaralar, kärhanalar, guramalar, şereketler we ş.m. ykdysady subýektler) we fiziki (şahsy, öý hojalygy) taraplardan pul serişdelerini çekýär.

Bankyň öndüren önümi pul görnüşinde çykyş edýär, ol öz goşmaça gazanan we çekilen pul serişdelerini mätäç bolan ýuridiki we fiziki taraplara belli bir möhlete, göterim tölegli, üpjünçiligi we yzyna gaýtarmak şerti bilen karz ýa-da maýagoýum görnüşinde ulanmaga berýär. Ulanmaga berilýän pul serişdeleri hökman goşmaça goşulan gymmat görnüşinde yzyna gaýtarylyp gelmelidir. Bu bolsa bankyň

**maýasyny** emele getirýär. Şunuň bilen birlikde banklaryň **maliýe bazarynda** dellal (broker) gymmatbahaly kagyzlar bilen hem amallary geçirmäge, ýagny dolanyşyga goýbermäge, saklamaga satmaga,satyn almaga hem-de alyş-çalyş etmäge hukuklary bardyr.

Ýurdumyzda ösen bank ulgamynyň emele gelmegini çaltlandyrmak, şeýle-de «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» tassyklanyldy. Bu Maksatnamada ýurduň bank ulgamyny tapgyrlaýyn ösdürmek hem-de pul-karz we walýuta syýasatyny döwrelaýyk amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. Ykdysady ulgamda üstünlikli geçirilen özgertmeler, ýagny milli pulumyzyň daşary ýurt puluna bolan gatnaşygynyň ýeke-täk hümmetine geçirilmegi we denominasiýanyň amala aşyrylmagy ýurdumyzyň maliýe durnuklylygyny gazanmaga we maýagoýum işjeňliginiň tijenmegine getirdi. Galyberse-de, Türkmenistanyň maliýe we bank ulgamynyň uzakmöhletleýin ösüşiniň esasy wezipelerini kesgitledi.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**
***Amala aşyrylýan özgertmeleriň ykdysady strategiýasynda bank ulgamynyň mynasyp orny bar.***

# I BÖLÜM

# BANK IŞINIŇ NAZARYÝETI

## I BAP

## BANK IŞINIŇ GURALYŞY

### 1.1. Bank işiniň döremeginiň we ösmeginiň taryhy

Bank işi gadymy ylymdyr. Ol özünde bank edaralarynyň müňýyllyk tejribesini jemleýär, uzak möhletiň dowamynda emele gelen bank işiniň guralyşynyň hökmany ýörelgelerini açyp görkezýär.

**«Bank»** sözi italýan dilindäki «banko» sözünden emele gelip, ol «stol» diýen manyny aňladýar. Gadym döwürde belli bir şahslar adamlaryň toplanýan ýerinde şol stoluň üstünde dürli görnüşli teňňeler (kümüş, altyn, mis) bilen ýönekeý alyş-çalyş amallaryny geçiripdirler we mundan başga-da gymmatbahaly emläkleri söwdagärlere belli bir möhlete çenli saklap beripdirler. Bu geçirilýän alyş-çalyş amallary soňabaka söwda gatnaşyklaryny ösdürmäge ýardam beripdir. Alymlaryň pikiri boýunça gadym döwürde, ýagny gul-eýeçilik jemgyýetinde (b.e.öňki III asyrda) alyş-çalyş amal gatnaşyklary emele gelýär. VI asyrda gadymy Wawilon

döwletinde adamlaryň arasynda geçirilýän alyş-çalyş amal gatnaşyklary ösüp, ol XIV asyrda has ýokary derejä galypdyr. XIV asyrda Wenesiýa we Genuýa döwletlerinde adamlaryň arasynda elmydama alyş-çalyş amal gatnaşyklary bolupdyr. Bu hasam adamlaryň arasynda söwdanyň giňelendigini we ösendigini aňladýar. XX asyrda adamlaryň arasyndaky alyş-çalyş gatnaşyklary ýuwaş-ýuwaşdan harytdan pul gatnaşyklaryna öwrülipdir. Bu ýagdaýda pul diňe töleg serişdesi däl-de, eýsem dolanyşyk serişdesi hökmünde ulanylypdyr.

Ilkinji dörän banklar pullaryny ulanmaga berenlerinde girewine gaýyk, öý, gul, emläk we ş.m. harytlary alyp galýardylar. Söwda pudagynyň ösmegi sebäpli olar beren karz serişdelerine töleg (göterim) sorap başlapdyrlar. Bu bolsa haryt-pul nazaryýetiniň başlandygyny aňladýar. Ol töleg soňabaka her ýylda ösüpdir, ýagny alnan tölegler bankyň esasy peýdasyny, ilkinji maýasyny döredip başlapdyr.

Banklaryň ýerine ýetirýän ilkinji we iň peýdaly amallary bolup karz amallary çykyş edipdir. Soňabaka derejesiniň ösmegi bilen, banklar täze görnüşli amallary ýerine ýetirip başlaýarlar, ýagny hasaplaşyk amallaryny, nagt däl hasaplaşyk amallaryny we depozit syýasatyny amala aşyrýarlar.

Bank ýuridiki tarap bolup, müşderilerden çekilen pul serişdeleri (edara görnüşli we şahsy taraplardan) jemläp, edaralara, kärhanalara, guramalara, telekeçilere, şahsy taraplara we döwlete erkin pul serişdelerini karzlaşdyrmagyň ýörelgeleriniň (prinsipleri) esasynda möhletli, tölegli, üpjüncilikli, maksatly we yzyna gaýtarmak şerti bilen karz berýär.

Mundan başga-da bank ykdysadyýetde gymmatbahaly kagyzlar bilen bagly işleri, özara tölegleri we hasaplaşyk hasaplaryny amala aşyrýan maliýe edarasy hökmünde çykyş edýär.

Bank edarasynyň ähmiýeti has-da ýokarlanýar, sebäbi bu edara döwletiň pul serişdeleriniň hereketine uly üns berýär. Bank döwletiň pul akymlaryny sazlaşdyrýar, pul dolanyşygyny we karz gatnaşyklaryny guraýar, daşary ýurt walýuta amallaryny geçirýär, mundan başga-da halk hojalygyny maliýeleşdirýär, gymmatbahaly kagyzlar bilen amallary geçirýär we emitent bolup çykyş edýär:

• **birinjiden**, bank aradadurujy edara bolup, dürli amallary ýerine ýetirýär;

• **ikinjiden**, bank kärhana bolup, üýtgeşik önüm öndürýär. Bu ykdysady dolanyşykda ulanylýan önüm puldur (milli we daşary ýurt walýutasydyr);

• **üçünjiden**, banklaryň alyjylary we berijileri müşderiler bolýar.

Mundan başga-da «Karz edaralary we bank işi hakyndaky» Kanuna, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kabul edilen düzgünnamalara we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalara laýyklykda, banklar müşderilere däp bolmadyk hyzmatlary, resmi kagyz taýýarlamak, işewürlik meýilnamasyny (biznes plan) taýýarlamak we maslahat bermek, töleg blankalaryny taýýarlamak ýaly hyzmatlaryny ýerine ýetirýärler. Bu bankyň göterim däl girdejisi bolup çykyş edýär, ýagny bankyň işinde müşderiler bilen baglaşylýan şertnamalar we hemişelik aragatnaşyklar uly orun tutýar. Olar ynamlydyr we ikitaraplaýyn bähbitlidir.

**Şeýlelikde**:

• bankyň öndürýän önümi üýtgeşik haryt – pul hökmünde çykyş edýär, ol hyzmat görnüşinde bolýar;

• bank, esasanam, çekilen pul serişdelerini ulanýar;

• bankyň gymmatbahaly kagyzlary we paýnamalary kanuna laýyklykda çykarmaga, satmaga, satyn almaga we gaýry edaralaryň, şahsy taraplaryň gymmatbahaly kagyzlaryny saklamaga we müşderiniň talaby boýunça satyp bermäge hukugy bar;

• banka aradurujy kärhana diýip hem bolýar, sebäbi bank döwletiň pul serişdelerini satyn alýar we satýar, aratapawudy bankyň göterim girdejisi bolup çykyş edýär;

• bank aradurujy edaradyr, ýagny ol erkin pul serişdelerini jemleýär we mätäç bolan taraplary (önüm öndürmek üçin, kärhanany giňeltmek üçin, çig mal satyn almak üçin, okuwa töleg geçirmek üçin, awtoulag we gozgalmaýan emlägi satyn almak üçin, enjam satyn almak üçin we ş.m. harytlary satyn almak üçin) karzlaşdyrýar.

• bank karz edarasy bolup çykyş edýär, sebäbi bank tarapyndan berilýän karzlar we maýagoýumlar ýurduň ykdysadyýetini ösdürmäge täsir edýär.

## 1.2. Türkmenistanyň bank ulgamynyň döreýşiniň we ösüşiniň taryhy

Türkmenistan SSSR-iň düzümine girýän wagtynda banklaryň işi merkezleşdirilendi. Şol döwürde Türkmenistanda bäş sany bank edarasy hereket edýärdi: Türkmenistanyň Döwlet banky, Agrosenagat banky, Gurluşyk banky, Süýşürintgiler banky we Daşary ykdysady banky.

Ýurdumyz Garaşsyzlygyny alandan soň 1991-1993-nji ýyllarda öz milli aýratynlyklaryny hasaba alyp, döwlet tarapyndan täze kadalaşdyryjy kada-kanunlar kabul edildi.

Türkmenistanda 1993-nji ýylda «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Türkmenistanyň Tajirçilik banklary we bank işi hakynda», «Walýuta amallaryny düzgünleşdirmek hakynda», «Türkmenistanda gymmatly kagyzlar we gazna bazarlary hakynda», «Girew hakynda», «Telekeçilik işi hakynda» döwrebap Kanunlar kabul edildi. Kabul edilen kanunlaryň esasynda Türkmenistanda iki derejeli milli bank ulgamy döredildi.

“Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky” Kanuna laýyklykda bank ulgamynda **birnji derejeli bank** bolup Türkmenistanyň Merkezi banky çykyş edýär.Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň bank ulgamynyň işleriniň esasy kadalaşdyryjysy bolup durýar. Şonuň üçin onuň esasy maksatlary manadyň durnuklygyny üpjün etmäge, pul-karz ulgamyny pugtalandyrmaga gönükdirilendir.Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýöredýän pul-karz syýasatynyň netijesinde ýurdumyzda uzak döwürleriň dowamynda maliýe taýdan durnuklylyk gazanylýar. Türkmenistanyň ähli hojalyk birliklerine netijeli işlemek we bazar özgertmelerini üstünlikli durmuşa geçirmek üçin wajyp şertler döredildi.

Ýurdumyzyň bank ulgamy bazar ykdysady şertlerinde netijeli hereket etmäge, şeýle hem halkara maliýe bazarlaryna çuňňur aralaşmaga barha uýgunlaşýar. Ýurduň maliýe durnuklylygyny üpjün etmeginiň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň esasynda oýlanyşykly pul-karz we walýuta syýasatynyň alnyp barylýandygynyň mysalydyr. Kabul edilen kada-kanunlara laýyklykda bank ulgamynyň esasy wezipeleri müşderileriň ynanan pul serişdeleriniň aýawly saklanylmagyny

kepillendirmekden we olaryň netijeli ulanylmagyny gazanmakdan, dürli hyzmatlary hödürlemekden we ykdysadyýetiň ösüşine ýardam etmekden ybaratdyr.

Ýurduň pul birliginiň durnuklylygyny we pul-karz syýasatyny üpjün etmek Türkmenistanyň Merkezi bankynyň esasy maksatlarynyň biridir. Bu maksada ýetmek üçin Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ähli düzüm bölekleriniň uly işler alyp barýandygyny bellemek gerek.

Durmuş syýasatynyň uzakmöhletleýin maksady ilatyň durmuş derejeleriniň görkezijilerini ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşine laýyk getirmekden ybaratdyr. Bu ugurda ilaty düýpli maýagoýumlary goýmaga, ilatyň süýşürintgilerini ýygnamagyň esasy ugry hökmünde pensiýa ätiýaçlandyrmalaryny döretmäge höweslendirmek wajyp ähmiýete eýedir.

Ilatyň süýşürintgilerini çekmek häzirki döwürde iň amatly amallaryň birine öwrüldi we banklaryň bazar ösüşiniň wajyp bölegi bolmagynda galýar. Şol bir wagtyň özünde-de ösüp barýan döwletleriň ykdysady ösüşinde erkin pul serişdeleriniň banklara gelmegi esasy orny tutýar.

Türkmenistanyň pul-karz syýasatyny sagdynlaşdyrmak maksady bilen 1998-nji ýylda «Türkmenistanyň bank ulgamyny pugtalandyrmak baradaky çäreler hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary kabul edildi. Şol Karara laýyklykda, Türkmenistanyň üç sany uly banky, ýagny «Türkmenistan» paýdarlar-täjirçilik banky, «Inwestbank» paýdarlar maýagoýum täjirçilik banky we «Daýhan» banklarynyň assosiasiýasynyň guramaçylyk-hukuk görnüşi döwlet täjirçilik banklaryna esaslandyryldy.

Merkezi bank bilen birlikde bank ulgamynda **ikinji derejeli karz edaralary** Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklary hem möhüm bölüm bolup durýarlar. Olar gös-göni kärhanalara, guramalara, şeýle hem ilata hyzmat edýärler. Karz edaralary özbaşdak hojalygy ýörediji subýektler bolup çykyş edýärler.

Karz edaralarynyň esasy wezipesi jemgyýetiň ösüşiniň maliýe durnuklylygyny üpjün etmekdir we üstünlikli ýerine ýetirmekdir. Şol sebäpli «Karz edaralary we bank işi hakyndaky» Türkmenistanyň Ka-

nunyna laýyklykda, banklaryň ýerine ýetirýän wezipeleri şu aşakdaky **bank amallaryndan**, ýagny:

• müşderileriň islegi boýunça hasaplaşyk hasaplaryny açmakdan, ýöretmekden we ýapmakdan;

• ýüridiki we fiziki taraplary karzladyrmakdan;

• daşary ýurt walýutasyny bellenen gymmaty boýunça satyn almakdan we satmakdan;

• fiziki we ýuridik taraplaryň pul serişdelerini goýumlara (depozitlere) çekmekden;

• çekilen pul serişdelerini öz wagtynda yzyna gaýtarmakdan, töleglilik we möhletlilik şertleri bilen baglanyşylan şertmananyň esasynda, şol sanda Türkmenistanyň çäginden daşarda ýerleşdirmekden;

• fiziki we ýuridiki taraplara bank hasaplaryny, şol sanda gymmatbahaly metallardaky hasaplary açmakdan we ýöretmekden;

• gymmatbahaly metallary goýumlara (depozitlere) çekmekden we ýerleşdirmekden;

• ýuridiki we fiziki taraplaryň, şol sanda korrespondent banklaryň hasaplaşyk we pulhana (pulhana) hyzmatlaryny amala aşyrmakdan;

• fiziki taraplaryň (şahslaryň) tabşyrygy boýunça bank hasaplaryny açmazdan pul serişdelerini geçirmegi amala aşyrmakdan;

• nagt we nagt däl görnüşinde daşary ýurt walýutasyny satyn almakdan-satmakdan;

• bank kepilliklerini bermekden;

• ýuridik we fiziki taraplar (şahslar) bilen şertnama boýunça pul serişdelerini we gaýry emlägi ynanyşykly dolandyrmakdan;

• töleg-hasaplaşyk resminamalaryny inkassirlemekden;

• bankyň töleg kartlaryny dolanyşyga goýbermekden;

• gymmatly kagyzlara, maliýe gurallaryden, şol sanda başga maliýe amalyna esaslanýanlar bilen amallary geçirmekden;

• gaýry bank amallaryndan ybaratdyr.

Ýokarda görkezilen amallardan başga-da, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, şu amallary we geleşikleri, ýagny:

– zamunlyklary bermäge;

– faktoring we forfeýting amallaryny geçirmäge;

– lizing amallaryny;

– gymmatbahaly metallary we gymmatbahaly daşlary satyn almaga we satmaga;

– ýuridik we fiziki taraplara resminamalary we gymmatlyklary saklamak üçin ýörite jaýlary ýa-da olarda duran seýfleri kärendesine bermäge;

– maliýe agentini we maýagoýumlary dolandyryjy hökmünde hyzmatlary ýerine ýetirmäge;

– maslahatçy ýa-da maliýe maslahatçysy hökmündäki hyzmatlary ýerine ýetirmäge;

– maglumat beriş hyzmatlaryny ýerine ýetirmäge;

– çapraz gelmeýän gaýry amallary we geleşikleri amala aşyrmaga haklydyr;

– ýygym hak-heşdekleriniň bellenilen möçberleri, bank hyzmatlaryny etmek üçin nyrhlar karz edaralary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda özbaşdak bellenilýär;

– karz edaralaryna önümçilik, söwda (şanly sene, ýatlama we numizmatik teňňeleri ýerlemekden başga), ätiýaçlandyryş işi (bank amallary boýunça töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmakdan başga) bilen meşgullanmak gadagan edilýär.

Türkmenistanyň döwlet täjirçilik banklary ähli aktiw we passiw amallary milli manatda geçiryärler, degişli ygtyýarnama bolan halatynda amallar daşary ýurt walýutasynda hem geçirilip bilner.

Täjirçilik we beýleki banklaryň täze goýumlary we depozit hasaplaryny girizmekleri müşderiler tarapyndan gyzgyn garşylanýar. Banklaryň arasynda goýumçylar üçin bähbitli goýum şertleri we göterim derejeleri esasynda işjeň bäsleşik gidýär.

Häzirki zaman bazar marketinginiň baş maksady bank işini, ilkinji nobatda, öz önümine däl-de, müşderiniň hakyky islegine gönükdirmekden ybaratdyr. Şonuň üçin banklar tarapyndan hödürlenýän önümler (hyzmatlar) müşderileriň anyk topary bolan talyplara, ýaş ýetginjeklere, napagadakylara, orta we ýokary girdejili raýatlara gönükdirilen bolmaly.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe bank kanunçylygynyň üýtgedilmegi banklaryň uzakmöhletleýin ösüşiniň durnuklylygyna we netijeliligine öz mynasyp goşandyny goşýar.

Türkmenistanyň ösen bank ulgamynyň emele gelmegini çaltlandyrmak maksady bilen, şeýle-de «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny tassyklady.

Bu maksatnamada ýurduň bank ulgamyny tapgyrlaýyn ösdürmek hem-de pul-karz we walýuta syýasatyny döwrebap amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. Ykdysady ulgamda üstünlikli geçirilen özgertmeler, ýagny milli pulumyzyň daşary ýurt puluna bolan gatnaşygynyň ýeke-täk hümmetine geçirilmegi we denominasiýanyň amala aşyrylmagy ýurdumyzyň maliýe durnuklylygyny gazanmaga we maýagoýum işjeňliginiň tijenmegine getirdi hem-de Türkmenistanyň maliýe we bank ulgamyny mundan beýläk-de özgertmäge esas döretdi. Bank kanunçylygyny kämilleşdirmek maksady bilen «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Kanunlara 2011-nji ýylda üýtgetmeler, goşmaçalar girizildi we täze redaksiýada kabul edildi.

Häzirki wagtdaTürkmenistanda bellige alnan karz edaralarynyň 13 sanysy hereket edýär, şol sanda 7 sany döwlet täjirçilik banky, 4 sany paýdarlar täjirçilik banky, 2 sany daşary ýurt maýasynyň gatnaşygyndaky banklar (banklaryň ýerlerdäki şahamçalarynyň sany 139, daşary ýurt pulunyň alyş-çalyş nokadynyň sany 183, olaryň 11 sanysy gije-gündiz düzgüninde işleýär), şeýle hem Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna Türkmenistanyň Döwlet ösüş banky we Türkmenistanyň «Rysgal» Paýdarlar-täjirçilik banky (ykdysadyýetiň hususy bölegine degişli) açyldy.

Eýeçiligiň görnüşi boýunça karz edaralary döwlet-täjirçilik banklaryndan, paýdarlar täjirçilik banklaryndan, daşary ýurt banklarynyň şahamçalaryndan we daşary ýurt wekilliklerinden düzülýär.




**1-nji çyzgy. Türkmenistanyň bank ulgamy**

Birinji tablisadan görnüşi ýaly Türkmenistanyň Döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň ýerlerdäki şahamçalarynyň sany ýyl-ýyldan artyp, olaryň sany hasabat döwründe 139 şahamça ýetdi.

*1-nji tablisa*

**2013-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna Türkmenistanyň Döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

| Banklaryň ady | Aşgabat | Ahal | Mary | Lebap | Balkan | Daşoguz | Şahamça-laryň sany |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Döwlet-täjirçilik banklary | | | | | | | |
| Daýhanbank | 1 | 9 | 13 | 16 | 7 | 10 | 56 |
| Daşary ykdysady döwlet iş banky | | | | | 1 | | 1 |
| "Türkmenistan" banky | 8 | 4 | 3 | 3 | 4 | 1 | 23 |
| Türkmenbaşybank | 3 | 2 | 3 | 4 | 4 | 3 | 19 |
| Halkbank | 4 | 5 | 6 | 6 | 3 | 4 | 28 |
| Prezidentbank | | | | | | | |
| Paýdarlar-täjirçilik banklary | | | | | | | |
| "Senagat" banky | | 1 | 1 | 1 | 3 | 1 | 7 |
| "Rysgal" banky | | | | | | | |
| Türkmen-türk banky | | | | | | | |
| Halkara paýdarlar – täjirçilik banklary | | | | | | | |
| "Garagum" banky | 1 | | 1 | 1 | 1 | 1 | 5 |
| Jemi | 17 | 21 | 27 | 31 | 23 | 20 | 139 |

Ikinji tablisadan görnüşi ýaly, karz edaralary tarapyndan daşary ýurt pulunyň alyş-çalyş nokatlary açylyp, häzirki wagtda 183 sany alyş-çalyş nokatlary bar. Olaryň 11 sanysy gije-gündiz düzgüninde hereket edýär.

*2-nji tablisa*

**2013-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna Türkmenistanyň banklary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany barada maglumat**

| | **Banklaryň ady** | **Alyş-çalyş nokatlarynyň sany** | |
|---|---|---|---|
| | | **jemi** | **Şol sanda gije-gündiz işleýäni** |
| 1. | Daýhanbank | 59 | 1 |
| 2. | Türkmenbaşybank | 34 | 3 |
| 3. | “Türkmenistan” banky | 26 | 1 |
| 4. | Halkbank | 22 | |
| 5. | “Senagat” banky | 17 | 2 |
| 6. | „Garagum“ banky | 9 | - |
| 7. | Daşary ykdysady döwlet iş banky | 6 | 2 |
| 8. | Türkmen-türk banky | 5 | 1 |
| 9. | Prezidentbank | 2 | 1 |
| 10. | „Rysgal“ banky | 2 | |
| 11 | Pakistanyň milli bankynyň şahamçasy | 1 | |
| | **jemi** | **183** | **11** |

* Bank habarlary. 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwary. TMB, Aşgabat, 28-29 sah.

Ikinji tablisadan görnüşi ýaly Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklary ýerine ýetirýän amallary boýunça ýöriteleşdirilen, köpugurly we halkara banklara bölünýär.




**2-nji çyzgy. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň ýerine ýetirýän amallary**

**Ýöriteleşdirilen karz edaralary.** Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik banky tarapyndan umumy edilýän hyzmatlaryň esasy bölegini döwletiň strategiki pudaklary bolan senagat önümçiligi, şol sanda ýangyç-energetika, himiýa we maşyngurluşyk toplumlary, aragatnaşyk, gurluşyk materiallary senagaty we ulaglaryň ähli görnüşleri we ş.m. pudaklar tutýar.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan umumy edilýän hyzmatlaryň esasy bölegini oba hojalyk pudaklary hem-de degişli edaralary we kärhanalary tutýar.

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet iş banky halkara maýa bazarynda ýurduň hökümetiniň wekili hökmünde çykyş edip, Türkmenistanyň ykdysadyýetine daşary ýurt walýutasynda karzlary çekmek boýunça amallary we daşary ýurt walýutasy bilen baglanyşykly amallary amala aşyrýar.

**Köpugurly karz edaralary.** Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky we Türkmenistanyň «Halkbank» döwlet täjir-

çilik banky köpugurly hyzmatlary ýerine ýetirýärler, dürli pudaklar bilen iş alyp barýarlar. Olaryň köpugurly müşderileri bolýar, ýagny edaralar, kärhanalar, guramalar, şereketler, telekeçiler we şahsy taraplar bilen işleşýärler.

**Daşary ýurt banklary.** Hyzmat ediş ulgamy boýunça halkara walýutada daşary ýurt bilen bank amallaryny daşary ýurt banklary alyp barýar.Türkmenistanda hereket edýän Eýranyň «Saderat» bankynyň Aşgabatdaky şahamçasyny, Pakistanyň milli bankynyň Aşgabatdaky şahamçasyny hem-de daşary ýurt wekilliklериniň «Doýçe» we «Kommerz» banklaryny mysal getirip bolar.

## 1.3. Bank işiniň ykdysady, guramaçylyk we hukuk esaslary

Banklar öz işinde Türkmenistanyň Konstitutsiýasyndan, «Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky», «Karz edaralary we bank işi hakyndaky» Kanunlardan, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň namalaryndan we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalaryndan we işlenip düzülen Tertipnamasyndan ugur alýarlar. Tertipnamada bankyň resmi ady, bankyň Geňeşiniň we bankyň Müdiriýetiniň audit gullugynyň ygtyýarlyklary, esaslyk maýanyň möçberi, onuň paýnamalarynyň sany we nominal gymmaty, paýnamalaryň eýeleriniň hukuklary görkezilýär.

Bankyň Müdiriýeti tarapyndan tassyklanan içerki tertip-düzgüniň kadalaryndan ugur alyp bank öz işine başlaýar. Şol tertip-düzgüniň esasynda bolsa bankyň düzümi, işgärleriň wezipe sanawy, müdirlikler we bölümler hakynda düzgünnama düzülip, olaryň wezipeleri, şeýle hem bankyň kiçi bölümleriniň özara gatnaşygy, bankyň başlygynyň, onuň orunbasarynyň, Müdiriýetiniň agzalarynyň wezipe borçlary bellenilýär.

3-nji çyzgydan görnüşi ýaly, täjirçilik we beýleki banklaryň dolandyrylyşynda bankyň Geneşi (Mejlisi) bankyň işini ugrukdyrýar we ony sazlaşdyrýar. Onuň agzalarynyň sany täk bolmaly (üç adamdan az bolmaly däl).

| | |
|---|---|
| Esaslandyryjynyň Umumy ýygnagy | |
| Bankyň Geňeşi (Mejlisi) | |
| Bankyň müdiriýeti | Auditor gullugy |
| Depertamentler, bölümler, müdirlikler | |
| Bankyň bölümleri, şahamçalary | |
| Bankyň işgärleri | |

**3-nji çyzgy. Täjirçilik banklarynyň dolandyrylyşy**

Geňeşiň agzalary bankyň esaslandyryjylary bolup, gaýtadan saýlanyp bilner. Geňeşiň agzalarynyň töleg haky diňe bankyň sap peýdasyndan tölenýär. Geňeşiň agzalary öz hukuklaryny we borçlaryny başga taraplara berip bilmeýärler.

Bankyň müdiriýeti guramaçylyk we dolandyryş işini ýerine ýetiriji hasaplanýar. Ol banky esaslandyryjylaryň Umumy ýygnagynyň we bankyň Geňeşiniň kararlaryny ýerine ýetirýär hem-de hasabat berýär.

Müdiriýetiň agzalary esaslandyryjylaryň umumy ýygnagynda azyndan üç ýyl möhleti bilen saýlanylýar we gaýtadan saýlanyp bilýär.

• Müdiriýetiň başlygy we agzalary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilip hem-de bankyň tertipnamasy esasynda tassyklanyp bilner.

• Bankyň başlygy bankyň Müdiriýetiniň agzasy bolmalydyr. Bankyň Müdiriýetiniň agzalary öz hukuklaryny we borçlaryny üçünji taraplara berip bilmeýärler.

Täjirçilik we beýleki banklaryň içerki auditr gullugy bolmalydyr. Ol Türkmenistanyň Merkezi bankyna berilýän bir ýylyň dowamyndaky maliýe ýagdaýy, ýyllyk balansynyň düzülişi baradaky we beýleki hasabat maglumatlaryny barlamak üçin bellenilýär.

**Audit gullugy şu görkezilen wezipeleri ýerine ýetirmäge borçludyr, ýagny:**

– bankyň hasapnamalaryny we ýazgylaryny derňemäge;

– bank tarapyndan ulanylýan kanunlaryň we düzgünnamalaryň berjaý edilişine gözegçilik etmäge we bu barada bankyň Geňeşiniň öňünde hasabat bermäge;

– bankyň işini barlamaga borçludyr.

Bankyň Audit gullugy ýylda bir sapar banklarda uly barlag geçirýär. Banklaryň işiniň kanuna laýyklykda we doly derejede alnyp barlyşy jikme-jik barlanylýar we tapylan kemçilikleri düzetmek üçin zerur bolan maslahatlar berilýär.

Bankyň işiniň **guramaçylyk esasy** onuň işiniň ýörelgeleri bilen baglydyr. Bank işgärleriniň hukuklary we borçlary, bankyň maksatlary, bankyň gözegçiligi we başga edaralar bilen aragatnaşygy möhümdir.

Banklaryň özbaşdak balansy bar we özüniň işini doly hojalyk hasaplaşygynyň esasynda ýerine ýetirýär, öz-özüni dolandyrýar we maliýeleşdirýär. Bank işiniň ykdysady esaslary onuň ýerine ýetirýän amallary bilen bagly bolýar. Her bir täjirçilik we beýleki bank hökman wagtlaýyn erkin pul serişdelerini jemläp, şol pul serişdelerini wagtlaýynça mätäç bolan maliýe ýagdaýy durnukly hereket edýän edara-kärhanalara, telekeçilere, şereketlere, guramalara we şahsy taraplara bermäge çalyşýarlar. Olar hökman karz alan pul serişdelerini kärhananyň ykdysadyýetini ösdürmek ýa-da öz maksatnamalaryny ýerine ýetirmek we peýda almak üçin ulanýarlar.

Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň guramaçylyk esasy bankyň dolandyrylyşy bilen baglydyr.

**Döwlet täjirçilik we beýleki banklar öz işini diňe:**

- ygtyýarnamanyň esasynda;
- hasabatyň esasynda;
- kadalaşdyryjylaryň esasynda alyp barmaly.

Türkmenistanyň döwlet-täjirçilik we beýleki banklarynyň işine elmydama gözegçilik edilmeli, olar öz tarapyndan hökman müşderileriň goýumlaryny goramaly.

## 1.4. Bank ulgamynyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyny» ýerine ýetirmekde orny

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda 2010-njy ýylyň 10-njy maýynda Daşoguz welaýatynda geçirilen Ýaşulularyň maslahatynda «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy» kabul edildi. Milli maksatnamada bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy tassyklanyldy. Bu maksatnamada ýurduň bank ulgamyny tapgyrlaýyn ösdürmek hem-de pul-karz we walýuta syýasatyny döwrelaýyk amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

**Maksatnamany üç tapgyrda ýerine ýetirmek göz öňünde tutulýar:**

I tapgyr. 2011-2015-nji ýyllarda;

II tapgyr. 2016-2020-nji ýyllarda;

III tapgyr. 2021-2030-njy ýyllarda.

Milli maksatnamanyň I tapgyrynda ýurdumyzyň pul-karz we býujet syýasatynyň esasy maksady jemi içerki önümiň ýylda ortaça ösüş depginini bellenen derejelerde 9,5% saklamakdan, makroykdysady durnuklylygy we makroykdysady ösüşiň esasy görkezijileriniň üýtgemegini öňünden duýmagy hem-de puluň hümmetsizlenme derejesini düýpli peseltmegi üpjün edýän maliýe-bank syýasatyny işläp düzmekden we durmuşa geçirmekden ybaratdyr. Bu syýasatyň durmuşa geçirilmegi töleg balansynyň makroykdysady durnuklylygynyň has-da ýokarlanmagyny, importyň eksportdan pes gelmegi bolsa walýuta serişdeleriniň toplanmagyny üpjün eder. Şol bir wagtda tebigy gazyň, nebit önümleriniň we dokma önümleriniň eksportyndan alynýan girdejileriň möçberi ýurduň töleg balansynyň ösüşine oňyn täsirini ýetirer. Potratçylyk işinde ýerli gurluşyk edaralarynyň paýynyň ýokarlanmagy gurluşyk hyzmatlary üçin walýuta çykdajylarynyň peselmegine getirer.

Milli maksatnamada ýurduň bank ulgamyny ösdürmegiň ileri tutulýan birnäçe ugurlary bellenildi.

Türkmenistanyň Merkezi banky «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» nyrhlaryň durnuklylygyny gazanmak, milli walýutanyň (manadyň) hümmetini belli bir derejede saklamak we berkitmek, ykdysady ösüş üçin amatly şertleri döretmäge gönükdirilen pul-karz syýasatyny alyp barmak ugurlary boýunça işleri durmuşa geçirýär. Hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary esasynda 2008-nji ýylyň 1-nji maýyndan milli manadyň ýeke-täk hümmetine geçilmegi pudaklaryň maliýe-ykdysady ýagdaýlarynyň berkemegine, daşary ýurt maýadarlarynyň işjeňliginiň ýokarlanmagyna şert döretdi. 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan milli puluň denominasiýasynyň geçirilmegi netijesinde bolsa manadyň hümmetiniň berkemegine we pul dolanyşygynyň kämilleşmegine giň ýol açyldy.

Ykdysadyýetiň ösdürilmegi we milli süýşürintgileriň köpelmegi pula bolan islegiň artmagyna getirer. Munuň netijesinde pullaşmak koeffisiýentini 2015-nji ýyla çenli 20% derejesinde ýokarlandyrmak zerurlygy ýüze çykar. Şeýlelikde, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan goýulýan göterim derejeleriniň, onuň pul bazaryny kadalaşdyrmak we puluň hümmetsizlenmegini peseltmek boýunça açyk bazarda geçirýän amallarynyň ähmiýeti has-da ýokarlanar.

Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara we guramalara karz bermek işiniň göwrümi düýpli giňeldiler. 2020-nji ýyla çenli ykdysadyýetiň bu bölegine beriljek karzlaryň möçberi umumy karzlaryň 50%-ne deň bolar.

Gozgalmaýan emläkleri girewine goýmak arkaly karzlaşdyrmagyň möçberlerini artdyrmak hem Maksatnamada göz öňunde tutulýar. «Türkmenistanyň raýatlaryna gozgalmaýan emlägi satyn almagy üçin karzlar hakynda» 2007-nji ýylyň dekabr aýynyň 27-sinde çykarylan 9327-nji belgili Kararyň esasynda 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-nden Aşgabat şäherinde täze gurlan ýaşaýyş jaýlaryndan öýleri satyn almak üçin berilýän karzlaryň möhleti 30 ýyl, göterim derejesi ýyllyk 1% möçberinde bellenilýär, şertnamanyň baglaşylan senesinden 5 ýyla çenli ýeňillikli döwür göz öňünde tutulýar.

Gazy, nebiti, nebit önümlerini, gaýtadan işleýän pudaklaryň, sol sanda oba hojalyk önümleriniň daşary ýurtlara çykarylmagynyň giňelmegi bilen ýurda gelip gowuşýan gyzyl puluň artmagy milli puluň gymmatyny goldamaga ýardam berer we ýurduň ykdysadyýetine maýagoýumlar hökmünde gönükdirilýän goşmaça serişdeleriň gelmegini üpjün eder.

Maýagoýumlaryň möhüm çeşmeleri bolup içerki goýum serişdeleri, ýagny kärhanalaryň toplan serişdeleri, ilatyň tygşytlan serişdeleri we daşary ýurt maýagoýumlary çykyş ederler.

Diňe 2011-nji ýyldan 2020-nji ýyllara çenli döwürde ähli pudaklaýyn toplumlar boýunça önümçilik maksatly gurluşyklaryň we binalaryň 972,9 müňe golaýy işe giriziler. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýylar üçin Milli maksatnamasy» Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ýokary halkara derejesine çykmagy üçin giň mümkinçilikleri döredýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bank ulgamynyň tutýan orny öran uludyr. Ykdysadyýetiň uzakmöhletleýin durnukly ösüşini üpjün etmekde ykdysadyýetiň maliýe böleginiň hem-de pul-karz we walýuta syýasatynyň kämilleşdirilmegi, milli puluň hümmetiniň berkidilmegi möhüm ähmiýete eýedir. Döwlet maksatnamasy 2011-2030-njy ýyllarda Türkmenistanyň bank ulgamynyň ösüşiniň esasy ugurlaryny hem-de onuň öňünde duran esasy maksatlary, wezipeleri we bu babatda çäreleri durmuşa geçirmekde zerur boljak pul-karz şertlerini kesgitleýär.

Merkezi bank ýurduň ykdysadyýetini berkitmäge we güýçli depginler bilen ösdürmäge gönükdirilen karz syýasatyny alyp barýar. Türkmenistanyň banklary ýurtda telekeçiligiň ösmegine ýardam edýärler. Şu maksatlar üçin ykdysadyýetiň döwlete degişli däl bölegine ýeňillikli görnüşinde karz berilýär.

Türkmenistanyň pul-karz we walýuta syýasatynyň ileri tutulýan strategiki ugurlary pul dolanyşygynyň durnuklylygyny üpjün etmekden, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmakdan we halkara maliýe bazarlaryna oňyn şertlerde goşulyşmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Döwlet maksatnamasy Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bank ulgamynyň tutýan ornuny, bank işiniň netijeliligini, howpsuzlygy-

ny we ygtybarlylygyny pugtalandyrmaga gönükdirilendir. Şunuň bilen baglylykda, milli manadyň hümmetini ýokarlandyrmak, bank hyzmatlaryny giňeltmek we hil taýdan täze, has ýokary derejä götermek, dünýä tejribesiniň öňdebaryjy usullaryny we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, pul serişdeleriniň kadaly dolanyşygyny üpjün etmek, ilatyň peýdalanmaýan pul serişdelerini önümçilikde maýagoýumlar hökmünde ulanmak üçin ýurdumyzyň maliýe dolanyşygyna çekmek hem-de täze maliýe gurallaryny işläp taýýarlamak boýunça işler alnyp barlar.

**Bank ulgamyny ösdürmegi üç tapgyrda durmuşa geçirmek göz öňünde tutulýar:**

**Birinji tapgyr 2011-2015-nji ýyllary öz içine alýar. Bu tapgyrda:**

1. Pul-karz syýasaty Milli maksatnamalara laýyklykda çaklanylan durmuş-ykdysady görkezijileri ýerine ýetirmäge we uzakmöhletli durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge gönükdiriler. Bu maksatlara ýetmekde esasy wezipeleriň biri hümmetsizlenmäniň pes depginlerini saklamakdan we milli puluň alyş-çalyş hümmetiniň durnuklylygyny üpjün etmekden ybarat bolar.

2. Bank kanunçylygynyň kämilleşdirilmegi bank ulgamynyň halkara derejesinde ykrar edilen usullaryna esaslanyp, ýokary hilli kadalaşdyrylmagyna täsirini ýetirer. Ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň netijeli hereket etmegi we ilatyň girdejileriniň ýokarlanmagy netijesinde banklaryň serişdeler binýadynyň göwrümi ýokarlanar.

3. Bank ulgamynyň ygtybarly hereket etmegi üçin hususy maýasynyň derejesini öz üstüne alýan töwekgelçiligini ýapmaga ýeterlik derejede saklamak maksady bilen, banklaryň hususy maýasynyň möçberlerini artdyrmak göz öňünde tutulýar. Hususy maýanyň möçberleriniň artdyrylmagynyň esasy çeşmesi banklaryň peýda görkezijisi bolar, peýdanyň artmagy bank amallarynyň göwrüminiň artmagynyň we düzüminiň giňeldilmeginiň hasabyna gazanylar.

4. 2011-2015-nji ýyllarda bank ulgamynyň buhgalterçilik hasaba alnyşyny özgertmek boýunça çäreler geçiriler. Bu bolsa bank ulgamynyň maliýe hasabatlarynyň milli ülňülerine maliýe hasabatlarynyň

halkara ülňülerini ornaşdyrmak arkaly geçmegi esasynda amala aşyrylar. Öz gezeginde, maliýe hasabatlarynyň ulanyjylar üçin açyklygyny we ygtybarlylygyny üpjün eder we ýurduň maýagoýumlaryny çekmek mümkinçiliginiň ýokarlanmagyna itergi berer.

**Ikinji tapgyr 2016-2020-nji ýyllary öz içine alýar. Bu tapgyrda:**

1. Pul-karz ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen maliýe bazaryny ösdürmek boýunça oňyn şertler döredildiler. Şunuň bilen baglylykda, bank işiniň ileri tutulýan görnüşlerini we häzirki zaman täze tehnologiýalaryny girizmek işleri artdyrylar.

2. 2016-2020-nji ýyllarda kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça döwletiň işjeň strategiýasyna laýyklykda, telekeçilere beriljek karzlaryň möçberleriniň ýokary ösüş depginleriniň artmagyna garaşylýar.

3. Haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi bilen, bank işiniň gerimi giňär. Önümçiligiň ösmegi netijesinde bank hyzmatlaryna islegiň has ösmegine garaşylýar. Geljekde ýokary tizlikli kompýuter aragatnaşygyna giň ýol açyp, ony ulanyjylara Internet arkaly bank hyzmatlaryny teklip etmek göz öňünde tutulýar.

4. Daşary ykdysady gatnaşyklardaky pul syýasatynda Türkmenistanda nagt däl pul bazaryny ösdürmek, toplanan tejribäniň, şol sanda ösen döwletleriň tejribesiniň esasynda alyş-çalyş hümmetini emele getirmegiň usullaryny kämilleşdirmek, Türkmenistanyň dahyllylarynyň eksport-import amallarynyň möçberiniň artmagyny gazanmak boýunça daşary ykdysady gatnaşyklarda daşary ýurt pulunyň hereketini kadalaşdyrmak boýunça çäreleriň durmuşa geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

**Üçünji tapgyr 2021-2030-njy ýyllary öz içine alýar. Bu tapgyrda:**

2021-2030-njy ýyllarda puluň hümmetsizlenmegini pes derejede saklamak, ýokary depginli ykdysady ösüşe ýardam bermek, haryt öndürijiler üçin amatly bäsleşik şertlerini döretmek maksady bilen, ykdysadyýetiň nebit gaz pudagy bilen bagly bolmadyk bölegine karzlaryň berilmegini yzygiderli artdyrmak bilen baglylykda pul-karz syýasaty alnyp barlar. Bu maksada ýetmek üçin:

– puluň hümmetini durnukly derejede saklamak we netijeli pul syýasatyny alyp barmak;

– banklaryň ykdysadyýetiň pudaklaryna karz bermegini artdyrmak;

– töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesinde gurnamak;

– milli pul birligini daşary ýurt puluna çalyşmagy erkinleşdirmek babatda degişli syýasaty alyp barmak;

– karz we pul dolanyşygynyň ýagdaýyna täsir etmek arkaly bazar isleglerini kadalaşdyrmak we bähbitli ugurlara gönükdirmek;

– ilatyň erkin serişdelerini bank edaralaryna möhletli goýum görnüşinde çekmek boýunça giň gerimli işleri amala aşyrmak;

– ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna deň şertlerde karzyň berilmegini doly üpjün etmek;

– maliýe hyzmatlary bazarynda bäsdeşlik üçin ýöriteleşdirilen bankdan daşary karz-maliýe institutlaryny döretmek arkaly Türkmenistanyň bank ulgamynyň institusional düzümlerini giňeltmek;

– bank işewürliginiň geljegi bar bolan görnüşlerini (lizing, faktoring amallary) ösdürmek, täze döwrebap tehnologiýany (Internet-banky) girizmek wezipelerini çözmek zerur bolar;

– halkara auditiň özbaşdak daşary audit hökmünde çekilmegi müşderileriň ynamynyň ýokarlanmagyna we bankyň ösüşiniň esasy ugurlarynyň üýtgedilmegine täsirini ýetirer;

– halkara hasaplaşyk amallaryny yzygiderli kämilleşdirmek, daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak ulgamynda bazar gatnaşygynyň ýörelgelerini has giňden ornaşdyrmak boýunça işleri geçirmek göz öňünde tutulýar.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň bank ulgamynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda elektron töleg ulgamyny ösdürmek hakyndaky» Kararyna laýyklykda Türkmenistanyň Merkezi banky hasaplaşyklaryň elektron ulgamynyň bitewi bankara çylgymyny döretmek işini tamamlady. Bu çäräniň durmuşa ornaşdyrylmagy bilen töleg amallarynyň geçirilişi düýpli çaltlaşdy, olaryň ygtybarlylygy, howpsuzlygy, netijeliligi ýokarlandy. Töleg ulgamyny ösdurmekde

ileri tutulýan ugurlaryň biri hem bank kartlaryny giňden ýaýratmak arkaly ilatyň arasynda nagt däl hasaplaşyklary ýaýbaňlandyrmak bolup durýar. Bu maksat bilen ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan birnäçe bank kartlary çykaryldy. Olardan «Millikart», «Altyn Millikart», «Kümüş Millikart» we «Türkmenkart», «Altyn asyr» ýaly milli bank kartlaryny, şeýle hem daşary ýurt bank kartlaryndan «Masterkard», «VISA» bank kartlaryny, olaryň «Bizness»,«Klassik» we «Elektron» görnüşlerini bellemek bolar.

---

* Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda çykaran 11498-nji Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy».

# II BAP

# TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY WE ONUŇ WEZIPELERI

## 2.1. Merkezi bankyň döredilişiniň taryhy

Merkezi bank (emission bank, «banklaryň banky») döräli bäri 300 ýyldan gowrak wagt geçdi. Olar kiçi hususy eýeçilik banklaryndan iri banklara öwrüldi. Bu bolsa kiçi banklary karzlaşdyrmaga, olaryň üstünden gözegçilik etmäge we şonuň netijesinde monopolistik banklaryň döremegine getirdi. Şol özgerişikleriň esasynda ilkinji Merkezi bank hökmünde 1694-nji ýylda Angliýanyň Emission banky döredi. Ýokary derejedäki ösüşlere Merkezi banklar XX asyrda ýetdiler. Başda iri banklara Merkezi bank diýlip aýdylýardy, emma olar öz ösüşinde ýuwaş-ýuwaşdan döwlet eýeçiligine geçip başladylar.

Bazar ykdysadyýeti gatnaşyklarynda käbir ösen ýurtlarda eýeçiligiň ähli görnüşleri, ýagny bilelikdäki, döwlet, paýdarlar we hususy eýeçilikler ulanylýar. Meselem, Ýaponiýanyň Merkezi bankynyň 55%-i döwlet eýeçiliginde, 45%-i bolsa hususy eýeçilikde; Awstriýanyň Merkezi bankynyň 50%-i döwlet eýeçiliginde we 50%-i dürli eýeçiliklerde. **Angliýada, Fransiýada, Daniýada, Russiýada we Türkmenistanda Merkezi bank doly döwlet eýeçiliginde bolup durýar**.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň dolandyryjysy we onuň iş möhleti ýurduň Prezidenti tarapyndan bellenilýar. Umuman aýdanymyzda, her bir ýurduň Merkezi bankynyň işiniň öz aýratynlyklary bardyr. emma Merkezi bankyň ýerine ýetirýän wezipeleri, köplenç ýagdaýda, üýtgemeýär. Diňe käbir ýagdaýlarda üýtgetmeler girizilýär, olar hem ýurduň kanunlarynyň esasynda düzülendir.

Türkmenistanyň banklarynyň işi gönüden-göni iki kanun bilen kadalaşdyrylyp, «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» we «Karz edaralary we bank işi hakynda». Türkmenistanyň bank işiniň hukuk esaslary «Girew hakynda», «Bergidarlaryň batyp galmagy hakynda», «Paýdarlar jemgyýetleri hakynda», «Täjirçilik syry hakyn-

da» Türkmenistanyň kanunlarynda we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalarynda kesgitlenilýär.

**Bank kadalaşdyrylyşy** – bu döwletiň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň üsti bilen banklaryň durnukly, howpsuz işleýşini üpjün etmek, şeýle hem durnuksyzlygyň öňüni almak üçin niýetlenen çäreleriň ulgamydyr. Bank kadalaşdyrylyşy, ilki bilen, ykdysadyýetiň umumy durnuklylygyny üpjün etmek maksatlarynda banklaryň amallaryna geçirilýän gözegçiligi aňladýar.

**Bank işini kadalaşdyrmak üç wezipäni ýerine ýetirýär:**

1. Öňüni alyjy wezipesi banklaryň töwekgelçilikli işini iň pes derejä getirmek üçin niýetlenilen wezipäni ýerine ýetirýär. Öňüni alyjy wezipäniň ýerine ýetirilmeginiň esasy maksady banklaryň ýüze çykyp biljek batyp galmaklarynyň mümkinçiliklerini azaltmak üçin olaryň geçirýän ýokary töwekgelçilikli amallarynyň geçirilişiniň derejesini peseltmekdir

2. Goraýjy wezipesini ýerine ýetirmägeň maksady belli bir bank batyp galan halatynda onuň goýumçylarynyň bähbitlerini goramakdyr.

3. Üpjün ediji wezipesi ýaramaz ýagdaý ýüze çykanda belli bir banky maliýe taýdan goldamak üçin niýetlenilen wezipedir. Bu ýagdaýda maliýe goldawy Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan üpjün edilýär.

**Ýokarda görkezilen üç ugur:**

- bank işini amala aşyrmaga isleg bildirýän ykdysady işjeňligiň birlikleri üçin çäklendirmeleri, ýagny ýörite häsiýetli talaplary bildirmek bilen, döwlet tarapyndan hökman bellige alynmagy we ygtyýarnama almagy girizmekden;
- banklaryň işiniň esasy görnüşlerini kesgitleýän we şunuň bilen birlikde olaryň artykmaç töwekgelçilikli işini çäklendirýän bank işiniň iň pes ykdysady ülňülerini, ýagny olaryň maýalarynyň ýeterliligi, tölege ukyplylygy ýaly görkezijileri ulanmakdan;
- bank ulgamynyň durnuklylygyna gözegçilik etmek maksady bilen, banklaryň kesgitlenilen ykdysady ülňülere laýyklykda işlemeklerine gözegçilik etmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Merkezi banky milli bank hasaplanýar. Merkezi bank Türkmenistan döwletiniň adyndan hem-de onuň tabşyrygy

boýunça halkara giňişliginde hereket edýär, ýurduň içinde karz-pul gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar we banklara ygtyýarnamalary berýär. Mundan başga-da Türkmenistanyň çäklerindäki daşary ýurt banklarynyň wekillikleriniň işi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan işlenip düzülen kadalar bilen düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň çäklerinde bellige alnan täjirçilik we beýleki banklaryň işini kadalaşdyrýan we olaryň işine gözegçilik edýän ýokary edara bolup durýar.

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň esasy ýerine ýetirýän wezipeleri:**

1. Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryna gözegçilik edýär, bank ulgamynyň durnuklylygyny üpjün edýär we şol bir wagtda ýurduň çäklerinde geçirilýän amallaryň uly möçberi maliýe bazarynda işleýän täjirçilik banklarynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

2. Türkmenistanyň Merkezi banky döwlet täjirçilik we beýleki banklar bilen işleşende, umumy bank ulgamy boýunça durnuklylygy üpjün etmek, goýumçylaryň we kreditorlaryň bähbitlerini goramak üçin işleri geçirýär.

3. Türkmenistanyň Merkezi banky banklaryň gündelik işine goşulmaýar, emma ol täze banklaryň döredilmeginiň tertibini kesgitleýär, onuň berjaý edilişine gözegçilik edýär we bank işini amala aşyrmak üçin ygtyýarnamalary berýär.

4. Karz-pul syýasatyny işläp düzýär we ony amala aşyrýar.

5. Daşary ýurt pul syýasatyny işläp düzmäge, kabul etmäge we amala aşyrmaga gatnaşýar.

6. Pul belliklerini dolanyşyga goýbermäge we dolanyşykdan aýyrmaga hukukly bolup (emission merkez bolup) çykyş edýär.

7. Merkezi bank hökümetiň bankydyr. Ol döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişine ýardam edýär.

8. Merkezi bank banklaryň bankydyr. Ol hasaplaşyk merkezi we karzlaşdyryjy bolup çykyş edýär.

9. Pul-karz we daşary ýurt walýuta syýasatyny amala aşyrýar.

10. Banklara we maliýe bazaryna gözegçilik edýär.

11. Durnukly pul birligini üpjün edýär.

12. Banklara ygtyýarnama berýär hem-de bank ulgamyny gözegçilikde saklaýar.

13. Döwletiň adyndan halkara guramalaryň işine we halkara hyzmatlaryny ösdürmäge gatnaşýar.

14. Döwletiň halkara ätiýaçlyklaryny saklaýar we olara ygtyýarlyk edýär.

15. Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistan döwletine wekilçilik edýär, daşary ýurt banklaryna ygtyýarnamalary berýär we şol ygtyýarnamalaryň ulanylyşyna gözegçilik edýär hem-de öz ygtyýarlygyndaky beýleki meseleleri çözýär, daşary ýurtlaryň hökümetlerine, daşary ýurtlaryň Merkezi banklaryna we maliýe edaralaryna, şonuň ýaly-da Türkmenistan döwletiniň ýa-da Türkmenistanyň Merkezi bankynyň agzalykda durýan halkara guramalaryna bank hyzmatlaryny edýär, halkara guramalarynyň işine we halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gatnaşýar.

Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistan döwletiniň wekili hökmünde Türkmenistanyň halkara guramalara gatnaşmagy bilen baglanyşykly borçnamalary öz üstüne alýar we degişli amallary amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň Prezidenti tarapyndan alnyp barylýan Türkmenistanyň pul syýasatynyň işlenip düzülmegi, kabul edilmegi we durmuşa geçirilmegi üçin aýratyn jogapkärçilik çekýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky pul syýasatyny geçirende degişli karary çykarmak arkaly TMB-niň hasaplaryndaky goýumlary ähli banklar üçin deň bolan belli bir iň pes (minimal) derejede saklamagy banklardan talap etmäge hukugy bar. Şu ýagdaýda goýumlaryň, karz serişdeleriniň we Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan hökmany ätiýaçlyk hökmünde bellenen gaýry serişdeleriň möçberi olaryň goýumlarynyň töleniş möhletine bagly bolýar.

Türkmenistanyň Merkezi banky daşary ýurt puluna degişli düzgünleriň we kadalaryň işlenip düzülişi, ygtyýarnamalaryň berlişi we ýatyrylyşy, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen alyş-çalyş düzgünlerine laýyklykda daşary ýurt pulunyň dilerleriniň, şol sanda banklaryň işine gözegçilik edilişi we onuň düzgünleşdirilişi; dilerleriň, şol sanda banklaryň daşary ýurt pulundaky orunlarynyň çäkleriniň kesgitlenilişi üçin jogapkärçilik çekýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky özygtyýarlygynyň çäklerinde hasabat maglumatlarynyň ýygnalyşyna, düzülişine we ýaýradylyşyna,

kadalaşdyryjy kadalaryň işlenip taýýarlanyşyna gatnaşýar we onuň üstüne ýüklenen wezipeleriň berjaý edilmegi üçin zerur bolan hasabat maglumatlaryny kesgitleýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky öňünde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmekde özbaşdak kadalaşdyryjy hukukdan peýdalanýar. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan birden artyk edaralara degişli düzgünler, görkezmeler we gözükdirijiler resmi metbugatda çap edilýär we çap edilen gününden ýa-da şol düzgünlerde, görkezmelerde, gözükdirijilerde bellenen has giçki möhletlerde güýje girýär. Türkmenistanyň Merkezi banky düzgünleri, görkezmeleri we gözükdirijileri jemgyýetçilige TMB tarapyndan her aýda çap edilýän «Bank habarlary» žurnalynyň üsti bilen ýetirýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň pul birligini dolanyşyga goýbermek we dolanyşykdan aýyrmak baradaky aýratyn hukuga eýedir. Pul belgilerini dolanyşyga girizmek işi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan guralýar. Mundan başga-da türkmen manadyny daşary ýurt puly bilen çalyşmagyň şertlerini we tertibini Türkmenistanyň Merkezi banky kesgitleýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň serişdeleriniň esasy çeşmesi bolup dolanyşykdaky pul serişdeleri döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň pul serişdeleri çykyş edýär. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan dolanyşyga pul serişdelerini goýbermek ya-da emissiýa etmek hökümetiň döwlet täjirçilik we beýleki banklaryny karzlaşdyrmak maksady bilen edilýär. Hökümet Türkmenistanyň Merkezi bankyndan karz almak üçin öz borçnamalaryny berýär. Emissiýa şeýle hem altyn we daşary ýurt walýutasyny almak üçin geçirilýär.

**Emissiýa** döwlet ýa-da hususy birleşikler tarapyndan bank biletleriniň, kagyz pullaryň we gymmatbahaly kagyzlaryň (paýnamalaryň,obligasiýalaryň) dolanyşyga goýberilmegidir.

Başgaça aýdanymyzda, ýurdumyzyň Baş banky bolup Türkmenistanyň Merkezi banky çykyş edýär. Ol Türkmenistan döwletiniň adyndan hem-de onuň tabşyrygy boýunça halkara giňişliginde hereket edýär, ýurduň içersinde karz-pul gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar. Onuň pul belliklerini goýbermäge we olary dolanyşyklardan aýyrmaga monopol hukugy bar. Türkmenistanyň Merkezi banky döwlet býujetiniň pulhanasynyň işiniň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär, ýurdumyzyň

beýleki banklarynyň işini utgaşdyrýar, olaryň arasynda hasaplaşyk geçirýär. Türkmenistanyň Merkezi banky täjirçilik we beýleki banklara ygtyýarnamalar (**lisenziýa** – bank amallaryny amala aşyrmaga hukuk berýän resmi kagyz) berýär, olaryň işiniň üstunden gözegçilik edýär.

Emission banklar adaty bank amallaryny amala aşyrmakdan başga-da karz pul banknotlaryny (serişdelerini) goýbermäge hukukly banklar bolup çykyş edýärler.

**Merkezi bank pul serişdelerini iki usul boýunça döredýär:**

- nagt görnüşinde (saklanýan pullar goýberilýär);
- karz görnüşinde (karz goýumlaryny artdyrýar).

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul-karz syýasatynyň esasy ugurlary:**

- Türkmenistan döwleti tarapyndan goýberilýän gymmatbahaly bergidarlyk kagyzlaryny we Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan goýberilýän gymmatbahaly bergidarlyk borçnamalaryny gönüden-göni ýa-da gaýtadan satyn almak ýa-da satmak maksatlarynda açyk bazarlara çykarýar.
- Merkezi bankyň pul syýasaty geçirilende degişli karar çykarmak arkaly Türkmenistanyň Merkezi banky hasapnamalardaky goýumlaryň ähli banklar üçin deň bolan belli bir iň pes derejede saklanylmagyny banklardan talap etmäge hukugy bardyr. Şu ýagdaýda goýumlaryň, karz serişdeleriniň Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan hökmany ätiýaçlyk hökmünde bellenen gaýry serişdeleriň möçberi olaryň goýumlarynyň töleniş möhletine bagly bolýar.
- Hökmany ätiýaçlyklar pulhana nagt pul görnüşinde ýa-da Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kadalaşdyrylyp wagtal-wagtal tölenilýär. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hasapdaky pullary depozitler görnüşinde saklanyp bilýär. Türkmenistanyň Merkezi banky hökman ätiýaçlyklar boýunça göterim tölemek barada karar kabul edip biler.
- Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan walýutanyň kursy kesgitlenýär, walýuta bazaryndaky amallary ýerine ýetirýär. Şonuň bilen döwletiň walýuta syýasaty hem ýerine ýetirilýär.
- Banklaryň işine gözegçilik edýär.

«Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky» Kanuna laýyklykda **Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýerine ýetirýän wezipeleri:**

1. Ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatynyň esasy ugurlarynyň taslamasyny işläp taýýarlaýar we ony Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň garamagyna berýär.

2. Ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça çäreleri amala aşyrýar.

3. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda daşary ykdysady gatnaşyklarda pul kadalaşdyrmasyny we pul gözegçiligini özbaşdak we bank ulgamynyň üsti bilen guraýar hem-de amala aşyrýar.

4. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ýagdaýyna seljerme we çaklama geçirilmegine gatnaşýar.

5. Milli pula gatnaşykda daşary ýurt pullarynyň resmi hümmetlerini belleýär.

6. Pul belgileriniň emissiýasyny we olaryň dolanyşykdan alynmagyny amala aşyrýar hem-de Türkmenistanyň çäginde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul belgileriniň ýeke-täk emitenti bolup durýar.

7. Türkmenistanyň çäginde nagt pul dolanyşygyny guraýar.

8. Pul belgilerini we beýleki gymmatlyklary hasaba almagyň, saklamagyň, daşamagyň düzgünlerini belleýär.

9. Pul belgileriniň we beýleki gymmatlyklaryň döwlet ätiýaçlyk gaznalaryny döredýär.

10. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda karz edaralaryny bellige almagy we ygtyýarlylandyrmagy amala aşyrýar.

11. Türkmenistanda hasaplaşyklary geçirmegiň düzgünlerini belleýär we olaryň geçirilişine gözegçiligi amala aşyrýar.

12. Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň hasaplaryna, karz edaralarynyň we beýleki müşderileriň hasaplaryna hyzmat edýär.

13. Döwletiň ätiýaçlyk altyn goruny goşmak bilen, Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň (altyn pul aktiwleriniň) saklanylmagyny we hyzmat edilmegini üpjün edýär.

14. Türkmenistanyň kanunçylygyna we maliýe hasabatlylygynyň halkara ülňülerine laýyklykda Türkmenistanda bellige alnan karz

edaralarynda buhgalterçilik hasaba alnyş we maliýe hasabatlylyk ulgamynyň kadalaşdyrylmagyny amala aşyrýar.

15. Bank hasaplaryny açmagyň we bank amallaryny geçirmegiň umumy düzgünlerini belleýär.

16. Halkara guramalary we daşary ýurt döwletleri bilen, şeýle hem daşary ýurt döwletleriniň fiziki we ýuridik şahslary bilen hasaplaşyklary amala aşyrmagyň tertibini kesgitleýär.

17. Karz edaralaryny gaýtadan maliýeleşdirmegi amala aşyrýar we olar üçin soňky basgançakdaky karz beriji bolup durýar.

18. Türkmenistanyň töleg balansynyň düzülmegini guraýar.

19. Bank kadalaşdyrmasyny we bank gözegçilik barlagyny amala aşyrýar.

20. Karz edaralary tarapyndan jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy çäreleriň geçirilişine gözegçiligi amala aşyrýar.

21. Daşary ýurt habarçy banklaryndan we beýleki karz edaralaryndan şertnamalaýyn şertlerde depozitleri kabul edýär.

22. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda karz edaralary tarapyndan gymmatly kagyzlaryň emissiýasyny bellige alýar.

23. Türkmenistanyň bank ulgamy üçin işgärleri taýýarlamaga gatnaşýar.

24. Bank amallarynyň we geleşikleriniň ähli görnüşlerini amala aşyrýar.

25. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz ygtyýaryna girýän beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň maksatlary:**

- manadyň durnuklylygyny üpjün etmekden;
- Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmekden we pugtalandyrmakdan ybaratdyr.

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň esasy borçlary**

- Türkmenistanyň bank ulgamynyň işlemegi üçin zerur hukuk şertlerini we kepilliklerini döretmekden;
- netijeli ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatyny geçirmekden;
- nagt pul dolanyşygyny guramakdan;
- hasaplaşyk-töleg ulgamynyň netijeli işlemegini üpjün etmekden;

• bank kadalaşdyrmasyny we bank gözegçilik barlagyny guramakdan;

• bahalaryň durnuklylygyny saklamakdan;

• karz edaralarynyň karz alyjylarynyň we goýumçylarynyň bähbitlerini goramakdan;

• Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmekden;

• döwletiň ätiýaçlyk altyn goruny goşmak bilen, Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň (altyn pul aktiwleriniň) netijeli dolandyrylmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Merkezi banky öz işini kada-kanunçylygyň esasynda alyp barýar, onuň peýdasy bankyň pul serişdelerini, şeýle hem býujetiň girdejisini artdyrmaga gönükdirilýär. Olaryň pul serişdeleri hemme täjirçilik we beýleki banklaryň serişdelerinden köpdür we ol döwlet tarapyndan salgytlardan doly boşadylandyr.

## 2.2. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täjirçilik banklar bilen aragatnaşygy

Bank hukugy seljerilende, «täjirçilik banky» diýen düşünjä aýratyn üns berilýär. Täjirçilik banky diýmek – munuň özi edara görnüşindäki täjirçilik edarasy bolup, kanuna laýyklykda we Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan berilýän ygtyýarnama esasynda oňa edara görnüşindäki we şahsy taraplaryň pul serişdelerini çekmäge hem-de şol serişdeleri yzyna gaýtaryp bermek, tölemek we möhletinde goýmak şerti bilen öz adyndan ýerleşdirmäge, şeýle hem gaýry bank amallaryny geçirmäge hukuk berlendigini aňladýar. Şu düşünjeden täjirçilik bankynyň düýp manysyny kesgitleýän düzümler hökmünde goýumlary kabul etmegiň we karz bermegiň çykyş edýändigi aýdyň görünýär.

Banklar öz işinde belli bir ýörelgelere esaslanýarlar. Şol ýörelgeler olaryň ykdysady tebigatyndan gelip çykýar.

Täjirçilik banklarynyň esaslandyryjy **birinji** ýörelgesi – diňe bar bolan serişdeleriň çäklerinde işlemek. Bu bolsa karz bermegiň hasaplaşyk-pulhana amallarynyň bankyň bar bolan serişdeleri bilen çäklendirilýändigini aňladýar.

**Ikinji** ýörelge täjirçilik banklarynyň öz işiniň netijeleri boýunça doly jogapkärçilik çekýändigi bilen baglanyşyklydyr. Bank amallary boýunça töwekgelçilik doly möçberde bankyň üstüne ýüklenilýär. Şunuň bilen birlikde serişdeleri çekmekde we olary ýerleşdirmekde bankyň özbaşdak hereket etmäge ýgtyýary bardyr.

**Üçünji** ýörelgede müşderiler bilen gatnaşyklar «bazar esaslarynda»gurnalýar. Bank müşderileri saýlap we olara hyzmat edip, düşewüntlilik görkezijilerinden ugur alýar.

**Dördünji** ýörelgede. banklaryň işi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan diňe gaýry ykdysady usullar arkaly kadalaşdyrylyp bilner. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan täjirçilik hem-de beýleki banklaryň işine ygtyýarnamalar berilýär we banklaryň berjaý etmeli kadalary arkaly gözegçilik edilýär.

Täjirçilik banklarynyň işi olaryň paýdarlary, goýumçylary we karzdarlary bolup durýan raýatlaryň, edaralaryň, guramalaryň, şereketleriň emläk we durmuş hukuklaryna degişlidir, şol sebäpli Türkmenistanyň Merkezi bankynyň üsti bilen döwlet her bankyň durnuklylygyna gözegçilik edýär. Täjirçilik banklarynyň, özara karzlar berýändigi ny sebäpli, durnuklylygy gönüden-göni biri-birine bagly bolýar.

Täjirçilik banklary TMB-niň täjirçilik banklary üçin hökmany bolan karz amallaryna we pul dolanyşygyna, bank amallaryny geçirmegiň, hasaba almagyň, hasabatlary tabşyrmagyň kadalaryny kesgitleýär, emma täjirçilik we beýleki banklaryň özleriniň gündelik bank işi bilen baglanyşykly kararlary, ýerine ýetiriji we serenjam beriji döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryndan garaşsyzlykda kabul edýändiklerini bellemek zerurdyr.

Bankyň maliýe berkligini üpjün etmek we öz müşderileriniň bähbitlerini goramak maksady bilen, täjirçilik banklar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalary bilen bellenilen şu aşakdaky ykdysady kadalaşdyryjylary we aňryçäk çäklendirmeleri ulanýarlar.

**Hususan-da:**

1. Esaslyk maýanyň iň az möçberini ulanýarlar.

2. Maýanyň ýeterlikligini, şol maýanyň töwekgelçilik derejesi nazara alnyp ölçenilen aktiwler babatyndaky mynasybeti bilen kesgitlenilmegini üpjün edýärler.

3. Bir karz alyja berilýän karzyň (töwekgelçiligiň) aňryçäk möçberini çäklendirýärler.

4. Ýatyryş görnüşindäki aktiwleriň talap bildirilende borçnamalara garanyňdaky mynasybeti boýunça kesgitlenilýän ýatyryş kadalaşdyryjysynyň berjaý edilmegini üpjün edýär.

**Türkmenistanyň Merkezi banky:**

– kanunyň bozulmagy sebäpli;

– eger ygtyýarnama hakykata laýyk däl ýa-da galp maglumatlar esasynda alnan bolsa;

– bank ygtyýarnamasyny edinen döwründen başlap bir ýylyň dowamynda ony peýdalanmadyk bolsa, ýa bolmasa, öz adyndan karzlary bermegi, ýa-da edara görnüşindäki we şahsy taraplardan pul goýumlaryny, ýa bolmasa, beýleki tölenilýän serişdeleri almagy bes eden bolsa;

– eger banklaryň goşulmagy, birikmegi ýa-da bölünmegi ýüze çykan bolsa;

– eger bir ýylyň dowamynda bankyň TMB-niň kadalary boýunça talap edilýän nagt iň pes (minimal) maýasy we ätiýaçlyklary ýok bolsa ýa-da onuň işi durnukly däl bolsa we bank özüne ynanylan aktiwleriň howpsuzlygyny mundan beýläk kepillendirip bilmeýän bolsa;

– eger daşary ýurt bankynyň şahamçasynda onuň esasy edarasynyň ýerleşen ýeri bolan ýurduň çäklerinden daşarda edara görnüşindäki we şahsy taraplardan pul goýumlaryny ya-da beýleki tölenilýän serişdeleri almaga ygtyýary ýok bolsa ýa-da şeýle ygtyýary ýitiren bolsa, onda ygtyýarnamany yzyna alyp biler.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň döwlet täjirçilik we beýleki banklar bilen aragatnaşygy has giňişleýin we ýokary derejede ösýär, sebäbi Türkmenistanyň Merkezi banky kadalaşdyryjy hukuknamalar arkaly islendik görnüşdäki karzyň esasy möçberini ýa-da degişli göterim derejesindäki degişlilikde berlen karzyň islendik görnüşi boýunça ýa-da pul syýasatynyň maksatlaryny başga serişdeler arkaly amala aşyrylyp bolmaýan möçberde bank edaralarynda alnan islendik goýumlar boýunça wagtlaýyn şertleri ýa-da çäklendiriş çäreleri belläp biler.

Türkmenistanyň Merkezi banky täjirçilik we beýleki banklara bank amallaryny ýerine ýetirmek üçin ygtyýarnama berýär we olaryň

işiniň üstünden gözegçilik edýär. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Düzgünnamasynyň esasynda şu aşakdaky ygtyýarlar berilýär:

• Kanunçylyk namalara laýyklykda maliýe ulgamynyň kadaly işlemegi üçin degişli düzgünnamalary, gollanmalary, görkezijileri ýa-da beýleki kadalaşdyryjy namalary degişli ygtyýarnamalar bermek bilen neşir etmäge we kada görkezijileriňi girizmäge gözegçilik işini geçirmäge ygtyýar berýär.

• Islendik bank edaralaryna barmaga we buhgalter hasabatyny, resminamalary, bankyň gaýry maglumatlaryny barlamaga, özüniň bank gözegçilik wezipesini doly we dogry ýerine ýetirmäge üçin zerur bolan maglumatlary almaga ygtyýar berýär.

• Türkmenistanyň Merkezi banky bankara hasaplaşyk töleg hyzmatlaryny döretmäge beýleki banklara kömek berip, çek boýunça tölegleri ýa-da beýleki töleg serişdeleri bilen bilelikde şol amallary geçirmegiň tertibini we düzgünini belläp hem bilýär.

• Tükmenistanyň Merkezi banky bank maglumat ulgamyny döredip we işe girizip bilýär.

• Türkmenistanda täjirçilik we beýleki banklar Merkezi bank tarapyndan berlen ygtyýarnamalar esasynda öz işlerini alyp barýarlar.

Ygtyýarnamany yzyna gaýtarmazdan öň, goýberilen bozulmalaryň düzedilmegi üçin öňünden duýduryş çäreleri görülmelidir. Bank ygtyýarnamasyny yzyna almak hakyndaky karar bir aý möhletde kabul edilýär hem-de onuň yzyna gaýtarylmagynyň esaslary görkezilip, degişli banka ýazmaça habar berilýär. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ygtyýarnamanyň yzyna gaýtarylmagy bankyň ýatyrylandygy hakyndaky Kararyň kabul edilendigini aňladýar.

Bank ygtyýarnamasyny yzyna almak hakyndaky kararyny kabul edensoň 10 günüň dowamynda Türkmenistanyň resmi gazetinde Karar çap edilýär. Karar çap edilen gününden ýa-da Kararda görkezilen gününden başlap güýje girýär.

## 2.3. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň halkara gatnaşyklary

Türkmenistanyň syýasy taýdan durnuklylygy, onuň içerki we daşarky syýasaty Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe bazar

özgertmeleriniň çuňlaşmagyna we ýurduň durmuş-ykdysady ösüş boýunça wezipeleriniň durmuşa geçirilmegine ýardam berdi.

Türkmenistanyň bazar gatnaşyklaryna geçmegi we ýurduň ykdysadyýetiniň dünýä ykdysadyýeti bilen utgaşmagy döwletimizde buhgalteriýa hasabyny üýtgedip guramak zerurlygyny ýüze çykardy, şol sebäpli Buhgalter hasabyny halkara ülňülerine (BHHÜ) geçirmek barada 2000-nji ýylyň dekabr aýynyň 14-ne 4572-nji belgili Karar kabul edildi. Kabul edilen Karara laýyklykda BHHÜ esaslanýan milli ülňülere geçmegiň netijeli ýollaryny seçip almak üçin Merkezi bankda BHHÜ-nüň ornaşdyrylmagy boýunça daşary ýurt tejribesi öwrenilýär we bank tarapdan geçişiň iki sany usullary hödürlenýär.

Türkmenistanda Buhgalter hasabynyň halkara ülňülerine (BHHÜ) geçiş çäreleri iki usuly özünde jemleýär:

**1. Çalşyk usuly** (hasabyň bir wagtda iki ülňüde alnyp barylmagy) uzak wagty talap edýän usul bolup, buhgalter maglumatlarynyň maliýe hasabatlarynyň iki ulgamda hem girizilmegini ýa-da maksatnama üpjünçiliginiň iki görnüşdäki hasabatlary hem berer ýaly edip gurnalmagyny göz öňünde tutýar.

Çalşyk usuly (buhgalteriýa hasabyny bir wagtda iki ülňüde alyp barmak usuly):

• BHHÜ-e laýyklykda, maliýe maglumatlaryny her senede we hemişelik esasda berýär.

• Bankyň düzüm gurluşyna düýpli üýtgetmeleriň girizilmegine getirýär.

• Öz işgärleriniň, şeýle hem daşyndan maslahatçylaryň çekilmegi arkaly amala aşyrylyp bilinýär.

• BHHÜ-e geçmegiň bu usuly býujet üçin has gymmat we kyn düşýär;

• BHHÜ-nüň ornaşdyrylmasy köp wagty talap edýär.

• Maliýe hasabatlarynyň BHHÜ-e laýyklykda taýynlanylmagy bilen olaryň buhgalteriýa hasabynyň milli ülňülere laýyklykda taýynlanylmagynyň arasynda wagt tapawudy bolmaýar.

• Maliýe maglumatlarynyň BHHÜ-e laýyklykda has ygtybarly görnüşde ýetirilmegini üpjün edýär.

**2. Geçirme usuly** (geçen döwürleriň maglumatlaryna düzedişleri girizmek usuly) döwürleýin häsiýete eýe bolup, buhgalteriýa hasabynyň hereket edýän ulgamynda jemlenen maglumatlary BHHÜ-nüň ilkibaşky esaslaryna laýyk getirmek üçin seljermek we degişli üýtgetmeleri girizmek arkaly amala aşyrylýar.

Geçirme usulyna (geçen döwürleriň maglumatlaryna düzedişleri girizmek usulyna):

- Hasaba alyş döwrüniň ahyrynda BHHÜ boýunça düzülen maliýe maglumatlarynyň bir toplumyny berýär.
- Bankyň düzüm gurluşyna üýtgetme girizmek zerurlygyny ýüze çykarmaýar.
- Bankyň işgärleriniň kömek bermeginde daşarky maslahatçylar tarapyndan taýynlanyp bilinýär.
- Geçirme usulynyň harajatlaryny deslapdan hasaplap bolýar we çalşyk usuly bilen deňeşdirilende arzan hasaplanýar.
- Çalt ornaşdyrylmak mümkinçiligi bar.
- BHHÜ boýunça taýynlanylýan maliýe hasabatlary buhgalteriýa hasabynyň milli ülňüler boýunça taýynlanylýan görnüşlerinden soň düzülýär.
- Geçirme usuly maliýe maglumatlarynyň BHHÜ-e laýyklykda ygtybarlylygynyň pes derejede bolmagyna getirýär.

**Geçirme usulynyň amala aşyrylmagy özünde birnäçe tapgyrlary jemleýär. Olara:**

**1-nji tapgyr.** Hasaba alyş syýasatynyň we bankda buhgalter hasabynyň ýagdaýyny seljermek;

**2-nji tapgyr.** Dolanyşyk-galyndy balansynyň ýa-da Baş kitabyň galyndylary esasynda hasabat döwrüniň başynda we ahyrynda barlag balanslaryny düzmek;

**3-nji tapgyr.** Dolanyşyk-galyndy balansynyň ähli hasaplaryny seljermek we iş resminamalaryny taýynlamak;

**4-nji tapgyr.** Kadalaşdyryjy (düzediş) buhgalter ýazgylaryny düzmek;

**5-nji tapgyr.** Kadalaşdyryjy buhgalter ýazgylaryny geçirmek we hasaplary hödürlenýän hasap meýilnamasyna hem-de halkara ülňülerine laýyk getirmek;

**6-njy tapgyr.** Hasaplaryň galyndylaryny BHHÜ-e laýyklykda täzeden toparlara bölmek;

**7-nji tapgyr.** Peýdalar we ýitgiler hakyndaky hasabaty BHHÜ-e laýyklykda taýynlamak üçin iş çyzgylaryny düzmek;

**8-nji tapgyr.** Pul serişdeleriniň hereketi hakyndaky hasabaty düzmek üçin maglumatlary we iş çyzgylaryny taýynlamak, hasabat döwrüniň başynda geçirmeli çäreleri amala aşyrmak;

**9-njy tapgyr.** Maliýe hasabatlarynyň görnüşlerini we olara aýdyňlaşdyrmalary taýynlamak degişlidir.

BHHÜ-e geçiş usuly saýlanylan ýagdaýynda olaryň hersiniň artykmaçlygy we çykdajylary nazara alynmalydyr. Islendik usul saýlanyp alnandan soň, daşyndan çekilen hünärmenleriň gatnaşmagy zerurdyr we hünärmenleriň taýynlanylmagy BHHÜ-e geçmek üçin iň bir wajyp meseleleriň biri bolup durýar.

Türkmenistanyň bank ulgamynda maliýe serişdelerini dolandyrmagyň döwrebap usullaryny ornaşdyrmaga şert döredilýär.

«Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi özgertmegiň maksatnamasy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 9-njy iýulynda çykaran 11139-njy belgili Kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň bank ulgamynda maliýe hasabatlarynyň halkara ülňülerine (standartlaryna) ýokary derejede geçmek we guramak maksady bilen meýilnama işlenip düzüldi.

2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan, Türkmenistanyň bank ulgamynyň maliýe hasabatlarynyň halkara ülňülerine (standartlaryna) geçmegi bilen baglylykda,

– Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasyny we ony ulanmak boýunça görkezmeleri;

– şahsy hasaplary belgilemegiň çyzgysyny we şahsy hasaplary belgilemek üçin gorag (barlag) açaryny bermegiň hasaplamasyny;

– Türkmenistanyň banklarynda hasaplaryň hereket edýän meýilnamasyndaky hasaplary olaryň täze meýilnamasyndaky hasaplara geçirmegiň çyzgysyny ulanmaly.

Bütin dünýäde maliýe hasabatlarynyň bir bitewi ulgamyny ulanmagyň zerurlyklaryna göz ýetirilmegi maliýe hasabatlarynyň we auditiň halkara ülňüleriniň işlenip düzülmegine tarap ädilen ähmiýetli

ädimdir. Şonuň bilen baglylykda, hasaby guramakda iň bir möhüm wakalaryň biri-de **Buhgalteriýa hasabynyň halkara ülňüleriniň toparynyň (BHHÜT) döredilmegi boldy.** Bu Topar 1973-nji ýylda Awstraliýanyň, Kanadanyň, Fransiýanyň, Germaniýanyň, Ýaponiýanyň, Meksikanyň, Gollandiýanyň, Irlandiýanyň, Beýik Britaniýanyň we ABŞ-nyň ussat buhgalter guramalarynyň arasynda gazanylan ylalaşygyň netijesinde döredildi.

London maliýe biržasy 1984-nji ýylda öz gymmatly kagyzlaryny Londondaky birža çykarmak isleýän daşary ýurt korporasiýalaryna halkara hasaba alyş ülňülerini goldamagy teklip edýän garaýşyny çap etdi. Soňra Ýewropa Bileleşigi hem Ýewropadaky maliýe biržalarynda bahalandyrylýan paýnamalary çykaryjy ähli Ýewropa kompaniýalarynda BHHÜ-i 2005-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-nden başlap jebislenen maliýe hasabatlarynyň düzülmeginde ulanmak barada çözgüt kabul etdi. Bu, öz gezeginde, BHHÜT-niň işine uly ähmiýet berilmegine hem-de onuň işjeňliginiň täze ileri tutulýan ugurlarynyň öňe çykmagyna getirdi.

Netijede, Buhgalteriýa hasabynyň halkara ülňüleriniň topary özbaşdak gurama bolmak bilen, onuň baş maksady hasaba alyş esaslarynyň bütin dünýädäki kärhanalar we guramalar tarapyndan maliýe hasabatlaryny düzmek üçin ulanylýan birmeňzeşligini gazanmak bolup durýar.

BHHÜT-niň merkezi diwany Londonda ýerleşýär. BHHÜT-niň işjeňligi ussat buhgalter guramalary, halkara kompaniýalar, maliýe institutlary, auditor kompaniýalary we beýleki guramalar tarapyndan maliýeleşdirilýär, şeýle hem BHHÜT öz çap önümleriniň we taslamalarynyň satylmagyndan girdeji alýar. Meselem, Toparyň býujetiniň girdejisiniň ortaça görkezijisi ýylda, takmynan, ABŞ-nyň 2,5 million dollaryna deňdir.

**BHHÜT-niň tertipnamasynda onuň işiniň maksatlary:**

– maliýe hasabatlarynyň düzülmeginde ulanmak üçin buhgalteriýa hasabynyň ülňülerini jemgyýetiň bähbitlerine laýyklykda işläp düzmek we çap etmek, şeýle hem olaryň bütin dünýäde kabul edilmegini we ýerine ýetirilmegini üpjün etmek;

– buhgalteriýa hasabynyň ülňüleriniň, kadalarynyň we maliýe hasabatlarynyň düzülmegine degişli çäreleriň kämilleşdirilmegi we

umumylaşdyrylmagy boýunça umumy işleri geçirmek görnüşlerinde kesgitlenendir.

BHHÜT özboluşly çylşyrymly gurama bolup durýar. Onuň ähli düzüm birlikleriniň öz wezipeleri we ýerine ýetirýän işleri bolup, olar BHHÜT-niň tertipnamasynda anyk kesgitlenendir.

**BHHÜT-niň düzüm birlikleri aşakdakylardan ybaratdyr:**

- Toparyň Müdiriýeti BHHÜ-nüň taýynlanylmagyny we çap edilmegini hem goşmak bilen, ähli düýpli meseleler üçin doly jogapkärçilik çekýär. Müdiriýet 14 sany agzadan durup, olar dünýäniň dürli ýurtlaryna wekilçilik edýärler.
- Dolandyryjylar Geňeşi 19 dolandyryjydan ýbarat bolup, BHHÜT-niň işjeňligine ýolbaşçylyk edýärler. Olaryň 6-sy Demirgazyk Amerika, 6-sy Ýewropa, 4-si Aziýa-Ýuwaş ummany sebitlerine we 3-si beýleki geografik sebitlere wekilçilik edýär.
- Maslahat beriş topary BHHÜT-niň işine maliýe hasabatlarynyň halkara ulgamyny kämilleşdirmäge gyzyklanma bildirýän guramalaryň we hünärmenleriň giň köpçüligini, şol sanda Dünýä banky, Halkara pul gaznasy, Bank gözegçiligi boýunça Bazel komiteti ýaly halkara guramalaryň we beýlekileriň gatnaşmagyny üpjün edýän guramadyr.
- Düşündiriş bermek boýunça topar. Bu toparyň baş wezipesi BHHÜ-nüň ulanylyş tertibini aýdyňlaşdyrmakdan ybaratdyr.
- Toparyň (BHHÜT-niň) işgärleri.

Maliýe hasabatlarynyň halkara ülňüleri özara jebis baglanyşykly. Olar birnäçe resminamalardan durýar. Olara BHHÜ-nüň sözbaşysy, Maliýe hasabatlaryny düzmegiň we bermegiň esasy kadalary, ülňüleriň özi we olara düşündirişler degişlidir.

Olaryň hemmesi bir bitewi ulgamy emele getirip aýry-aýrylykda ulanylyp bilinmez, sebäbi her bir resminamanyň ulgamyň bir bölegi hökmünde öz niýetlenilen ugry bardyr.

BHHÜT-niň tertipnamasyna laýyklykda, onuň işi diňe maliýe hasabatlarynyň taýynlanylmagy we ýetirilmegi bilen baglanyşyklydyr. Ülňüleriň özi hem diňe maliýe hasabatlylygynyň düzülmeginiň meselelerine bagyşlanandyr.

## 2.4. Türkmenistanda döwlet täjirçilik we beýleki banklary açmagyň, togtatmagyň we ýapmagyň tertibi

Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklary öz işini «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda» kanunlara laýyklykda we Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan berlen ygtyýarnama esasynda amala aşyrýarlar. Bank ygtyýarnamasy hakyndaky towakganama Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalarynda görkezilen nusgada:

• bankyň esaslyk maýasyna goýlan maýagoýumlaryň (inwestisiýalaryň) çeşmeleri hakynda jarnama (deklarasiýa);

• bankyň tertipnamasy;

• esaslandyryş şertnamasy;

• esaslandyryş ýygnagynyň ýazgysy (beýany);

• wagtlaýyn toplaýyş hasabyna doly geçirilen esaslyk maýanyň möçberiniň 30%-den az bolmadyk möçberini tassyklaýan töleg resminamalarynyň göçürmesi;

• bankyň döredilmeginiň ykdysady esaslandyrmasy;

• geljekki hasaplaşyk balansy;

• bankyň peýdasynyň, girdejileriniň we çykdajylarynyň meýilnamasy resminamalar boýunça ýazmaça görnüşinde Türkmenistanyň Merkezi bankyna täjirçilik we beýleki banklar tarapyndan tabşyrylýar.

Ygtyýarnama berilmegi üçin degişli resminamalaryň alnan gününden başlap, üç aýyň dowamynda Türkmenistanyň Merkezi banky karar kabul edýär hem-de öz karary hakynda arza berijä ýazmaça görnüşde habar berýär.

Türkmenistanda döwlet täjirçilik we beýleki banklar Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan berlen ygtyýarnamanyň esasynda dürli-dürli amallary ýerine ýetirýärler. Esasanam, serişdeleri çekmek (depozit syýasaty), çekilen serişdeleri ýerleşdirmek (karz syýasaty) we hasaplaşyk amallaryny ýerine ýetirýärler. Banklar Türkmenistanyň çäklerinde we onuň çäklerinden daşarda öz şahamçalaryny we wekilliklerini açyp bilerler, emma bu barada Türkmenistanyň Merkezi banky habarly bolmalydyr. Türkmenistanyň çäginde açylan banklaryň şahamçalarynyň we wekillikleriniň bellige alynmagy üçin zerur

bolan resminamalaryň sanawyny Türkmenistanyň Merkezi banky kesgitleýär.

Bank ygtyýarnamalary täjirçilik we beýleki banklara möhletsiz gowşurylýar we başga biriniň (eýesi bolmasa) eline berilmeýär.

“Karz edaralary we bank işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň talaplary birnäçe gezek ýa-da gaýtadan bozulan mahaly Türkmenistanyň Merkezi banky şol bankyň maliýe ýagdaýyny saklamak ýa-da gowulandyrmak üçin ony togtatmak hakynda karar çykarýar.

**Banky togtatmak hakyndaky kararda:**

• togtatmagyň sebäpleri;

• Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen togtadyjynyň ady;

• togtatmagyň möhleti;

• bankyň müşderiniň goýumlaryny we beýleki serişdelerini gozgamasyz etmek mümkinçiligi;

• bankyň ýolbaşçylary barada ulanylýan çäreler görkezilýär.

Banky togtatmak hakyndaky karar şol kararda görkezilen gününden başlap güýje girýär we merkezi metbugatda çap edilýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

***Türkmenistanyň banklary ýurdumyzyň ýkdysadyýetiniň ileri tutulyp ösdürilýän pudaklaryny karz serişdeleri bilen üpjün etmek boýunça hem uly işleri durmuşa geçirýärler.***

# II BÖLÜM

# BANKYŇ AMALLARY WE HYZMATLARY

## III BAP

## TÜRKMENISTANDA DÖWLET TÄJIRÇILIK WE BEÝLEKI BANKLARYŇ DÖREÝŞI, OLARYŇ ÝERINE ÝETIRÝÄN WEZIPELERI

### 3.1. Türkmenistanyň bank ulgamynda döwlet täjirçilik we beyleki banklaryň orny we wezipeleri

Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklary bank ulgamynyň esasy bölegi bolup çykyş edýärler. Olaryň esasy maksady edara-kärhanalara, guramalara, şereketlere we öý hojalyklaryna (raýatlara) bank önümini (pul serişdelerini) hödürlemekdir we şol hödürleýän önüminden (karzlaşdyrma, maýagoýum goýmak, gymmatbahaly kagyzlar bilen amallary geçirmek we ş.m.) aňrybaş peýda almak bolup durýar.

Banklaryň esasy maksady, bir tarapdan, pul serişdelerini çekmek, ikinji tarapdan, çekilen pul serişdelerini ýerleşdirip aňrybaşy peýda gazanmakdan ybaratdyr.

Bazar ykdysadyýeti gatnaşygynda ösen döwletleriň banklary 300-den gowrak dürli amallary ýerine ýetirýärler. Olaryň içinde goýum amallaryny, pulhana (pulhana) amallaryny, faktoring amallaryny, gymmatbahaly kagyzlar bilen geçirlýän dürli amallary, hasaplaşyk amallaryny, lizing amallaryny we ş.m. amallary geçirýärler.

Türkmenistanyň «Karz edaralary we bank işi hakynda» Kanunyna we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Düzgünnamalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklary **şu aşakda görkezilen amallary geçirýär, ýagny:**

• Müşderileriň we banklaryň habarçylarynyň (korrespondentleriniň) hasaplaryny, şol sanda daşary ýurtlaryň hasaplaryny açmak, ýöretmek we hasaplaşyk hasaplaryny geçirýär.

• Müşderileriň we banklaryň habarçylarynyň tabşyrygy boýunça hasaplamalary, pulhana amallaryny, maýagoýumlary we karz amallaryny amala aşyrýar.

• Inwestirlenýän pul serişdeleriniň eýeleriniň we şol pul serişdeleri berijileriň tabşyrygy boýunça hem-de bankyň öz pul serişdeleriniň hasabyna maýagoýumlary maliýeleşdirýär.

• Goýumlary (depozitleri) çekmegi we karz alyjy bilen ylalaşmak esasynda karzlary bermegi amala aşyrýar.

• Paýnamalary we beýleki gymmatbahaly kagyzlary çykarmak öz hasabyna ýa-da müşderileriň pul serişdeleriniň hasabyna töleg resminamalaryny we gymmatbahaly kagyzlary satyn almak, satmak we saklamak hukugy bar.

• Pul görnüşinde göz öňünde tutulan kepillikleri, zamunlyklary we beýleki borçnamalary üçünji taraplaryň adyndan bermäge hukugy bar.

• Harytlary ibermek we hyzmatlary etmek hakyndaky şertnamadan gelip çykan talap hukuklaryny edinmegi hem-de talaplary ýerine ýetirmägeň töwekgelçiliklerini kabul etmek we şol talaplary inkassirlemegi (forfeýting), şeýle hem şol amallary harytlaryň hereketine goşmaça gözegçilik bilen ýerine ýetirmegi (faktoring) amala aşyrýar.

• Edara görnüşindäki we şahsy taraplardan, sol sanda daşary ýurtly edara görnüşindäki we şahsy taraplardan nagt daşary ýurt walýutasyny satyn almagy we olary satmagy amala aşyrýar.

• Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasy esasynda Türkmenistanda we onuň çäginden daşarda gymmatbahaly metallary,

daşlary we ýasalan önümleri kabul etmegi we ony saklamagy (depozitariýa hyzmatyny) amala aşyrýar;

• Müşderileriň tabşyrmagy boýunça pul serişdelerini çekýär, ýerleşdirýär we gymmatbahaly kagyzlar bilen amallary (ynanç trastyny) geçirýär.

• Bank işi bilen baglanyşykly maslahat beriş hyzmatlaryny edýär, şol sanda müşderileriň maýagoýumlaryny dolandyrýar, geňeşçi, maliýe ýumuşçysy ýa-da maslahatçysy hyzmatlaryny amala aşyrýar.

• Enjamlary, ulag serişdelerini we gaýry emlägi kärendesine bermek üçin olary öz serişdeleriniň hasabyna satyn almagy (lizing amallary) amala aşyrýar.

• Häzirki hereket edýän kanunlara laýyklykda gozgalmaýan emlägi girewine goýmak-almak amallaryny we beýleki amallary geçirýär.

• Degişli ygtyýarnama bar bolan ýagdaýynda we Türkmenistanyň kanunçylyk namalary bilen gadagan edilmedik beýleki amallary we geleşikleri geçirýär.

• Töleg-hasaplaşyk resminamalaryny inkassirleýär.

• Bankyň bank töleg kartlaryny (plastik kartlary) dolanyşyga goýbermek amallaryny ýerine ýetirýär.

Banklaryň ýerine ýetirýän amallary ykdysadyýetde esasy amallar bolup durýar. Şu ýagdaýda banklar edaralardan, kärhanalardan, guramalardan, telekeçilerden we şahsy taraplardan çekilen pul serişdelerini toplap, mätäç bolan edaralary, kärhanalary, guramalary, telekeçileri hem-de şahsy taraplary karzlaşdyrlýarlar. Banklarda karzyň ýörelgeleri esasynda (töleglilik, möhletlilik, maksatlylyk, üpjünçilik we yzyna gaýtaryp bermek şerti bilen) karz berilýär.

Maddy önümçiligiň we maddy gymmatlyklaryň söwdasy, şeýle hem ätiýaçlandyrmagyň ähli görnüşleri ugrundaky banklaryň işi gadagan edilýär. Muňa daşary ýurt pulunyň ätiýaçlandyrylmasy, karz we göterim töwekgelçilikleri, beýleki bank amallary boýunça töwekgelçilikler girmeýär.

**Banklaryň ykdysady esaslary, olaryň ýerine ýetirýän amallary:**

– ýuridiki (edara, kärhana, gurama, şereketler we beýlekiler) we fiziki (şahsy, patent boýunça işleýän telekeçiler) taraplaryň pul serişdelerini çekmekden;

– ýuridiki we şahsy taraplary karzlaşdyrmakdan;

– müşderileriň islegi boýunça hasaplary açmakdan, ýöretmekden we ýapmakdan;

– daşary ýurt walýutasyny bellenen gymmaty boýunça satyn almakdan we satmakdan;

– gymmatbahaly metallary, gymmatbahaly daşlary we şolardan öndürilen önümleri satyn almakdan, satmakdan;

– lizing amallaryny amala aşyrmakdan;

– maglumat beriş hyzmatlaryny ýerine ýetirmekden;

– faktoring we forfeýtiň amallaryny amala aşyrmakdan;

– zamunlyklary bermekden;

– ýuridiki we fiziki taraplara resminamalary we gymmatlyklary saklamak üçin ýörite jaýlary ýa-da olarda duran seýfleri kärendesine bermekden;

– maliýe agenti we maýagoýumlary dolandyryjy hökmünde hyzmatlary etmekden;

– maslahatçy ýa-da maliýe maslahatçysy hökmündäki hyzmatlary etmekden ybaratdyr.

Türkmenistanda bellige alnan bank edaralarynyň 13 sanysy hereket edýär, şol sanda 7 sany döwlet täjirçilik banklary, 4 sany paýdarlar täjirçilik banklary we iki sany daşary ýurt maýasynyň gatnaşygyndaky banklar. Banklaryň ösüş taryhy we ýetilen sepgitleri barada gysgaça durup geçeliň.

## Türkmenistanyň "Türkmenbaşy" döwlet täjirçilik banky

Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik bankynyň emele gelşiniň taryhy XX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlanýar. Russiýanyň Kommunistik (bolşewikler) partiýasynyň (RK(b)P) bolup geçen XI gurultaýynda paýdarlar başlangyjynda Söwda-senagat bankyny döretmek barada Karar kabul edilýär. Şol Karar bankyň döremeginiň düýp esasy bolup durýar.

**1924-nji** ýylda Türkmenistanda Söwda-senagat bankynyň türkmen bölümi açylýar we söwda-senagat bankynyň 18 sany hasaplaşyk pulhanalary işläp başlaýar. Bu banklar, şol döwürde, SSSR-iň Döwlet banky bilen bir hatarda serişdeleri jemlemegi amala aşyrýardylar, gysga we uzakmöhletli karzlary berýärdiler.

**1928-nji** ýylda senagaty we elektrohojalygy uzakmöhletleýin karzlaşdyrmak bir bankda jemlenildi. Senagatbankyň we Elektroban-

kyň gysgamöhletli amallaryny Döwlet banky geçirdi. 1928-nji ýylyň 14-nji fewralyndan SSSR-iň Halk komissarlar Sowetiniň (HKS) Karary bilen Senagatbankyň we Elektrobankyň esasynda senagaty we elektrohojalygy uzak möhlete karzlaşdyrýan bank – Senagatbank döredildi.

**1958-1959-njy** ýyllarda Oba hojalykbankynyň we Senagatbankyň edaralary ýapyldy. Olaryň işi Döwlet bankyna (Gosbank) we Senagatbanka täze at berlip, maýagoýumlary maliýeleşdirýän bütinsoýuz Gurluşykbanky boldy. Bu ýerde umumy maýagoýumlaryň, takmynan, 70-75%-niň maliýeleşdirilmesi jemlendi. Indi esasy mesele maýagoýumlaryň dogry ulanylyşy, esasy serişdeleriň we önümçilik kuwwatlyklarynyň herekete girizilişiniň döwlet meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişi, gurluşyk-gurnama işleriniň özüne düşýän bahasyny pese düşürmegiň gözegçiligi bolup durýardy. Şeýle ulgam 1988-nji ýyla çenli hereket etdi.

Ýurdumyz **1991-nji** ýylda Garaşsyzlygyny alandan soň Türkmenistanda milli aýratynlyklar hasaba alnyp, kada-kanunlar we düzgünnamalar işlenip düzülip başlandy. «Türkmensenagatgurluşykbank» – Aksioner inwestision täjirçilik banky «Inwestbank» diýip atlandyryldy. Bank açyk görnüşdäki paýdarlar jemgyýeti hökmünde döredildi. Bankyň başlangyç esaslyk maýasynyň möçberi 70 mln rubl boldy (250 rubldan 280 müň sany paýnama). Döredijileriň düzümine 16 sany döwlet edaralary we 3 sany täjirçilik düzümi girdi. «Inwestbank», ilkinjileriň hatarynda, milli we daşary ýurt walýutasynda amallary geçirmek üçin Türkmenistanyň Merkezi bankyndan ygtyýarnama aldy. Mundan başga-da gymmatbahaly kagyzlar bilen amallar gecirmek üçin Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň 1-nji belgili ygtyýarnamasyny aldy. Bu bolsa gymmatbahaly kagyzlaryň bazarynda maýagoýum instituty hökmünde raýatlar bilen işi amala aşyrmak üçin hukuk berdi.

**1993-nji** ýylda döwletimizde «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Türkmenistanyň pul birligi hakynda», «Türkmenistanda gymmatbahaly kagyzlar we fond biržalary hakynda», «Türkmenistanda daşary ykdysady işjeňligi barada», «Türkmenistanda daşary ýurt inwestision işjeňligi barada», «Türkmenistandaky paýdarlar jemgyýetleri barada», «Batmaklyk barada», «Lizing barada», «Girew

hakynda», «Kärhanalar hakynda», «Telekeçi işi hakynda», «Türkmenistanda maýagoýumlaryň işi hakynda» we ş.m. döwrebap Kanunlar kabul edildi. Muňa ykdysady, durmuş we demokratik üýtgeşmeler täsirini ýetirdi.

**1993-nji ýylda** Garaşsyzlygyň hakyky kepili hökmünde Türkmenistan öz milli walýutasyny – **manady** girizdi. Bu bankyň işjeňligine ep-esli üýtgeşiklikleri girizdi. Şol wagt «10 ýyl abadançylyk» Maksatnamasynda görkezilen esasy meseläniň biri hem, bankyň işini netijeli ösdürmek üçin amatly guraýjy-ykdysady ýagdaýy döretmek bolup durýardy. Milli walýutanyň girizilen döwründe bank tarapyndan ýurduň hemme welaýatlarynda walýutany çalyşmak üçin nokatlar işledi.

Türkmenistanyň pul-karz syýasatyny maliýe taýdan sagdynlaşdyrmak maksady bilen **1998-nji ýylda** «Türkmenistanyň bank ulgamyny pugtalandyrmak baradaky çäreler hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary kabul edildi, şol karara laýyklykda **1999-njy ýylyň ýanwar aýynda** AKB «Inwestbank», ykdysadyýetiň hususy böleginiň

ýuridiki taraplaryna, şol sanda daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky kärhanalara, şeýle hem şahsy taraplara hyzmat etmek hukugy bilen, senagat we senagat infrastrukturasyny maliýeleşdirmäge gönükdirilen ýöriteleşdirilen Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» Döwlet täjirçilik banky diýip täzeden atlandyryldy.

**2000-nji ýylyň** aprel aýynda «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik banky üýtgeşmeleriň netijesinde, diňe öňki müşderilerini galdyrmakdan başga-da, kiçi we orta täjirçilik kärhanalaryny Ýewropanyň Ösüş we täzeleniş bankynyň we Merkezi Aziýa-Amerikan telekeçiligi goldaýyş gaznasynyň karz ugurlary boýunça daşary ýurt walýutasynda uzakmöhletli karzlaşdyrmak, täjirçilik meýilnamasyny taýýarlamak, gymmatlyklary saklamak, erkin pul serişdelerini ýerleşdirmek, kommunal hyzmatlarynyň hemme görnüşi boýunça hasaplaşyklary geçirmek bilen, ýurduň maliýe bazarynda ýöriteleşdirilen bank hyzmatlarynyň çäginde öz ornuny berkitdi.

Bankyň durnukly we üstünlikli işlemegi, esasan, bankyň tejribeli hünärmenlerine bagly bolup durýar.

Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik banky tarapyndan ýurduň ykdysadyýetiniň ileri tutulýan möhüm pudaklary bolup durýan senagat, ulag, aragatnaşyk, gurluşyk, söwda we hyzmat ediş

edara-kärhanalary hem-de döwlete dahylsyz pudaklaryň kärhanalary we şahsy adamlar bilen hyzmatdaşlyk saklanyp gelinýär. Karz syýasaty has-da ýokary depginler bilen 2008-nji ýyldan başlap amala aşyrylýar.

Bankyň karz bukjasynyň 80%-den gowragy döwlete degişli edara-kärhanalara berlen uzakmöhletli karzlardan ybaratdyr. Olar esasan, Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary esasynda «Paz» kysymly we «Hundaý» kysymly şäheriçi hem-de şäherara awtobuslaryny, gurluşyk tehnikalaryny satyn almak boýunça, «Kamaz» kysymly awtotehnikany, tele-radio ýaýlymlaryny kämilleşdirmek, ýaýlym merkeziniň täze binasyny, senagat desgasy bolan Owadandepedäki gaz-beton zawodyny gurmak boýunça enjamlary, ilata elýeter bahaly azyk önümlerini öndürmek üçin «Türkmenetsüýtsöwda» döwlet lomaý we bölek söwda kärhanasyna berlen karzlardyr.

Türkmenistanda hususy eýeçiligi, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek babatynda banklaryň öňünde goýlan wezipeleri amala aşyrmakda hem bank döwlet derejesinde halkara ülňülerine laýyklykda müşderileri seljerip, olara hyzmat etmek arkaly öz goşandyny goşýar. 2010-njy ýylda Ýewropanyň Ösüş we täzeleniş banky bilen karzlaşdyrmak barada ylalaşyga gol çekildi. Banklaryň arasynda baglaşylan ylalaşygyň esasynda Ýewropanyň Ösüş we täzeleniş bankynyň serişdeleriniň hasabyna ýerli hususy eýeçiligiň edara-kärhanalarynyň önümçiligini giňeltmek üçin olaryň önüm öndürmek we hyzmat etmek boýunça täjirçilik taslamalaryny karzlaşdyrdy.

Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik banky tarapyndan diňe bir karzlaşdyrmak işleri ýola goýulman, eýsem şu ugurda dünýä tejribesi öwrenilip, 2009-njy ýylyň başyndan başlap hyzmatlaryň täze görnüşi bolan kepillik hatlarynyň berilmegi hem ýola goýuldy. Bankyň bu hyzmaty, esasan, gurluşyk potratçy edaralary üçin ýerine ýetirilip, ýurdumyzda ýerli gurluşyk edara-kärhanalaryny goldamaga gönükdirilendir. Müşderileriň erkin pul serişdelerini banka çekmek üçin, pul goýumlarynyň täze has kamilleşen usullary we görnüşleri ilata hödürlenilýär. Bu goýum görnüşleri raýatlaryň topar aýratynlyklaryna salgylanýar. Mysal üçin, çagalar we nepagadaky adamlar üçin göz öňünde tutulan «Nepaga» we «Ruhubelent Nesiller» ýaly goýumlar hödür edilýär. Goýumlar nagt hem-de nagt däl hasaplaşyklaryň we geçirim amallarynyň üsti bilen geçirilýär.

Bank tarapyndan erkin pul serişdelerini çekmek boýunça müşderilere şert döredilýär. Bank edara görnüşli taraplardan möhletine görä şu göterimlerde milli walýutada serişdeleri goýuma kabul edýär.

• 3 aýa – ýyllyk 2%
• 6 aýa – ýyllyk 3%
• 1 ýyla – ýyllyk 5%

Bank ilatdan goýuma pul serişdelerini milli walýutada şu şertlerde kabul edýär.

• Talap edilýänçä goýum tölegi bilen – ýyllyk 0,5%;
• Ýyllyk möhletli goýum (goşmaça tölegi bilen) hasaplanylan göterimiň hasabyna, şeýle-de goýumçynyň pul serişdeleriniň hasabyna – ýyllyk 10%;
• Nepaga goýumy (nepaga ýaşyndaky taraplar üçin) – ýyllyk 12%;
• Möhletli depozit goýumy (3 we 6 aýlyk ) – degişlilikde, ýyllyk 4-8%;

Bank işjeňligine mahsus bolmadyk hyzmatlary girizmek maksady bilen, bankda «Western Union» pul geçirimler ulgamy ornaşdyryldy. Ulgam şahsy taraplaryň pul serişdelerini daşary ýurtlara ynamdar we tiz geçirmek hem-de olardan kabul etmek boýunça hyzmatlary amala aşyrýar. Bu pul geçirimler ulgamy ähli welaýatlara ýaýradyldy.

Milli pulda «Ýyldyrym» pul geçirimleriniň elektron ulgamy Türkmenistanyň ilatyna edilýän hyzmatlary gowulandyrmaga we 15 minudyň dowamynda geçirimleri bankyň ýurduň ilatly nokatlarynda ýerleşýän şahamçalarynyň süýşürintgiler pulhanalaryna geçirmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň pul dolanyşygyny kämilleşdirmek we berkitmek üçin nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek, ykdysadyýetde pul serişdeleriniň dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak hem-de ilatyň nagt serişdelerini nagt däl pul dolanyşygyna çekmek örän wajyp bolup durýar. Bu babatda täze maliýe gurallaryny işläp taýýarlamak boýunça geçirilýän işleriň çäklerinde Türkmenistanyň Merkezi banky bilen bilelikde Türkmenistanyň Prezidentiniň 2006-njy ýylyň 23-nji martyndaky 7824-nji belgili «Türkmenistanda bir bitewi bank programma serişdelerini ornaşdyrmak we milli kartly töleg ulgamyny döretmek hakyndaky» Kararyny durmuşa geçirmek maksa-

dy bilen, «Altyn Asyr» bank kart ulgamy döredildi. Geljekde ilatyň bankomatlaryň we töleg terminallaryň üsti bilen kommunal tölegleri, zähmet haklary, nepaga we kömek pullary, gümrükhana hyzmatlary, aragatnaşyk we abonent hyzmatlary, howa we demirýol gatnawlardaky tölegleri, ýangyç beketlerindäki tölegleri, söwda amallaryndaky tölegleri amala aşyrmak mümkinçiligi döredilер.

Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik banky amallaryň geçirilişiniň awtomatlaşdyrylan banklarynyň biridir. Häzirki wagtda amala aşyrýan hyzmatlarynyň hilini has-da ýokarlandyrmak we gerimini giňeltmek, maglumatlar binýadyny hem-de bankara hasaplaşyklarda elektron töleg ulgamyny kämilleşdirmek, şahamçalardaky amallaryň geçirilişine gözegçiligi ýokarlandyrmak, şeýle hem bankyň işjeňliginde 2011-nji ýyldan başlap maliýe hasabatlaryny halkara ülňülerine laýyklykda alyp barmagy üpjün etmek üçin programma üpjünçiligi esasynda bankyň işjeňligini awtomatlaşdyrmak maksatlarynda halkara bäsleşigi geçirildi. Geçirilen halkara bäsleşiginiň netijeleri boýunça Belorussiýanyň «Softklub» Jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýeti kompaniýasy ýeňiji hökmünde saýlanyldy.

Bankyň ösüş maksatnamalaryny durmuşa geçirmek maksady bilen, ýeterlik hünär derejesi bolan hünärmenleriň öz wezipe borçlaryny ýokary hilli we netijeli ýerine ýetirmekleri üçin işgärleriň hil düzümi yzygiderli kämilleşdirilýär.

### Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky 1992-nji ýylyň ýanwar aýynyň 21-ne Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary esasynda öňki SSSR-iň Daşary ykdysady bankynyň bölüminiň binýadynda Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşyklaryny ösdürmek we berkitmek üçin döredildi. Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky, hereket edýän ýyllarynyň dowamynda, halkara maýa bazarlarynda ýurduň hökümetiniň wekili hökmünde çykyş edip, Türkmenistanyň ykdysadyýetine daşary ýurt walýutasynda karzlary çekmek boýunça işleri amala aşyryp gelýär.

Bank şahsy we edara görnüşindäki taraplara hyzmatlaryň giň görnüşlerini hödürleýär. Olaryň içinde milli puldaky tölegleri, dünýäniň

islendik künjegine daşary ýurt pulundaky tölegleri, pulhana hyzmatlaryny, bankyň müşderileriniň gymmatlyklaryny saklamak boýunça hyzmatlary, halkara söwda geleşikleri boýunça amallary, ynamdarlyk amallaryny (serişdeleri çekmek we ýerleşdirmek, gymmatly kagyzlary dolandyrmak we ş.m.), halkara pul bazarlarynda geçirilýän walýuta amallaryny, bank kartlary boýunça amallary we beýlekileri görkezmek bolar.

Bank öz öňünde goýýan maksatlaryny we wezipelerini ýerine ýetirmekde korporatiw müşderiler bilen özara hyzmatdaşlyga daýanýar. Olaryň esasyny nebit-gaz toplumynyň, agrosenagat toplumynyň, energetika, ulag we aragatnaşyk, önümçilik we durmuş infrastrukturasynyň pudaklary düzýärler. Mundan başga-da bankyň hyzmatlaryndan iri we orta işewürligiň dürli eýeçilikdäki kärhanalary, şereketleri, bilelikdäki kärhanalar, daşary ýurt kompaniýalary peýdalanýarlar.

Bankyň esasy ugry daşary ýurt maýasyny çekmek we ony ýurduň ykdysadyýetiniň ileri tutulýan ugurlaryna ýerleşdirmek boýunça işleri işjeň alyp barmaga gönükdirlen. Bankyň aktiwleriniň köp bölegi daşary ýurt maýalarynyň hasabyna emele gelýär. Olar döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge gönükdirlýän uzakmöhletli karzlardan ybaratdyr.

Bankyň karzlarynyň esasy ulanyjylary nebitgaz toplumy, agrosenagat toplumy, önümçilik we durmuş ugurly pudaklardyr. Bank daşary ýurt karzlarynyň hasabyna düýpli maýagoýumlara degişli bolan harytlaryň we hyzmatlaryň importyny hem maliýeleşdirýär.

Maýagoýum taslamalaryny maliýe çeşmeleri bilen üpjün etmek we halkara amallara hyzmat etmek wezipesine baglylykda bank dünýäniň belli milli eksport-import hem-de eksport ätiýaçlandyryş gulluklarynyň, halkara ösüş banklarynyň we gaznalarynyň 15-si bilen hem-de dünýäniň 20 ýurdunyň 50-den gowrak daşary ýurt banklary bilen işewürlik, hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýandyr.

Bank döredilenden bäri halkara banklary we ösüş gaznalary bilen hyzmatdaşlyk ugrunda Ýewropanyň Özgerdiş we ösüş banky, Yslam ösüş banky, OPEK gaznasy we beýleki banklar, gaznalar bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn üns berýär.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky raýatlara ýokary hilli bank hyzmatlaryny hem hödürleýär. Bank öz müşderilerine toplumlaýyn hasaplaşyk-pulhana hyzmatlaryny, möhletli goýumlaryň

dürli görnüşlerini, halkara tölegleri, VISA we Millikart bank kartlaryna hyzmat etmegi, konwersion amallary hödürleýär. Bank tarapyndan edilýän bölekleýin hyzmatlaryň arasynda ileri tutulýan ugurlaryň biri bank kartlary bilen geçirilýän amallardyr.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky ýurtda ilkinjileriň biri bolup bank kartlarynyň girizilişi we ösüşi boýunça iş geçirip başlady. Bank 1994-nji ýyldan «VISA INTERNATIONAL»-yň hukukly agzasy bolup, daşary ýurt emitent banklarynyň karz kartlarynyň hyzmat edilişine başlady. 1996-njy ýylyň dekabr aýynda milli pulda – manatda hasaplaşyklary amala aşyrmaga ýardam berýän «MILLIKART» bank kartyny çykarmaga başlady. 1998-nji ýylyň dekabr aýynda bank emitent hökmünde özüniň «VISA» bank kartlarynyň «Bizness», «Klassik» we «Elektron» görnüşleriniň çykarylyşyna başlady. 2006-njy ýylda Bank Millikartyň täze Altyn karz kartyny we Kümüş karty çykaryp başlady. 2008-nji ýylda bank «MasterKard» halkara bank kart töleg ulgamynyň dolyhukukly agzasy bolup, bu kartlary çykarmak ugrunda işe girişdi.

### Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1995-nji ýylyň mart aýynyň 10-na ýörite kabul eden Karary esasynda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky döredilip, welaýatlarda, etraplarda onuň şahamçalarydyr bank gulluklary açyldy. «Daýhanbank» Döwlet täjirçilik bankynyň esasy ýerine ýetirýän işleriniň biri hem daýhan birleşiklerinde işleýän ähli daýhanlara we dolandyryş işgärlerine zähmet haklarynyň hasabyny ýöretmek üçin bank gulluklarynda şahsy hasaplar açylyp, şol hasaplarda olaryň zähmet haklarynyň hasaby ýöredildi we daýhan birleşiginiň hasaphanasynyň hasaplap beren zähmet haklarynyň sanawy boýunça bank gulluklarynda zähmet haky berilýärdi.

1996-njy ýylyň dekabr aýynda geçirilen uly Döwlet Maslahatynda oba hojalyk pudaklarynda ykdysady özgertmeleri geçirmegiň ähli-taraplaýyn oýlanyşykly maksatnamasy yglan edildi. Bu maksatnama önümçiligi guramagyň we dolandyrmagyň, zähmete bolan höweslendirmäni we oba hojalyk önümini öndürijileriň özbaşdaklygyny üpjün etmegiň esasynda kärende gatnaşyklaryny ösdürmegiň, maddy-tehni-

ki üpjünçiligiň, ýeriň we suwuň netijeli peýdalanylmagynyň giň meselelerini özünde jemledi we hasaplaşyklary täzeçe guramak, olary alyp barmak wezipesi Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň üstüne ýüklendi.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan 1997-nji ýylda «Daýhanyň hasap depderçesi» esasynda hasaplaşyk alnyp baryldy. 1998-nji ýyldan başlap döwlet tabşyrygyna degişli oba hojalyk önümlerini öndürijiler bilen hyzmat ediji edara-kärhanalaryň arasyndaky hasaplaşyklar döwlet tarapyndan goýberilýän ýeňillikli karzlar arkaly amala aşyrylyp başlandy.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň ulgamynda 5 sany welaýat dolandyrmasy, 50 sany şahamça we olaryň düzüminde 372 sany bank gulluklary hereket edip, bankyň müşderilerine bank hyzmatlaryny ýerine ýetirýär.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky ýurdumyzyň iň iri banky bolup, ähli etraplarda onuň halka giň gerimli hyzmatlaryny amala aşyrýan şahamçalary we gulluklary bar. Soňky ýyllaryň dowamynda bank hyzmatlaryny amala aşyrýan 4 sany şahamça açyldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň aprelindäki «Mary welaýatynyň «Altyn sähra» etrabynyň meseleleri hakynda» 9777-nji belgili Karary, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 6-njy aprelindäki «Daşoguz welaýatynyň Ruhubelent etrabynyň meseleleri hakynda» 8503-nji belgili Karary, 2007-nji ýylyň awgustyndaky «Lebap welaýatynyň Döwletli etrabynyň meseleleri hakynda» 8961-nji belgili Karary esasynda şol etraplarda bankyň şahamçalary guruldy we ulanylmaga berildi. 2011-nji ýylda «Altyn asyr» Gündogar bazarynda «Rysgal» şahamçasy açyldy.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankyna milli ykdysadyýetiň esasy ugurlarynyň biri bolan oba hojalyk pudagy boýunça karz bermäge we maýagoýum goýmaga ygtyýar berildi. Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň karzlaşdyrma syýasatynyň aýratynlyklary we esasy ugurlary şu aşakdakylardan, ýagny:

• döwlet tabşyrygyna degişli oba hojalyk önümlerini (bugdaý, pagta, şaly we gant şugundyry) öndürijileriň önümçilik harajatlaryny

maliýeleşdirmekden we olara hasaplaşyk-pulhana hyzmatlaryny ýokary derejede guramakdan;

• agrosenagat toplumyna degişli ministrlikleriň, assosiasiýalaryň we döwlet tabşyrygyna degişli oba hojalyk önümlerini öndürijileriň önümçiligini maliýeleşdirmekden we olaryň maliýe-ykdysady ýagdaýlaryna yzygiderli seljermeleri geçirmekden hem-de degişli teklipleri taýýarlamakdan;

• agrosenagat toplumynyň kärhanalaryna we döwlet tabşyrygyna degişli oba hojalyk önümlerini öndürijilere berlen karzlaryň möhletinde gaýtarylmagy üçin bellenen çäreleri durmuşa geçirmekden we täze berilýän karz serişdeleriniň netijeli ýerleşdirilmegini üpjün etmekden;

• hususy haryt öndürijileriň önümçiligi ösdürmek boýunça taslamalaryny goldamak maksady bilen, olara bank karzlarynyň üsti bilen maliýe taýdan goldaw bermekden ybaratdyr.

Agrosenagat toplumynyň kärhanalaryna berlen karzlaryň möhletinde gaýtarylmagy üçin bellenen çäreleri durmuşa geçirmek we täze berilýän karz serişdeleriniň netijeli ýerleşdirilmegini üpjün etmek boýunça şu işler, ýagny:

• möhleti gelip ýetmedik karzlary bar bolan edaralaryň maliýe-hojalyk ýagdaýlaryny we berlen karzlaryň üpjünçiliklerini yzygiderli gözegçilikde saklamak; karz alyjynyň maliýe ýagdaýy peselen ýa-da karzyň üpjünçiliginiň abat saklanylmagy üpjün edilmedik ýagdaýlarynda karz şertnamalarynda göz öňünde tutulan çäreleri ulanmak;

• möhleti geçen we üpjünçiligi bar bolan karzlar boýunça deslapky göz öňünde tutulan çeşmeleriň hasabyna, karzlaryň gaýtarylmadyk we ýakyn günlerde gaýtarylmagy mümkin bolmadyk ýagdaýynda, karzyň üpjünçiligini ýerleşdirmek boýunça degişli işleri geçirmek;

• üpjünçiligi şübheli, pes ýerlenýän ýa-da üpjünçiligi ýeterlik bolmadyk karzlar boýunça, özara ylalaşylan ýagdaýynda goşmaça üpjünçilik almak boýunça işleri geçirmek;

• ýeterlik üpjünçiligi bolmadyk karzlar boýunça özara ylalyşyk arkaly karzlary gaýtarmak mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda kazyýet we hukuk goraýjy edaralaryň üsti bilen karzlary gaýtarmak boýunça çäreleri geçirmek;

• balansdan daşarky hasaba çykarylan umytsyz karzlary bolan müşderileriň maliýe ýagdaýyny hemişe gözegçilikde saklap, mümkinçilik dörän ýagdaýynda olary gaýtarmak boýunça çäreleri geçirmek;

• karz bölümleriniň işini has netijeli guramagyň hasabyna karz alyjylaryň arzalaryna seretmek, karz bermek barada çözgüt kabul etmek we karz resminamalaryny resmileşdirmek üçin zerur bolan wagty azaltmak;

• karzlar boýunça göterimleriň derejelerini we bank hyzmatlarynyň nyrhlaryny, nyrhnamalaryny (tariflerini) yzygiderli öwrenip, olaryň derejelerini amatly möçberlerde kesgitlemek.

• karz berilmezden öň girewine alynýan emläkleriň ýerleşdirmek mümkinçiliklerini (karzy ýapyp bilmedik ýagdaýynda), olaryň fiziki we moral taýdan könelmeklerini, ýerleşdirmek mümkinçiligini göz öňünde tutmak bilen, olara hakyky bahalary kesmek boýunça çäreleri geçirmek we girewine alnan serişdelere islegiň bardygyny has içgin öwrenmek;

• döwlet kärhanalaryna karz serişdeleri berilmezden öň olary hususylaşdyrmak mümkinçilikleri öwrenilip, başga kärhana birikdirmek ýa-da ýapylmak mümkinçiligi barasynda edaranyň ýokary guramasyndan delilnama talap etmek;

• karz alyjylara karz berlen ýagdaýynda, ilkinji nobatda, karzyň möçberini çäklendirmek we hemişe hyzmat edilýän karz alyjylara artykmaçlyk bermek arkaly karzlaryň töwekgelçiligini peseltmek işleri amala aşyrylýar.

Mundan başga-da bank goýumlary we depozit görnüşinde ilatdan pul süýşürintgilerini kabul edýär. Ol süýşürintgiler bank serişdeleriniň wajyp çeşmesi bolup hyzmat edýärler. Bankyň esasy maksatlarynyň biri ilatyň wagtlaýynça ulanmaýan erkin pul serişdelerini goýumlara çekmekdir. Onuň üçin bank netijeli mahabatlandyrma işlerini geçirýär, goýumçylara bökdençsiz hyzmat edýär, ilatyň goýan pul serişdeleriniň ygtybarly saklanmagyny üpjün edýär.

Häzirki wagtda oba hojalyk pudagynyň dürli ugurlary boýunça iş alyp barýan daýhan hojalyklary we telekeçileriň birnäçesi (önümçiliginde peýdalanmak üçin, täze ýerleri özleşdirmek we ünsden düşürilen ýerleri dikeltmek, oba hojalyk tehnikalaryny almak, mal ýataklary, fermalary, kiçi önümçiligi guramak we mallary, öý guşlaryny, ot-iýmleri, weterinariýa derman serişdelerini, ösümlikleri goramak

üçin himiki serişdeleri, mineral dökünleri, tohumlary, şitilleri hem-de agaç nahallaryny satyn almak) ýeňillikli karz serişdelerini almaga isleg bildirip ýüz tutýarlar. Bank olaryň islegini kanagatlandyrýar.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» Döwlet täjirçilik banky «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy» esasynda ýurdumyzyň oba hojalygyny ösdürmegiň baş ýörelgesinden ugur alyp, daýhanlaryň we kärendeçileriň döwlet tabşyrygyna degişli önümleri öndürmegi üçin olaryň önümçilik harajatlaryny maliýeleşdirýär.

Häzirki wagtda bank öz müşderilerine milli manatda we daşary ýurt walýutasynda bank hyzmatlarynyň 100-den gowragyny amala aşyrýar. Şunuň bilen baglylykda, bank hyzmatlaryny hil taýdan täze, has ýokary derejä götermek, dünýä tejribesiniň öňdebaryjy usullaryny we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, pul serişdeleriniň kadaly dolanyşygyny üpjün etmek hem-de ilatyň ýokarlanýan talaplaryna laýyk gelýän bank hyzmatlaryny ösdürmek boýunça işler alnyp barylýar. Germaniýanyň öňdebaryjy banklarynyň biri bolan «Commerzbank AG» bankynda «Nostro» hasaplary açyldy. Ilat arasynda milli pulda kämilleşdirilen we çaltlandyrylan «Gyrat» pul geçirimler hyzmat görnüşi müşderilere hödürlendi.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmaga aýratyn üns berilýär, munuň sebäbi Türkmenistanyň banklarynyň dünýä maliýe ulgamyna işjeň goşulyşmaga we daşary yurt banklarynyň Türkmenistanda işlemäge isleg bildirilýänligidir. 2009-njy ýyllyň aprel aýyndan Baş bankyň işgärleriniň zähmet haklaryny «Altyn asyr» bank karty arkaly bermek ýola goýuldy.

### Türkmenistanyň «Prezident» döwlet täjirçilik banky

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda kabul eden 4549-njy belgili Kararyna laýyklykda, «Prezidentbank» täjirçilik banky döredildi. Bu bank özüniň täze döredilendigine garamazdan, bazar gatnaşyklary şertlerinde müşderilere hyzmat etmegiň dürli ugurlaryny gözlemek we marketing ulgamyny ösdürmek boýunça köptaraply işleri alyp barýar.

Ipoteka karz ulgamy döwletiň ýaşaýyş-durmuş syýasatynyň wajyp ugurlarynyň biri bolup çykyş edýär. Türkmenistanyň her bir ýaşaýjysyna oňaýlylygy ýokarlandyrylan ýaşaýyş jaýyny satyn almak üçin zerur şertleri we mümkinçilikleri döretmek maksady bilen gozgalmaýan emläk üçin uzakmöhletli (30 ýyl), pes göterimli (1% ýyllyk) karz bermek ýola goýuldy.

Bank «Türkmenistanyň raýatlarynyň gozgalmaýan emlägi satyn almagy üçin karzlar hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 27-nji dekabrynda çykaran 9327-nji belgili Kararyny durmuşa geçirýär. Hormatly Prezidentimiziň ilatyň ýaşaýyş jaýyna bolan islegini kanagatlandyrmak baradaky maksadyny has-da tutumly amala aşyrmak ýola goýuldy. Türkmenistanyň raýatlaryna ipoteka karzlaryny bermek bankyň esasy ugry bolup durýar. Ipoteka karzy bankyň umumy karz goýumynyň 98,9%-ni tutýar.

2010-njy ýylyň 7-nji iýunynda Türkmenistanyň «Prezidentbank» täjirçilik bankyna döwlet eýeçilik hukugy ykrar edildi we «Prezidentbank» döwlet täjirçilik bankynyň Tertipnamasy tassyklandy. Bank diňe ýaşaýyş maksatly ipoteka karzy bermek bilen çäklenmän, telekeçilere Türkmenistanyň çäklerinde ýaşaýyş jaýlarynda we aýratyn duran guramalarynda ýerleşen iş otaglaryny, dükanlary, ammar jaýlaryny satyn almak, dünýä ülňülerine gabat gelýän we dünýä bazarynda bäsleşip biljek önümçiligi ösdürmek, ony giňeltmek üçin gerek bolan ösen tehnologiýa enjamlaryny, çig mallary satyn almak, önümçilik we ilata hyzmat ediş binalaryny gurmak üçin gönükdirilýän karzlary berýär. Berlen karzlaryň esasy bölegini gozgalmaýan emlägi satyn almak üçin berlen karzlar tutup, bu görkeziji jemi karz bukjasynda berlen karz serişdeleriniň 89,4%-ne barabar boldy.

Nagt pul serişdelerini çekmek işjeňliginde bank howpsuzlyk şertlerini berk talap edijilik düzgüninde üpjun edýär. Ondan başgada ilata daşary ýurt pulundaky pul geçirimlerini ugratmak we kabul etmek hyzmatlaryny ýerine ýetirmek maksady bilen bankda «Western Union» ulgamynyň işi ýola goýuldy.

Türkmenistanyň «Prezidentbank» döwlet täjirçilik banky Türkmenistanyň Prezidentiniň 2006-njy ýylyň martyndaky 7824-nji belgili «Türkmenistanda bir bitewi bank programma serişdelerini or-

naşdyrmak we milli kartly töleg ulgamyny döretmek hakyndaky» Karary esasynda «Altyn asyr» töleg kartlaryny ulanmaga girizdi. Tölegiň kart görnüşi pul dolanyşygyny gowulandyrmak we nagt serişdeşiniň çykdajysyny azaltmak maksady bilen bank tarapyndan bank kartlary arkaly diňe zähmet haklaryny tölemek bilen çäklenmän, olaryň kömegi bilen söwda ulgamynda, halka hyzmat edýän edaralarda geçirip boljak nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleri öwrenilýär. Goýumlaryň täze görnüşleriniň üstünde yzygiderli iş alnyp barylýar. Muňa mysal edip, Türkmenistayň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygy we milli manadyň dolanyşyga girizilmeginiň 18 ýyllygy mynasybetli goýumlaryň täze, has amatly görnüşlerini ilata hödürlemek maksady bilen «Garaşsyzlyk-20 ýyl» atly goýum hasabynyň tertibi işlenip taýýarlandy. Häzirki wagtda ygtybarly we bäsdeşlige ukyply bank hyzmatlary işlenip taýýarlanan nyrhnamalar esasynda amala aşyrylýar. Şol nyrhnamalar esasynda edara görnüşli taraplara, telekeçilere we raýatlara milli manatda we daşary ýurt walýutasynda jemi 59-dan gowrak bank hyzmatlaryny amala aşyrýar, şeýle-de daşary ýurt walýutasynyň alyş-çalyş nokatlary bankda we bankyň çäginden daşary hereket edýär. Bank öz müşderileri bilen gatnaşygy hyzmatdaşlyk ýörelgesinde gurap, olara hyzmatlaryň täze görnüşlerini, ýagny girew üpjünçiliginde marketing barlagy, täjirçilik meýilnamalaryny taýýarlamaga maslahat ýaly görnuşleri hödürleýär.

Bankyň öz öňünde goýan maksady milli manadyň hümmetini ýokarlandyrmak, bank hyzmatlaryny giňeltmek we hil taýdan has ýokary derejä götermek, dünýä tejribesiniň öňdebaryjy usullaryny we iň täze tehnologiýalary ornaşdyrmak, pul serideleriniň kadaly dolanyşygyny üpjün etmek, ilatyň peýdalanmaýan pul serişdelerini önümçilikde karzlaşdyrma we maýagoýum hökmünde ulanmak we ilatyň banklara bolan ynamyny artdyrmak.

Bank tarapyndan bank hyzmatlarynyň görnüşlerini giňeltmek boýunça uly işler amala aşyrylýar. Ýerine ýetirilen işleriň esasy bölegi bank işjeňligini ýokarlandyrmak we täze müşderileri çekmek bilen baglanyşyklydyr.

Bank geljekde Ýewropanyň yökary derejeli banklary bilen aragatnaşyklary ýola goýmagy göz öňünde tutýar. Meselem, habarcy ha-

saplaryny açmagy, SWIFT ulgamyny ornaşdyrmagy we şol ugurlar boýunça hünärmenleri taýýarlamagy göz öňünde tutýar. Mundan başga-da lizing amallaryny ýola goýmagy meýilleşdirýär.

### Türkmenistanyň «Halkbank» döwlet täjirçilik banky

Türkmenistanyň «Halkbank» Döwlet täjirçilik banky (öňki Türkmenistanyň Süýşürintgiler banky) 2001-nji ýylyň maý aýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary esasynda döredildi. Bank öz taryhyny 1923-nji ýylyň awgust aýynda Türkmenistanda ilkinji bolup dörän Zähmet amanat pulhanasyndan alyp gaýdýar. Soňra Türkmenistanda amanat pulhanalarynyň sany köpelip, 1980-nji ýyllara çenli olaryň sany 573-e ýetdi. Amanat pulhanalary goýumlary, dürli görnüşdäki tölegleri kabul etmek, karz pullaryny bermek, döwlet gymmatbahaly obligasiýalaryny satyn almak, akkreditiw we beýleki bank amallaryny ýerine ýetirmek bilen meşgullandylar. 1988-nji ýylda Döwlet zähmet amanat pulhanalary ilata we edara görnüşli taraplara hyzmat etmek boýunça ýöriteleşdirilen döwlet banky hökmünde Süýşürintgiler bankyna öwrüldi. Bankyň ýurduň çäginde hereket edip başlanyna bir asyra golaý wagt, ýagny 2013-nji ýylyň awgust aýynda 90 ýyl bolýandygyny belläp geçmek bolar.

Türkmenistanyň «Halkbank» döwlet täjirçilik bankyna berlen ygtyýarlyklara laýyklykda, raýatlaryň atly pensiýa hasaplarynda toplanan pul serişdelerini dürli ugurlar, ýagny döwlet gymmatbahaly kagyzlaryna, döwlet banklarynyň depozitlerine, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň geçirýän karz bäsdeşliklerinde we banklaryň ýönekeý paýnamalaryna ýerleşdirip, olardan alnan maýagoýum girdejilerini raýatlaryň atly pensiýa hasaplaryna aýma-aý ýazmagy dowam edýär. Şeýle mümkinçilikler bolsa raýatlara öz garrylygyny ynamly üpjün etmäge, bank tarapyndan tölenýän maýagoýum girdejisi bolsa, pensiýa toplanmalaryny köpeltmäge uly ýardam berer. Bank şu günki gün döwrüň talabyna laýyk gelýän hyzmatlardan başga, ýagny meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň şertnamasyny baglaşan raýatlara çärýekde bir gezek öz atly pensiýa hasabynyň göçürmesini bermek, ýylda bir gezek ýörite berlen «Pensiýa toplanmalarynyň kitapçasyna» pensiýa toplanmalary baradaky maglumaty ýazyp bermek, raýatlar

pensiýa ýaşyna ýetende olara pensiýa toplanmalaryny öz wagtynda tölemek ýaly hyzmatlary amala aşyrýar.

2008-2011-nji ýyllaryň dowamynda ilatdan pul serişdelerini çekmekde amatly usullaryň ulanylyp başlamagy bilen, bank goýum bukjasynyň düzüminden işjeňligini ýitiren goýumlary aýryp, olaryň deregine girdejiligi ýokary bolan täze döwrebap «Beýik Galkynyş», «Garaşsyzlyk zamany», «Garaşsyzlygyň miwesi», «Bagtyýar nesiller»,«Rowaçlyk pursaty», tutuşly goýumlaryny girizmek we hereket edýän goýumlaryň göterimlerini ýokarlandyrmak arkaly müşderileriň uly ynamyny gazandy. Bu bolsa goýuma çekilýän serişdeleriň yzygiderli artmagyna ýardam berdi.

Bank «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmäge aýratyn üns berýär. Bu Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi netijesinde Ahal, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda, şeýle hem Aşgabat şäherinde bank tarapyndan jemi 8 sany täze şahamça açylyp, halkymyza ýokary hilli bank hyzmatlaryny amala aşyryp başlady.

Türkmenistanyň «Halkbank» döwlet täjirçilik banky halkyň hal - ýagdaýynyň gowulandyrylmagynda we ýurduň ykdysady ösüşiniň pugtalanmagynda uly orny eýeleýär. Ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmegiň meýilnamasyna laýyklykda «Halkbank» oba hojalygyny, dokma senagatyny, döwlete degişli däl hususy eýeçilikdäki kiçi we orta göwrümli telekeçileri we söwda pudaklaryny karzlaşdyrmaga uly üns berýär.

### Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky ilkibaşda Türkmenistan SSR-niň Ýaşaýyş jaý-durmuş üpjünçiligi bankynyň binýadynda döredildi. 1991-nji ýylyň ýanwar aýynyň 29-na Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary esasynda «Türkmenbank» paýdarlar täjirçilik banky döredildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary esasynda 1999-njy ýylyň ýanwar aýynyň 29-nda «Türkmenbank» paýdarlar täjirçilik banky döwlet eýeçiligine geçirilip, Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky diýip atlandyryldy.

Bank amallaryny geçirmek üçin Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan berlen ygtyýarnama laýyklykda Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky müşderilere hyzmatlaryň:

• müşderileriň we gatnaşyjy banklaryň hasaplaryny açmak we ýöretmek, müşderileriň we gatnaşyjy banklaryň tabşyryklary boýunça hasaplaşyklary geçirmek, şeýle hem olara pulhana hyzmatlaryny üpjün etmek;

• goýumlary (depozitleri) çekmek hem-de baglaşylýan ylalaşyklar esasynda karz şertlerinde serişdeleri bermek;

• üçünji taraplara kepilnamalary, zamunnamalary hem-de pul görnüşindäki beýleki borçnamalary bermek;

• harytlary getirmek we hyzmatlary etmek hakyndaky şertnamalardan gelip çykýan talap hukuklaryny satyn almak, şeýle talaplary ýerine ýetirmek boýunça töwekgelçilikleri kabul etmek (forfeýting) we şeýle amallary harytlaryň hereketine goşmaça gözegçilik etmek bilen ýerine ýetirmek;

• gymmatbahaly metallary, gymmatbahaly daşlary, şeýle hem olardan Türkmenistanyň çäklerinde we onuň çäklerinden daşarda ýasalan zatlary kabul etmek we saklamak;

• öz serişdeleriniň hasabyna enjamlary, ulag serişdelerini we beýleki emlägi satyn almak we olary kärendä bermek şertlerinde taraplaryň ygtyýaryna bermek (lizing amallary) görnüşlerini ýerine ýetirýär.

**Bank tarapyndan daşary** ýurt walýutasyndaky amallaryň şu görnüşleri geçirilýär, ýagny:

• Türkmenistanyň kärhanalarynyň we guramalarynyň, daşary ýurt we halkara guramalarynyň, bilelikdäki kärhanalaryň, şeýle hem daşary ýurt raýatlarynyň we Türkmenistanyň raýatlarynyň daşary ýurt walýutasyndaky hasaplaryny açmak we ýöretmek;

• söwda işine degişli däl bank amallaryny geçirmek, meselem, Türkmenistanyň raýatlaryna daşary ýurt walýutasynda hyzmat etmek;

• daşary ýurt banklaryndaky habarcy (korrespondent) hasaplaryny («Nostro» hasaplaryny) açmak we ýöretmek, şeýle hem bankdaky habarcy bank hasaplaryny («Loro» hasaplaryny) açmak we ýöretmek;

• harytlaryň we hyzmatlaryň eksporty we importy bilen baglanyşykly halkara hasaplary boýunça amallary geçirmek;

• nagt daşary ýurt walýutasy bilen amallary geçirmek;

• eksport-import bilen baglanyşykly halkara hasaplar boýunça amallary amala aşyrmak;

• inkasso, kepillik we akkreditiw amallary amala aşyrmak;

• Türkmenistanyň içerki bazarynda we halkara walýuta bazarynda daşary ýurt walýutasyndaky serişdeleri çekmek we ýerleşdirmek boýunça karz amallaryny geçirmek işleri alnyp barylýar.

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky ýurdumyzyň ykdysady we durmuş maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşýar.

Bankyň işjeňligi täjirçilik esasda amala aşyrylýar. Ol Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň, Dokma senagaty ministrliginiň edara-kärhanalaryna we Döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän edara-kärhanalara hyzmat etmäge ýöriteleşdirilen bankdyr. Mundan başga-da şäher ýerlerinde napagadakylaryň napagalarynyň töleglerini we raýatlara döwlet tarapyndan bellenen durmuş taýdan kömek pullarynyň töleglerini amala aşyrýar. Bankyň hyzmatyndan dürli eýeçilikdäki kärhanalar, telekeçiler hem peýdalanýarlar.

Bank täze bank önümlerini we hyzmatlaryny öňe ilerletmek bilen ilata dürli görnüşdäki karzlary, ýagny:

• bilim maksatlaryna berilýän karzlary;

• ýaş maşgalalar üçin sarp edijilik maksatlaryna berilýän karzlary;

• durmuş maksatly harytlaryň satyn alynmagyna we gaýragoýulmasyz harajatlara berilýän karzlary;

• maliýe taýdan durnukly kärhanalaryň we guramalaryň işgärlerine korporatiw kepillendirme bilen durmuş maksatlaryna we ş.m. görnüşlere berilýän karzlary hödürleýär.

Bankyň hünärmenleri nagt däl hasaplaşyklaryň bank kartlarynyň üsti bilen geçirilmegini ýaýbaňlandyrmak üçin yzygiderli iş geçirýärler.

«Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň ilatyň wagtlaýyn erkin serişdelerini banka çekmek ugrunda alyp barýan syýasaty yzygiderli kämilleşdirilýär. Goýum amallary boýunça depozit syýasatyny alyp barmak üçin aşakdaky esasy ugurlar bolan:

– edara-kärhanalaryň, şeýle hem ilatyň goýumlarynyň we depozitleriniň möçberini artdyrmak maksady bilen, hödürlenýän goýumlaryň we depozitleriň görnüşlerini köpeltmek;

– müşderilere edilýän bank hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmak we ýokarlandyrmak arkaly goşmaça müşderileri çekmek arkaly işler geçirmek;

– bankyň goýumlaryny we täze bank önümlerini, hyzmatlaryny gazetleriň, teleýaýlymlaryň üsti bilen mahabatlandyryp, müşderileriň sanyny artdyrmak boýunça yzygiderli işler geçirilýär.

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky Germaniýanyň «Commerzbank» hem-de «Deutschebank» we Russiýanyň birnäçe banklary bilen hyzmatdaşlyk saklaýar.

Bank ýewro, ABŞ-nyň dollary, rus rubly, iňlis funty, şweýsar franky ýaly dünýa walýutalary bilen işleýär.

### Türkmenistanyň Döwlet ösüş banky

Berkarar döwletinimiziň bagtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde ykdysady ösüşleriň ýokary netijeleri gazanylýar. Ykdysady ösüşleriň durnuklylygyny saklamak we berkitmek üçin ýurdumyzyň bank ulgamyny özgertmek we ösdürmek hem uly ähmiýete eýedir.

Bu özgertmeleriň çäklerinde Hormatly Prezidentimiziň 2011-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda gol çeken Permanyna laýyklykda, ýurdumyzyň bank ulgamynda täze bank – Tükmenistanyň Döwlet ösüş banky döredildi. Bankyň esaslyk maýasy 2 milliard 850 million manada (häzirki wagtda hereket edýän kurs boýunça 1 milliard ABŞ dollaryna) barabar bolup, 2008-nji ýylda döredilen durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna emele getirildi. Tükmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň esaslyk maýasynyň ululygy ýurdumyzyň bank ulgamynyň II derejesini düzýän döwlet täjirçilik banklarynyň köpüsine garanyňda 50 esse, paýdarlar täjirçilik banklaryna garanyňda bolsa 100 esse köpdür. Başgaça aýdylanda, esaslyk maýasynyň ululygy boýunça bu bank ýurdumyzyň iň güýçli bankydyr.

Ýurdumyzyň bank ulgamyna täze goşulan bu bankyň döredilenine onçakly köp wagt bolmadyk hem bolsa, Tükmenistanyň Döwlet ösüş banky döwletimizde hereket edýän uzakmöhletli strategiki maksatnamalardan gelip çykýan wezipeleriň durmuşa geçirilmegine öz mynasyp goşandyny goşýar. Bankyň işjeňliginiň esasy ugry eýeçi-

ligiň görnüşine garamazdan, kärhanalaryň we hususy telekeçileriň önümçiligini ösdürmek, ýurdumyzda öndürilýan önümleriň mukdaryny artdyrmak, şol önümleriň nyrhlaryny sarp edijiler üçin elýeterli etmek, bäsdeşlige ukyply önümlerdir hyzmatlary döretmek maksady bilen amala aşyrýan taslamalary maliýeleşdirmek üçin uzakmöhletli ýeňillikli karzlary bermek bolup durýar.

### Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky

Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda 2000-njy ýylyň sentýabr aýynyň 22-sine «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky 22 sany dörediji paýçylarynyň paýlary esasynda Türkmenistanda ilkinji täjirçilik banklarynyň biri bolup döredildi. Bankyň döredilmeginiň esasy maksady Türkmenistanda önümçiligi giňeltmegi, haryt bolçulygyny döretmegi, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmegi üçin bank hyzmatlarynyň üsti bilen goldamak bolýar.

Bankyň işjeňliginiň esasy görnüşleri şahsy we edara görnüşli taraplardan goýum çekmek, karzlaşdyrmak, pulhana-hasaplaşyk amallarynyň ähli görnüşlerini amala aşyrmak, şeýle hem müşderilere daşary ýurt pulunda hyzmatlaryň doly tapgyryny, ýagny depozit-goýum, konwersiýa we karz amallary, töleg alyp barmak we ýerine ýetirmek, haryt getirmek we haryt çykarmak akkreditiwleri, inkasso we kepillendiriş amallaryny resmileşdirmek hyzmatlary bolup durýar.

Bankyň ýerine ýetirýän hyzmatlarynyň iň esasylarynyň biri hem karzlaşdyryş we maliýeleşdiriş işlerini amala aşyrmakdyr. Türkmenistanyň «Senagat» Paýdarlar täjirçilik banky döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk hususy kärhanalary, telekeçileri we raýatlary karzlaşdyrmak boýunça karz syýasatyny alyp barýar.

Karz pul serişdeleri önümçilik, gurluşyk, täjirçilik, hyzmatlar, maldarçylyk, sarp ediş maksatlaryna, ipoteka karzy, gurluşyk tehnikalaryny we ýük awtoulaglaryny satyn almak, faktoring amallary üçin berilýär. Mundan başga-da dokumentar akkreditiw amallaryny alyp barýar we lizing amallaryny ýerine ýetirmek işlerini geçirýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky «Türkmenistanda hususy telekeçilik işini maliýeleşdirmegiň mesele-

leri hakyndaky» 9604-nji belgili Kararyndan ugur alyp bank işe guramaçylykly girişdi. Bank karzlary, esasan, önümçiligi, oba hojalygyny, söwdany we telekeçiligi ösdürmäge, gurluşygy amala aşyrmaga, ulag we aragatnaşygy kämilleşdirmäge we şahsy islegleri kanagatlandyrmak hem-de beýleki kanun tarapyndan gadagan edilmedik dürli maksatlar üçin berilýär. Ýokarda görkezilen Karara laýyklykda bank hususy telekeçilik işini 5%-li ýeňillikli karzlar bilen maliýeleşdirýär.

Häzirki döwurde mebel, polipropilen haltalaryny öndürmek üçin enjamlar toplumyny, senagat harytlaryny, halka zerur bolan konditer, şöhlat, süýt, galla önümlerini öndürmek üçin, halka hyzmat etmek üçin enjamlar toplumlaryny satyn almak maksady bilen ýeňillikli karzlar berildi, şeýle-de gelýän arzalar esasynda başga-da birnäçe taslamalary karzlaşdyrmagyň üstünde işlenilýär. Bank tarapyndan berlen ýeňillikli karz serişdeleriniň hasabyna konditer, çörek, makaron, doňdurma, süýt, polietilen, gipsokarton, mebel önümçilikleri gurnaldy we ýola goýuldy. «Obalarda, şäherçelerde, etraplardaky şäherlerde we etrap merkezlerinde gurluşyk we gurluşyk-gurnama işleriniň depginini güýçlendirmek hakyndaky» 2009-njy ýylyň maý aýynyň 9-na çykaran 10414-nji belgili we 2009-njy ýylyň maý aýynyň 23-ne çykaran 10445-nji belgili Kararlaryna laýyklykda gurluşyk hem-de abatlaýyş işleri üçin bank tarapyndan ýerli gurluşyk işlerini alyp barýan hususy kärhanalara bank kepilliginiň berilmegi hem ýola goýuldy.

Müşderilere hödürlenýän hyzmatlaryň görnüşleriniň arasynda milli walýutada «Ýanardag» pul geçirimleri we «Western Union» halkara pul geçirimleri ulgamlarynyň hyzmatlary durmuşa girizildi.

«Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan «Altyn Asyr» bank kart hyzmaty hem ýola goýuldy. Bank tarapyndan ähli şahamçalarynda we dürli söwda merkezlerinde, dermanhanalarda bankomatlar we töleg terminallary ornaşdyryldy we bankyň müşderilerine «Altyn Asyr» bank töleg kartlary ulanylmaga berildi.

Ýurdumyzyň ilatyna we daşary ýurtly myhmanlara ýokary derejede hyzmat etmek maksady bilen, dünýä belli «MasterCard» we «Maestro» kartlary boýunça nagt pul serişdelerini çekmek ýaly amallar hem giňden ýerine ýetirilýär.

Bank ilata goýumlaryň 9 sany dürli görnüşlerini hödürleýär. Türkmenistanyň Döwlet Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygy mynasybetli täze «Şanly Garaşsyzlyk» atly goýum girizildi. Goýumlara çekilen serişdeleriň 69%-ni möhletli depozitler, 31%-ni talap edilýänçä goýumlar tutýar. Goýumlar nagt, nagt däl hasaplaşyklaryň we geçirim amallarynyň üsti bilen ýerine ýetirilýär.

Bank dünýäniň iň bir öňdebaryjy banklary bolan «Commerzbank» we «Doýça» banklarynda habarçy hasaplaryny açdy, SWIFT ulgamynyň agzalygyna birikdirildi. Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş bankynyň söwdany maliýeleşdirmek maksatnamasynyň üsti bilen akkreditiw boýunça söwda maliýeleşdirilmesi hem amala aşyrylýar.

## Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik banky

Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik banky, Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda 1992-nji ýylyň maý aýynyň 2-sine gol çekilen Döwletara Memorandumyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäklerindäki daşary ýurt maýagoýumly ilkinji bilelikdäki bank hökmünde 1993-nji ýylyň mart aýynyň 31-ne döredildi.

Banky döredijiler Türkmenistan tarapyndan «Daýhanbank» Döwlet täjirçilik banky we Türkiýe Respublikasy tarapyndan – T.J.Ziraat banky A.Ş-dir. Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik banky Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky bilen Türkiýe Respublikasynyň Ziraat banky A.Ş tarapyndan 50% derejesinde deň paýlar bilen ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýeti görnüşinde döredilen we Türkmenistanyň bitewi bank ulgamyna girýän köpugurly bank edarasy bolup çykyş edýär.

Türkmen-türk Paýdarlar täjirçilik bankynyň hereket edýän Tertipnamasyna laýyklykda, ilkinji maksady Türkmenistanda bank ulgamyny we halkara ykdysady gatnaşyklary ösdürmek we kämilleşdirmek, şeýle hem halkara ylalaşyklar esasynda Türkmenistan bilen Türkiýäniň we beýleki daşary ýurtlaryň arasyndaky özara gatnaşyklarda edara görnüşindäki taraplara we kärhanalara maliýe hyzmatlaryny etmek bolup durýar.

Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik banky 2000-nji ýylyň dekabr aýyndan bäri «Yslam ösüş bankynyň» agzasy bolan ýurtlaryň milli ösüş maliýe guramalarynyň birleşmesiniň (ADFIMI-niň) agzasy bolup durýar.

Bank tarapyndan açylan 5 sany nagt daşary ýurt pullarynyň alyş-çalyş nokady hereket edýär. Bankyň baş binasyndaky alyş-çalyş nokadynyň gije-gündiz iş tertibinde işlemegi müşderilere goşmaça amatlyklar döredýär.

**Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, bankyň wezipeleri we işjeňliginiň esasy ugurlary:**

• edara görnüşli we şahsy taraplaryň pul serişdelerini baglaşylan şertnamalaryň çäginde hasaplaşyk, depozit, süýşürintgiler, akymlaýyn, möhletli we möhletsiz goýum we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, beýleki hasaplarda jemlemek (hasaplar Türkmenistanyň pul birligi bolan manatda ýa-da beýleki erkin dolanyşygy bolan daşary ýurt pullarynda açylýar);

• müşderileriň goýumlaryny we pul serişdelerini baglaşyljak şertnamalar esasynda dürli maýagoýumlar üçin ulanmak we olaryň ilkinji talaby boýunça gaýtaryp bermek;

• edara görnüşli we şahsy taraplardan, sol sanda daşary ýurtly tarapyndan hem serişdeler çekmek, hem-de olary aktiw amallara ýerleşdirip, goýumçylaryň girdeji gazanmagyny üpjün etmek;

• Türkmenistanyň kanunlary boýunça rugsat edilen daşary ýurt pulundaky bank amallaryny ýerine ýetirmek;

• Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, edara görnüşli we şahsy taraplara şertnamalaryň çäginde milli we daşary ýurt walýutasynda karzlary bermek;

• edara görnüşli we şahsy taraplaryň pul serişdelerini saklamak, tölemek, karz we maýagoýum hökmünde ýerleşdirmek görnüşlerinde kesgitlenendir.

Bankyň düzüminde Hasap we hasabat bölümi, Manat amallary topary, Halkara gatnaşykar we daşary ýurt puly amallary bölümi, Karz, lizing we pul dolanyşygy bolümi, Eksport we import amallary bölümi, Pulhana amallary bölümi, Içerki audit bölümi, Hukuk bölümi, Bazary öwreniş bölümi, Ykdysady seljerme we çaklaýyş topary, Awtomatlaşdyryş bölümi, Bank howpsuzlygy bölümi, Habarlaşma we işgärler bölümi, Umumy bölüm ýaly düzüm bölümleri hereket edýär.

**Hasap we hasabat bölümi.** Bankyň hojalyk işjeňligi bilen baglanyşykly, şeýle hem işgärleriň zähmetine hak tölemek boýunça amallaryň hasabyny ýöredýär, bankyň balansynda hasaba almak üçin ilkibaş resminamalary işläp düzmegi we taýynlamagy üpjün edýär, hojalyk işjeňligini awtomatlaşdyrmak boýunça hyzmat ediş wezipelerini ýerine ýetirýär, resminamalary gaýtadan işleýär; şahsy hasaplary açýar we ýapýar, bankyň hasaphanasynda geçirilýän amallaryň kanunalaýyklygyna gözegçiligi amala aşyrýar, amallar gününiň dowamynda geçirilýän we buhgalterlik hasaba alyşda görkezilýän amallaryň dogrulygyna we kanuna laýyk gelýänligine gözegçilik edýär.

**Manat amallary topary.** Hasaplaşyk, gündelik, karz we beýleki hasaplary açýar, ýöredýär we ýapýar; müşderileriň tabşyryklary esasynda pul serişdelerini bankyň içindäki we beýleki banklardaky müşderileriň (kabul edijileriň) hasaplaryna geçirýär; beýleki banklardan müşderileriň adyna gelen serişdeleri degişli hasaplara geçirýär; müşderileriň we ygtyýarly edaralaryň talap etmegi boýunça hasaplar (tölegler) boýunça tassyknamalary berýär; pulhana amallary boýunça gelen (goýberilen) serişdeleri degişli hasaplara girdeji (çykdajy) edýär, günlük resminamalary jemläp we rejeläp arhiwe tabşyrýar.

**Halkara gatnaşyklar we daşary ýurt puly amallary bölümi.** Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň kärhanalarynyň, halkara guramalaryň wekilhanalarynyň, bilelikdäki kärhanalaryň, şeýle-de Türkmenistanyň we daşary ýurt raýatlarynyň daşary ýurt pulundaky hasaplaryny açýar we alyp barýar; müşderileriň peýdasyna gelýän serişdeleri degişli hasaplara geçirýär, zerur resminamalary goşmak bilen hasaplardan göçürmeleri berýär, müşderileriň daşary ýurda haryt çykarmak we getirmek boýunça amallarynyň geçirilmegi bilen baglanyşykly halkara hasaplaşyklaryny amala aşyrýar, karzlar, depozitler, goýumlar görnüşinde we halkara bank işinde kabul edilen beýleki görnüşlerde daşary ýurt pulundaky serişdeleri çekýär hem-de ýerleşdirýär; söwda häsiýetine eýe bolmadyk amallary geçirýär; Türkmenistanyň banklary bilen habarçy gatnaşyklaryny ýola goýýar we bes edýär, gözegçilik resminamalaryny (albomlary, gollaryň nusgalaryny hem-de telegraf açarlaryny) alyşýar, degişli bankara ylalaşyklaryň taslamalaryny taýýarlaýar, balans düzýär we ahyrky galyndyny tas-

syklamak bilen her aýda habarçy hasaplar boýunça deňeşdirmeleri geçirýär, şunuň bilen baglanyşykly habarçy banklar bilen zerur hat alyşmalaryny alyp barýar, habarçy hasaplary boýunça göterimleriň hasaplanyp çykarylyşynyň dogrulygyna gözegçilik edýär, pul serişdelerini daşary ýurtlara geçirmek babatda müşderileriň tabşyryklaryny ýerine ýetirýär we «Western Union» hasaplaşyk ulgamy arkaly müşderilere hyzmat edýär, habarçy banklar bilen «nostro» we «loro» hasaplaryny açýar, alyp barýar we ýapýar. Şu hasaplary alyp barmagyň şertlerine gözegçilik edýär, şu hasaplar boýunça göterim möçberiniň amatly düzgünini üpjün edýär, ýerli bankara bazarynda daşary ýurt pulundaky geleşikleri baglaşmak boýunça teklipleri berýär; bankyň daşary ýurt pulundaky amallar boýunça alynýan hyzmat ýygymlarynyň we tölegleriniň sanawynyň tasalamasyny işläp düzýär we oňa zerur üýtgetmeleri hem-de goşmaçalary girizmek barada teklipler berýär, daşary ykdysady we maýagoýum taslamalaryna, täjirçilik pikirlerine hem-de müşderileriň beýleki tekliplerine seredýär we olary seljerýär, olar boýunça netijeleri we maslahatlary taýýarlaýar; maýagoýum taslamalaryny amala aşyrmagyň maliýe jähtleriniň seljerilmesi boýunça şertnamalaryň esasynda bankyň müşderilerine maslahat kömegini berýär; taslamalar amala aşyrylanda ýüze çykan töwekgelçilikleri seljerýär we olara göz ýetirýär, taslamalara daşary ýurtly hem-de ýerli gatnaşyjylaryň hukuk derejesini we maliýe-ykdysady ýagdaýyny öwrenýär, daşary ykdysady amallary buhgalteriýa taýdan resmileşdirýär; Türkmenistanyň Merkezi bankyna daşary ýurt pulundaky amallar boýunça hasabatlary berýär; daşary ýurtlaryň iş tejribesini bankyň işinde peýdalanmak maksady bilen halkara bank amallarynyň täze görnüşlerini öwrenýär, serişdeleri çekmegiň we ýerleşdirmegiň has amatly görnüşlerini gözlemek maksady bilen bankyň maliýe-daşary ýurt puly amallaryny seljerýär.

**Karz, lizing we pul dolanyşygy bölümi.** Müşderi tarapyndan karz arzasynyň berilmeginden başlap, berlen karzyň doly yzyna gaýtarylmagyna çenli ýuridiki we şahsy taraplara karz-hasaplaşyk hyzmatlary boýunça işleri geçirýär; akkreditiw, kepillik ýaly resminamalaýyn amallar boýunça işleri geçirýär; karz alyjylara maslahat beriş we ugrukdyryş kömegini berýär; lizing amallaryny amala aşyrmak

boýunça işleri geçirýär; geljekki müşderileriň maliýe-hojalyk işjeňligine seljerme işlerini geçirip, karzlaşdyrylýan taslamalaryň seljermesini we bahalandyrylyşyny amala aşyrýar; karz alyjylar bilen karz şertnamalaryny baglaşmak üçin resminamalar toplumyny taýýarlaýar; berlen karzlar boýunça şertnamalaryň töleg tertibini işläp düzýär; berlen karzlaryň maksadalaýyk ulanylyşyna we yzyna gaýtarylyşyna gözegçilik edýär; berlen karzlar boýunça girew üpjünçiliginiň barlagyny amala aşyrýar; banka nagt pullary çekmegi, aýlyk zähmet haky we hojalyk zerurlyklary üçin öz wagtynda nagt puluň berlişini üpjün edýär we nagt pul dolanyşygyny guraýar; söwdadan gelýän hemişelik nagt pul girdejisi bolan kärhanalaryň we guramalaryň hasabyny ýöredýär; kärhanalara, guramalara, edaralara söwdadan gelýän girdejiniň çäklerinde çykdajy edilip bilinjek pul möçberiniň çägini, söwdadan girdejiniň banka tabşyrylyş tertibini we möhletini kesgitleýär; pulhana dolanyşygynyň çaklamasy bilen hakyky gelýän we berilýän nagt pul serişdeleriniň arasyndaky tapawudyň ýüze çykmagynyň sebäbini seljerýär; aýlyk zähmet haky üçin pul serişdeleriniň berliş tertip-sanawyny düzýär, aýlyk haky üçin pul serişdeleriň berlişine gözegçilik edýär, sarp ediş gorundan serişdeleriň berlişine gözegçiligi amala aşyrýar.

**Eksport we import bölümi.** Edara görnüşli we şahsy taraplaryň (rezident we rezident däl) milli we daşary ýurt walýutasynda baglaşylan şertnamalary boýunça Türkmenistanyň bankara daşary ýurt puly biržasy, Türkmenistanyň Döwlet haryt we çig mal biržasy bilen baglanyşykly bolan amallary ýerine ýetirýär; Türkmenistanyň çäginde daşary ýurtlar bilen baglaşylan eksport-import amallaryna gözegçilik edýär we hasaba alýar; bankyň müşderilerine açylýan depozit manat hasaplaryna gelýän serişdeleriň hasabyny ýöredýär we talap edilen halatynda gerekli edaralara tassyknamalary berýär; bankyň müşderileriniň Türkmenistanyň Döwlet haryt we çig mal biržasynyň üsti bilen daşary ýurtlara çykarylan harytlary satyn almak üçin manat serişdeleriniň ýeterlikdigini we serişdeleriň kanunalaýykdygyny tassyklaýar; daşary ýurtlara çykarylýan amallar boýunça aýlyk hasabatlary, bankyň daşary ýurt pulundaky töleg balansyny we beýleki hasabatlary taýýarlaýar.

**Pulhana amallary bölümi.** Müşderiler tarapyndan bankyň pulhanasyna tabşyrylýan nagt pul serişdeleriniň sanalyp kabul edilmegini we işlenmegini üpjün edýär; müşderilere bankyň pulhanasyndan nagt pul serişdeleriniň berilmegini üpjün edýär; pulhana galyndysynyň çäginden artykmaç bolan nagt pul serişdeleriniň işlenip we gaplanyp, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň dolanyşyk pulhanasyna inkassirlenmegini üpjün edýär; gymmatly metallaryň we daşlaryň, şeýle hem pulhana tabşyrylýan resminamalaryň we gaýry gymmatlyklaryň saklanmagyny üpjün edýär.

**Içerki audit bölümi.** Barlaglaryň aýlyk we tutuşlaýyn ýyllyk meýilnamasyny işläp düzýär, şeýle hem derňew geçirmegiň görnüşlerini we yzygiderliligini kesgitleýän anyk iş maksatnamalaryny işläp düzýär; geçiriljek derňew üçin derňewiň ýeterlik wajyplygyny, adyllygyny we hakykata laýyk gelmegini üpjün edýän sorag kitapçalaryny düzýär; ýerine ýetirilýän amallaryň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy hukuknamalaryna, Müdiriýetiň kararlaryna, Müdiriýetiň Başlygynyň buýruklaryna we görkezmelerine laýyklygyny barlaýar, «Salgytlar hakyndaky» Türkmenistanyň Bitewi Kanunyna laýyklykda, çykdajylary önümiň özüne düşýän gymmatyna degişli etmegiň dogry amala aşyrylýanlygyny barlaýar; barlagyň netijesinde alnan maglumatlary jemlemegi, seljermegi we resmileşdirmegi amala aşyrýar; barlaglaryň netijeleri boýunça delilnamalary düzýär we bölüm müdirlerini degişlilikde netijeler bilen tanyşdyrýar.

**Hukuk bölümi.** Manat amallary toparynda açylýan manat hasaplaşyk hasaplarynyň, Türkmenistanyň rezidenti bolmadyk edara görnüşli taraplaryň depozit hasaplarynyň hukuk resminamalarynyň dogrulygyny kesgitleýär; müşderileriň manat amallaryndaky ýüze çykýan meseleleriň hukuk taýdan dogry çözülmegine gatnaşýar; Halkara gatnaşyklar we daşary ýurt puly amallary bölümi tarapyndan daşary ýurt pulunda açylýan hasaplaryň hukuk resminamalarynyň dogrulygyny kesgitleýär; müşderileriň daşary ýurt pulundaky amallarynda ýüze çykýan meseleleriň hukuk taýdan dogry çözülmegine gatnaşýar.

**Bazary öwreniş bölümi.** Banka täze müşderileri çekmek boýunça işleri geçirýär; bankyň müşderilerini bank hyzmatlary bara-

daky maglumatlar bilen üpjün edýär; bank hyzmatlary üçin alynýan ýygymlaryň nyrhnamasynyň işlenip düzülmegine we kämilleşdirilmegine gatnaşýar; bankyň abraýyny goramak we artdyrmak boýunça çäreleri yzygiderli amala aşyrýar; karz almak isleýän müşderileriň karza ukyplylygynyň köpugurly seljerilmegine gatnaşýar; girewe goýulýan emlägiň bahalandyrylmagyna gatnaşýar, müşderiler barada degişli maglumatlaryň ýygnalmagyny üpjün edýär.

**Ykdysady seljerme we çaklaýyş topary.** Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanýan bankyň maliýe meýilnamasynyň düzülmegine gatnaşýar we degişli teklipleri berýär; hasabat ýyly üçin Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanýan bankyň maliýe meýilnamasynyň ýerine ýetirilişine ykdysady seljerme geçirýär; banka çekilen serişdeleriň seljermesini geçirýär; bankyň aktiw we passiw amallaryna ykdysady seljerme geçirýär; bankyň esasy ykdysady görkezijileri bolan bankyň işjeňligini we ukyplylygyny kesgitleýän kadalaşdyryjylaryň ýerine ýetirilişine seljerme geçirýär, bankyň karz pul serişdelerini bermekde bolup biljek ýitgileri üçin döredilen ätiýaçlyk gorlarynyň döredilişine we bu gorlaryň ulanylyşyna seljerme geçirýär; bankyň girdejileriniň we çykdajylarynyň düzüm böleklerine ykdysady seljerme geçirýär.

**Awtomatlaşdyryş bölümi.** Bank işjeňliginiň zerur maglumatlaryny tiz ýagdaýda ulanmagy üpjün edýär; bankyň kompýuter enjamlaryny iş ýagdaýynda saklaýar we tygşytly ulanylmagyny üpjün edýär; bankyň maksatnamalaýyn serişdelerini kämilleşdirmek, halkara ülňülerine getirmek boýunça çäreleri geçirýär, geçirilýän amallara gözegçilik edýär we olaryň goraglylygyny üpjün edýär; bankyň Türkmenistanyň Merkezi banky bilen aragatnaşygyny iş ýagdaýynda saklaýar we geçýän maglumatlara gözegçilik edýär.

**Bank howpsuzlygy bölümi.** Bankyň serişdeleriniň gorag üpjünçiligine gözegçilik edýär; bankyň nagt pul serişdeleriniň we beýleki gymmatlyklarynyň, emlákleriniň aýawly saklanmagyna gerek bolan çäreleriň işlenip düzülmegine we işe girizilmegine gatnaşýar; bankyň ynam derejesini pese düşürýän maglumatlary ýüze çykarýar we bankyň ýolbaşçylaryny habardar edýär; hukuk goraýjy edaralar bilen bilelikde, bankyň jaýlarynyň desgalarynyň, enjamlarynyň we beýleki maddy emläkleriniň goragyny üpjün edýär; bankyň gymmatbahaly enjamla-

rynyň döwülmegine we zaýalanmagyna getirýän tehniki we zähmet düzgün bozulmalarynyň bar bolan ýagdaýynyň üstüni açýar we öňüni alýar; bankyň goragyny we howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen bankyň ýangyn we howp duýduryjy enjamlarynyň we beýleki gerek bolan tehniki serişdeleriniň durnukly işlemegini gözegçilikde saklaýar.

Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik banky bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, bank işjeňliginiň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kämileşdirmek, maliýe hasabatlarynyň halkara ülňülerini ornaşdyrmak, hödürlenýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek hem-de töleg amallaryny kämilleşdirmek ýaly çäreleri durmuşa geçirýär. Bank önümleriniň görnüşlerini giňeltmek, müşderilere edilýän hyzmatlary kämilleşdirmek, ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bolegini ösdürmek, hususy telekeçilik işini karzlaşdyrmak ýaly ugurlar boýunça-da işleri yzygiderli alyp barýar.

Ýurdumyzda telekeçiligiň ösmegine aýratyn üns berilýär. 2008-nji ýylyň 17-nji martyndaky «Türkmenistanda hususy telekeçilik işini maliýeleşdirmegiň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, hususy kärhanalaryň we telekeçileriň önümçiligini ösdürmek bilen bagly taslamalary üçin karz bermek işleri hem giňden ýaýbaňlandyrylýar.

Ilatdan we kärhanalardan çekilen serişdeleriň möçberini artdyrmaga we çekilen serişdeleri karzlar we maýagoýumlar görnüşinde ulanmaga uly üns berip, Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik banky goýumlar boýunça teklip edilýän göterimleriň özüne çekiji we amatly bolmagyny üpjün etmek üçin, çekilýän we ýerleşdirilýän serişdeler boýunça göterimleriň sazlaşykly bolmagyna ähmiýet berýär. Munuň bilen bir hatarda, goýumlaryň dürli görnüşleri işlenip düzülende we olar boýunça tölenjek göterimlerdir goýumlaryň möhletleri kesgitlenende müşderileriň islegleri göz öňünde tutulýar.

Bank tarapyndan berilýän hyzmatlar baradaky maglumatlary özünde jemleýän neşir önümleriniň ilatyň arasynda ýaýradylmagy we bank baradaky makalalaryň ýurdumyzyň döwürleýin metbugatynda çap edilmegi bilen bir hatarda, Internet sahypasynyň açylmagy netijesinde bankyň gysgaça taryhy, guramaçylyk düzümi, ýerine ýetirýän amallarydyr hödürleýän hyzmatlary, bankyň durmuşynda bolup

geçýän täzelikler baradaky maglumatlaryň halk köpçüligine çalt we yzygiderli ýetirilmegi üpjün edilýär.

Häzirki wagtda bankyň öňünde durýan möhüm wezipeleriň biri hem töleg ulgamyny kämilleşdirmek bolup durýar. Bu babatda, hususan-da, nagt däl hasaplaşyklardyr tölegleriň geriminiň giňeldilmegi bilen baglylykda, töleg serişdesi hökmünde dünýäniň ençeme ýurtlarynda giňden ulanylýan çek amallarynyň tejribä ornaşdyrylmagynyň we ýaýradylmagynyň mümkinçilikleri öwrenilýär, şeýle hem dünýäde giňden ýaýran «VISA» we «Mastercard» ýaly halkara töleg kartlary boýunça hyzmatlary ýola goýmak boýunça işler alnyp barylýar. Bulardan başga-da müşderileriň tabşyryklary boýunça geçirilýän amallaryň tizligini artdyrmak we ygtybarlylygyny has ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly seljeriş işleri geçirilýär. Munuň bilen baglylykda, birinji derejeli daşary ýurt banklarynda habarlaşyk hasaplarynyň açylmagy we Bankyň halkara SWIFT ulgamyna goşulmagy netijesinde, berilýän hyzmatlaryň has kämil bolmagy, ýerine ýetirilýän bank amallarynyň halkara ölçegleriniň derejesine ýetirilmegi we müşderileriň hasaplaşyklarydyr tölegleriniň has çalt amala aşyrylmagy baradaky isleglerininiň doly kanagatlandyrylmagy üpjün ediler.

### «Garagum» halkara paýdarlar banky

«Garagum» halkara paýdarlar banky Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň mart aýynyň 9-ndaky 1219-njy belgili Karary esasynda Türkmenistanda ýaýbaňlanýan täjirçiligi maliýe taýdan goldamak maksady bilen döredildi (Guramaçylyk ýygnagynda Türkmenistanyň, Ukrainanyň, Russiýanyň, Gazagystanyň, ABŞ-nyň, Saud Arabystanyň edara görnüşli taraplary Guramaçylyk şertnamasyna gol çekdiler).

Bankyň ilkinji ady Özgerdiş, ösdüriş we telekeçiligi goldaýyş halkara paýdarlar bankydy. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň aprel aýynyň 5-ne çykaran Karary esasynda bankyň öňki ady üýtgedilip, «Garagum» halkara paýdarlar banky (HPB) diýlip atlandyryldy.

Täze döredilen bankyň esasy wezipeleriniň biri hem ykdysadyýetiň hususy bölegini goldamak bilen müşderileri özüne çekmekden ybaratdyr.

«Garagum» halkara paýdarlar banky öz işjeňliginiň ilkinji döwründen bäri müşderileriň hasaplaryny açmak we ýöretmek, goýumlary (depozitleri) çekmek we karz bermek, müşderileriň tabşyrygy boýunça hasaplaşyklary geçirmek, pulhana hyzmatlaryny etmek hem-de faktoring, lizing amallary boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmek ýaly ugurlar boýunça iş alyp barýar. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan berlen ygtyýarnama laýyklykda, daşary ýurt pulundaky amallar, sol sanda alyş-çalyş amallary we bank işi bilen bagly maslahat beriş hyzmatlary ýerine ýetirilýär.

Ýerine ýetirilýän amallaryň sanyny artdyrmak, müşderilere hyzmat etmegiň hilini gowulandyrmak boýunça işler bank tarapyndan hemişe alnyp barylýar, döwrebap bank tilsimatlary ornaşdyrylýar, hasaplaşyklar kämilleşdirilýär. Häzirki wagtda nagt däl hasaplaşyklar Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda elektron tölegleriniň ulgamyny ornaşdyrmak hakyndaky» Kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan döredilen elektron tölegleriniň ýeke-täk bankara ulgamynyň ulanylmagy arkaly amala aşyrylýar. Bankyň esasy üns berýän işleriniň biri nagt däl görnüşli hasaplaşyklar boýunça müşderileriň işleglerini kanagatlandyrmakdyr.

**Nagt däl hasaplaşyklar boýunça bank:**

• bank karzlaryny nagt däl görnüşinde müşderiniň islegi boýunça başga banklara geçirmek;

• daşary ýurt walýutasyndaky pul serişdelerini konwertirlemek;

• goýumlaryň dürli görnüşlerini nagt däl görnüşinde amala aşyrmak;

• nagt däl görnüşinde daşary ýurt walýutasyny satmak we satyn almak;

• müşderileriň islegi boýunça olaryň hasaplaşyk hasaplarynda nagt däl görnüşinde duran pul serişdelerini geçirip bermek hyzmatlaryny ýerine ýetirýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Karary esasynda ýurdumyzyň çäklerinde nagt däl hasaplaşyklary «Altyn asyr» bank kart töleg ulgamynyň üsti bilen giňden ýaýratmak üçin Aşgabat şäherine degişli müşderileriň – edaralaryň, kärhanalaryň, telekeçileriň, işgärle-

riň zähmet haklaryny bank hasaplarynyň üsti bilen bank kartlaryndan peýdalanyp tölemek ýola goýulýar we töleg kartlaryna hyzmat etmek boýunça töleg terminallary gurnalýar. Töleg kartlaryny girizmek bilen bank ilata nagt däl hyzmatlaryň görnüşleriniň birnäçesini hödürlemegi göz öňünde tutýar. Bank töleg terminallary arkaly zähmet haklaryny, napaga, kömek pullaryny bermegi, telefon aragatnaşygy we ş.m. tölegleri amala aşyrmagy meýilleşdirýär.

Bankda serişdeler binýadyny berkitmek maksady bilen, ilatyň erkin duran pul serişdelerini goýumlara çekmek boýunça depozit syýasaty amala aşyrylýar. Garaşsyzlygymyzyň şanly 20 ýyllygy mynasybetli bank ilata «Garaşsyzlygyň şanly 20 ýyllygy» we «Galkynyş» depozit goýumlaryny hödürledi. «Garaşsyzlygyň şanly 20 ýyllygy» atly goýumyň beýleki goýumlardan tapawutly tarapy hem onuň göterimleriniň goýumyň goýlan güni boýunça tölenýänligindedir.

**Bank häzirki wagtda ilata goýumlaryň:**

- Hormatly pensionerler;
- Garaşsyzlygyň şanly 20 ýyllygy;
- Galkynyş depozit goýumy;
- Talap edilýänçä goýum;
- Bagtyýar çagalyk;
- Ýurt saglygy-Watan baýlygy;
- Şowly goýum;
- Edara görnüşli taraplaryň goýumy görnüşlerini hödürleýär.

Türkmenistanyň «Garagum» HPB birinji derejeli bank bolan «Commerzbank» bilen aragatnaşyk hasabyny açyp, import şertnamalary esasynda tölegleri geçirýär. Bankyň müşderileri bolan edara görnüşli we şahsy taraplara daşary ýurt pulunda hyzmatlar edilýär.

### «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Milli Liderimiz – Gahryman Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistan günsaýyn ösüp, dünýa bileleşiginiň dolyhukukly agzasyna öwrülýär, ýurdumyzyň ähli ilatynyň durmuş-ykdysady derejesi ýokary depginlerde artýar we ösen döwletleriň derejesine golaýlaşýar.

Döwletimizi medeni we syýasy taýdan ösdürmek, ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini, aýratyn-da, onuň hususy eýeçiligindäki bölegini ösdürmek boýunça hem uly işler amala aşyrylýar.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» ýerine ýetirilmeginiň wajyp serişdesi hökmünde ýurduň ykdysadyýetiniň innowasion ösüşine we Türkmenistanyň raýatlarynyň telekeçilik ukybynyň ykrar edilmegine esaslanýar.

Şol maksatnamada 2016-njy ýylda ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk böleginiň JIÖ-süniň umumy möçberinde (ýangyç-energetika toplumyndan başga) tutýan paýynyň 67%-e deň bolmagy göz öňünde tutulan. Ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk böleginiň kärhanalarynyň umumy sany 25 müňe çenli köpeler.

Milli ykdysadyýetiň hususy bölegini ösdürmek boýunça amala aşyrylýan özgertmeleriň aýdyň mysalynyň biri hem täze, doly hususy eýeçilikdäki «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankyny döretmek üçin Hormatly Prezidentimiziň özüniň goldaw bermegidir. «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankyna bank amallaryny ýerine ýetirmek üçin ygtyýarnama, Hormatly Prezidentimiz tarapyndan 2011-nji ýylyň oktýabr aýynda dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň döredilmegi bolsa, öz gezeginde, Türkmenistanyň bank ulgamynda has giň göwrümli özgertmeleriň hereketlendirijisi hökmünde çykyş edýär.

Kiçi telekeçiligiň subýektleriniň, ylaýta-da, işe başlan döwürlerinde karz serişdelerini almaga, şeýle-de olary gaýtarmak üçin ýokary derejedäki kepilligi tapmaga mümkinçilikleriniň ýoklugyny göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Hökümetiniň öňünde kiçi we orta telekeçiligiň maliýe serişdelerine elýeterliligini üpjün edýän ätiýaçlandyryş, karz we beýleki institutlary ösdürmäge gönükdirilen birnäçe çäreleri durmuşa geçirmek wezipesi durýar.

Ýakyn geljekde «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky döwlet maksatnamalaryna öz goşandyny goşmak maksady bilen:

– ýurduň oba hojalygyny we agrosenagat toplumyny ösdürmegiň esasynda ýokary hilli ekologiýa taýdan arassa azyk önümlerini öndürmegi üpjün etmek, ýurduň daşyndan getirilýän harytlaryň möçberini azaltmak we içerki bazarda isleg bildirilýän harytlaryň köp bölegi-

ni ýurduň içinde öndürmek we innowasion azyk harytlarynyň daşary ýurtlara çykarylyşyny giňeltmek;

– gurluşyk işlerini alyp barmak hem-de gurluşyk materiallaryny öndürmek üçin gatyşyk, bilelikdäki we hususy kärhanalary döretmek bilen ýurduň gurluşyk materiallary senagaty pudagyny mundan beýläk hem ösdürmek;

– dürli eýeçelikdäki kärhanalaryň, şeýle-de kärende we ynanylan dolandyryşyň esasynda ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygynyň üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmek ugurlary boýunça taslamalary amala aşyrmagy meýilleşdirýär.

Meýilleşdirilýän maliýe netijelerine laýyklykda, «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky işleýän döwrüniň üçünji ýylynda bankyň öz gerimini sebitleriň derejesinde giňeltmegi göz öňünde tutýar, bäşinji ýylynyň ahyrynda bankyň her welaýatda şahamçalarynyň açylmagyny meýilleşdirýär.

Bäşýyllyk meýilnamada karz bukjanyň möçberiniň 46,5 mln manada, müşderileriň depozit goýumlarynyň möçberiniň 11,7 mln manada deň boljaklygy çaklanylýar. Çaklamalara görä, bankyň hususy maýasynyň möçberi bäşinji ýylyň ahyryna 40,8 mln manada ýeter ýa-da başgaça aýdanymyzda, paýdarlaryň başda goýan maýagoýumlaryndan 12,3 mln manat möçberinde köp bolar.

«Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky ösen döwletleriň ölçeglerine laýyklykda hereket eder, ýagny bank geljekki bäşýyllykda hyzmat etmegiň derejesi boýunça, hyzmatlary hödürlemek we olary amala aşyrmak üçin täze tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça bazarda iň tanymal bolmaga ymtylýar.

Öz bäsdeşlerine garanyňda « «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky has ýokary hilli hyzmatlary nädip hödürlär?» diýen sorag ýüze çykýar. Şeýlelikde, işgärleri okatmak we professional taýdan ýetişdirmek boýunça uly işleri geçirmek, ýerli türkmen bazarynda günbatar ýurtlarynyň ölçeglerine gabat gelýän derejedäki hyzmatlary etmek üçin işgärlere degişli bilim almaga we endikleri edinmäge mümkinçilik döretmek talap edilýär.

Bu babatda hem «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň öňünde uly wezipeler goýulýar, ýagny, bank:

• alyjynyň bankyna we tölegiň möçberine garamazdan, tölegiň bir günüň dowamynda geçirilmegini;

• nagt pul serişdeleriniň bankdaky hasaplara öz wagtynda goýulmagyny;

• nagt däl pul serişdeleriniň öz wagtynda geçirilmegini;

• zerur bolan goşundylary bilen bilelikde hasaplaryň galyndysy baradaky maglumatlary müşderä amatly bolan şertlerde, hatda internet aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen bermegi kepillendirýär.

«Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynda hasap açan müşderiler öz işjeňlikleri üçin maliýe gurallarynyň amatly görnüşlerini edinip bilerler. Olar hasaplaşyklary çaltlandyrar, töwekgelçilikleri peselder we bank hyzmatlary üçin çykdajylary azaldar.

Müşderileriň banka ynanan wagtlaýyn boş duran pul serişdeleri goşmaça girdeji getirmek üçin ulanylar. Çekilen serişdeler goýumlaryň ýokary ygtybarlylygynyň we ýerleşdirilen serişdeleriň girdejililiginiň has amatly derejesini kepillendirmek şertlerinde ýerleşdiriler.

Bank kepillikleri, akkreditiwler we inkasso amallary ýaly, göz öňünde tutulan dokumentar amallar halkara söwdasynda has netijeli we amatly hasaplaşyklaryň görnüşleri hökmünde özlerini tanatdylar. Dokumentar amallary ulanmak, eksportçylara we importçylara özleriniň mümkin boljak töwekgelçiliklerini ep-esli peseltmäge, şeýle-de taraplaryň her biriniň maksimal bähbitlerini göz öňünde tutmaga şert döreder.

Dürli pudaklara we işjeňligiň görnüşlerine degişli korporatiw müşderilere toplumlaýyn bank hyzmatlaryny amala aşyrmak bankyň işjeňliginiň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şu günki gün bank her bir müşderä aýratyn hyzmat etmek şertlerinde bank önümleriniň we hyzmatlarynyň giň göwrümini teklip etmäge taýýar.

## 3.2. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň hasabaty

Türkmenistanyň ähli banklary Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 9-njy iýulynda çykaran 11139-njy belgili Karary esasynda, Türkmenistanyň bank ulgamynda maliýe hasabatlarynyň hal-

kara ölçeglerine geçmek we ony ýokary derejede guramak maksady bilen, «Buhgalter hasaby hakynda» Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanda 2011-nji ýyldan başlap maliýe hasabatynyň halkara ölçeglerine geçirilmeginiň çäklerinde:

• Türkmenistanyň bank ulgamynyň maliýe hasabatyny halkara ölçeglerine laýyklykda 2010-njy ýylyň I, II we III çärýeklerinde parallel iki hasabatlylygy ýöretmek we IV çärýekden başlap hasabatlylygy doly halkara ölçeglerine laýyklykda alyp barmak;

• bankyň buhgalter hasaby we hasabaty hem-de beýleki şu ugra degişli müdirlikleriň hünärmenleriniň gatnaşmagynda döredilen iş toparynyň we mundan öňki ýyllara degişli hasabatlaryň halkara ölçeglerine geçirilmeginiň degişli çäreler meýilnamasyny durmuşa geçirmek;

• buhgalter we maliýe hasabatlaryny maliýe hasabatlarynyň halkara ölçeglerine geçirmäge degişli iş toparyna bankyň hasaba alyş syýasatyny taýýarlap tassyklamaga bermek hem-de bu ugurda hünärmenlere okuw-usulyýet gollanmalaryny bermek çärelerini durmuşa geçirdiler.

Türkmenistanyň bank ulgamynyň bütin dünýäde ulanylýan maliýe hasabatlarynyň halkara ölçeglerine geçirilmegi bilen ýurdumyzyň banklarynda ulanylýan awtomatlaşdyrylan ulgamlar döwrebaplaşdyrylýar. Şeýle ulgamlaryň girizilmegi bilen bank işinde hemişe ulanylýan bank amallarynyň köpüsi awtomatlaşdyrylýar. Bankyň çäginde ulanylýan maglumatlar tehnologiýalarynyň ösmek meýilleriniň we görnüşleriniň bolmagy, täze bank hyzmatlaryny girizmek ýagdaýyny giňeltmäge we amallar çykdajylaryny kemeltmäge mümkinçilikleri döredýär. Banklaryň buhgalter hasabyny kämilleşdirmek we maliýe hasabatyny halkara ölçeglerine doly geçirmegi guramak babatda ähli zerur bolan işler geçirilýär. Hususan-da, degişli kadalaşdyryjy hukuknamalary kämilleşdirmek, hasaplaryň täze meýilnamasyny ornaşdyrmak, usulyýeti resminamalary taýýarlamak, işgärleriň hünär ussatlygyny ýokarlandyrmak boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň iýul aýynyň 9-na çykaran 11139-njy belgili «Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi özgertmegiň maksatnamasy hakynda» Kararyna

laýyklykda, Türkmenistanyň bank ulgamynda maliýe hasabatlarynyň halkara ölçeglerine geçmegi ýokary derejede guramak maksady bilen iş toparynyň düzümi tassyklanyldy. Bank ulgamynda maliýe hasabatlaryny halkara ölçeglerine laýyk getirmegiň zerurlygy we ähmiýeti barada bank işgärlerini nazary taýdan taýýarlamak we geçirilýän tejribe okuwlaryna gatnaşmak işleri dowam edýär. Bankyň tehniki üpjünçiliginiň ýagdaýyny seljermek bilen, buhgalter hasabynyň hasaplarynyň täze meýilnamasyna geçmek üçin bankda bar bolan programma üpjünçiligini kamilleşdirmek, programma üpjünçiligini we tehniki binýadyny dünýä ölçeglerine gabat getirmek maksady bilen, täze programma üpjünçiligini satyn almak üçin bäsleşik geçirildi we ýeňiji bilen şertnama baglaşylyp, häzirki wagtda täze programma üpjünçiligini ýola goýmak boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar.

Banklarda hasaplar boýunça galyndylary geçirmek synag görnüşinde birnäçe gezek, ýagny 2011-nji ýylyň dekabr aýynyň dowamynda dürli senelerde amala aşyryldy, 2012-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-nden ähli hasaplaryň galyndylary buhgalter hasabynyň hasaplarynyň täze meýilnamasyna laýyklykda täze hasaplara geçirildi hemde 2012-nji ýylyň ýanwar aýyndan aýlanyşyk balansy bank ulgamy boýunça işläp başlady.

Müşderileriň hasaplarynyň maglumat binýady Türkmenistanyň Merkezi bankynyň terminalyna birikdirildi we bankara hasaplaşyk geçirimleri ýola goýuldy.

Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasy boýunça 23 belgili bank hasaplary açyldy.

Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasy we ony ulanmak boýunça görkezmeler, «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Buhgalter hasaby hakynda» Türkmenistanyň kanunlarynyň, banklarda buhgalter hasabynyň halkara ölçeglerini peýdalanmak bilen maliýe statistikasy boýunça halkara guramalarynyň talaplarynyň esasynda işlenilip taýýarlanyldy, ol banklaryň hojalyk amallaryny hasaba almagyň bitewi usulyýet esasy boýunça gözükdirijidir. Şu gözükdirijide Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň balans we ba-

lansdan daşary hasaplarynyň maksady, olarda hasaba alynýan amallaryň mazmuny we jikme-jik hasaby alyp barmagyň tertibi hakynda görkezmeler, görkezilen hasaplar boýunça bir ölçegdäki geçirmeleriň sanawy berilýär.

**Maliýe hasabatlary düzülende ulanylýan buhgalter hasabynyň esasyny düzýän Halkara ölçege laýyklyk:**

1. Hasaplaryň meýilnamasy buhgalter hasabynyň halkara tejribesinde ykrar edilen şu aşakdaky esasy ýörelgelerine laýyklykda düzülendir:

**Hasaplama ýörelgesi.** Munda geleşikleriň we beýleki hadysalaryň netijeleri pul serişdeleriniň we olara deňleşdirilen serişdeleriň alnan ýa-da tölenen wagtynda däl-de, şol netijeler dörände ykrar edilýär, olaryň ýüze çykan hasabat döwründe hasaba alynýar hem-de şol hasabat döwründe maliýe hasabatlarynda görkezilýär.

**Işjeňligiň togtadylmazlyk ýörelgesi.** Munda bankyň öz işjeňligini dowam etdirýändiginden hem-de mundan beýläk hem amallary geçirmegini togtatmajakdygyndan ugur alynýar, ýagny bankyň ýatyrylmak ýa-da işjeňliginiň göwrümini ähmiýetli derejede azaltmak meýili hem, zerurlygy hem ýok hasap edilýär. Eger şunuň ýaly meýil ýa-da zerurlyk bar bolsa, maliýe hasabaty başga esaslarda düzülýär.

**Seresaplylyk ýörelgesi.** Bu näbellilik şertlerinde talap edilýän hasaplamalaryň amala aşyrylmagynda zerur bolan garaýyşlaryň esasynda aktiwleri we girdejileri ýokarlandyrmaz, borçlary we çykdajylary bolsa azaltmaz ýaly seresaplylygyň ýeterlik derejesini berjaý etmekdir.

**Mazmunynyň görnüşinden ileri tutulmak ýörelgesi.** Bu maglumatyň diňe bir hukuk görnüşine däl-de, onuň mazmunyna we ykdysady düzümine laýyklykda hasaba alynmak we görkezilmek zerurlygy.

**Maliýe hasabatlaryny MHHS-lerine laýyklykda taýýarlamak we düzmek Konsepsiýasynyň beýleki ýörelgeleri.**

2. Hasaba alyş ýörelgeleriniň umumy ykrar edilmegi düşnüklilik, ýerliklilik, ähmiýetlilik, ygtybarlylyk, dogry (takyk) görkezilmek, tarapsyzlyk, seresaplylyk, dolulyk, deňeşdirip bolmak we ş.m. ýaly hil taýdan häsiýetlendirijilere we ölçeglere baglydyr.

3. Hojalyk amallary hasaba alnanda görkezmek üçin hojalyk amalynyň amala aşyrylan pursaty (ykrar edilmegi), hojalyk amalynyň

baha ölçegi (bahalandyrylmagy), hojalyk amallarynyň hasaplarda toparlara bölünişi anyklanmalydyr.

**Hasaplaryň Meýilnamasynyň gurluşynyň binýatlaýyn ýörelgeleri:**

1. Emlägiň, borçnamalaryň, hojalyk amallarynyň buhgalter hasaby goşalaýyn ýazgy etmek usuly bilen amala aşyrylýar.
2. Hojalyk amallary bellenilýän ilkinji hasaba alyş resminamalarynyň maglumatlary hasaba alyş registrlerinde ýazgy geçirmek üçin esas bolup durýar. Olar hojalyk amalynyň amala aşyrylan pursatynda ýa-da gönüden-göni ony geçirmek tamamlanandan soň düzülmelidir hem-de onda zerur gerekli maglumatlar bolmalydyr.
3. Emläk, borçnamalar we hojalyk amallary buhgalter hasabynda beýan etmek üçin hereket edýän kanunlara laýyklykda bellenilen tertipde pul görnüşinde (manatda) bahalandyrylmaga degişlidir.
4. Hasabat döwründe ähli hojalyk amallary buhgalter hasabynda dolulygyna beýan edilmelidir.
5. Emlägi, maliýe borçnamalary tükellemegi we onuň netijelerini buhgalter hasabynda beýan etmek hökmandyr.
6. Hasabat ýylynyň dowamynda hojalyk amallaryny hasaba almakda we olara baha bermekde yzygiderlilik (üýtgemezlik) ýörelgeleri nukdaýnazaryndan hasaba alyş syýasaty berjaý edilmelidir.
7. Girdejileriň we çykdajylaryň hasabat döwürlerine degişli edilmesi dogry bolmalydyr.
8. Jikme-jik hasabyň we jemlenen hasabyň maglumatlary deň gelmelidir.
9. Balansda diňe hususy emläk beýan edilmelidir, başgalara degişli bolan we hojalyk işlerinde peýdalanylýan emläk bolsa balansdan daşary hasaplarda görkezilýär.
10. Hasaplaryň meýilnamasy maliýe hasabatyny düzmek üçin zerur maglumatlary almak mümkinçiligini döreder ýaly gurnalandyr, şol sebäpli hasaplaryň meýilnamasynda buhgalter hasaplarynyň düzümi we topara bölünişi maliýe hasabatlarynyň gurluşyna laýyk gelýändir.
11. Hasaplaryň meýilnamasynda aktiwleriň we borçlaryň hasaplary tölege ukuplylygynyň peselmesine görä ýerleşdirilendir.
12. Hasaplaryň meýilnamasyndaky ähli hasaplar ýa aktiw, ýa-da passiw bolýar. «Aktiw» bölüminde talaplaryň hakyky bahasyny

görkezmek üçin aktiwe garşylyklaýyn hasaplar goşulandyr. Bölümçelerde möhleti geçen bergi hasaba alynýar, şeýle hem ätiýaçlyklaryň, talaplaryň ýa-da borçlaryň her bir görnüşi olaryň bahasynyň üýtgemegi boýunça oňyn we oňyn däl, şeýle hem olar boýunça indirimiň we sylagyň hasaplary bardyr.

13.Hasaplaryň meýilnamasynda ähli hasaplar umumy toparlara bölünýärler we balans hasabatynyň hem-de peýdalar we ýitgiler barada hasabatyň belli bir ölçeglerdäki maddalaryna laýyk gelýändir.

**Hasaplaryň meýilnamasy bäş bölümi özünde jemleýär. Olar:**

1. Aktiwler;
2. Borçlar;
3. Hususy maýa;
4. Girdejiler;
5. Çykdajylar.

**Aktiw hasaplara** «Aktiwler», «Çykdajylar» bölüminiň balans hasaplary degişlidir.

**Passiw hasaplara** «Borçlar», «Maýa» we «Girdejiler» bölüminiň hasaplary degişlidir.

14. Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasyny ulanmaga bildirilýän esasy talaplar şulardan ybaratdyr:

– buhgalter hasabynyň hasaplarynyň Meýilnamasynda hojalyk amallarynyň görkezilmegi milli pulda alnyp barylýar.

– hasaplaryň meýilnamasyndaky «Ulanyjy» diýen meýdançada hasaplar täjirçilik bankynyň ýa-da Türkmenistanyň balansynda açylýandygyny kesgitleýär;

– aktiw hasaplar boýunça kredit we passiw hasaplar boýunça debet galynda ýol berilmeýär.

Täjirçilik we beýleki banklar tutuş bank boýunça (şol sanda şahamçalary) deňagramlylyk hasabatyny (balans) we gaýry hasabat maglumatlaryny taýýarlap Türkmenistanyň Merkezi bankyna tabşyrýarlar. Banklaryň balansynda bank amallarynyň hasaba alşy we hasabatlylygy Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan tassyklanan ýeke-täk kadalar boýunça amala aşyrylýar.

Esasanam, banklar bankyň hasabatlarynyň sertifikasiýasyny geçirmek üçin daşary auditoryna ýa-da Türkmenistanyň Merkezi bankynyň audit gullugyna kömek sorap ýüzlenip bilerler.

Banklaryň geçen maliýe ýyly boýuça ýyllyk balansy we beýleki hasabat resminamalaryndaky maglumatlar audit gullugy tarapyndan tassyklanylandan soň çap edilmäge rugsat berilýär. Daşary ýurt banklarynyň Türkmenistanyň çäginde açylan şahamçalary üçin hem ýokarda görkezilen düzgünler ulanylýar.

**Hasabatlylyk** – bu hojalyk resminamalarynyň esasynda taýýarlanýan bütinleý, üznüksiz, özara baglanyşykly hojalyk işiniň, baha görnüşde görkezilmesidir. Bular buhgalter hasabatynyň görnüşi, pul görnüşinde görkezilen hojalyk serişdeleri, olary döredýän çeşmeler we hojalyk işleri bolup durýarlar. Şol sebäpli banklaryň maliýe ýagdaýynyň işlerini görkezýän esasy jemleýji resminamalaryň biri bolup bankyň balansy (deňagramlylygy) çykyş edýär.

**Bankyň balansy (deňagramlylygy)** iki bölümden düzülen, sanlaýyn baglanyşygy biri-birine deň bolan bankyň serişdeleriniň ýagdaýyny, olary düzýän çeşmeleriň we ulanylýan ugurlaryň hem-de hasabat döwrüniň başyndan ahyryna çenli bank işiniň maliýe netijeleriniň pul görnüşinde görkezilmesidir. Balans iki bölumden: **aktiwden** we **passiwden** ybaratdyr. Balansda aktiwiň netijesi passiwiň netijesi bilen deň bolmalydyr.

**Aktiw** buhgalteriýa balansynyň bir bölegi bolup, bankyň aktiw amallaryny we bank serişdeleriniň goýumlaryny görkezýär.

**Passiw** balansyň aktiwe garşy duran bölegi bolup, bank serişdeleriniň döredýän çeşmelerini görkezýär.

Buhgalteriýa hasabaty hojalyk işi boýunça **seljeriş, dolandyryş** we **barlag** işlerini ýerine ýetirýär. Ondan başga-da baş hasapçy şu wezipeleri amala aşyrmaly:

1. Bugalter hasabatyny talabalaýyk gurnamaly.
2. Maddy, zähmet we maliýe serişdelerini amatly we tygşytly ulanmaly.
3. Tygşytlylyk düzgünini alyp barmaly.
4. Gözegçilik etmeli.

Ol üç görnüşde bolýar:

**Deslapky gözegçilik** buhgalteriýa tarapyndan amal geçirilmankä alnyp barylýar. Şonuň üçin ähli hasap resminamalaryna diňe bankyň ýolbaşçysy däl-de, baş hasapçysy hem gol çekýär;

**Gündelik gözegçilik** bugalteriýa tarapyndan hojalyk amallary geçirilen wagty amala aşyrylýar. Bu ýagdaýda resminamalar kabul edilende buhgalteriýa, ilkinji nobatda, hojalyk amallarynyň kanunçylygyny barlaýar. Soň onuň düzülişini barlamaga geçýär;

**Jemleýji gözegçilik** belli bir hasabat döwründen soň amala aşyrylýar. Bu gözegçilik bankyň maliýe hojalyk işiniň jemi jemlenen döwri geçirilýär.

**Buhgalteriýa hasabatynyň usullary şu aşakdaky görnüşlerden ybarat:**

1. **Resminamalaşdyrmak hojalyk** amallarynyň berjaý edilişi barada buhgalteriýa hasabatynyň maglumatlaryna ýuridiki güýjüni berýän we hojalyk işiniň bütinleý we üznüksiz görkezilişini üpjün edýän şahadatnamadyr.

2. **Tükellemek** (inwentarizasiýa) bankyň balansynyň hasabynda durýan maddy gymmatlyklaryň (esasy we dolanyşyk gaznalarynyň) abatlygyny we dogrulygyny, hasabatyň maglumatlarynyň hakykatlygyny saklamagy üçin döwürleýin barlagdyr.

3. **Hasaplar we ikitaraplaýyn ýazgy** buhgalteriýa hasabatynyň hasaplary hojalyk amallary ýerine ýetirilende gündelik hasap üçin öňünden bellenilýär. Hasaplaryň iki görnüşi tapawutlanýar. Olar: **aktiw** we **passiw** hasaplar. Bu ikitaraplaýyn tablisa: çep tarapy Dt, sag tarapynda Kt.

Aktiw we passiw hasaplar hasabat maglumatlaryny birleşdirme, toparlama usuly boýunça **sintetik** we **analitik** hasabatlara bölünýär.

**Analitik** (jikme-jik) hasabat buhgalteriýa hasabaty hasaba alynýan serişdeleriň we gymmatlyklaryň ähli görnüşleri, olaryň eýeleriniň görkezişi we bellemegi boýunça bankda açylan şahsy taraplar üçin hasaplarda alnyp barylýar (kartoçkalarda, kitaplarda).

**Sintetik** hasabatlaryň maglumatlary gündelik balansda pulhana žurnallarynda, birleşdirilen kartoçkalarda, wedomostlarda we ş.m. boýar. Hojalyk amallarynyň düzümine görä onuň möçberi iki hasapda ýazylýar, ýagny bir hasaby Dt boýunça, beýleki hasaby Kt boýunça ýazylýar. Bu **ikitaraplaýyn ýazgy** diýip atlandyrylýar.

4. **Bahalandyrmak** – emlägi pul görnüşinde hasaba almak üçin bahanyň kesgitlenişi.

5. **Kalkulýasiýa** – önümi ýeke-täk ýa-da toplum öndürip ýerleşdirmek üçin çykdajylaryň hasabyny we pul görnüşinde buhgalteriýa hasaby usulynyň bölegini tablisa görnüşinde hödürlemekdir.

6. **Hasabatlylyk** – hojalyk kärhanalaryň öz işleri barada hasabatlarynyň wagtal-wagtal düzülişi. Oňa balans,esasy serişdeleriň, gaznalaryň hereket edişi barada girdejileriň düzümi, düşýän gymmaty we ş. m. maglumatlar girýär. Banklaryň esasy iş görkezijileri esaslyk gaznadan, bankyň hususy serişdelerinden, ykdysady kadalaşdyryjylardan, bankyň aktiwlerinden, bankyň passiwlerinden, girdejilerden, çykdajylardan, peýdadan, ýitgilerden, düşewüntlilikden, hyzmat edilýän müşderileriň umumy sanyndan, banka tabyn bölümleriň sanyndan, bankyň işgärleriniň sanyndan ybaratdyr.

## 3.3. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň döredilmegi we döwlet tarapyndan bellige alynmagy

Türkmenistanda döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň döredilmeginiň we hereket etmeginiň tertibi «Karz edaralary we bank işi hakynda» Kanunyň 7-nji maddasynda we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň namalarynda bellenilýär, ýagny:

1. Karz edarasynyň döredilmegi we döwlet tarapyndan bellige alynmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

2. Karz edaralary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen guramaçylyk-hukuk görnüşlerinde döredilýärler.

3. Karz edarasynyň degişli guramaçylyk-hukuk görnüşindäki ýuridik şahs üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen esaslandyryş resminamalary bolmalydyr;

4. Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň ýuridik we fiziki şahslary karz edarasynyň esaslandyryjylary bolup bilerler;

5. Esaslandyryjylaryň, şeýle hem affilirlenen şahslaryň işjeňlik abraýyna we maliýe ýagdaýyna bildirilýän talaplar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy hukuknamalary bilen bellenilýär. Türkmenistanyň Merkezi banky karz edaralarynyň sanawyny ýöredýär.

**Karz edarasynyň resmi ady**

Karz edarasynyň döwlet dilindäki doly şereket ady bolmalydyr we onuň gysgaldylan şereket adyny edinmäge haky bardyr. Karz edarasynyň, şeýle hem daşary ýurt dilleriniň birindäki doly ýa-da gysgaldylan şereket adyny edinmäge haky bardyr.

1. Karz edarasynyň şereket adyna bildirilýän talaplar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilýär.

2. Türkmenistanda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bank amallaryny amala aşyrmak üçin ygtyýarnamasyny alan ýuridik şahslardan başga ýuridik şahslar, Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda, öz şereket adynda «bank», «karz edarasy» sözlerini ulanyp ýa-da bu ýuridik şahsyň bank amallaryny amala aşyrmaga hukugynyň bardydyny başgaça görkezip bilmeýärler.

3. Eger şeýle at eýýäm karz edaralarynyň sanawynda bar bolsa, onuň guramaçylyk-hukuk görnüşine garamazdan, karz edarasynyň şereket adynyň peýdalanylmagyna ýol berilmeýär.

## 3.4. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň serişdeleri, olaryň düzümi we mazmuny

Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň öz işini amala aşyrmagy üçin belli bir möçberde pul serişdeleri bolmalydyr. Esasanam, olaryň işi çekilen serişdeleriniň möçberi bilen bagly bolýar (banklar näçe köp pul serişdeleri çekip we olary ýerläp bilse, şonça-de girdejisi ösýär).

**Bank serişdeleri** bankyň aktiw amallaryny ýerine ýetirmek üçin ulanylýan hususy serişdeleriň we çekilen serişdeleriň jemidir. Başgaça aýdanymyzda **bank serişdeleri** bankyň hususy serişdeleri (edilen hyzmatlaryndan gazanan peýdasy we ş.m.) we çekilen serişdeleri bolup, banklar tarapyndan aktiw amallaryny geçirmek hem-de ýerleşdirilen pul serişdelerinden girdeji almak maksady bilen ulanylýar.

Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň serişdeleriniň esasy çeşmesi bolup **çekilen serişdeler** çykyş edýär. Olar 80-95% aralygynda bolýar. Çekilen serişdeleriň esasy bölegini hasaplaşyk hasaplaryndaky serişdeler tutýar. Olaryň içinde talap edilýänçä depozitler, möhletli depozitler, ilatyň goýumlary, bankara karzlar we ş.m. tapawutlanýarlar.

Banklaryň **hususy serişdeleri** 15-30% bolup, olaryň ýarysyny gaznalar we ýarysyny bankyň peýdasy tutýar. Bankyň hususy serişdesi, esasanam, passiw amallary öz içine alyp, peýda almak maksadyny goýýar, emma täjirçilik we beýleki banklarda serişdeleriň düzümi tapawutlanyp bilýär.

*3-nji tablisa*

**Bank serişdeleriniň düzümi**

| Görkezijiler | Bank 1 | Bank 2 |
|---|---|---|
| 1. Hususy serişdeler-jemi<br>şol sanda | 25,3 | 17,6 |
| 1.1. Esaslyk gazna | 3,7 | 2,4 |
| 1.2. Beýleki gaznalar | 12,4 | 8,3 |
| 1.3. Paýlanmadyk peýda | 9,2 | 6,9 |
| 2. Çekilen serişdeler-jemi,<br>şol sanda | 74,7 | 82,4 |
| 2.1. Talap edilýänçe depozitler | 63,1 | 49,3 |
| 2.2. Möhletli depozitler | 6,2 | 4,9 |
| 2.3. Ilatyň goýumlary | 3,2 | 1,1 |
| 2.4. Bankara karzlar | - | 27,3 |
| 2.5. Gymmatly kagyzlar | 2,2 | - |

**Bankyň gaznalary** bank tarapyndan döredilen we alnan peýdanyň hasabyna düzülen maddy we pul serişdeleridir.

**Bankyň esasy gaznalary:**

• Esasy ätiýaçlyk gazna. Munda göz öňünde tutulmadyk çykdajylary we ýitgileri tölemek (üzmek) üçin bankyň peýdasynyň hasaby döredilýär;

• Ýörite ätýaçlyk gaznasy bankyň müdiriýetiniň buýrugyna we esaslandyryjylaryň ýygnaklarynyň kararyna laýyklykda bankyň peýdasynyň hasabyna we daşky maýadarlaryň hasabyna döredilen gaznadyr;

• Bank ulgamynyň karz serişdelerini kadalaşdyrmak gaznasy - bu Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan karz-pul syýasatyny

geçirmek üçin gönükdirilen, özi-de bank ulgamynyň umumy likwidligini kadalaşdyrmagyň mehanizmi bolup durýar. Munda pul serişdeleri barlag üçin ulanylýar. Ätiýaçlyk talaplary bankyň karz mümkinçiliklerini çäklendirmek maksady bilen kesgitlenýär we pul toplumyny dolanyşykda kesgitli derejede saklamak üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hemme banklar hökman Türkmenistanyň Merkezi bankynda ýörite hasapda gerek bolan ätiýaçlyklaýyn iň pes (minimal) derejesiniň barlygyny üpjün edýärler.

**Bankyň ätiýaçlyk gorlary:**

- bank işgärlerine geljekde etmeli tölegleriň gorundan (maddy kömek gaznasyndan);
- karzlaşdyrmadan mümkin bolaýjak ýitgiler boýunça gordan;
- esasy serişdeleri täzelemek üçin gordan ybaratdyr.

Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň Meýilnamasynda we ony ulanmak boýunça görkezmäniň (2010-njy ýylda Türkmenistanyň Merkezi banky «Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasy we ony ulanmak boýunça görkezmeler») «Bankyň maýasy» bölüminde bankyň hususy maýasy bilen baglanyşykly amallary hasaba almak üçin açylan hasaplar jemlendi. 30101-nji «Esaslyk maýa – goýumlar (paýlar)» atly passiw hasap bankyň işjeňligini üpjün etmek üçin döredijiler (paýçylar, paýdarlar) tarapyndan berlen serişdeleriň hasabyny ýöretmek üçin niýetlenen hasap. Ulanyjy Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banky. Munda kredit hasaby boýunça bankyň işjeňligini üpjün etmek üçin döredijiler (paýçylar, paýdarlar) tarapyndan berlen serişdeler geçirilýär. Debet 10102 bankyň amallar pulhanasyndaky nagt pul serişdeleri, 11101 – 11102 aragatnaşyk hasaplary, 21102 – 21103 aragatnaşyk hasaplary, 23201 – 23208 talap edilýänçä serişdeler, 28210 gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar. Bankda jikme-jik hasaba alyşda bu hasaplaryň her bir dörediji boýunça seljermesini geçirmäge mümkinçilik berýän maglumat ulgamyny döretmek maslahat berilýär.

30103-nji «Bank tarapyndan satyn alnan hususy paýnamalar we döredijileriň paýy» atly aktiw hasap paýdarlardan satyn alnan adaty we ýeňillikli paýnamalaryň ýüzünde görkezilen bahasyny hem-de gatnaşyjylaryň (paýçylaryň, paýdarlaryň) düzüminden çykýandygy bilen

baglanyşyklykda paýçylaryň arasynda ýa-da gymmatly kagyzlaryň bazarynda ýerleşdirmek maksady bilen satyn alnan paýyň möçberini hasaba almak üçin niýetlenen hasap. Hasabyň debeti boýunça satyn alnan hususy paýnamalaryň ýüzünde görkezilen bahasy we paýçylaryň paýlarynyň möçberleri geçirilýär. Hasabyň krediti boýunça bellenilen tertipde ýerleşdirilen hususy paýnamalaryň ýüzünde görkezilen bahasy we paýçylaryň paýlarynyň möçberleri geçirilýär. Jikme-jik hasapda umumy şahsy taraplar alnyp barylýar.

31101-nji «goşmaça tölenen maýa» atly passiw hasap hususy paýnamalaryň ýerleşdirilmeginden alnan goşmaça serişdeleri hasaba almak üçin niýetlenilen. Hasabyň krediti boýunça hususy paýnamalaryň ýerleşdirilmeginden alnan girdejiler geçirilýär. Hasabyň debeti boýunça hususy paýnamalar ýerleşdirilende çekilen ýitgiler geçirilýär. 28205-nji hasap dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar, 28210-njy hasap gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar, 19205-nji hasap dellallar (brokerler) bilen hasaplaşyklar 19210-njy hasap gaýry debitorlar bilen hasaplaşyklar. Goşmaça tölenen maýanyň hasaplary diňe hususy paýnamalaryň dolanyşyga çykarylmagy, yzyna satyn alynmagy/satylmagy bilen baglanyşykly amallar boýunça ýüze çykan baha tapawudyny hasaba almak üçin ulanylýar. Paýnamalaryň ýüzünde görkezilen baha boýunça paýnamalar maýanyň umumy möçberi tölenen maýanyň hasaplarynda hasaba alynýar. Paýnamalaryň ýerlenen bahasy (pul serişdeleriniň hasabyna paýdarlardan gelen serişdeleriň möçberi) bilen paýnamalarýn ýüzünde görkezilen bahanyň (tölenen maýanyň) tapawudy 31101-nji «Goşmaça tölenen maýa» hasabynda hasaba alynmalydyr. Goşmaça hususy serişdeleriň ulanylyşy hereket edýän kanunçylyga we döredijileriň çözgüdine laýyklykda kesgitlenýär. Jikme-jik hasapda umumy şahsy taraplar alnyp barylýar.

32101-nji «Esasy ätiýaçlyk gazna» diýlip atlandyrylýan passiw hasap bankyň işinde garaşylmadyk çykdajylary we ýitgileri ýapmak üçin bankyň peýdasynyň hasabyna döredilýän bankyň ätiýaçlyk gaznasyny hasaba almak üçin niýetlenen hasap. Hasabyň krediti boýunça ätiýaçlygy emele getirmegiň möçberleri. 32301-nji hasabyň debeti boýunça hasabyň tertibine laýyklykda geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasy (toplanan ýetmezçiligi). Hereket edýän kanunçylyga

laýyklykda aýlanyşyk serişdelerini goramak maksady bilen banklaryň paýlanmadyk peýdany ulanmakda çäklendirmeleri bardyr.

32102-nji «Gaýry gaznalar» atly passiw hasap bankyň Müdiriýetiniň buýrugy ýa-da döredijileriň ýygnagynyň çözgüdi esasynda bankyň peýdasynyň hasabyna doredilýän bankyň ätiýaçlyk gaznasyny hasaba alýar.

## 3.5. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň hususy maýasynyň düzümi we onuň ýerine ýetirýän wezipeleri

Banklaryň ygtybarlylygyny we durnuklylygyny üpjün etmek maksatnamalaryndan ugur alyp Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan banklaryň maliýe ýagdaýynyň berkidilmegi, olaryň maýalyk serişdeleriniň we aktiwleriniň kadaly artmagy boýunça yzygiderli işjeň pul-karz syýasaty alnyp barylýar.

Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň hususy serişdeleriniň düzümi ýylyň dowamynda hil taýdan üýtgäp bilýär, sebäbi ol bankyň syýasaty bilen bagly bolýar. Bankyň esaslyk gaznasy onuň ykdysady binýady bolýar we onuň möçberi döwlet tarapyndan bellenilýär. «Türkmenistanyň banklarynyň esaslyk maýalarynyň iň az möçberini ýokarlandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary esasynda banklaryň esasy maýalarynyň möçberi kesgitlenilýär. Häzirki wagtda esaslyk maýanyň udel agramy umumy esaslyk maýanyň möçberiniň 98,3%-ni tutýar, ýagny 20,1 mln manatdan ýokary bolup durýar.

Mundan başga-da bank tarapyndan ätiýaçlyk gaznalary bankyň ýitgilerini ýapmak maksady bilen we bankyň durnuklylygyny saklamak üçin döredilýär. Onuň möçberi esaslyk maýanyň bir bölegi (15%) bolup durýar.

Galan gaznalar bankyň ýörite gaznalary bolup, bankyň dürli maksatlaryna ulanylýar, şol sanda bankyň esasy serişdelerini täzelemek üçin, işgärleri höweslendirmek üçin, bankyň töwekgelçiligini peseltmek üçin we ş.m. ulanylýar. Mundan başga-da bankyň hususy maýasy bar. Bu düşünje has giňişleýin, sebäbi oňa ýörite ätiýaçlyklar

girýär. Bankyň hususy maýasy onuň özbaşdaklygyna we maliýe durnuklylygyna kepil bolýar (berýär). Bankyň hususy maýasy näçe köp boldugyça, şonça-da onuň töwekgelçiligi pes bolýar. Eger-de bankyň hususy serişdeleri ätiýaçlyk maýalardan we peýdadan düzülýän bolsa, onda hususy maýa hasaplaşyk usuly bilen hasaplanyp, öz içine ýörite gaznalary we ätiýaçlyklary jemläp, bankyň durnuklylygyny saklap, onuň ýitgileriniň öwezini dolýar.

*4-nji tablisa*

**2013-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat**

| Esaslyk maýalaryň möçberi | Banklaryň sany | Esaslyk maýanyň umumy möçberinden düşýän paýy (%) |
|---|---|---|
| 0-dan 10 mln manada çenli | 2 | 0,3% |
| 10,1 mln manatdan 20 mln manada çenli | 3 | 1,4% |
| 20,1 mln manatdan ýokary | 8 | 98.3% |
| Jemi Türkmenistan boýunça | 13 | 100% |

**Bankyň hususy maýasy üç wezipäni ýerine ýetirýär. Olar:**

- goraýjy;
- sazlaýjy;
- operatiw (hereketlendiriji) wezipelerdir.

**Goraýjy wezipesinde** bankyň hususy maýasy ýitgiler ýa-da çykdajylar ýüze çykanda harajatlary maliýeleşdirmek üçin bankyň ätiýaçlyk gorlaryny ulanýar.

**Sazlaýjy wezipesinde** bankyň maýasynyň görkezijisi arkaly döwlet guramalary bankyň işine baha bermegi we gözegçilik etmegi amala aşyrýar.

**Operatiw wezipesinde** bankyň hususy serişdeleri ýer, jaý, esasy serişde almak üçin ulanylýar. Geljekde bank şahamça açmaly bolsa,

onda ol jemlenen peýdasyny ýa-da paýnamalary satmakdan alan serişdelerini ulanyp biler.

Eger-de banklar öz hususy maýasyny (pul serişdelerini) başga pudaklara goýan bolsa, ol maýagoýumlar wagtynda yzyna gaýdyp gelmedik ýagdaýynda, onuň tölege ukyplylygyny we töwekgelçiligini saklamak üçin banklar öz hususy maýasyny ulanyp bilerler.

Şeýlelikde, bankyň hususy maýasynyň ýerine ýetirýän wezipeleri bankyň işiniň özbaşdaklygyna, onuň maliýe ýagdaýyna kepil geçmegine we bankyň töwekgelçiligini durnukly saklamaga mümkinçilik berýär.

Täjirçilik we beýleki banklaryň hususy serişdeleri (esaslyk maýa) iki bölekden ybaratdyr.

**I derejeli maýanyň (K1)** düzümine tölenen esaslyk gazna, öz satyn alan gymmatbahaly kagyzlaryndan başga gaznalar; gorlar, geçen ýylyň paýlanmadyk peýdasy; hasabat ýylynyň paýlanan peýdasy, ýitgileri aýrylanlary girýär.

**II derejeli maýanyň (K2)** düzümine ýylyň paýlanmadyk peýdasy; esasy serişdeleriň täzeden baha kesilen gaznasy; subordinirlenen möhletli bergi (I-nji derejeli maýanyň jeminden 50% ýokary bolmaly däl) girýär.

## 3.6. Bankyň hususy maýasynyň ýeterlikligine baha bermek

Banklaryň maýasynyň ýeterlikliginiň esasy ýörelgesi bankyň hususy maýasynyň möçberine we bankyň aktiwiniň möçberine gabat gelmeli. Bankyň hususy maýasynyň we bankyň aktiwiniň möçberlerini gabat getirmek üçin banklar pul serişdelerini çekmegiň usullarynyň üstünde işläp we olaryň göwrümini artdyrmaga çalyşmaly hem-de gymmatbahaly kagyzlar bilen amallar geçirmeli. Banklar girdejisiniň möçberini artdyrmaga çalyşmaly, sebäbi bankyň maýasy azalsa, bankyň töwekgelçiligi ýokarlanýar.

Bankyň maýasynyň ýeterlikligi onuň aktiwleriniň hili we bankyň töwekgelçiligi bilen baglydyr. Bankyň aktiwleri onuň göterim derejesi bilen, karz alyjylaryň karza ukyplylygy bilen baglydyr. Ilki bilen,

ony hasaplamak üçin maýanyň depozitlere bolan gatnaşygynyň görkezijisi ulanylýardy. Soňra bolsa maýanyň aktiwlere bolan gatnaşygy bilen hasaplanýardy (XX asryň 40-njy ýyllarynda). 1988-nji ýylda Bazelde ony hasaplamak üçin ýörite görkeziji kesgitlendi «Kukuň koeffisiýenti» 1993-nji ýyldan bäri ulanylýar.

Bankyň hususy maýasynyň ýeterlikligini kesgitleýän görkeziji:

$$H = \frac{K}{A} \text{ x } 100\%,$$

Bu ýerde

*K* – bankyň maýasy;

*A* – bankyň aktiwleri;

## 3.7. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň serişde çekmek işiniň gurnalyşy

Döwlet täjirçilik we beýleki banklar serişdeleri ýagny, pul serişdelerini, gymmatbahaly kagyzlary we gaýry serişdeleri (jaý, enjam, tehniki we ş.m.) özüne çekmek we olary aktiwlere ýerleşdirmekden peýda almak maksady bilen ýuridiki we fiziki taraplar bilen bähbit esasynda işleýärler. Banklaryň esasy görkezijileriniň içinde belli bir orny çekilen serişdeler tutýar.

Banklaryň çekilen pul serişdeleriniň esasy bölegini depozitler tutýar.

**Çekilen pul serişdeleri 2 görnüşde bolýar:**

- depozitler;
- depozit däl çekilen serişdeler.

**Depozit** (latyn sözi bolup, «goýuma pul serişdelerini goýmak» diýmegi aňladýar) – bu müşderileriň (edara-kärhanalaryň, guramalaryň, döwlete dahylly däl edara-kärhanalaryň, paýdarlar jemgyýetleriniň, şahsy taraplaryň we ş.m. subýektleriň) banka maksatlaýyn goýan pul serişdeleridir.

**Depozitleri aşakdaky toparlara bölüp bolýar:**

- talap edilýänçä depozitler;

• möhletli depozitler;
• süýşürintgi goýumlar;
• gymmatly kagyzlar.

**Talap edilýänçä depozitler** – bu bankyň dürli hasaplaryň üsti bilen olaryň eýelerine talap eden wagtynda nagt pul serişdelerini bermäge taýýarlygydyr.

**Olara aşakdakylar, ýagny:**

• döwlet edara-kärhanalarynyň, paýdarlar jemgyýetleriniň, telekeçileriň, kärhanalaryň hasaplaşyk we gündelik hasaplaryndaky pul serişdeleri;
• dürli maksatly gaznalaryň pul serişdeleri;
• hasapdaky pul serişdeleri;
• ýerli býujetleriň pul serişdeleri;
• beýleki banklaryň habarçy hasaplaryndaky pul serişdeleriniň galyndysy degişlidir.

Talap edilýänça depozitleriň esasy **oňaýly tarapy** bu serişdeleriň ýokary likwidliligidir.

**Oňaýsyz tarapy** – hasapdaky pul serişdeleriniň göterim tölegi tölenenok ýa-da tölense-de az möçberde tölenýär ( ýyllyk tölegi 2-4%).

**Talap edilýänçä depozitleriň esasy aýratynlyklary:**

• serişdeleriň ýokary likwidliligi;
• çäksiz we islendik wagtynda pul serişdelerini goýmak we almak;
• hasabyň eýesi banka komissiýa tölemeli;
• bank edara-kärhanalara pul serişdelerini saklany üçin göterim tölegini tölänok ýa-da tölese-de az möçberde töleýär;
• Merkezi bankyň ätiýaçlyk gorlaryna bank ýokary kadalary geçirýär.

**Möhletli depozitler** – bu ýuridik (rezident ýa-da rezident däl) tarapyň belli bir möhlete banka goýlan pul serişdeleri. Möhletli depozitlerde belli bir möhletde pul serişdeleri goýuma goýulýar. Bu depozitlere bank tarapyndan göterim tölegleri kesgitlenen bolmaly. Eger-de müşderi tarapyndan möhletli depozit möhletinden öň talap edilen bolsa, şol ýagdaýda ylalaşyk bozulýar, bank müşderä jerime tölegini töledýär.

**Olar aşakdaky görnüşde bolýarlar:**

• 30 güne çenli;

- 30-90 gün;
- 90-180 gün;
- 180-360 gün;
- 360 günden ýokary.

**Möhletli depozitleriň aýratyn häsiýetleri:**

- hasaplaşyk üçin ulanyp bolanok;
- hasapdaky pul serişdeler haýal aýlanýar;
- tölenilýän göterim kesgitli;
- goýumçy pul serişdelerini almak üçin banka öňünden habar etmeli.

**Goýum** – bu şahsy taraplaryň bankda saklamak üçin goýan pul serişdeleri (nagt we nagt däl görnüşinde, milli we daşary ýurt walýutasynda).

**Goýumlaryň görnüşleri:**

– möhletli goýumlar – 3, 6 aý, 1ýyl we ondan artyk;
– talap edilýänçä goýumlar;
– «kart-hasaby» boýunça goýumlar;
– atsyz goýum;
– napaga goýumy;
– çagalar we ş.m. maksatly goýumlar.

**Süýşürintgi goýumlary** şahsy taraplaryň islendik möhleti bilen goýan pul serişdeleridir.

**Süýşürintgi goýumlarynyň esasy häsiýetleri:**

• Ilki bilen, banka pul goýjak bolsaň, «Süýşürintgi goýumlary» kitapçasyny satyn almaly.

• Kitapçany diňe pul goýmak we almak üçin ulanmaly.

• Bank islendik möhleti bilen müşderiniň pul serişdelerini saklap berýär.

• Pul serişdelerini almak üçin öňünden banka habar bermek gerek däl.

Süýşürintgi kitapçasynda müşderiniň pul serişdeleriniň hereketi bellenilýär.

Depozit däl çekilen serişdelere bankyň karz (zaýom) görnüşindäki ýa-da öz bergi borçlaryny satyn alýan pul serişdeleri degişlidir.

**Olaryň tapawudy:**

– pul serişdeler bazarynda satyn alynýar;

– bankyň özi pul serişdelerini çekmeli.

Depozit däl serişdeleri iri banklar ulanýar we olar lomaý häsiýete eýedir. Şeýlelikde, **depozit däl çekilen serişdeler** bankyň pul bazarynda öz bergi-borçlaryny satyp we algylaryny alyp çeken serişdeleridir.

**Olara**:

- bankara bazardaky alnan karzlar;
- gymmatbahaly kagyzlary yzyna satyn almak şerti bilen satmak;
- hasaplaşyk hasaplaryndaky serişdeler degişlidir.

# IV BAP

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TÄJIRÇILIK WE BEÝLEKI BANKLARYNYŇ HASAPLAŞYK AMALLARY

## 4.1. Banklaryň hasaplaşyk amallary we olaryň görnüşleri

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2009-njy ýylyň 19-njy ýanwarynda çykaran № 6 buýrugy bilen Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakynda Düzgünnama tassyklanyldy. Bu Düzgünnama «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryna we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalaryna laýyklykda işlenip düzüldi. Düzgünnama Türkmenistanyň çäginde nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmagyň tertibini düzgünleşdirýär, mundan başga-da Türkmenistanyň banklarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan aragatnaşyk (kömekçi) hasaplary boýunça hasaplaşyk amallaryny geçirmeginiň kadalaryny kesgitleýär. Şeylelikde,döwlet täjirçilik we beýleki banklar «Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakynda» Düzgünnama laýýklykda hasaplaşyk amallaryny geçirýärler.

**Hasaplaşyk amallary diýmek** – bu edara-kärhanalaryň, guramalaryň, şereketleriň, telekeçileriň, hususy kärhanalaryň we şahsy taraplaryň hasaplaşyk hasabyny alyp barmak we olaryň tabşyrygy boýunça hasaplary ýerine ýetirmekdir. Ýuridiki taraplar öz pul serişdelerini kada-kanunlara laýyklykda hökman hyzmat edýän banklarda açylan hasaplaşyk hasabynda saklamaly we hasaplaşyklary geçirmeli. Şonuň üçin banklaryň işinde hasaplaşyk amallarynyň belli bir orny bar. Ýuridiki we fiziki taraplaryň ähli pul serişdeleri banklarda toplanýar we bankyň üsti bilen dürli görnüşli hyzmatlar amala aşyrylýar (pul serişdelerini saklamak we nagt däl hasaplary milli walýutadan daşary ýurt walýutasyna geçirmek ýa-da daşary ýurt walýutasyndan milli walýuta geçirmek, maslahat bermek we ş.m. hyzmatlary geçirmek).

Döwlet täjirçilik we beýleki banklar edara taraplara edilýän hyzmatlaryny ýokarlandyrmaga çalyşýarlar, sebäbi bankyň hasabyndaky pul serişdeleri banklar üçin çekilen serişdeler amallaryny ýerine ýetirýär. Şonuň üçin banklar dürli görnuşde amallary geçirmäge ça-

lyşýarlar. Banklaryň esasy meseleleri, birinjiden, amallary wagtynda we ynamdar geçirmek (şonda bankyň abraýy galýar), ikinjiden, öz işiniň ýokary hili bilen muşderileri özüne çekmek.

**Banklar öz işini doly ýerine ýetirmek üçin ýuridiki taraplara iki görnüşde hasaplaşyk hasabyny açýarlar:**

1. Hasaplaşyk hasaplary.
2. Gündelik hasaplar.

**Hasaplaşyk hasaplary** özbaşdak balansy we hususy aýlanyşyk serişdeleri bolan edara-kärhanalara, guramalara, şereketlere, hususy kärhanalara we telekeçilere banklarda açylýan hasaplardyr. Bu hasap pul serişdelerini saklamak we nagt däl hasaplaşyklary we beýleki amallary geçirmek üçin niýetlenendir. Hasaplaşyk hasabyndan kärhananyň önüm öndürmek we olary ýerleşdirmek bilen baglanyşykly çykdajylarynyň tölegleri, iş haky üçin töleg, býujet tölegleri, karzy ýapmak we gaýry tölegler amala aşyrylýar.

Hasaplaşyk hasaby edaralaryň arzasynyň esasynda açylýar we ýapylýar. Onuň eýeleri doly özbaşdak bolup, hasaplaşyk hasabynyň üsti bilen dürli tölegleri öz talaby boýunça geçirip bilýärler.

**Gündelik hasaplar** býujet edaralaryna, jemgyýetçilik guramalaryna, gaznalara we olaryň şahamçalaryna açylýan hasaplardyr. Gündelik hasaplaryň maksady peýda almak däl-de, dürli ugurlar boýunça tölegleri geçirmekdir. Gündelik hasaplaryň hasaplaşyk hasabyndan tapawudy bar, ol hem nagt pul serişdelerini bermek amallaryny geçirýänligidir. Mundan başga-da gündelik hasaplaşyklara ýerli ýa-da döwlet býujetinden serişdeler (subsidiýarlar, subwensiýalar, dotasiýalar) berilýär. Gündelik hasaplaryň esasynda geçirilýän amallar bar bolan pul serişdeleriniň çäginde amala aşyrylýar. Bu hasapdaky pullar maksatly bolmaly, olaryň ulanylyşyna gözegçilik edip durmaly.

## 4.2. Bankyň müşderileriniň hasaplaşyk hasabyny açmagyň, ýöretmegiň we ýapmagyň tertibi

Hasaplaşyk hasaplaryny açmak üçin banklaryň edara-kärhanalara, guramalara, şereketlere, hususy kärhanalara we telekeçilere öz talaplary bar.

**Hasaplaşyk hasabyny açmak üçin ykdysady subýektler bankyň talabyny doly ýerine ýetirmeli, gerekli resmi kagyzlary dogry we wagtynda tabşyrmaly. Olar:**

1. Hasaplaşyk hasabyny açmak barada arza.
2. Kärhananyň hasaba alnandygy barada resmi kagyz.
3. Kärhananyň tertipnamasynyň göçürmesi.
4. Kärhananyň ýygnagynyň beýannamasy.
5. Ýygnagyň baş hasapçyny bellemek baradaky beýannamasy.
6. Kärhananyň ýolbaşçysynyň golunyň nusgasy.
7. Kärhanany döretmek baradaky şertnamanyň göçürmesi.
8. Karhananyň hasaba alnandygy barada Salgyt gullugynyň güwähaty.
9. Kärhananyň hasaba alnanlygy barada Pensiýa gaznasyndan, saglyk ätiýäçlyk gaznasyndan, durmuş ätiýäçlandyryş gaznasyndan güwähat.

Bu resmi kagyzlar bankyň baş hasapçysyna berilýär. Olary barlap bolandan soň, bank hasaplaşyk hasabyny açýar we bank bilen müşderiniň arasynda şertnama baglaşylýar. Baglaşylan şertnamanyň esasynda bankyň hem-de müşderileriň degişlilikde öz borçlary bardyr.

**Hasaplaşyk şertnamasynyň esasynda bankyň borçlary:**

– müşderiniň hasabyny açmak we ýöretmek;

– müşderä wagtynda hasaplaşyk hasaby baradaky ýazgylary etmek;

– müşderiniň hasaplaşyk hasabynda geçirilýän amallaryň syryny saklamak;

– müşderiniň talaby boýunça pul serişdelerini hasaba almak we töleg resminamalarynyň esasynda hasaplaşmak;

– geçirilýän hasaplar boýunça müşderä maslahat bermek borçlary.

**Şertnama esasynda müşderileriň borçlary:**

– nagt pul serişdelerini bellenen wagtynda hyzmat edýän banka tabşyrmak;

– bankyň ýerine ýetiren hyzmatlaryna wagtynda töleg geçirmek;

– hasaplaşyk we pulhana amallaryny amala aşyrýan bank kadalaşdyryjylaryny ýerine ýerirmek;

– hasapdaky pul serişdeleriniň iň pes (minimal) galyndysyny saklamak borçlary.

Hasaplaşyk hasabyny ýapmak hasabyň eýesiniň islegi, bankyň karary, kazyýetiň çözgüdi boýunça ýerine ýetirilip bilinýär. Müşderiniň islegi boýunça şertnama islendik wagtda şertsiz bozulyp bilinýär. Eger:

– müşderiniň hasaplaşyk hasabyndaky pul serişdeleriniň galyndysy Düzgünnamada bellenen minimal möçberden az bolsa;

– müşdera bu barada 1 aýyň dowamynda habar berlen bolsa, onda bank öz şertnamasyny bozup bilýär.

**Şertnama gatnaşyklarynyň bozulmagy iki tapgyrda, ýagny:**

1. Şertnamanyň bozulmagy bilen;
2. Hasabyň ýapylmagy bilen bolup bilýär.

Şertnama bozulandan soň bank 7 günüň dowamynda müşderiniň hasabyndaky pul serişdeleriniň galyndysyny gaýtaryp berýär. Bank batan (bankrot) bolan ýagdaýynda hasaplaşyk hasaby ýapylyp bilinýär.

## 4.3. Nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleri

Turkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň kanunlarynyň we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2009-njy ýylyň 19-njy ýanwarynda çykaran №6 buýrugy bilen tassyklanan «Turkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakyndaky» Düzgünnamanyň esasynda amala aşyrylýar.

**Nagt däl hasaplaşyklar** nagt pul serişdelerini ulanmazdan amala aşyrylýan pul hasaplaşyklarydyr. Şunlukda, hasabyň eýeleriniň tabşyrygy boýunça pul serişdeleriniň belli möçberi bank tarapyndan banka ýa-da hasabyndan alyjynyň hasabyna pul serişdeleri geçirilýär.

**Banklarda nagt däl hasaplaşyklary ýerine ýetirmek üçin ulanylýan ýörelgeler:**

1. Müşderiler öz pul serişdelerini saklamak we hasaplaşyk geçirmek üçin bankda hasaplaşyk hasabyny açýarlar we nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrýarlar.

2. Bank tarapyndan geçirilýän tölegler diňe müşderileriň talaby boýunça amala aşyrylýar.

3. Nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşini müşderiniň özi saýlaýar we tabşyrýar.

4. Nagt däl hasaplaşyklaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edilýär.

5. Nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrýan taraplaryň jogapkärçilikleri bellenýär.

**Türkmenistanda Merkezi bankyň Düzgünnamasynyň esasynda nagt däl hasaplaşyklar:**

– töleg tabşyryklary bilen hasaplaşmalar;

– akkreditiw boýunça hasaplaşmalar;

– çekler bilen hasaplaşmalar;

– inkasso boýunça hasaplaşmalar;

– töleg talapnamalary-tabşyryklary bilen hasaplaşmalar;

– bank töleg kartlary bilen hasaplaşmalar görnüşinde amala aşyrylýar.

**Banklar öz işinde nagt däl hasaplaşyklaryň dürli görnüşlerini ulanýarlar. Olar:**

**Töleg tabşyrygy** hasabyň eýesiniň (töleýjiniň) oňa hyzmat edýän banka, belli bir pul serişdeleriniň möçberini öz hasabyndan alyjynyň hasabyna şu ýa-da başga bankda açylan hasabyna geçirmek hakynda görkezmesidir.

Töleg tabşyrygy, eger müşderi tarapyndan töleg tabşyrygynda başga möhlet görkezilmedik bolsa, hasaplaşyk resminamasynyň kabul edilen gününiň yzyndan gelýän iş gününden (ertirden) gijä goýulman bank tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Töleg tabşyryklary bilen pul serişdeleri geçirilýär. Pul serişdeleri, esasanam, satyn alnan harytlar üçin, ýerine ýetirilen hyzmatlar, işler üçin, goýumlary, karzlary ýerleşdirmek, alnan karzy gaýtarmak we olar boýunça göterimleri tölemek üçin, ähli derejelerdäki býujetlere we býujetden daşary gaznalara tölegleri geçirmek üçin, jerimeleri tölemek üçin, paýnamalary tölemek üçin we ätiýaçlyk serişdelerini tölemek üçin geçirilýär.

**Töleg tabşyrygyny doldurmak üçin:**

1. Töleg tabşyrygynyň belgisi.
2. Doldurylýan senesi.
3. Tölegiň görnüşi.
4. Tölegiň möçberi (ýazmaça we san bilen).

5. Töleýjiniň we alyjynyň banky;
6. Ýerine ýetirilýän amalyň görnüşi;
7. Tölegiň möhleti;
8. Tölegiň yzygiderligi;
9. Gollar we möhür;
10. Tölegiň maksady ýaly ýörite berk düzgünler bardyr.

Töleg tabşyrygy ýörite blankada doldurylýar. Onuň biri töleýjiniň bankynda galýar, ikinjisi alyjynyň bankyna ugradylýar, üçünjisi töleýjiniň özüne gaýdyp berilýär. Töleýjiniň hasabynda pul serişdeleri ýok ýa-da ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda (töleg tabşyrygy kabul edilen senesinde ýüze çykan beýleki talaplaryň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşyklylykda), eger bank hasabynyň şertnamasynda hasaplaşyk resminamalarynyň hasabynda bar bolan pul serişdelerinden daşary tölemegiň şertleri kesgitlenmedik bolsa, töleg tabşyryklary balansdan daşgary 71501-nji hasap boýunça kartoteka hasabyna ýerleşdirilýär. Balansdan daşgary 71501-nji hasap boýunça kartotekadaky töleg tabşyryklarynyň bölekleýin tölenilmegine rugsat berilýär. Töleg tabşyrygy bölekleýin tölenende bank 0402001 görnüşli memorial orderi ulanýar.

**Banklar tarapyndan akseptlenen töleg tabşyryklary geçirilýär. Olar:**

- Poçta arkaly amala aşyrylýan pul geçirimleri, poçta bukjalarynyň iberilmegi, niýetlenen tölegleriň tölenilmegi üçin Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň kärhanalary bilen hasaplaşyklarda.
- Ýükleriň, ýolagçylaryň we olaryň goşlarynyň daşalandygy üçin ulag guramalary bilen bir gezeklik hasaplaşyklarda ulanylýar.
- Akseptlenen tabşyryk tölegi diňe doly möçberinde kabul edilip bilner we akseptlenen tabşyrygyň pul möçberinden nagt pulda gaýtargy almak we olary nagt pula çalyşmak gadagandyr.
- Banklar akseptlenen töleg tabşyryklaryny kabul edende, bank töleg tabşyrygynyň arka tarapynda olary tölege kabul eden kärhananyň kabul edip alan senesini görkezip, basylan möhürçesiniň bardygyny gözden geçirmelidir.
- Hasaplaşyklaryny bankyň akseptlän tabşyryklary bilen geçirmek isleýän töleýji tabşyrygy öz hyzmat edilýän bank edarasynda ak-

septlemek üçin üç nusgada tabşyrýar. Tabşyrygyň birinji iki nusgasy gollar we möhür bilen resmileşdirilmelidir.

Tabşyrygyň resmileşdirilişiniň dogrulygy barlanandan soňra, onuň pul möçberi bank edarasy tarapyndan tabşyrygyň birinji nusgasynyň esasynda tölejiniň hasabyndan aýrylýar we 23901-nji hasapda deponirlenýär.

**Akkreditiw** («akredo» latyn sözünden bolup, «ynanýaryn» diýen manyny aňladýar) töleg tabşyrygynda bank töleýjiniň talaby boýunça tölegleri ýerine ýetirmäge çalyşýar. Akkreditiw diňe bir ýük ugradyjy bilen hasaplaşmak üçin ulanylýar. Alyjy bilen ýük ugradyjy kepil hökmünde banky ulanýar. Bank «alyjynyň puly bar, olam mende» diýýär, ýük ugradyja bank işini ýerine ýetirensoň pul berýär.

**Akkreditiw boýunça hasaplaşyklar:**

• emitent bank – buýruk berijiniň haýyşy boýunça ýa-da öz adyndan akkreditiwi açýan bank;

• buýruk beriji – haýyşy boýunça akkreditiw açylýan tarap;

• benefisiar – haýryna akkreditiw açylýan tarap;

• habar beriji bank – emitent bankyň haýyşy boýunça akkreditiw barada habar berýän bank.

• ýerine ýetiriji bank – akkreditiwiň ýerine ýetirilmegi göz öňünde tutulýan bank (müşderiniň islegine laýyklykda).

• tassyklaýjy bank – emitent bankyň haýyşy ýa-da ygtyýarlygy esasynda akkreditiwe öz tassyknamasyny goşan bank gatnaşýar.

Töleg borçnamasyny ýerine ýetirmägeň görnüşi hökman akkreditiwde görkezilmeli. Töleg borçnamasyny ýerine ýetirmäge üpjün etmek üçin deponirlenýän pul serişdeleri 23501-nji hasapdan «Akkreditiwler», 23508-nji hasapdan «Akkreditiwler boýunça hasaplaşyklar» balans hasabynda hasaba alynýar. Möhleti yza süýşürilen töleg boýunça borçnamalaryň hasaby balansdan daşgary 61401-nji «Milli puldaky akkreditiwler boýunça borçlar», 62401-nji «Daşary ýurt pulundaky akkreditiwler boýunça borçlar» hasaplarynda alnyp barylýar.

Akkreditiw boýunça töleg pul serişdelerini benefisiaryň hasabyna geçirmek arkaly nagt däl görnüşinde amala aşyrylýar. Akkreditiwiň hasabyndan nagt tölemäge rugsat berlenok.

**Akkreditiw boýunça hasaplaşyklar şertnama esasynda amala aşyrylýar.**

**Onuň şertleri:**

1. Emitent bankyň ady;
2. Alyjy bankyň ady;
3. Akkreditiwiň möçberi;
4. Akkreditiwiň görnüşi;
5. Alyja habar bermek;
6. Töleýjä habar bermek;
7. Resmi kagyzlaryň sanawy;
8. Akkreditiwiň dowamlylygy;
9. Tölegiň şertleri;
10. Jogapkärçilik.




**4-nji çyzgy. Akkreditiw boýunça geçirilýän amallar**

Çyzgydan görnüşi ýaly:

1. Ikitaraplaýyn (alyjynyň we satyjynyň arasynda) şertnama baglaşylýar.
2. Akkreditiwi açmak barada arza (alyjy öz bankyna) ýazylýar.
3. Akkreditiwiň açylanlygy barada habar (alyjynyň banky satyjynyň bankyna) berilýär.
4. Onuň adyna açylan akkreditiw barada habar (satyjynyň banky satyja) berilýär.
5. Işler ýerine ýetirilýär (satyjy alyja)
6. Işiň ýerine ýetirilenligini tassyklaýan resmi kagyzlar banka (satyjy öz bankyna) tabşyrylýar.
7. Kagyzlar alyjynyň bankyna (satyjynyň banky alyjynyň bankyna) ugradylýar.

8. Satyjynyň banky tarapyndan hasaplaşyk baradaky hereketiň göçürmesi (satyjynyň banky satyja) berilýär.

9. Harytlary almak üçin resmi kagyzlar satyn alyja (alyjynyň banky alyja) geçirilýär.

**Çek** – bu çek berijiniň banka çekde görkezilen möçberdaki pul serişdesini çeki saklaýja tölemek hakynda hiç zat bilen şertlendirilmedik görkezmesini özünde jemleýän hasaplaşyk resminamasydyr. Bankda çekleri bermek arkaly ulanmaga ygtyýarly pul serişdeleri bolan (edara görnüşli ýa-da şahsy) tarap çek berijidir. Haýryna çek berlen (edara görnüşli ýa-da şahsy) tarap çeki saklaýjydyr. Çek berijiniň pul serişdeleriniň ýerleşýän banky çek boýunça töleýjidir. Çekleri hasaplaşyklarda ulanmagyň tertibi we şertleri Türkmenistanyň kanunçylygy, şeyle hem Türkmenistanyň banklarynyň içerki kadalary bilen düzgünleşdirilýär. Görkezilen kadalar Türkmenistanyň banklary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işlenip düzülýär we Merkezi bank bilen ylalaşylýar. Banklarda çek berijiniň çäklendirilen çekler bilen hasaplaşyklar üçin pul serişdeleri 23201-nji «Hasaplaşyk çek kitapçalary we güwähatlary» balans hasabynda deponirlenýär. Çek kitapçasyny satyn almak üçin arza esasynda (satyjy öz bankyna, alyjy öz bankyna ýazýar) çek kitapçasy berilýär.

Nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin, Türkmenistanyň banklary tarapyndan goýberilen çekler ulanylyp bilner.

Inkasso boýunça hasaplaşyklar serişdeleri alýanyň (töletdirip alyjynyň) bankynyň müşderiniň tabşyrygy boýunça we onuň hasabyna, hasaplaşyk resminamalarynyň esasynda töleýjiden serişdeleri almak boýunça işleri amala aşyrýan bank amalydyr.

**Inkasso boýunça hasaplaşyklaryň** tölenmegi töleýjiniň görkezmesi boýunça (akseptli tertipde) ýa-da onuň görkezmesi bolmazdan (akseptsiz tertipde) amala aşyrylyp bilinýän töleg talapnamalary we tölenmegi töleýjiniň görkezmesi bolmazdan (jedelsiz tertipde) amala aşyrylýan inkasso tabşyryklary esasynda amala aşyrylýar.

Töleg talapnamalary we inkasso tabşyryklary serişdeleri alýan (töletdirip alyjy) tarapyndan serişdeleri alýana (töletdirip alyja) hyzmat edýän bankyň üsti bilen töleýjiniň hasabyna bildirilýär.

Serişdeleri alýan (töletdirip alyjy) bellenip geçilen hasaplaşyk resminamalaryny banka, iki nusgada düzülýän, inkasso berlen ha-

saplaşyk resminamalarynyň 0403002 görnüşli sanawynyň (düzgünnama 11-nji goşundy) ýanyna goşup berýär. Serişdeleri alýanyň (töletdirip alyjynyň) islegine görä, sanawa töleg talapnamalary we inkasso tabşyryklary goşulyp biler.

Sanawyň birinji nusgasy hasaplaşyk resminamalaryna gol çekmäge hukugy bolan şahslaryň gollary we alýanyň (töletdirip alyjynyň) möhri bilen resmileşdirilýär.

Inkasso berlen hasaplaşyk resminamalarynyň sanaw blankasynyň görnüşi, salgylaryň her biriniň manylaryny ýazmak üçin aýrylan meýdançalaryň belgilenişi hem-de olaryň beýany düzgünnamanyň 12-nji we 13-nji goşundylarynda görkezilýär.

**Töleg-talapnama tabşyryklary bilen hasaplaşyklar.** Töleg - talapnama tabşyrygy üpjün edilen önümiň, ýerine ýetirilen işleriň, edilen hyzmatlaryň bahasyny we beýleki amallar boýunça geçirmeleri tölemek barada üpjün edijiniň satyn alyja talabydyr. Üpjün edijiniň talaby hasaplaşyk we ýükläp iberiş resminamalary esasynda bildiriler we hyzmat ediji bankdan sowlup töleýjä berlip biler.

Töleg-talapnama tabşyryklaryny üpjün ediji tarapyndan 0401004-nji görnüşiň blankasynda (düzgünnama 23-nji goşundy) nusgalar zerur möçberinde ýazylyp, resminamalar bilen bilelikde gönüden-göni satyn alyja iberilip bilner.

Töleg-talapnama tabşyrygy gönüden-göni töleýjiniň bankyna gelen ýagdaýynda, bank ony aýratyn kitapda gol çekdirip töleýjä berýär we tölegiň geçirilmegine gözegçiligi ýola goýýar.

Töleg-talapnama tabşyrygyny doly ýa-da bölekleýin tölemek hakynda ylalaşan ýagdaýynda, töleýji ony ähli nusgalarynda goýulýan, hasaby dolandyrmaga ygtyýarlandyrylan şahslaryň gollary we möhrüniň yzy bilen resmileşdirýän hem-de şertnamada göz önünde tutulan möhletiň çäklerinde töleg-talapnama tabşyrygynyň ähli nusgalaryny oňa **hyzmat edýän banka tabşyrýar, olaryň:**

1-nji nusgasy töleýjiniň hasabyndan serişdeleri aýyrmak üçin esas bolup hyzmat edýär we amal ýerine ýetirilenden soňra bankda günüň resminamalaryna ýerleşdirilýär.

Soňky nusgasy ýerine ýetirmäge kabul edilendigi hakynda dilhaty hökmünde gaýtarylýar.

Galan nusgalary hasaplaşyklaryň amala aşyrylyşyna görä, maglumatlary bermegiň ulanylýan usulyna baglylykda üpjün edijä hyzmat edýän banka iberilip ýa-da eger taraplar bir bank edarasynda hyzmat edilýän bolsa, gönüden-göni üpjün edijä berlip bilner.

Töleýjiniň töleg-talapnama tabşyrygynyň banka tabşyrmaly möhletini taraplar şertnamada kesgitleýärler. Oňa bank tarapyndan gözegçilik edilmeýär.

Töleg-talapnama tabşyrygy bank tarapyndan ýerine ýetirilmek üçin diňe töleýjiniň akseptlän pul möçberinde kabul edilýär.

Serişdeleri bolmadyk ýa-da ýetmezçilik eden ýagdaýynda töleg-talapnama tabşyrygy balansdan daşary 71501-nji hasap boýunça kartoteka ýerleşdirilýär we Düzgünnamanyň 33-nji bölümi bilen kesgitlenen tertipde tölenýär.

Töleg-talapnama tabşyrygyny doly ýa-da bölekleýin tölemekden boýun gaçyrýandygy hakynda töleýji gönüden-göni üpjün edijä, sertnamada kesgitlenen tertipde we möhletlerde habar berýär.

**Banklaryň Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan aragatnaşyk hasaplary.** Türkmenistanyň Merkezi bankynyň düzüm birliklerinde açylan aragatnaşyk (aragatnaşyk kömekçi) hasaplarynyň üsti bilen pul serişdeleriniň her bir hasaplaşyk resminamasy boýunça aýratynlykda we yzygiderli geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň çäginde ýerleşen we bank amallaryny amala aşyrmaga Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasy bolan Baş bank (daşary ýurt banklarynyň şahamçalaryny hem goşmak bilen) hasaplaşyk amallaryny geçirmek üçin, öz ýerleşýän ýeri boýunça Türkmenistanyň Merkezi bankynyň düzüm birliginde milli pul birliginde bolan bir aragatnaşyk hasabyny açýar.

Baş bank her şahamçasynyň adyna onuň ýerleşýän ýeri boýunça Türkmenistanyň Merkezi bankynyň düzüm birliginde bir aragatnaşyk kömekçi hasabyny açyp biler. Baş bank ýa-da bankyň beýleki bir şahamçasy (welaýat dolandyryş edarasy) bilen Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bir düzüm birliginde hyzmat edilýän şahamçalar muňa degişli däldir. Bu ýagdaýda hasaplaşyk amallary Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylýan ýeke-täk aragatnaşyk bankynyň ýa-da bankyň beýleki şahamçasynyň Merkezi bankda açylýan ýeke-täk aragatnaşyk kömekçi hasabynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Hasaplaşyk amallary Merkezi bankyň üsti bilen amala aşyrylanda, Merkezi bank bilen onuň hyzmat edýän banklarynyň (şahamçalarynyň) arasyndaky gatnaşyklar Türkmenistanyň kanunçylygy, Merkezi bank bilen bankyň arasynda baglaşylýan aragatnaşyk hasabynyň şertnamasy bilen düzgünleşdirilýär.

Eger hasabyň şertnamasynda, şeýle hem Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, tölegler olaryň geçirilýän wagtynda bar bolan serişdeleriň çäklerinde amala aşyrylyp bilner.

Aragatnaşyk hasabynda serişdeleriň ýetmezçiligi sebäpli tölenmedik hasaplaşyk resminamalary Merkezi bankda günüň içindäki kartoteka ýerleşdirilýär.

Banklar hasaplaşyk resminamalaryny Merkezi bankyň düzüm birligine elektron görnüşde (aragatnaşyk ulgamy boýunça, magnit göterijilerde) berýärler.

Banklaryň aragatnaşyk hasaplary boýunça Merkezi bankyň düzüm birliklerine elektron görnüşinde gelen hem-de Merkezi bankyň düzüm birlikleriniň hasaplaşyk resminamalary esasynda her bir hasaplaşyk resminamasyny tölemek arkaly amala aşyrylýar.

Baş bankyň (daşary ýurt banklarynyň şahamçalaryny goşmak bilen) pul serişdeleriniň hökman ätiýaçlyk gorlaryna geçirilmegi aýratyn elektron töleg resminamalary bilen amala aşyrylýar. Şunda, pul serişdelerini Merkezi bankda deponirlenýän hökmany ätiýaçlyk gorlaryna geçirmek üçin hasaplaşyk resminamalarynda tölegiň nobatlylygy görkezilmeýär we Merkezi bank tarapyndan Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasy we ony ulanmak boýunça görkezmelere laýyklykda täjirçilik we beýleki banklaryň bellenilen tertipde Türkmenistanyň Merkezi bankyna berlen depozitleri 115-nji we 126-njy aktiw hasaplaryna alynýar.

Bankyň aragatnaşyk (aragatnaşyk kömekçi) hasabyndan pul serişdelerini aýyrmak ýa-da bu hasaba girdeji getirmek boýunça amallar (düzgünnamanyň 26-njy goşundysyndaky görnüşi boýunça) aragatnaşyk hasabyndan göçürme bilen tassyklanylýar. Hasapdan göçürme

elektron gulluk-maglumat resminamasy (EGMR) görnüşinde berilýär. Banklar EGMR-i hasabyň şertnamasynda ýa-da maglumatlary goraýyş serişdelerini ulanyp elektron resminamalaryny alyşmagyň tertibini kesgitleýän şertnamada (alşyk sertnamasy) bellenen möhletlerde we tertipde alýarlar.

**Banklar tarapyndan Merkezi bankyň üsti bilen amala aşyrylýan tölegler:**

• Serişdeleriň töleýjiniň bankynyň Merkezi bankyň düzüm birligindäki aragatnaşyk hasabyndan aýrylandygy EGMR görnüşindäki göçürme arkaly tassyklanandan soňra çagyrylmasyz diýip hasaplanýar;

• Serişdeleriň alyjynyň hasabyna geçirilendigi göçürme bilen tassyklanandan soňra gutarnykly diýip hasaplanýar.

Banklaryň ýeke-täk aragatnaşyk hasabynyň üsti bilen geçirilýän hasaplaşyklary amala aşyrmagynyň, hasaba almagynyň we olara gözegçilik etmeginiň içerki tertibi banklar tarapyndan özbaşdak kesgitlenýär we Merkezi bank bilen ylalaşylýar.

**Bankara hasaplaşyklar** – bu banklaryň arasyndaky tölegleri ýerine ýetirýän ulgamdyr. Bankara hasaplaşyklar:

• harytlary satmak we satyn almak, hyzmat etmek boýunça edara-kärhanalaryň, guramalaryň, şereketleriň, telekeçileriň we ş.m. arasynda hasaplaşyk geçirmegi;

• býujete salgytlary we ýygymlary tölemegi;

• şahsy taraplaryň iş hakyny hasabyna geçirmegi;

• depozitleri çekmegi, karz bermegi;

• daşary ykdysady geleşikleri geçirmegi amala aşyrýar.

**Bankara hasaplaşyklar üç usul bilen, ýagny:**

1. Bir bankda hasaplaşyk hasabyny açan kärhanalaryň arasynda;

2. Merkezi bank bilen geçirilýän hasaplar (Hasaplaşyk pulhana merkezi) bilen;

3. Aýry banklarda hasaplaşyk hasabyny açan kärhanalaryň arasynda amala aşyrylýar.

Habarçy hasaby talap edilýänçä depozitleriň görnüşidir. Onda bankyň esaslyk, ätiýäçlyk gaznalarynyň we müşderileriň pul serişdeleri bar. Habarçy hasaplar Hasaplaşyk pulhana (kassa) merkeziniň üsti bilen amala aşyrylýar.

Täjirçilik we beýleki banklar bilen Hasaplaşyk pulhana merkeziniň arasynda şertnama arkaly habarçy gatnaşyklar amala aşyrylýar. Her bank öz hasabyny açmaly we hasaplaşyklary Hasaplaşyk pulhana merkeziniň üsti bilen ýerine ýetirmeli. Hasaplaşyk pulhana Merkezi hasaplaşyklardan başga-da karzlaşdyrmak bilen, pulhana hyzmatlaryny geçirmek bilen, býujetiň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmek bilen baglydyr.

**Banklarda nagt däl hasaplaşyklar:**

– haçan-da kärhanalaryň aralaryndaky hasaplaşyklar bir bankda alnyp barlanda;

– haçan-da kärhanalaryň aralaryndaky hasaplaşyklar aýry-aýry banklarda alnyp barlanda amala aşyrylýar.

Bankara hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin habarçy hasaplar ulanylýar. Oňa «Loro» («Siziň hasabynyz bizde»), «Nostro» («Biziň hasabymyz sizde») we ş.m habarçy hasaplar girýär.

**Döwlet täjirçilik we beýleki banklar şu aşakgaky hasaplaşyklary geçirýärler:**

• Pul serişdelerini müşderileriň hasabyndan başga bankyň hasabyna geçirýär.

• Wagtlaýyn boş pul serişdelerini bankara karz hökmünde ýerleşdirýär.

• Merkezleşdirilen karzlary alýar.

• Daşary ýurt walýutasyny alýar.

Ýokarda görkezilen amallary ýerine ýetirmek üçin banklar öz arasynda şertnama baglaşýarlar. Olara bolsa **habarçy gatnaşyklar** diýilýär.

**Habarçy gatnaşyklar** – bu karz edaralarynyň ikisiniň ýa-da birnäçesiniň arasyndaky öz talaplary boýunça tölegleri we hasaplary amala aşyrmak baradaky gatnaşyklardyr. Bu gatnaşyklar dürli karz edaralarynyň arasynda, döwlet täjirçilik, paýdarlar, täjirçilik banklarynyň we Merkezi bankyň arasynda, daşary ýurtlaryň Merkezi banklarynyň arasynda bolup biler.

## 4.4. Türkmenistanyň banklarynyň pulhana amallary

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2012-nji ýylyň 27-nji iýulyndaky №197-Ö buýrugy bilen tassyklanan «Türkmenistanyň karz edaralarynda pulhana amallaryny geçirmegiň

tertibi baradaky» Düzgünnama esasynda banklarda pulhana amallary amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň bank ulgamynda pulhana amallarynyň ähmiýeti ýokarydyr. Olaryň esasy ýerine ýetirýän işlerine Merkezi bank tarapyndan gözegçilik edilýär, olar:

• Halk hojalygynda pulhana amallarynyň ýerine ýetirilişiniň düzgünini belleýär.

• Banknotlaryň we şaýlyklaryň çykarylyşyny gurnaýar.

• Nagt pul serişdeleriniň geçirilişini, saklanylyşyny we inpulhanasiýanyň düzgünini belleýär.

• Banknotlaryň we şaýlyklaryň ätiýäçlyk gorlaryny döredýär.

• Könelen pul birliklerini dolanyşykdan aýyrýar, olary çalyşýar we tölege ukyplylygyny belleýär.

Şol sebäpli banklaryň esasy ýerine ýetirmeli işi Düzgünnama laýyklykda öz müşderilerini nagt pul serişdeleri bilen wagtynda üpjün etmek bolup durýar.

Gysgaça aýdanymyzda, pulhana amallary nagt pul serişdelerini saklamak, inkassirlemek we bermek bilen bagly bankyň hereketidir. Ondan başga-da banklarda müşderileriň gymmatbahaly zatlaryny (altyn, kümüş we gymmatbahaly kagyzlary) saklap bermek üçin ýörite enjamlaşdyrylan jaýlar bar. Nagt pul serişdeleri we gymmatbahaly zatlar bilen geçirilýän amallara pulhananyň müdiri gözegçilik edýär we olary ýöredýär. Her gün pulhana bankyň başlygynyň, baş buhgalteriň we pulhana bölüminiň müdiriniň gatnaşmagynda açylýar. Şol jaýyň üç gulpy bolýar. Her gulpuň açary ýokarda görkezilen taraplara berilýär.

Düzgünnama laýyklykda, edaralara, kärhanalara, guramalara, şereketlere pulhanasynda limitden artyk pul serişdelerini 3 günden artyk saklamak gadagandyr. Şol sebäpli ýuridik taraplar pulhanasynda limitden artyk pul serişdelerini banklaryň ýörite pulhana amallary bölümlerine tabşyrýarlar.

Türkmenistanyň banklary girdeji pulhanasyna ýuridiki we fiziki taraplardan alan nagt pul serişdelerini düzgünnama laýyklykda tabşyrmak hakyndaky bildiriş resminamasynyň üsti bilen kabul edýär. Resminama doldurylandan soň jogapkär ýerine ýetiriji resminamanyň 0402001-nji görnüşiniň maglumatlarynyň dolulygyny we dogrulygyny barlap bolansoň öz girdeji pulhana dergisine (žurnalyna) bellik edýär.

Girdeji pulhanasyndan kabul edilen nagt pul serişdeleri pulhananyň müdirine tabşyrylýar. Düzgünnamanyň esasynda tabşyrylan nagt pul serişdeleriniň möçberi ýörite pulhana kitabynda 0482155-nji görnüşde bellige alynýar. Iş gününiň ahyrynda pulhanaçy girdeji pulhana resminamalarynyň esasynda 0482109-njy görnüşli güwänamany doldurýar. Bu görnüşiň maglumatlary gözegçi pulhanaçynyň, buhgalteriň girdeji pulhana dergisiniň maglumatlary bilen deňeşdirilýär hemde şol iş gününiň galyndysyna çykarylýar.

**Girdeji pulhanasy** günüň dowamynda gelip gowuşýan nagt pul serişdelerini kabul etmek üçin niýetlenen bankyň esasy bir bölümi bolup durýar.

Bankyň girdeji pulhanasynyň aýratynlygy hem nagt pul serişdeleri edara görnüşli taraplardan we şahsy taraplaryň özlerinden (ýa-da ynanç haty esasynda olaryň adyndan hereket edýän şahslardan), olaryň ygtyýarly işgärlerinden kabul edilýär.

Girdeji pulhanasyna nagt pul serişdelerini kabul etmek boýunça amallara gatnaşýan taraplar hökmünde nagt pul serişdelerini tabşyrýan müşderiler, pulhana amallary bölüminiň işgärleri we pulhanaçylary çykyş edýärler.

Girdeji pulhanalaryna nagt pul serişdelerini tabşyrmak üçin müşderiler bildiriş blankalaryny doldurýarlar. Bu resminama 3 görnüşden ybarat bolup:

1. Birinji görnüşi bildiriş;
2. Ikinji görnüşi kwitansiýa;
3. Üçünji görnüşi buýruk haty (order).

Nagt pul serişdelerini tabşyrmak üçin **bildirişiň** ähli görnüşleri, umuman, birmeňzeş doldurylýar. Bildirişde nagt pul serişdeleriniň tabşyrylýan senesi, tabşyrýanyň ady we familiýasy, hasabyň belgisi, bankyň ady, alyjynyň ady, nagt puluň möçberi (san bilen we ýazmaça), pulhana nagt pul serişdeleriniň näme maksat bilen tabşyrylýandygy görkezilýär we müşderi tarapyndan gol çekilýär. Soňra müşderi nagt pul serişdelerini tabşyrmak üçin bildirişi pulhana amallary bölüminiň işgärine berýär. Pulhana amallary bölüminiň işgäri bu resminamanyň ähli görnüşleriniň dogry doldurylandygyny barlap, oňa gol çekýär we tabşyrylýan nagt pul serişdeleriniň möçberini girdeji pulhana dergisinde hasaba alandan soň resminamany pulhana geçirýär. Amallar

bölüminiň işgäri tarapyndan gol çekilenden soň nagt pul serişdelerini tabşyrmak üçin bildiriş alandan soň, girdeji pulhanasynyň pulhanaçysy amallar bölüminiň işgäriniň goluny pulhanada saklanýan gollaryň nusgasy bilen deňeşdirýär, bildirişde sanlar bilen we ýazmaça görkezilen möçberleriň biri-birine gabat gelýändigini barlaýar we nagt pul serişdeleri tabşyrýan müşderini çagyryp, ondan bildirişde görkezilen nagt pul serişdelerini kabul edýär.

Pulhanaçy kagyz pullary we şaýylary ýekeme-ýeke sanap, nagt pul serişdeleriniň tölege ukyplylygyny we hakykylygyny barlap kabul etmelidir. Nagt pullaryň hakykylygyny barlamak üçin pulhanaçy ultramelewşe çyrany, ýörite magnit detektorlary bolan pul sanalýan maşynlary we beýleki serişdeleri ulanýar.

Eger müşderi nagt pul serişdelerini dürli hasaplara geçirmek üçin birnäçe resminama boýunça tabşyrýan bolsa, onda pulhanaçy nagt pul serişdelerini her bir resminama boýunça aýratynlykda kabul edýär. Nagt pul serişdelerini kabul edýän wagty pulhanaçynyň iş stolunda diňe sahsy tarapyň tabşyrýan pullary bolmalydyr. Pulhanaçy tarapyndan öň kabul edilen nagt pul serişdeleriniň ählisi olary saklamak üçin niýetlenen ýerlerde aýrylyp goýulmalydyr.

Pulhanaçy nagt pul serişdelerini kabul edip bolandan soň, sanalan pullaryň hakyky möçberini hasaplaýjy enjamyň (kalkulýatoryň) barlag lentasynda hasaba alnan möçber we girdeji pulhana resminamasynda görkezilen möçber bilen deňeşdirýär. Möçberler gabat gelýän bolsa, nagt pul serişdelerini tabşyrmak boýunça bildirişiň ähli görnüşine, ýagny **bildirişe, kwitansiýa** we **buýruk hatyna** gol çekýär, kwitansiýa möhür basýar we ony nagt pul serişdelerini tabşyrýan müşderä berýär. Bildiriş pulhanaçynyň özünde saklanyp galýar, buýruk haty pulhana dergisini ýöredýän amallar bölüminiň işgärine berilýär.

Tölege ukypsyz, hakyky bolmadyk ýa-da şübheli nagt pul serişdeleri ýüze çykarylan ýagdaýynda, seýle hem hakyky sanalyp kabul edilen nagt pul serişdeleriniň möçberi bilen resminamada görkezilen pul möçberleri biri-birine gabat gelmedik ýagdaýynda nagt pul serişdelerini tabşyrýana resminamany gaýtadan ýazmak teklip edilýär. Şol sebäpli tölege ukypsyz kagyz pullaryna «Çalyşmak ret edildi» diýen möhürçäni basýar we bankyň adyny, senäni, familiýasyny görkezip, goluny çekýär. Tölege ukypsyz kagyz pullar müşderä yzyna berilmän,

Türkmenistanyň Merkezi bankyna ugratmak (inkassirlemek) üçin ýörite hasaba geçirilýär.

Hakyky bolmadyk ýa-da şübheli nagt pul serişdelerini pulhanaçy ekspertiza etmek üçin pulhana amallary bölüminiň başlygyna (pulhana müdirine) ýa-da bu ugurda ýeterlik hünär derejesine eýe bolan ýörite işgäre (bilermene) geçirýär. Müşderä bolsa nagt pul serişdeleriniň ekspertiza kabul edilendigi barada güwänama berilýär.

Müşderi tarapyndan nagt pul serişdelerini tabşyrmak üçin resminama doldurylyp, nagt pul serişdeleri pulhana tabşyrylmadyk ýagdaýynda, pulhanaçy munuň sebäbini anyklamak üçin resminamany amallar bölüminiň işgärine yzyna gaýtarýar. Nagt pul serişdeleriniň tabşyrylmazlygynyň sebäpleri anyklanandan soň, bu sebäpler girdeji pulhanasynyň resminamasynyň ýüzünde ýazmaça görkezilýär we bankyň ýolbaşçysy bilen baş hasapçysy tarapyndan gol çekilýär. Bu ýagdaýda pulhana dergisindäki ýazgylaryň üsti çyzylýar.

Girdeji pulhanasynyň işgäri müşderilerden kabul eden pullaryny, pulhana amallary bölüminiň başlygyna (pulhananyň müdirine) tabşyran nagt pul serişdeleriniň möçberlerini ýörite kitapda her gün bellik edýär.

Amallar gününiň ahyrynda kabul edilen resminamalaryň we hasaplaýjy enjamyň (kalkulýatoryň) barlag lentasynyň esasynda degişli delilnamany düzýär. Delilnamadaky möçberleri özüniň kabul eden nagt pul serişdeleriniň möçberleri bilen deňeşdirýär. Bu delilnama pulhanaçy tarapyndan gol çekilýär we onda görkezilen pulhana dolanyşyklaryny amallar bölüminiň işgärleriniň pulhana dergilerindäki ýazgylar bilen deňeşdirýär. Deňeşdirmäniň netijesi boýunça pulhanaçy amallar bölüminiň işgärleriniň pulhana dergilerine, amallar bölüminiň işgärleri bolsa pulhanaçynyň delilnamasyna gol çekýärler.

Müşderilerden kabul edilen we rejeleşdirilen gaplanan nagt pul serişdelerini pulhanaçy girdeji resminamalary, hasaplaýjy enjamyň (kalkulýatoryň) barlag lentasy we delilnama bilen birlikde, degişli kitaba gol çekdirmek bilen, pulhana amallary bölüminiň başlygyna (pulhananyň müdirine) tabşyrýar. Pulhana amallary bölüminiň başlygy tabşyrylan pul serişdeleriniň jemini pulhanaçynyň delilnamasynda görkezilen jem bilen deňeşdirip, delilnama gol çekýär. Mundan soňra delilnamanyň has anyk barlanmagy üçin ol baş hasapça geçirilýär.

Delilnama baş hasapçy tarapyndan barlanandan we gol çekilenden soňra pulhananyň gündelik resminamalaryna çatylýar.

Amallar gününiň dowamynda amallar pulhanasyna gelip gowşan nagt pul serişdeleri şol iş gününiň özünde amallar pulhanasyna girdeji edilmelidir we bankyň balansy boýunça degişli hasaplara geçirilmelidir.

Bankyň pulhanasyna nagt pul serişdelerini tabşyrmak boýunça käbir amallar, mysal üçin, şahsy taraplaryň öz hasaplaryna geçirmek ýa-da alnan karzlary yzyna gaýtarmak üçin nagt pul serişdelerini tabşyrmak, bankyň degişli işgärleri tarapyndan hasabat bermek şerti bilen alnan, ýöne ulanylmadyk möçberleriň yzyna gaýtarylmagy ýaly amallar girdeji pulhanasynyň buýruk hatlary bilen resmileşdirilýär.

**Agşamky pulhana, onuň resminama aýlanyşygy we pulhananyň iş tertibi.** Banklarda iş gününiň ahyryna maglumatlar jemlenýär. Bank maglumatlary jemlenenden soňra müşderilerden gelen nagt pul serişdeleriniň agşamky pulhananyň üsti bilen kabul edilmegi amala aşyrylýar. Agşamky pulhananyň döredilmegi edara-kärhanalara bank tarapyndan edilýän hyzmatlaryň bökdençligini aradan aýyrýar. Edara-kärhanalar banka öz girdejilerini günüň dowamynda tabşyryp dursalar, nagt pul serişdeleriniň dolanyşygy çaltlanýar, olaryň saklawy we goraglylygy kepillendirilýär. Kabul edilen nagt pul serişdeleri şol iş gününiň dowamynda hökman işlenilmeli. Agşamky pulhanada kabul edilen nagt pul serişdeleri ertirki iş gününiň başlanmagy bilen hasaba alynmaly. Agşamky pulhananyň resminama aýlanyşygy we ondaky buhgalter ýazgylarynyň hereketi girdeji pulhanasynyň hereketi bilen meňzeşdir. Agşamky pulhananyň resminamalarynda hökman «Agşamky töleg» diýlen belgili möhürçe (ştamp) goýulýar.

Banklarda agşamky pulhanalaryň iş wagty bildiriş asmak arkaly müşderilere ýetirilýär. Bu pulhanalara nagt pul serişdeleri hasapçy-gözegçiniň gözegçiliginde pulhanaçy tarapyndan kabul edilýär.

**Agşamky pulhanalar nagt pul serişdelerini iki görnüşde, ýagny:**

- girdeji pulhanasynyň resminamalary boýunça müşderileriň özlerinden;
- wedomostlar boýunça plombalanan torbalarda (haltalarda) inkassatorlardan kabul edýärler.

Eger-de nagt pul serişdeleri müşderileriň özleri tarapyndan tabşyrylsa, hökman müşderi nagt pul serişdelerini tabşyrmak üçin bildirişnama doldurýar we resminamany hasapçy-gözegçä geçirýär. Hasapçy-gözegçi bildirişnamanyň dogrulygyny barlaýar we nagt pul serişdeleriniň möçberini pulhana dergisinde bellige alyp, bildirişi pulhanaça berýär.

Pulhanaçy nagt pul serişdelerini kabul edýär we nagt pul serişdelerini tabşyrmak üçin bildirişnamanyň bildiriş we buýruk haty görnüşlerine gol çekýär. Bildirişnamanyň kwitansiýa görnüşine pulhanaçy bilen hasapçy-gözegçi tarapyndan gol çekilip we agşamky pulhananyň möhri bilen berkidilip, müşderä berilýär.

Agşamky pulhananyň pulhanaçysy tarapyndan nagt pul serişdeleri salnan torbalaryň (haltalaryň) inkassatorlardan kabul edilmegi toparyň ähli inkassatorlarynyň gatnaşmagynda amala aşyrylýar. Nagt pul serişdeleri alnyp getirilen awtoulagyň sürüjisi pully torbalar kabul edilip bolunýança bankyň binasynda bolmalydyr.

Pully torbalary tabşyranlarynda inkassatorlar agşamky pulhananyň hasapçy-gözegçisine pully torbalaryň degişli ýanhatlaryny we geliş kartoçkalaryny berýärler. Hasapçy-gözegçi ýanhatlardaky we geliş kartoçkalaryndaky ýazgylaryň biri-birine gabat gelýändigini barlaýar. Ol inkassatorlardan kabul edilmäge degişli torbalary ýörite dergä iki nusgada belläp, hasaba alýar we ýanhatlary pulhanaça geçirýär. Pulhana tabşyrylmaga degişli nagt pul serişdeleriniň we boş torbalaryň sany anyklanandan soň, geliş kartoçkalary inkassatorlara gaýtarylyp berilýär.

**Pully torbalary kabul edende pulhanaçy:**

– torbalaryň haýsydyr bir daşky kemçiliklerini ýa-da ýertmezçiliklerini (ýamalaryny, daşky tikinlerini, matanyň ýyrtygyny, gysylmadyk ýa-da zaýalanan plombalary, kendir ýüpüň ýa-da onuň çiginleriniň üzükdigini we ş.m.);

– plombanyň şekilleriniň anyklygyny we olaryň tassyklanan nusgalara laýyk gelýändigini;

– inkassatorlaryň tabşyrýan pul torbalarynyň belgileriniň ýanhatlarda görkezilen belgilere laýyk gelýändigini barlamaga borçlydyr.

Her bir ugur boýunça pul torbalary kabul edilip bolnandan soň pulhanaçy, hasapçy-gözegçi we toparyň ähli inkassatorlary derginiň

iki nusgasyna hem gol çekýärler we ikinji nusgasy inkassatorlar toparynyň ýolbaşçysyna berilýär.

Pulhanaçy hasapçy-gözegçiniň gözegçiligi astynda, ugurlar boýunça kabul edilip, agşamky pulhananyň ammaryna goýulýan pul torbalaryny sanaýar we hasapçy-gözegçi bilen bilelikde olaryň sanyny dergide görkezileni bilen deňeşdirip barlaýar we ammary iki açar bilen gulplap, bellenilen tertipde gorag astyna tabşyrýar. Ähli ugurlar boýunça kabul edilen nagt pul serişdeleriniň, torbalaryň we boş haltalaryň umumy sany boýunça degişli güwänama düzülýär. Güwänama derginiň birinji nusgalary bilen birlikde aýratyn bukjada saklanýar.

Banklarda **çykdajy pulhanasyndan** nagt pul serişdeleri çykdajy pulhanasynyň buýruk haty, çek kitapçasy, töleg hasaplaşyk wedomosty, töleg hasaplaşyk listleri ýaly resminamalaryň esasynda goýberilýär




**5-nji cyzgy. Cykdajy pulhanasy**

Çyzgydan görnüşi ýaly:

1. Çykdajy pulhanasynyň buýruk haty iş saparyna töleg edilende bölek (az) möçberde hojalyk serişdelerini we harytlary satyn almaga nagt pullar berlende, sarp ediş karzy nagt goýberilende bank işgärleriniň ýarawsyzlyk haty esasynda tölegler goýberilende ulanylýar.

2. Çek kitapçasyny bankyň müşderileri öz hasaplaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleri, zähmet haky we onuň bilen deňeşdirilýän tölegler üçin, kärdeşler arkalaşyklary öz gündelik hasaplaryndan ýörite maksatly çykdajylar üçin serişdeleri alanlarynda ulanýarlar.

3. Töleg hasaplaşyk wedomosty zähmet haky we oňa deňeşdirilen tölegler üçin ulanylýar.

4. Töleg hasaplaşyk listleri bankyň süýşürintgiler bölüminiň hasaplaşyk resminamasydyr, ýagny goýlan goýumlar we olar boýunça müşderä göterimler tölenende ulanylýar.

Pulhana amallaryny ýerine ýetirmek üçin çykdajy pulhanasynyň pulhanaçysy iş gününiň başynda nagt pul serişdelerini hasabat astynda alýar. Iş gününiň ahyrynda çykdajy pulhanasynyň pulhanaçysy gözegçi buhgalteriň çykdajy pulhanasynyň dergisindäki goýberilen nagt pul serişdeleri baradaky maglumaty bilen özünden geçen töleg resminamalarynyň nagt pul möçberlerini deňeşdirýär. Onuň üçin pulhanaçy özünde jemlän maglumatlary esasynda hasabat düzýär. Maglumatda iş gününiň başynda hasabat esasynda alnan nagt pul serişdeleriniň möçberi, günüň dowamynda pulhanadan alnan we goýberilen nagt pul serişdeleriniň möçberi, iş gününiň ahyryndaky galyndy jemlenýär. Maglumatdaky jemler gözegçi buhgalter tarapyndan tassyklanýar. Şol bir wagtyň özünde pulhanaçy hem gözegçiniň çykdajy pulhanasynyň dergisindäki umumy möçberiň jeminiň dogrulygyna güwä geçip gol çekýär. Nagt pul serişdeleriniň galyndysyny we çykdajy resminamalaryny pulhanaçy pulhana müdirine tabşyrýar, sebäbi pulhana müdiri girdeji hem-de çykdajy pulhanalarynyň pulhanaçylarynyň maglumatlarynyň esasynda jemleýji maglumatlary düzýär. Şondan soňra pulhana dolanyşygynyň möçberini pulhana kitabynda bellik edýär. Ertirki güne geçjek galyndynyň möçberi anyklanandan soň pulhanadaky nagt pul serişdeleri bilen ýazgy deňeşdirilýär we ol pullar pulhananyň gazna jaýynda goýulýar.

# V BAP

# BANK KARZLAŞDYRMASY

## 5.1. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň karz syýasaty

Durnukly, düşewüntli işlemek üçin her bankyň öz hususy bank syýasaty bolmalydyr. Bankyň syýasaty döwletiň kanunlaryna, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň düzgünnamalaryna laýyk gelmelidir hem-de döwletiň ykdysadyýetini ösdürmäge gönükdirilen bolmalydyr.

Bank syýasaty bankyň ýerleşýän çäginiň, müşderileriniň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyr. Geljekki üýtgemeleri dogry çak edip bilen we şu üýtgemelere garşy öňünden hereket edip bilýän banklar elmydama peýdaly, düşewüntli işläp bilerler.

Bank syýasatynyň netijelerini wagtal-wagtal barlap görmelidir. Netijeler pes bolan ýagdaýynda onuň sebäplerini anyklamalydyr. Eger-de bankyň syýasaty nädogry alnyp barylsa, bankyň netijeleri pes bolup biler. Şu ýagdaýda bank syýasatyna täzeden seredilmelidir.

Karz, maýagoýum, depozit we göterim syýasatlary bank syýasatynyň esasy bölekleridir. Olaryň aýratynlyklary barada aşakda maglumatlar berilýär.

Bazar ykdysadyýetine geçilýän şertlerde karzlaşdyrmak uly ähmiýete eýe bolýar, sebäbi edara-kärhanalar, guramalar, şereketler, telekeçiler we şahsy taraplar dürli amallary ýerine ýetirmek üçin banklar bilen aragatnaşykda bolýarlar. Türkmenistanyň kada-kanunlaryna laýyklykda, banklar wagtlaýyn ulanylmaýan (boş) pul serişdelerini belli maksatlara, möhlete niýetlenen, karzy yzyna göterim bilen gaýtarmak we üpjünjilik şerti bilen mätäç bolan müşderilere ulanmaga berýärler. Ykdysadyýetde şol pul serişdelerine **karz (ssuda)** diýilýär.

«**Karz**» diýen söz latyn dilinden terjime edilende «ynanç» diýen manyny aňladýar, şol sebäpli bankyň esasy ýerine ýetirýän wezipesi **karz (ssuda),** ýagny wagtlaýyn boş pul serişdelerini jemlemek we ony isleg

bildirýän, ynamly, abraýly ýuridiki we fiziki taraplaryna karzyň ýörelgeleriniň esasynda karzlaşdyrmak, maýa goýmak we peýda almakdyr.

Karza belli bir derejede hemme edara-kärhanalar, guramalar, şereketler, telekeçiler we şahsy taraplar (ykdysady subýektler) isleg bildirýärler, sebäbi olaryň harajatlara bolan islegleri öz serişdeleriniň hasabyna ýapylmaýar. Şonuň üçin müşderileriň goşmaça pul serişdelerine bolan islegleri karzyň hasabyna kanagatlandyrylýar, bu aragatnaşykda **karz gatnaşyklary** emele gelýär.

| | |
|---|---|
| Karz amallary → | Bu karz berijiniň we karz alyjynyň arasyndaky pul bermek boýunça belli bir gatnaşyklardyr |
| Karz beriji → | Özüniň wagtlaýynça boş pul serişdelerini karz ýörelgeleriniň esasynda karz alyjynyň ygtyýaryna berýän tarap |
| Karz alyjy → | Karz serişdelerini ulanmaga alýan, olary bellenen şertlerde gaýtaryp bermäge borçlanýan tarap |

**6-njy cyzgy. Karz gatnaşyklary**

Pul serişdelerini karz bermek üçin, ilki bilen, banklaryň olary süýşürmegi gerek. Esasanam, banklar karzlary diňe hususy serişdeleriniň hasabyna bermän, müşderilerden wagtlaýyn alan pul serişdeleriniň hasabyna berýärler.

Karz bermek üçin niýetlenen süýşürilýän pul serişdelerine **karz serişdeleri** diýilýär.

**Banklar karz serişdeleri hökmünde:**

– bankyň döredіş (esaslyk), ätiýaçlyk we gaýry toplumlarynyň pul serişdelerini;

– bank müşderileriniň hasaplaşyk, depozit, gündelik, goýum we gaýry hasapnamalarynda ýerleşýän wagtlaýyn ulanylmaýan pul serişdelerini ulanyp bilerler.

Ýokarda görkezilen pul serişdeleri **bankyň hususy karz serişdeleri** diýlip hasaplanýar. Şol serişdeleriň hasabyna bank müşderilere karz berip biler. Eger-de bankyň müşderileriniň karz islegi bankyň hususy karz serişdelerinden artan ýagdaýynda banklar karz pul serişdelerini Merkezi bankdan, täjirçilik we beýleki banklardan ýa-da bankara bazaryndan satyn alyp bilerler.

Bankyň **karz pul serişdeleriniň** mukdary näçe köp bolsa, şonçada bank köp müşderä karz bermäge ukyplydyr. Soňky döwürlerde karz pul serişdelerini süýşürmek meselesiniň wajyplygy artýar. Onuň hem öz sebäbi bar. Inflýasiýanyň (puluň hümmetsizlenmeginiň) ösüşiniň täsiri uludyr. Şol ýagdaýda banklar müşderileriň wagtlaýyn boş pul serişdelerini bankda hasaplarda saklar ýaly gyzyklandyrma döretmeli. Ony döretmek bolsa örän kyn mesele bolup durýar. Eger müşderileriň goýumlarynyň göterimini ösdürseň, onda bank üçin zyýanly bolup biler. Bank goýumçylary gyzyklandyryp bilmese, müşderiler öz wagtlaýyn boş pul serişdelerini haryt görnüşine ýa-da başga görnüşlere geçirýärler (daşary ýurt walýutasynda saklamak, altyn, kümüş satyn almak we ş.m. görnüşinde saklamak).

Günbatar ýurtlarynda banklar ýörite bankyň karz syýasaty barada gollanmalary taýýarlaýarlar we işinde ulanýarlar. Bu gollanmalaryň maksady karz syýasatynyň esasy ýollaryny, bank işgärleriniň borçnamalaryny we müşderilere karz pul serişdelerini berýän işgärleriň wekilçiliklerini anyklamakdyr. Şu gollanmalar bankyň karz filosofiýasyny, şeýle hem bankyň karz pul serişdelerini bermek bilen bagly meseleler boýunça maksatnamalaryny görkezýärler we banklaryň karz düzümine, ähli bölümlerine hem-de şahamçalaryna degişli bolýarlar.

Gollanmada ýerleşýän ähli maglumatlary «Karz syýasaty hakyndaky» hatlar görnüşinde, görkezme görnüşinde, karzlaryň esasy ýörelgeleri, aýratyn görnüşleri, mukdary, karzlaryň üpjünçiligi boýunça we ş.m. bellikler görnüşinde ýazmak maslahat berilýär. Karz syýasaty baradaky hatda onuň ýazylan güni ýa-da soňky düzedilen güni hem görkezilmeli. Eger-de täze hat ýazylsa, köne maglumatlary gollanmadan aýyrmaly.

Gollanma ýaşyryn (konfedinsial) resminama diýlip hasaplanýar, çüňki ol bankyň maksatlaryny we bankyň karz syýasatynyň usullaryny öz içine alýar. Ony diňe bankyň göni karz berýän işgärlerine, bankyň bölümleriniň başlyklaryna ýa-da başga karz bilen bagly wezipeleri (karz syýasatyny we karz amallaryny) ýerine ýetirýän işgärlere berip bolýar.

## 5.2. Karzlaşdyrmagyň ýörelgeleri we müşderiniň karza ukyplylygy barada düşünje

Banklar tarapyndan karz berlende hökman karzlaşdyrmagyň maksatlylyk, möhletlilik, yzyna gaýtaryp bermek, üpjünçilik we töleglilik ýörelgeleri esasynda berilýär.

Ýokarda görkezilen ýörelgeleriň häsiýetine jikme-jik seredip geçeliň.

**Müşderileriň häsiýetnamasy:**

Bankyň müşderileri ynamly bolmalydyr. Olar alan karzyny öz wagtynda göterimi bilen yzyna gaýtarmak üçin sagdyn maliýe pikirden ugur alyp işlemelidir.

**Banklar müşderiler baradaky pikirlerini iki usulyň esasynda, ýagny:**

- olaryň öňki işini öwrenmek esasynda (taryhy);
- müşderiler bilen duşuşyk geçirmek netijesinde aýdyňlaşdyryp bilýärler.

Müşderiler bilen duşuşyk geçirmezden öň bank işgäri müşderi barada ähli maglumatlary ýygnamaly we olary öwrenmeli. Günbatar ýurtlarynda kärhanalar, şereketler we raýatlar barada maglumatlary ýygnaýan ýörite şereketler hereket edýärler. Olar ýygnalan maglumatlary banklara, raýatlara we beýleki edara görnüşli taraplara satýarlar. Banklar şu şereketleriň maglumatlaryny käbir ýagdaýlarda ulanýarlar, ýöne ondan başga-da banklar müşderiler barada maglumatlary hem ýygnaýarlar. Olar ýuridiki taraplar boýunça edara-kärhananyň balansy, goşmaça maliýe ýagdaýy we salgyt gullugyndan (I kartoteka we II tertip), eger-de başga bankdan karz alan bolsa, onuň möçberi baradaky maglumatlardyr. Fiziki taraplar üçin işleýän ýerinden zähmet haky barada (girgeji barada) güwähat, eger başga bankdan karz alan bolsa, ol hakynda maglumat talap edilmeli.

Banklary gyzyklandyrýan esasy mesele, müşderileriň şu günki hem-de geljekki maliýe ýagdaýlarydyr.

**Karz alýanlar barada banklar şu aşakdaky maglumatlary, ýagny:**

1. Müşderiniň durmuş we ykdysady taýdan durnuklylygyny.

2. Müşderileriň ýaşyny we saglygyny.
3. Müşderileriň maddy ýagdaýyny.
4. Müşderileriň çykdajylaryny.
5. Müşderileriň aragatnaşyklaryny öwrenmeli we seljermeli.

Müşderi fiziki tarap bolan ýagdaýynda onuň häsiýetnamasy bilen karzy göterimi bilen yzyna gaýtaryp bermäge ukyplylygy deň gelmelidir. Gowy häsiýetlenýän müşderiler, düzgün boýunça, alan karzlaryny göterimi bilen yzyna wagtynda gaýtaryp berýärler, emma karzy ýuridiki taraplar aljak bolýan ýagdaýynda bankyň işgärleri hökman kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň işleri nähili dolandyrýandydyny barlaýarlar. Ol olaryň maliýede, marketingde, kärhanany dolandyryşynda usullaryny aňladýar. Ony bilmek üçin bankyň işgärleri karz alýan kärhananyň häsiýetnamasyny öwrenýärler.

Karz pul serişdeleri banklar tarapyndan pul serişdelerini artdyrmak maksady bilen berilýär, şonuň üçin göterimler karz şertnamasyndaky möhletden soň gaýtarylyp getirilende, komission tölegler öňünden hasaplanylýar.

**Göterimler iki topara bölünýär. Olar:**

1. Berkidilen göterimler.
2. Üýtgeýän göterimler.

**Karzyň maksady.** Karz belli bir maksat üçin berilýär. Karz haýsy maksatlar üçin berlen bolsa, ýuridiki we fiziki taraplar ony diňe şol maksatlar üçin hem peýdalanmalydyr. Karzyň maksady bankyň işgärlerine hökman belli bolmalydyr. Şu şert ýuridiki (edara görnüşli) we fiziki (şahsy) taraplara degişlidir. Banklar karzyň maksadyny bilmän karz bermeli däldirler. Karzyň maksady müşderi bilen bankyň arasyndaky ylalaşyk esasynda kesgitlenilýär. Karz dürli maksatlar üçin berlip bilner, ýöne karzyň maksady hökman döwletiň kanunlaryna hem-de kärhananyň dörediliş resminamasyna gabat gelmelidir.

Kanuna laýyk gelmeýän karzlar berlen ýagdaýynda banklaryň zyýan çekmegi mümkindir, ýagny:

- Jenaýat işi gozgalyp bilner.
- Berlen karz wagtynda göterim bilen yzyna gaýdyp gelmez.

**Karzyň üpjünçiligi.** Karz almak üçin ykdysady subýektleriň (kärhanalaryň, guramalaryň, şereketleriň we ş.m subýektleriň) maddy

gymmatlyklarynyň bolmagy we öz serişdeleri bilen ýapyp bolmaýan önümçilik harajatlarynyň bolmagy zerurdyr. Şol sebäpli banklar karz alyjylaryň alan karzlarynyň göterimleri bilen yzyna gaýtarylmagyny üpjün edýan girew, kepil, zamunlyk we karzlaryň ätiýaçlandyrylyşy ýaly usullary ulanýarlar.

**Girew** bilen karz üpjün edilende, karz alyjy karzy we onuň göterimlerini gaýtarmakda öz borçlaryny ýerine ýetirmese, karz beriji bank öz talaplaryny girewe goýlan emlägiň hasabyna kanagatlandyryp bilýär.

Girew ýurdumyzda 1993-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda kabul edilen «Girew hakyndaky» Kanun esasynda alynýar.

Girew saklaýanyň we girew berijiniň ylalaşygy esasynda girewe goýlan emläk girew berijide gulpuň aşagynda möhürli goýlup bilner. Türkmenistanyň «Girew hakyndaky» Kanunynyň 53-nji maddasy esasynda girew berijiniň elinde tassyklanyp saklanýan ýeke-täk (indiwidual) zatlar bellik edilip girewe goýlup bilner.

Girew hakynda şertnama ýazmaça baglaşylýar. Girewe gozgalmaýan emläk (ipoteka), walýuta we ş.m. alnyp bilner. Girew berijiler edara görnüşli we fiziki karz alyjylar ýa-da beýleki taraplar bolup durýar. Şertnama baglaşylanda, bank (girew saklaýjy) girewi resminama esasynda ýa-da ýerinde barlap görmeli.

Karz beriji bank haýsy hem bir emlägi (gozgalýan ýa-da gozgalmaýan emlägi) girewine alanda onuň hakyky bahasyny hasaplap çykarmalydyr. Girewiň hakyky (bazar) bahasyny çykarmak üçin Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň «Harytlaryň bahasy» diýen maglumatlary ulanylýar. Girewe goýlan emlägi çalyşmak girew saklaýjy bankyň razylygy bilen amala aşyrylýar.

Karzy we onuň ulanylmagy üçin göterimleriň gaýtarylmagyny üpjün edýän beýleki görnüş **kepil we zamunlyk** görnüşidir. Karz alyjy bergi töleglerini (esasy tölegi we göterim tölegini) karz berijä tölemedik ýagdaýynda, üçünji tarapyň razylygyny görkezýän hat görnüşinde borçnama ýa-da şertnama kepil zamunlygy bolýar. Kepiliň nusgasynyň bank görnüşi (formasy) bolmadyk ýagdaýynda, hukuk bölüminiň üsti bilen kanunalaýyklygyny barlamaly.

Karzy we onuň ulananylmagy üçin göterimleriň gaýtarylmagyny üpjün edýän ýene bir görnüş **ätiýaçlandyryş** görnüşidir. Şu görnüş

karz şertnamasynda görkezilmeli. Eger-de karz alyjy bankyň öňündäki borçlaryny ýerine ýetirip bilmedik halatynda onuň jogapkärçiligini ätiýaçlandyryş edarasy öz üstüne almalydyr. Şol sebäpli ätiýaçlandyrma geçirilmäňkä, bank we karz alyjy iň peýdaly şertleri döredýän ynamdar ätiýaçlandyryş kompaniýasyny saýlamaly. Şu maksat bilen ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň maliýe ýagdaýyny, tölege ukyplylygyny, ätiýaçlandyryş şertleri (tertibi) barada doly maglumatlaryny öňünden öwrenmelidir.




**7-nji cyzgy. Karz ýörelgeleri**

**Şunlukda, ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň aşakdaky görkezilen resmi kagyzy, ýagny:**

• döwlet belliginden geçenligi baradaky şahadatnamasy;

• tertipnamasy we dörediş resminamalary;

•atiýaçlandyryş işini geçirmek üçin ygtyýarnama, ätiýaçlandyryşyň görnüşleriniň ýazgysy (onda ätiýaçlandyryş jogapkärçiligi hem bolmalydyr) ýaly resminamalary bilen tanyşmaly;

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň ätiýaçlandyryş tölegi tölenenden soň hereket edip başlaýandygy üçin şeýle şertnama boýunça bir wagtda doly mukdarda ätiýaçlandyryş tölegini geçirmeli. Ätiýaçlandyryş töleginiň geçirilendigini ýa-da geçirilmändigini bank barlamalydyr.

**Karzyň möhletliligi we yzyna göterim bilen gaýtarylyp berilmegi.**

Karz berk kesgitli möhlete berilýär (bir ýyla çenli, bir ýyldan üç ýyla çenli, bir ýyldan on ýyla çenli, bir ýyldan otuz ýyla çenli we ş.m.). Şol möhlet geçensoň, karz alyjylar alan karzlaryny göterimleri bilen yzyna gaýtaryp bermelidir. Karzy yzyna gaýtaryp bermegiň esasy şerti hem ony yzyna öz wagtynda göterimi bilen gaýtarmakdyr. Karz beriji bank karz alyjynyň karzyny göterimi bilen yzyna gaýtaryp bermeginiň ukyplylygyny barlamak üçin şu,ýagny:

- göterimler bilen tölegiň mukdaryny sanap çykmaga;
- karzy üzmek üçin müşderiniň çeşmeleriniň ýeterliklidigi karz berilmäňkä barlanylmalydyr. Barlag zähmet haky baradaky güwä haty esasynda geçirilip bilner. Bu kärhananyň peýda we zähmet zyýanlary hakyndaky hasabatynyň hem-de başga resminamalarynyň esasynda geçirilýär. Karz beriji käbir ýagdaýlarda resminamalara ynanmasa, karz alyjynyň maliýe ýagdaýyny ýerinde barlamaga;
- karz alyjynyň girdejilerini we çykdajylaryny tassyklamak işlerini geçirmäge borçludyr.

Ýokarda görkezilen maglumatlary bank karz alyjynyň özünden ýa-da başga maliýe resminamasyndan alýar. Bank beren karzyny göterimi bilen üzülmegi üçin beren pul serişdelerini göni banka geler ýaly etmeli (karz alyjynyň zähmet hakyny ýa-da nagt däl görnüşinde kärhanalardan, edaraladan, şereketlerden we ş.m.).

Ykdysady subýektler (kärhanalar, edaralar, şereketler, telekeçiler, guramalar we ş.m.) karzy üzmek üçin hasaplaşyk hasaplaryna geljek pul serişdelerini karz hasabyna geçirip biler.

Karz berlende karz alyjynyň ýaşy we saglyk ýagdaýý göz öňünde tutulmalydyr.

Karz alyjynyň karzynyň maddy üpjünçiliginiň bahasy karzdan köp bolmasa, bank tarapyndan pul serişdeleri karza berlenok, karzyň maddy üpjünçiliginiň bahasy aşak düşen ýagdaýynda ony satyp karz üzmek üçin serişdeler ýetmeli. Banklar şu tertibi «ýazylmadyk kanun» hökmünde göz öňünde tutýarlar.

Gozgalmaýan emläk maddy üpjünçilik hökmünde ulanylan bolsa, karzyň gowy üpjünçiligi bar diýlip hasaplanýar.

Karz möhletine we näme maksada niýetlenýändigine baglylykda üç topara bölünýär:

• Gysgamöhletleýin karz bir ýyla çenli wagt bilen berilýär. Olar kärhanalaryň aýlanyşyk serişdeleriniň hereketi bilen baglanyşyklydyr. Her bir kärhananyň belli bir möçberde öz aýlanyşyk serişdeleri bolýar. Olara gerek bolan goşmaça islegler bolsa gysgamöhletleýin karzyň hasabyna kanagatlandyrylýar. Gysgamöhletli karzyň hasabyna aýlanyşyk serişdeleriniň üstüniň ýetirilmegi, önümçilik işiniň üznüksizligini üpjün edýär.

• Ortamöhletli karzlar bäş ýyla çenli berilýär we esasy gaznalaryň hereketi bilen baglanyşykly bolýar. Olar bar bolan hojalyk obýektleriniň giňeldilen üznüksiz önümçiligine hyzmat edýär.

• Uzakmöhletleýin karzlar bolsa bäş ýyldan köp wagta berilýär. Bu karzlar täze gurluşyga maýagoýumlaryny goýmagyň, kärhanalary abadanlaşdyrmagyň we tehniki kämilleşdirmegiň çeşmeleriniň biri bolup çykyş edýär.

Türkmenistanyň tejribesinde uzakmöhletli karzlar 2 ýyldan ýokary möçberde ulanylýar. Umumy möhletleýin karzlaryň içinde hazirki döwürde esasy orny uzakmöhletli karzlar tutýar. Ykdysadyýetiň geljekki ösüşi we ilatyň hal-ýagdaýynyň gowulandyrylmagy üçin uzakmöhletli karzlaryň göwrüminiň köpeldilmegine döwlet tarapyndan uly goldaw berilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň mart aýynyň 17-sindäki 9604-nji belgili Kararyna laýyklykda, «Ygtyýarly banklar tarapyndan hususy kärhanalary, hususy telekeçileri, daýhan hojalyklaryny we kärendeçileri – oba hojalyk önümlerini öndürijileri karzlaşdyrmagyň tertibi hakyndaky» Düzgünnama 2008-nji ýylyň 19-njy maýynda çykarylan 51-nji belgili buýruk bilen Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygy tarapyndan tassyklandy. Bu Düzgünnama ygtyýarly banklar tarapyndan hususy we çekilen serişdeleriň hasabyna, şol sanda Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ygtyýarly banklara karz ugurlaryny açmagyň hasabyna, berlen serişdeleriň hasabyna hususy kärhanalaryň, hususy telekeçileriň, daýhan hojalyklarynyň we kärendeçileriň – oba hojalyk önümini öndürijileriň maýagoýum taslamalaryny karzlaşdyrmagyň tertibini düzgünleşdirýär.

Telekeçilere karz bermegiň serti 5% ýyllyk, möhleti 10 ýyl (esasy serişdelere maýa goýmak üçin 10 ýyla çenli; dolanyşyk serişdelerini edinmek üçin 1 ýyla çenli).

**Karzlaşdyrmaga, ýagny:**

– senagat önümleriniň önümçiligini ösdürmek;

– bar bolan önümçilikleri gurnamak, giňeltmek, durkuny täzelemek we tehnika taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak, şol sanda kiçi önümçilik üçin enjamlary, kiçi göwrümli tehnikalary, çig mallary, ýarym çig mallary satyn almak;

– gurluşygy we gurluşyk materiallar senagatyny ösdürmek;

– ulag, aragatnaşyk we maglumatlar tehnologiýasyny ösdürmek;

– serwis hyzmatlaryny we ilata durmuş taýdan hyzmat etmegi ösdürmek;

– saglygy goraýşy ösdürmek;

– syýahatçylyk industriýasyny ösdürmek;

– oba hojalyk önümçiliginden peýdalanmak üçin täze ýerleri özleşdirmek we boş ýatan ýerleri dikeltmek;

– oba hojalyk önümçiligini ösdürmek we giňeltmek, gaýtadan işläp taýýarlanylýan önümiň göwrümini artdyrmak, şol sanda oba hojalyk tehnikasyny edinmek, mal ýataklary, fermalary, kiçi önümçiligi gurnamak, mallary, öý guşlaryny, ot-iýmleri, weterinariýa derman serişdelerini, ösümlikleri goramagyň himiki serişdelerini, mineral dökünleri, tohumlary, şitilleri, agaç nahallaryny satyn almak;

– Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik telekeçilik işini, şol sanda alnyp barylýan innowasiýa işini gurnamak maksatlaryny göz öňünde tutýan eksporta gönükdirilen we importyň öwezini tutýan önümçilikleri döretmek boýunça maýagoýum taslamalary degişlidir.

Bank tarapyndan karzlar ýokarda agzalan işleri maliýeleşdirmek üçin telekeçileriň maýagoýum taslamasyna 30%-den az bolmadyk hususy serişdelerini goýmak şerti bilen berilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 11-nde çykaran 9361-nji belgili «Türkmenistanyň raýatlaryna gozgalmaýan emlägi girewine alyp karzlary bermegiň usulyny ösdürmek hakyndaky» Kararyna we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalaryna

laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlaryna obalarda, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde, şäherlerde, etraplaryň we welaýatlaryň merkezlerinde hususy ýaşaýyş jaýlaryny satyn almaklary üçin şertleri döretmek maksady bilen «Türkmenistanyň raýatlaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny gozgalmaýan emläk hökmünde girewine, satyn almaga karzlary bermegiň tertibi hakynda» Düzgünnama işlenip taýýarlanyldy (Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 2008-nji ýylyň maý aýynyň 12-sine çykarylan №47 buýruk bilen tassyklanyldy).

Gozgalmaýan emläk üçin karz ýyllyk **1%** göterim bilen 30 ýyl möhlete berilýär we karz şertnamasynyň baglaşylan senesinden **bäş** ýyla çenli ýeňillikli döwür (esasy bergini üzmegi gaýra goýmak) göz öňünde tutulýar.

Käbir ykdysatçy alymlaryň pikirine görä, karzlary möhletleri boýunça diňe gysgamöhletleýin we uzakmöhletleýin toparlaryna bölüp bolýar. Ortamöhletleýin karzlary görkezmek hökman däl.

**Karzyň möçberi.** Karzyň möçberini kesgitlemek üçin bankyň işgäri şu meseleler boýunça jogap bermelidir:

1. Alynýan karz ulanyljak bolunýan maksada laýyk gelmeli.
2. Karz berlende müşderiniň maliýe ýagdaýy we bergini gaýtaryp bermäge ukyplylygy göz öňünde tutulmaly.

Müşderileriň göz öňünde tutýan maksatlaryny ýerine ýetirmäge üçin hususy serişdeleriniň möçberi karzyň möçberinden köp bolmaly, emma birnäçe karzlar, müşderiniň hususy serişdeleri az bolan ýagdaýynda-da berilýär. Mysal üçin, daşary döwletlerde ýaşaýyş jaý gurmak üçin karz jaýyň 95% bahasyna çenli berilýär, Türkmenistanda 90% bahasyna çenli berilýär. awtoulag satyn almak üçin bolsa köp döwletlerde müşderiler satyn alýan ulagynyň bahasyndan diňe 20-33,3%-ni töleýärler, Türkmenistanda bolsa 30%-ni töleýärler. Ulagyň galan bahasy banklaryň berýän karzlarynyň hasabyna tölenýär.

**Karzyň töleglililigi.** Bank tarapyndan ykdysady subýektlere karz tölegli şerti bilen berilýär. Edaralar, kärhanalar, guramalar, şereketler, telekeçiler we şahsy taraplar karzdan peýdalanandyklary üçin banklara belli bir möçberde göterim töleglerini töleýärler.

Jemgyýetçilik önümçiliginde karzyň ýeri uludyr.

**Birinjiden**, karz üznüksiz önümçilik işiniň yzygiderligini üpjün edýär we onuň ösüşini çaltlandyrmaga hyzmat edýär.

**Ikinjiden**, jemgyetçilik önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam berýär, sebäbi ol önümçiligiň we dolanyşygyň wagtyny azaltmaga, pul serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik döredýär. Kazryň möhletliligi, yzyna gaýtaryp berilmelidigi we töleglilígi bolsa müşderiniň karz alan pul serişdelerini düşewüntli peýdalanmaga höweslendirýär.

**Üçünjiden**, karz alyjynyň işine, olaryň öz serişdeleriniň we karza alan serişdeleriniň peýdalanyşyna bank gözegçilik edýär.

**Karz alyjynyň ukyplylygy** karz alyjynyň bergi-borçlary boýunça öz wagtynda we doly hasaplaşyk edip bilmek ukybydyr. Karz alyjynyň ukybyny kesgitlemek üçin onuň tölege ukyplylygyny öwrenmeli.




**8-nji cyzgy. Karzlaşdyrmagyň sütünleri**

**Karz alyjynyň ukyplylygyny kesgitleýän görkezijiler:**

1. Müşderiniň häsiýeti (abraýy, karzy üzmek boýunça jogapkärçiligi, alan karzyny maksatly ulanyşy).

2. Pul serişdelerini (karz) alyp bilmek ukyby (karz almak üçin arza bermäge hukugy bolmaly, ýaşy ýetmeli, abraýy bolmaly).

3. Maliýe mümkinçiligi (alan karzyny üzmek üçin pul serişdelerini gazanyp bilmeli).

4. Müşderiniň maliýesi we maýasy (maýanyň ýeterligi bank tarapyndan seljerilýär hem-de öz karz amallary üçin öz pul serişdelerini ulanyşy seljerilýär).

5. Karz üpjünçiligi (karz alyjynyň aktiwiniň gymmaty we bergini üzmegiň çeşmesi: girew, kepil we zamun ätiýaçlyklary).

6. Karz amallarynyň ýerine ýetirilýän şertleri (ýurtdaky ykdysady we syýasy ýagdaý).

7. Gözegçilik ( kadalaşdyryjylaryň esasynda karz alyjynyň işiniň kanun esaslaryny seljerme).

**Müşderiniň karza ukyplylygyna baha bermek üçin ulanylýan usullar:**

1. Iş töwekgelçiligine baha bermek.
2. Müşderiniň maliýe durnuklylygyna baha bermek.
3. Müşderiniň maliýe koeffisiýentlerine baha bermek.
4. Müşderiniň pul akymlaryny seljermek.
5. Müşderi barada maglumatlar ýygnamak.
6. Müşderiniň işine gözegçilik etmek.

Müşderiniň karz ukyplylygyna baha bermek üçin maliýe koeffisiýentleriniň esasynda geçirilýän seljerme iň esasy usul bolup çykyş edýär.

**Maliýe koeffisiýentleri aşakdakylardan düzülýär:**

**Maliýe leweražy** (maliýäni sazlaşdyrmak) hasaplamanyň esasy ykdysady maksady karz alyjynyň möçberine onuň çeken serişdelerini garşylygynda baha bermekdir. Maliýe leweražyny kesgitlemek üçiň karz alyjynyň bergi-borçlarynyň onuň aktiwlerine ýa-da öz maýasyna bolan gatnaşygy ulanylýar.

**Netijeliligiň koeffisiýenti.** Bu görkezijini hasaplamak üçin birnäçe görnüşler ulanylýar:

a) $$\frac{\textbf{debitor bergileriň ortaça galyndysy}}{\textbf{bergileri ýerleşdirmekden alnan girdeji}}$$

b) $$\textbf{esasy maýanyň aýlanyşy} = \frac{\textbf{haryt ýerleşdirilenden alnan girdeji}}{\textbf{esasy gaznalaryň gymmatynyň ortaça galyndysy}}$$

ç) $$\textbf{aktiw aýlanyşygy} = \frac{\textbf{haryt ýerleşdirilenden alnan girdeji}}{\textbf{aktiwleriň ortaça möçberi}}$$

**Düşewüntlilik koeffisiýenti.** Hasaplamak üçin müşderiniň peýdasynyň kadasyny hasaplamaly.

Onuň üçin 2 sany görkeziji ulanylýar:

1. Arassa peýda.
2. Umumy peýda.

**Bergileri ýapmak üçin ulanylýan koeffisiýent.** Bergileri hasaplamak üçin we olary ýapmak üçin ulanylýan koeffisiýent hem bar.

Pul akymlarynyň seljerilmesi karz alyjynyň karz ukyplygyna baha berýär, ýagny müşderiniň serişdeleriniň aýlanyşy barada seljerme geçirilýär. Bu usulda müşderiniň pul serişdeleriniň gelşi we gidişi seljerilýär.

**Müşderiniň pul serişdeleriniň emele gelşiniň çeşmeleri:**

1. Peýda.
2. Alnan karzlar.
3. Amortizasiýa.
4. Ätiýaçlyk gorlary.
5. Goşmaça dürli çeşmeler.

Müşderiniň pul serişdeleriniň girdejisiniň çeşmeleri:

1. Tölegler.
2. Ätiýaçlyklar.
3. Aktiwler.
4. Gaznalar.
5. Bergidaryň bergi borçnamalary.

Müşderä gelýän pul serişdeleriniň we gidýän pul serişdeleriniň arasyndaky tapawut – **bu umumy pul akymydyr.**

Müşderiniň iş tölewekgelçiligine baha bermek üçin onuň esasy serişdelerine baha bermek gerek, ýagny karz alyjynyň esasy gaznalarynyň önümçilik hereketinde aýlanyşyk döwürlerine berilýän maglumatlaryň esasynda balansyň (çärýekleýin, ýarymýyllyk, ýyllyk) seljeriş işini geçirip gözegçilikde saklamaly. Müşderiniň iş tölewekgelçiligi näçe pes boldugyça, şonça-da onuň karz alyjylyk we ony göterimi bilen yzyna gaýtarmak ukyby ýokary bolýar. Şol sebäpli müşderiniň iş töwekgelçiligini kesgitlemek üçin karz alyjynyň esasy serişdeleriniň aýlanyşyna seljeriş işini ýerine ýetirmek bilen uly üns bermeli.

**Seljeriş işi üç döwürden ybaratdyr:**

1. Önümçiligi alyp barmak üçin gerek harajatlary bolan çig maly, esasy serişdeleri we aýlanyş serişdelerini satyn almasy.

2. Önümçilik döwri.

3. Ýerine ýetiren işi (önüm öndürmesi, hyzmat etmegi) we onuň işewürligi.

Kiçi kärhanalaryň we iri kärhanalaryň karz ukyplylygyna maliýe ýagdaýyny görkezýän usullary ulanmak esasynda baha berilýär, ýagny olaryň karz ukyplylygyna baha bermek üçin maliýe koeffisiýentiniň, pul akymynyň seljerilmesiniň we iş töwekgelçiligine baha bermegiň üsti bilen hasaplanýar, ýöne köplenç ýagdaýlarda kiçi kärhananyň eýesi maşgalabaşy bolanlygy (olar maşgala kärhanasy bolup durýar) sebäpli karzyň üpjünçiligi hökmünde öz emlägini hem goýup bilýär. Şu ýagdaýa banklar kiçi kärhananyň maliýe ýagdaýyny seljerenlerinde uly üns bermelidirler. Karz beriji bank kiçi kärhananyň eýesiniň karzy näme üçin ulanmaga alýandygyny we ony göterimi bilen yzyna gaýtaryp bermeginiň usullaryny giňden we çuňňur öwrenmelidir.

**Kiçi kärhanalaryň karz ukyplylygyny kesgitlemek üçin:**

1. Iş töwekgelçiligine baha bermek.

2. Müşderiniň işine gözegçilik etmek.

3. Kärhananyň eýesiniň bank bilen aragatnaşygynyň ýagdaýyny bilmek (wagtynda maglumat almak, ýerine ýetirýän işlerini aýma-aý seljermek we ş.m. seljeriş işlerini alyp barmak).

4. Kärhananyň eýesiniň maliýe ýagdaýyna baha bermek işlerini ýerine ýetirmeli.

Esasanam, şahsy taraplar pul serişdelerine mätäç bolan ýagdaýynda (awtoulag satyn almak, öý goşuny satyn almak, jaý satyn almak, öýüni abatlamak, toý tutmak we ş.m. üçin) ýetmeýän pul serişdeleriniň bölegini **karz almak** üçin banka ýüz tutup bilerler.

Şahsy taraplaryň karz ukyplylygyna baha bermek üçin onuň soraýan karzynyň möçberini şahsy taraplaryň girdejisi bilen deňeşdirmeli. Bank karz alyjynyň ýagdaýyny, ýagny onuň girdejisini we çykdajysyny, maşgala ýagdaýyny doly öwrenip seljeriş işini geçirmeli. Karz beriji bank karz alyjynyň doly maglumatlaryny öwrenýär we oňa karz bermek babatda netijä gelýär. Ahyrky netijede karz alyjy alan karzyny göterimi bilen yzyna gaýtarmagy üpjün etmeli.

## 5.3. Banklarda karzlaşdyrmagyň usullary we karz meseleleriniň çözulmegi

Ykdysady ylmy çeşmelerde karz bermegiň 3 usuly, ýagny:

1. Dolanyşyk.
2. Galyndy-aýlaw.
3. Galyndy usullary barada aýdylýar.

**Dolanyşyk usuly** boýunça karzlar gurluşyk-potrat edaralaryna, senagat we beýleki kärhanalara berilýär.

**Galyndy-aýlaw usuly** boýunça karzlar söwda we üpjünçilik edaralaryna berilýär.

**Galyndy usuly** boýunça karz aktiw-passiw kontokorrent hasaplaryndan berilýär. Kontokorrent hasaby hasaplaşyk hasabynyň we karz hasabynyň işlerini ýerine ýetirýär.

**Kontokorrent** – bu ýeke-täk hasap. Ol hemişelik müşderi üçin bank tarapyndan açylýar. Ol hasapda müşderiniň bank bilen hemme amallary (karz, hasaplaşyk hasaplary) hasaba alynýar we görkezilýär.

Bu usullardan başga **girew usuly** bar. Ol karz berlende ulanylýar. Girew almak bazar ykdysadyýeti şertlerinde işleýän döwletlerde giňden ulanylýan karz almak-bermegiň şerti. Girew almak bilen bagly meselelerde käwagt kyn çözülýän meseleler hem ýüze çykyp biler. Mysal üçin, bank girew hökmünde müşderiniň awtoulagyny almaly bolsa, ony saklamaga ýeri ýok ýa-da bank goşmaça çykdajy etmeli bolýar (ýeri kärendesine almaly). Şol sebäpli girew almaga derek diňe awtoulagyň resminamalarynyň nusgalary alynýar (ýöne awtoulag ogurlanyp, heläkçilige düşüp, ýitip biler).

Banklar döwletiň hasabyna gurlan ýaşaýyş jaýlaryny girew hökmünde alanoklar, sebäbi kanun tarapyndan gadagan. Hususy eýeçilikdäki jaýlary banklar girewine alýarlar, ýöne ol jaýda ýa diňe bir adam ýaşaýyş ýazgysynda bolmaly, ýa-da hiç kim ýaşaýyş ýazgysynda durmadyk bolmaly. Döwlet şol kadalary Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklaryny berkitmek üçin girizdi. Karz bermegiň obýektleri bankyň karz bermek çeşmeleriniň (pul serişdeleriniň) bar wagtynda müşderiler bilen bankyň arasynda ylalaşyk esasynda kesgitlenýär. Ylalaşygyň şertleri karz şertnamasynda görkezilýär.

Täjirçilik we beýleki banklar karzlary (ssudalary) «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, bankyň Tertipnamasy, ygtyýarnamasy we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy görkezmeleri esasynda berýärler.

Ýokarda görkezilen hukuk resminamalarynyň esasynda täjirçilik we beýleki banklarda dürli karz bölümleri (departamentler), müdirlikler, toparlar (komitetler) döredilýär. Kadalaşdyryjy görkezmelere laýyyklykda, müdirlikleriň aýratyn Düzgünnamalary bolmaly. Bu resminamada müdirlikleriň wezipeleri, borçlary, hukuklary ýazylmalydyr we olar bankyň başlygy tarapyndan tassyklanmalydyr.

Bankda karz işine jogap berýänleriň öz wezipe borçlary bolmalydyr. Olar aýratyn buýrukda bankyň başlygy tarapyndan tassyklanmalydyr. Täjirçilik we beýleki banklarda karzlar bankyň karz toparynyň başlygynyň rugsady esasynda ýa-da onuň ýörite buýrugynda görkezilen bankyň gaýry jogapkär işgärleriniň goly esasynda berilýär.

Karz alyjy öňünden arza we karz almagynyň ykdysady tarapyny esaslandyrýan resminamalary tabşyrmaly. Karzy ykdysady tarapdan esaslandyrýan resminamada karzyň meýilnama maksatlary, mukdary, möhleti, göterimi bilen yzyna gaýtarmagyň belli wagty, teklip edilýän maddy üpjünçiligi, karzyň gönükdirilen işiniň gysga häsiýetnamasy we onuň ykdysady netijeliliginiň hasabaty dogrusyndaky şertler bellenilmeli.

Arza bilen bilelikde bank, eger gerek bolsa, karz alyjydan:

–örediş resminamalarynyň düzgünnamalaryny, resmileşdiriji şahadatnamalaryň we beýleki döredіş resminamalarynyň notarius tarapyndan tassyklanan göçürmelerini;

– ýere eýeçilik hukuklaryny tassyklaýan resminamalary;

– patent şahadatnamalaryny;

– müşderiniň karz almak hukugyny tassyklaýan resminamalary;

– karz alyjynyň işiniň tehniki-ykdysady esaslandyrmasyny, ylalaşyklaryň, şertnamalaryň göçürmelerini, şonuň içinde kärende hakyndaky şertnamalaryny;

– karz alyjynyň işiniň peýda berijiligi, düşewüntliligi, karzy göterim bilen yzyna gaýtarmaly möhleti hakyndaky hasabatyny;

– hasabat we statistika, maliýe netijeleri hakyndaky deklarasiýalaryny;

– karz alyjynyň hasaplaryndan göçürmeleri, onuň hasaplaşyk hasaby başga bankda ýerleşýän bolsa, beýleki hasabatlary we karz alyjynyň karz almak ukyplylygyny subut edýän maglumatlary;

– düýpli maýagoýum (inwestision) taslamalarynyň barlagyndan (ekspertizadan) geçirilendigi baradaky resminamalaryny talap edip biler.

Eger-de karz alyjy bankyň müşderisi bolmadyk ýagdaýynda, ol banka ýokarky edaradan ýa-da notariusdan, ýa-da bolmasa, hasaplaşyk hasabynyň ýerleşýän banky tarapyndan tassyklanan gollaryň nusgalary bolan kartoçkanyň (resminamanyň) göçürmesini, salgyt gullugynda hasaba durany hakynda güwähatyny tabşyrmaly.

Müşderi bank bilen öňden bäri işleşip, diňe gowy tarapdan tanalýan bolsa, banka tabşyrylýan resminamalaryň sany azalýar, sebäbi ol ynamdar, abraýly müşderiniň hataryna girýär.

Müşderiden arza alnandan soň, bank seljeriş işlerini ýerine ýetirýär. Bank tarapyndan berilýän karzlar ýörelgelere laýyk gelmeli we düzgün bolşy ýaly, kanun esasynda karz alyjynyň emlägini gaýtaryp alar ýaly girew bilen üpjün edilmeli.

Girewiň, kepilleriň, ätiýaçlyklaryň dogrulygyny we ýeterlikdigini bankyň özi barlamaly.

Karz beriji dogry doldurylan girew, kepilnama, ätiýaçlyk polýusyny, borçnama we beýleki resminamalaryny bir nusgada karz alyjydan karz bermänkä almalydyr.

Karzlary karz alyjylara bank, karz serişdeleriniň (çeşmeleriniň) möçberine görä bermelidir. Bellemeli zat, bank karz alyja karz berende onuň möçberi Merkezi bank tarapyndan tassyklanan kadalaşdyryjy talapdan artyk bolmaly däldir. Bank karz alyja pul serişdelerini karz bermäňkä müşderiniň näçe serişdäni goýum edip goýmakçydygyny bilmeli.

Şeýle ýagdaýyň sebäpleri bar:

1. Bank öz maýasyny, serişdelerini ýökary töwekgelçilikli ugurlara ibermeli däl. Müşderiniň karzyň hasabyna amala aşyran goýumlary ýitgili bolan ýagdaýynda, onuň hususy serişdeleri bolmasa, müşderiniň ýitgisini bank çekmeli bolýar. Eger-de müşderiniň özi goýum eden bolsa, zyýany özi çekýär we banka çekilen ýitgiler barada maglumatlary berýär.

2. Hususy serişdelerini goýum eden müşderiler, esasanam, bar güýjüni üstünlikli işlemäge gönükdirýär. Karzyň maddy üpjünçiligi bolanda-da bankyň karz goýumlary müşderiniň öz goýumlaryndan artyk bolmaly däl. Käbir banklar müşderiniň goýumlaryndan artyk möçberde karzlary hem berýärler, ýöne bu ýagdaý Karzlaşdyrmak baradaky Düzgünnama laýyk gelenok.

Banklar entek karz berilmäňkä müşderi hakynda doly hem anyk maglumatlary ýygnamaly. Olaryň içinden wajyp maglumatlary edaralaryň, kärhanalaryň, şereketleriň we beýleki guramalaryň garaşsyz audit gulluklary tarapyndan üç ýylky barlanan hasabatlardan balans we beýleki hasabat resminamalarynyň seljerilmesi esasynda alyp bolýar. Mysal üçin, kärhananyň ykdysady we maliýe ýagdaýyny şu görkezijileriň esasynda kesgitlemek mümkin:

1. Peýdasy pes ýa-da peselýär.
2. Öndürilýän önüme bazar islegi peselýär.
3. Dürli çykdajylary köpelýär.
4. Bergileri artýar.
5. Dörediş toplamasyna seretmän, söwda-senagat hereketleri güýçlenýär.
6. Hususy serişdelere (ätiýaç toplamalary hem şonuň içinde) gözegciligi ýeterlik bolmadyk görkezijileri ösýär. Dolanyşyga seredeniňde debitor bergileri köp.
7. Ýitgilere garşy geçiren çäreleri netije berenok.

Ýokarda görkezilen görkezijileri karz berilmänkä ýa-da olary düzedip boljak tapgyrlarynda ýüze çykarmaly. Eger-de şu ýagdaýlara üns berilmese, ýitgileri tutuşlygyna bank çeker. Şol sebäpli karz alyjynyň arzasy seljerilende bank işgärleri karz bermegiň ýörelgelerini ýatdan çykarmaly däl. Eger-de karzyň ýörelgeleri gabat gelse, arzalar boýunça netije çykarmak kyn däl. Käbir ýagdaýda karz bermegiň birnäçe ýörelgesi gabat gelip, ýene şonçasynyň gabat gelmezligi hem mümkin.

Görkezilen ýagdaýlarda bankyň özi soňky netijä gelmeli bolýar. Eger-de töwekgelçilikli teklipler her gezek yzyna gaýtarylsa, bank müşderilerini ýitirip biler, ýa-da tersine, bank maliýe taýdan ynamsyz kärhanalaryň arzalary esasynda köp karz berse, köp müşderiler bergili galar. Şol sebäpli banklar belli bir netije çykaran wagtynda bankyň syýasatyny göz öňünde tutmaly. Karz bankyň syýasatyna gabat

gelýän wagtynda berilýär. Eger-de karz syýasaty önüm öndürýän kiçi we orta kärhanalary ösdürmäge gönükdirilen bolsa, bank şu ugurdan işleýän müşderä karz bermelidir.

Karz bermek barada meseläni çözen bank, müşderi bilen karz şertnamasyny baglaşýar.

Şertnamada karzyň maksady, mukdary, möhleti, bermegiň we karzyň göterimi bilen yzyna gaýtarylmagynyň tertibi, borçlaryň maddy üpjünçilik boýunça nusgasy, karzy bermekde we gaýtarmakda taraplaryň hukuklary we borçlary, hasabatlaryň, hasaplaşyk we gaýry karz bermek üçin gerekli resminamalaryň sanawy, olaryň banka tabşyrylmaly wagty, müşderiniň karzy ýapmagynyň üpjünçiligini barlamagyň şertleri we beýlekiler görkezilýär.

Karz berlende işgärleriň amallar bölümine ýörite görkezme bermelidirler. Şol görkezmäniň esasynda müşderä nagt ýa-da nagt däl görnüşinde karza pul serişdeleri goýberilýär.

## 5.4. Karzy yzyna gaýtarmagyň şertleri we göterim tölemegiň tertibi

Karzy yzyna gaýtarmagyň tertibi karz şertnamasynda göz öňünde tutulýar. Karz bir gezekde ýa-da bölekleýin tölenip bilner. Bir gezekde tölenilýän karz, umuman, şertnamada görkezilen möhletde we mukdarda bolýar, emma karz möhletden öň hem gaýtarylyp bilner.

Bölekleýin tölenýän karzlarda müşderä girdejiniň geljegi göz öňünde tutulyp, ol karz şertnamalarynda bellenilýär. Käbir halatlarda karz şertnamasynda bölekleýin tölenýän karzlaryň möhleti şertli görkezilip bilner. Mysal üçin, müşderiniň karz bergisine, iş aýratynlygyna, önümiň satylyşyna görä, tölemek möhleti «çärýegiň başyna» bellenilip bilner.

Pul serişdeleri gaýtarylyp alnanda, bankyň buýruk haty esasynda ýa-da müşderiniň öz töleg tabşyrygy esasynda onuň hasaplaşyk hasabyndan geçirilip bilner. Karz yzyna gaýtarylyp alnanda, ilki hasaplanan göterimler, soň bolsa karz berlen serişdeler alynýar, sebäbi bankyň girdejisiniň bir bölegi karzdan alynýan göterim bolup durýar.

Karz alyjy karz şertnamasynda görkezilen möhletde karzyny yzyna gaýtaryp bilmedik ýagdaýynda, bank karz alyjy bilen yzyna gaýtaryp biljek möhletini goşmaça ylalaşyk esasynda uzaldyp biler, emma tölemek göterimleri artýar, ýagny ýyllyk 15% bolan bolsa, goşmaça ylalaşyga laýyklykda, 25,5%-e çenli galýar.

Bank karzyň möhletini uzaldyp bilmedik ýagdaýynda, mysal üçin, müşderi alan karzy boýunça hiç hili töleg geçirmedik bolsa (maliýe ýagdaýynyň pese düşmegi, karhananyň batmagy ýa-da ýapylmagly sebäpli), bergini möhleti geçen karzlar hasabyna geçirip, göterimlerini alyp, karzy üpjün edýän emlägi kanun boýunça satyp, bergini yzyna alyp biler.

Karz alyjy bergisini tölemekden boýun gaçyrsa, banklar karz beren serişdelerini kazyýete ýüz tutup alyp biler.

**Karzlara tölenýän göterimleriň derejesi:**

- inflýasiýanyň ösüşine;
- karzyň möhletine;
- karzyň maksadyna we obýektine;
- döwletiň esasy hasabat (binýatlyk) göterimine;
- müşderiniň abraýyna;
- karzyň görnüşine;
- karz bermegiň töwekgelçiligine görä kesgitlenýär.

Daşary ýurt döwletleri bolan ABŞ-da, Germaniýada, Şweýsariýada, Ýaponiýada inflýasiýanyň öşüşi ýylda 3-4%-e barabar. Şonuň üçin şol döwletlerde hasabat (binýatlyk) göterimleriniň derejeleri 5%-den artanok. Görkezilen döwletlerde banklar dünýäde iň belli gowy işleýän şereketlerden esasy hasabat (binýatlyk) bank göterimlerinden 1% artyk töleg alýarlar.

Orta kärhanalar bankda abraýly müşderi diýip hasaplanýan bolsa, 2,5-3% binýatlyk göterimden artyk göterim tölese, bank ylalaşygy amatly diýlip hasaplanýar.

Kiçi kärhanalara karz bermegiň töwekgelçiligi örän uly, şonuň üçin olardan esasy bank göterimlerinden 3% artyk göterim alynýar.

Esasy bank göterimleri banklaryň karz serişdeleriniň bahasyna we Türkmenistanyň Merkezi bankyň göterimlerine bagly bolup durýar. **Bankyň maksady karz bermek üçin eden çykdajylaryny ödemek we banka girdeji getirmekdir.**

Karzy ulanmak üçin göterim derejeleri, olaryň tölemek usullary, möhletleri, tertibi karz şertnamalarynda görkezilýär. Karz pul serişdelerini ulanmak üçin göterimleri bank hasaplaýar we karz alyjy olary tölemelidir. Göterimler bankyň buýrugy boýunça ýa-da karz alyjynyň töleg-tabşyrygy esasynda geçirilýär. Eger-de karz alyjynyň hasaplaşyk hasaby başga bankda bolsa, şu ýagdaý karz şertnamasynda görkezilen bolsa, karz we göterimler töleg talap-tabşyrygy, inkasso tabşyrygy esasynda geçirilip bilner.

Karz şertnamasynda göterimleriň derejeleri belli şertlerde üýtgedilip bilner diýip görkezilen bolsa, bank goşmaça ylalaşygy baglaşman, karz alyja ýörite hatda habar berip, göterimleriň derejelerini üýtgedip biler. Karz bermegiň töwekgelçiligi ýokary bolsa, onda bank ýokary derejeli göterimi hem alyp biler.

## 5.5. Karzy göterim bilen yzyna gaýtaryp bermegiň üpjünçiliginiň görnüşleri

**Karzyň göterimi bilen yzyna gaýtarylmagy** karz gatnaşyklarynyň beýleki ykdysady gatnaşyklardan esasy tapawutly tarapydyr. Önümçilik gatnaşyklarynyň agzalarynyň serişdeleriniň dolanyşygy we aýlanyşygy, karzy ulanmagyň kanunlary karzyň gaýtarylmagynyň ykdysady binýadyny düzýär. Karz geleşigine iki tarap, ýagny karz beriji we karz alyjy gatnaşýar. Karzy ulanmagyň mehanizmi bu taraplaryň her biriniň ornuny hasaba alýar.

Karz beriji karz gatnaşyklaryny gurnaýjy bolup, öz bähbitlerine garamaga çalyşýar. Ol karzlaşdyrmagyň üsti bilen ahyrynda berlen karzyň göterimi bilen wagtynda doly gaýtarylmagyny gazanasy gelýär, emma berlen karzy göterimi bilen yzyna öz wagtynda gaýtarmagy karz alyjynyň karz ukyplylygyna, pul bazarlarynyň umumy ýagdaýlaryna, halkara çökgünlige we ş.m. ýagdaýlara bagly bolýar. Karz alyjynyň bergi borçnamasyny boýun almagy karzyň gaýtarylmagyny doly kepillendirmeýär. Inflýasiýanyň güýçlenmegi berlen karzyň hümmetini peseltmegi mümkindir ýa-da karz alyjynyň maliýe ýagdaýlarynyň ýaramazlaşmagy karzyň gaýtarylmaly möhletini bozmagy mümkindir.

**Onuň üçin halkara bank tejribesinde karzyň gaýtarylmagynyň mehanizmi oýlanyp tapyldy. Onuň düzümi:**

– karzyň girdejiniň hasabyna üzülmeginiň düzgüninden;

– üzülme tertibiniň karz şertnamasynda hukuk taýdan berkidilmeginden;

– karzyna berlen gymmatyň yzyna öz wagtynda we doly gaýtarylmagyny üpjün edýän üpjünçilik görnüşleriniň ulanmagyndan ybaratdyr.

**Karzyň yzyna gaýtarylmagynyň üpjünçilik görnüşleri** diýip berginiň üzülmeginiň anyk çeşmesine, karz alyjynyň ony ulanmak hukuklarynyň resmileşdirilişine we ol çeşmäniň kabul ederliklidigine we ýeterlikdigine bankyň gözegçilik etmegine aýdylýar.

Bank tejribesinde karzyň üzülmeginiň çeşmeleri **birinji we ikinji** derejelere bölünýär.

**Birinji derejedäki çeşme** bolup, ilki bilen, harydyň ýerlenmeginden, edilen hyzmatdan gelýän girdeji ýa-da şahsy tarapyň alýan girdejisi çykyş edýär.

Daşary ýurtlarda banklar **ilkinji** çeşmeden ugur alýarlar. Şonuň üçin hem karz alyjynyň haýyşnamasyny öwrenmek bilen, banklar, ilki bilen, müşderiniň pul akymyna, onuň işiniň geljegine, alyjylar bilen pul gatnaşyklarynyň ýagdaýlaryna üns berýärler. Diňe maliýe taýdan durnukly kärhanalaryň girdejisi karzyň gaýtarylmagyna anyk kepil bolup çykyş edip bilýär. Netijelilik derejesi ýokary bolan we öz dolanyşyk maýasy bilen üpjün edilen kärhanalaryň pul akymlary sagdyn bolup, diňe pul akymlarynyň yzygiderlilikde gelmegi üpjün edilmän, eýsem maýasynyň artmagy hem gazanylýar.

Şunuň ýaly kärhanalar banklaryň birinji derejedäki müşderileri bolup, karz şertnamasynda karzyň üzülmeginiň çeşmesi hökmünde girýän girdejiniň göz öňünde tutulmagy ýeterlik bolýar. Şunuň ýaly ýagdaýda bank bilen müşderiniň arasynda goşmaça kepilleri talap etmeýän ynamdarlyk gatnaşyklary döreýär.

Tejribede kärhananyň girdejisiniň gelmegine belli bir derejede töwekgelçilik döräp bilýär.Töwekgelçilik önümçilik we önümiň ýerlenmegi bilen, alyjylar bilen hasaplaşyklaryň ýagdaýlary, bazaryň konýunkturasy bilen baglylykda döräp bilýär.

**Ikinji derejedäki çeşme** goşmaça kepillikleriniň ulanylmagynyň zerurlygyny talap edýär. Olar **hukuklaryň we emläkleriň girewi, talaplaryň we hukuklaryň geçirilmegi, kepiller we zamunlyklar, ätiýaçlandyrma** we beýlekilerdir. Karzyň göterim tölegi bilen yzyna gaýtarylmagynyň üpjünçilik görnüşleri ýörite resmi kagyzlar bilen hukuk taýdan resmileşdirilýär.

**Müşderiniň emläginiň girewi** bank karzynyň yzyna gaýtarylmagynyň üpjünçiliginde giňden ulanylan görnüş. Emlagiň girewi ikitaraplaýyn gol çekilip girew şertnamasy bilen resmileşdirilýär. Karz alyjynyň öz töleg borçnamasyny ýerine ýetirmedik ýagdaýynda girew şertnamasy, karz berijiniň hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, girewe alnan gymmatlyklary ulanmak hukuklaryny tassyklaýan resmi kagyzy aňladýar.

**Girewi ulanmagyň ýörite mehanizmi.** Ol girew şertnamasynynyň taýýarlanmak, resmileşdirilmek we ýerine ýetirilmek hereketlerini öz içine alýar. Girew mehanizmi karz haýyşnamasyna seredilýän döwürde, ýagny karz şertnamasynyň esasy şertleriniň biri bolup peýda bolýar. Muňa garamazdan, diňe karzyň hereketiniň soňky tapgyrynda, ýagny karz alyjynyň karzyny üzüp bilmedik ýagdaýynda girew mehanizmine ýüzlenilýär.

Girew hakynda şertnama baglaşylanda «Girew hakynda» Türkmenistanyň kanuny, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň dekabr aýynyň 15-ndäki 3426-njy belgili «Türkmenistanyň banklarynyň pul-karz syýasatyny sagdynlaşdyrmak boýunça çäreler hakyndaky» Karary we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň, Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň, Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň tassyklan we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ýlalaşylan, 1999-njy ýylyň mart aýynyň 9-nda 203-nji belgide Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan bellige alnan «Bank karzy berlende goýlan emläge nyrh kesmegiň we ony ýerlemegiň tertibi» ulanylýar.

Türkmenistanyň «Girew hakyndaky» Kanunyna laýyklykda girew hökmünde maddy gymmatlyklar, gymmatbaha kagyzlar, beýleki emläkler, emläk hukuklary ulanylyp bilinýär. Girewiň maddy-gymmat mazmunyna görä, girewiň predmetini birnäçe toparlara bölüp görkezse bolýar:

Müşderiniň girewe goýlan emlägi, gymmatlyklary:

**1. Haryt-maddy gymmatlyklaryň girewi:**

– çig malyň, serişdeleriň, ýarymtaýýar önümleriň girewi;

– harytlaryň we taýýar önümiň girewi;

– walýuta gymmatlyklarynyň, altyn önümleriniň, şaý-sepleriň, sungat eserleriniň, antikwariatyň girewi;

– beýleki haryt-maddy gymmatlyklaryň girewi;

– wekselleri hasaba almak bilen gymmatbaha kagyzlaryň girewi:

– şol bankda ýerleşdirilen depozitleriň girewi;

– ipoteka (gozgalmaýan emläk) girewi;

**2. Eýeçilik hukuklarynyň girewi:**

– kärendeçiniň eýeçilik hukuklarynyň girewi;

– awtoryň sylaglanmak hukuklarynyň girewi;

– sargytçynyň gurluşyk işleriniň geleşigi hukuklarynyň girewi;

– komission geleşigiň eýesiniň hukuklarynyň girewi.

Girew beriji bolup girewiň emläk hukugy bolan ýa-da girewiň predmetiniň hojalykda dolandyrmaga hukugy bolan taraplar çykyş edip bilýärler.

Gymmatlyklary girew hökmünde ulanmak üçin olar birnäçe talaplara gabat gelmeli, ýagny girewe hödürlenýän emläk **kabul ederlilik we ýeterlilik talaplara** gabat gelmeli.

**Kabul ederlilik talaby**, ilki bilen, girewe hödürlenýän zadyň hil taraplaryna, **ýeterlilik talaby** bolsa san taraplaryna degişli bolýar. Maddy gymmatlyklaryň hil we san talaplaryna degişlilikde umumy we aýratyn talaplar ulanylýar.

**Girewiň maddy mazmuny bilen bagly bolmadyk *hiline degişlilikdäki* umumy talaplar:**

1. Girewiň predmeti (maddy gymmatlyklar, emläk, eýeçilik hukuklary) karz alyjynyň eýeçiliginde bolmaly ýa-da olary hojalykda dolandyrmaga hukugy bolmaly.

2. Girewiň gymmatyny bahalandyrmaly.

3. Girewiň predmetleri likwidli bolmaly.

**Girewiň predmetiniň *san talaplaryna* degişli umumy talaplar:**

1. Umumy bergi borçnamasy bilen deňeşdirilende girewe berilýän zatlaryň gymmaty artyk bolmaly.

2. Girewiň predmetiniň hil we san talaplaryna degişli aýratyn talaplar girewiň görnüşine we girew amallarynyň töwekgelçilik derejesine bagly bolýar.

3. Gymmatlyklaryň girew hökmünde kabul edilmegine:

– gymmatlyklaryň hili;

– karz beriji tarapdan olaryň saklanylmagyna gözegçilik mümkinçilikleri täsir edip bilýär.

**Maddy gymmatlyklaryň hil talaplaryna degişli şertler:**

Girewine goýlan gymmatlyklar çalt satylyp bilinmeli, nyrhlary durnukly, ätiýaçlandyryş mümkinçilikli, uzak wagtlap saklap bolunýan bolmaly, şu sebäpli tiz zaýalanýan harytlar we önümler girewe kabul edilmeýär.

**Girewiň saklanmagyny üpjün edýän iň amatly usul bolup girewiň karz berija geçirilmegi hasaplanýar.** Karz alyjy şunuň ýaly ýagdaýlarda eýeçilik hukugyny ýitirenok, emma gymmatlyklary öz ygtyýaryna ulanyp bilenok. Girewiň bu görnüşine **goýlan görnüş** diýilýär. Girewi ulanmak ygtyýary karz berija geçirilýär we bank girewe berlen gymmatlyklary saklap bermek barada borçlanýar. Köplenç, gymmatlyklary saklamakda banklaryň ammarlarynyň ýetmezçilik edýänligi üçin maddy gymmatlyklar karz alyjyda galdyrylýar. Girewe goýlan gymmatlyklara bellik goýlan bolsa, berk girew diýlip hasaplanýar we karz alyjynyň olary ulanmaga ygtyýary bolmaýar.

Köplenç, gymmatlyklaryň karz alyjyda galdyrylýan görnüşi hökmünde **dolanyşykdaky harytlaryň girewi ulanylýar.** Bu görnüşiň ulanylmagy bilen karz alyjy girewe goýlan gymmatlyklaryna diňe eýeçilik etmän, olary ulanyp hem bilýär. Köplenç, söwda kärhanalaryna karz berlende harytlaryň ätiýaçlygyny saklamaly bolansoň ulanylýar. Girewleriň görnüşleriniň arasynda goýulýan girewlerden galany karzyň gaýtarylmagyny şertli kepillendirýär. Şonuň üçin banklar tarapyndan galan girewleri diňe ynam bildirilýän müşderilere ulanmaga rugsat berilýär.

Girewiň predmetiniň bahalandyrylmagy halkara tejribesinde aşakdaky ýörelgeler esasynda amala aşyrylýar:

Predmetleriň köpüsi bazar nyrhy bilen bahalandyrylmaly, emma gymmatlyklary satyp ulanmaly bolanda onuň hakyky nyrhy ilkinji nyrhyndan tapawutlanýar.

1. Girewe alnan gymmatlyklar karz töwekgelçiligini ýapmak üçiň gaýtadan bahalandyrylyp durulmaly.

2. Girewiň bahalandyrylmagy şol ugurdan hünärmenler tarapyndan ýerine ýetirilmeli.

3. Sungat eserleriniň we antikwariatyň hakykylygy we gymmatlylygy tassyklanmaly.

4. Girewiň gymmaty gymmatlyklary gaýtadan bahalandyrmak üçin harajatlary öz içine almaly.

5. Girewiň bahalandyrylýan döwründe girewiň satylmagy bilen bagly harajatlary we satylyş gymmaty dogry kesgitlenilmeli;

6. Girew şertnamasynyň düzülmegi we ýerine ýetirilmegi **girew mehanizminiň wajýp düzümi diýlip hasaplanýar.**

Girew şertnamasynyň mazmuny birnäçe talaplara laýyk gelmeli:

• girew şertnamasy ýazmaça görnüşinde doldurylyp, ikitaraplaýýn gol çekilip, mohür bilen tassyklanmaly.

• ipoteka degişli şertnama hökman notarial diwany tarapyndan kepillendirilmeli.

• döwlet emlägi girewe alnanda Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň rugsady bolmaly.

• girew şertnamasynda karz beriji we karz alyjy taraplar, karzyň we göterimiň möçberi, karzyň we göterimleriň tölenmeli möhleti görkezilmeli.

• girewe alnan emlägiň düzümi we gymmaty görkezilmeli.

• eýeçilik usuly we ygtyýar etmek mümkinçilikleri bilen girewiň görnüşi görkezilmeli.

• girewe degişlilikde taraplaryň hukuklary we borçlary görkezilmeli.

• şertnamanyň şertleriniň berjaý edilişine gözegçilik görkezilmeli.

Bank girewe goýlan emläkleriň karzyň yzyna gaýtarylmagyny üpjün etmegi üçin satylmagyndan emele gelip biljek ýitgileri hasaba almak bilen, berlen karza gabat gelşine barlaglar geçirip durýar. Egerde girew bilen üpjün edilen borçlaryň möhleti dolan pursatynda ol ýerine ýetirilmese,onda banklar girew emläklerini ulanmak hukugyna eýe bolýarlar.

Girewine goýlan emläkleri almaga ýa kazyýetiň çözgüdi, ýa Döwlet kepillendiriş edarasynyň ýerine ýetiriş ýazgysy, ýa-da özbaşdak almaga Girew şertnamasyndaky ýazgy esas bolup bilýär.

**Girewe goýlan emläge karz berijiniň hukugynyň güýje girip bilýän senesi:**

– karzyň möhletiniň tamamlanmagy;

– karzyň üzülmesiniň möhleti we girew şertnamasynda göz öňünde tutulan ýeňillikli möhlet.

Girewe gozgalmaýan emläk goýlan bolsa, goýlan gymmatlyklaryň jemgyýet üçin çeperçilik, taryhy gymmaty bar bolsa, karz alyjy öz wagtynda tapylmadyk ýagdaýlarynda girewi ulanmak hukugy kazyýetiň üsti bilen alynýar.

Galan ýagdaýda notarial diwany tarapyndan hasaba alnan Girew şertnamasy esasynda karzyň möhletiniň tamamlanmagy bilen güýje girýär.

Bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda karzyň gaýtarylmagynyň üpjünçilik görnüşi hökmünde talaplaryň we emläk hukuklarynyň geçirilmegi (sessiýasy) çykyş edýär, ýagny **sessiýa** karz alyjynyň öz talaplaryny (debitor algylaryny) banka karzyň üpjünçiligi hökmünde geçirýändigi baradaky resmi kagyzdyr. Sessiýa baradaky şertnama geçirilen talaplar boýunça pul serişdeleriniň banka geçýändigini tassyklaýar. Geçirilen talabyň gymmaty karz borçnamasyny üzmek üçin ýeterlik bolmaly.

**Tejribede sessiýanyň *açyk* we *ýuwaş* görnüşleri ulanylýar .**

Bergidaryna talaplaryň banka geçirilýänligi barada bankyň habar etmegine **açyk sessiýa** diýýärler. Bergidar öz bergisini şunuň ýaly ýagdaýlarda algydaryna däl-de, banka töleýär. **Ýuwaş sessiýa** ulanylanda bank üçünji tarapa habar berenok we karz alyjy alan algylaryny banka geçirýär. Köplenç, karz alyjylar abraýdan düşmejek bolup ýuwaş sessiýany ulanýarlar, emma bank üçin bu görnüş uly töwekgelçilikli bolýar. Aýratyn talaplary geçirmek bilen bilelikde Germaniýanyň banklary **umumy** we **global** sessiýalary hem ulanýarlar.

**Umumy sessiýa** karz alyjynyň bankyň özünde ýerlenen haryt we ýerine ýetirilen hyzmatlar boýunça talaplaryň belli bir möçberiniň ählisinde hem geçirjegine borçnamasyny aňladýar.

**Global sessiýa** karz alyjynyň belli bir döwürde hemme talaplaryny banka geçirjekdigi barada borçnamasyny aňladýar.

Bu töwekgelçilikleri peseltmek üçin banklar talaplaryň gymmatynyň berlen karzlardan ep-esli artyk bolmagyny talap edýärler.

Emlak karz alyjynyň ygtyýarynda galyp, şol bir wagtyň özünde karzyň gaýtarylmagyna kepil bolmagyny üpjün etmek üçin **emläk hukuklary** banka geçirilip bilýär (awtomobil, bir ammarda ýa-da bir sehde ýerleşýän harytlar, serişdeleriň ätiýaçlyklary, ýarymtaýýar önümler). Emläk hukugynyň karzyň üpjünçiligi hökmünde geçirilmegi uly töwekgelçilikler bilen bagly bolansoň, karz alyjynyň, dogrudan hem, ol gymmatlyklaryň eýesidiginiň anygyna ýetmek bank üçin örän wajypdyr.

Karzyň üpjünçiliginiň görnüşi hökmünde **kepillikleri** hem-de **zamunlyklary** ulanýarlar. Bular girew ýaly karzlaşdyryjynyň bähbitleriniň ykdysady we hukuk taýdan goralmagyny biraz tapawutly ýerine ýetirýärler. Bu ýerde karz berijiniň emläk jogapkärçiligini üçünji tarap çekýär.

**Kepillik borçnamasyny** berýän tarap boýunça, kepillikleriň resmileşdirilişi, kepillendirilen tölegiň çeşmesi boýunça kepillikleriň birnäçe görnüşleri ulanylýar.

Kepillendirilen borçnamany berýän tarap hökmünde maliýe taýdan durnukly kärhanalar, niýetlenen gorlary bar bolan ýörite guramalar, banklar we örän seýrek ýagdaýlarda kärhanalaryň özleri çykyş edip bilýärler. Bank kepillikleri belli bir möhletleýin berilýär. Karz şertnamasy boýunça borçnamanyň peýda bolmagy bilen olar güýje girýär.

Kepillikler tölegli berilýär. Hyzmat üçin tölegler kepillikler berilmäňkä ýa-da berlensoň geçirilip bilner. Kepillikleriň berilmegi, karz berijä ýazylyp berilýän kepil haty ýa-da kepil bolýan (çykýan) tarap bilen bankyň arasynda şertnamanyň baglaşylmagy bilen resmileşdirilýär.

Köplenç, şertnamanyň baglaşylmagyna karz alyjy tarap hem çekilýär, soň ol üçtaraplaýyn baglaşylýar. Karz berijiniň öňunde bergi borçnamasynyň üzülmegi bilen bank kepillikleriniň güýji gaçýar.

**Kepillikleriň netijeliligi** birnäçe ýagdaýlara bagly bolýar:

1. Karz berýän bankyň kepil bolýan (geçýän) tarapyň maliýe durnuklylygyna hakyky baha bermegi.

2. Mysal üçin, bank kepil geçýän bolsa, ol bankyň maliýe durnuklylygy barada maglumatlaryň hakykylygynda oňa baha bermekde we seljermekde ulanýan usullarynyň ähmiýeti uly bolýar.

3. Kepil hatyny almak bilen karz berýän bank kepil çykýan tarapyň öz borçnamalary boýunça tölemäge taýýarlygyna özünde ynam döretjek bolup, köplenç, onuň bilen düşünişýär.

Kepillikler düzgüne laýyk doldurylmaly we gol çekilmeli.

**Zamunlyklar** edara we şahsy taraplar bilen şertnama baglaşylyp ulanylýar. Şertnama laýyklykda, kepil bolan karz berijiniň öňünde bergidaryň öz bergi borçnamalaryny (karzyň göterimi bilen doly möçberine ýa-da onuň bir bölegine) wagtynda tölejegine jogap berýänligi barada borçlanýar. Zamunlyk şertnamasy karzlaşdyryjy bankyň we kepil bolýan (çykýan) tarapyň arasynda, karz alyjynyň gatnaşmazlygy bilen hem baglaşylyp bilner. Zamun bolup kärhanalar, guramalar we raýatlar çykyş edip bilýärler.

Karz beriji we kepilçi bolýan taraplaryň arasynda baglaşylýan şertnamada bergidaryň, kepil bolýanyň (geçýäniň) we karzlaşdyryjy bankyň ady, salgysy, kepilçiniň borçnamasy (tölegiň möçberi we şertleri) we beýleki maglumatlar görkezilýär.

**Zamunlyklaryň güýjüni ýitirýän ýagdaýlary:**

1. Üpjün edilen borçnamanyň güýjüniň gaçmagy bilen, zamunlyk şertnamasynda görkezilen möhletiň tamamlanmagy bilen, üpjün edilen borçnamalar boýunça berginiň beýleki tarapa geçirilmegi bilen, esasy borçnamanyň zamun tarap bilen ylalaşylman üýtgedilmegi bilen güýjüni ýitirýär.

2. Zamunlyk şertnamasyna görä, karz alyjy we kepil bolýan bankyň öňünde bergi borçnamasy boýunça raýdaş jogap berýän tarap bolup çykyş edýärler. Bu bolsa karz berijiniň wagtyň gelmegi bilen göni talap bilen zamuna ýüzlenip bilmeýänligini aňladýar, sebäbi zamun, ilki bilen, karz alyja ýüzlenip, borçnama boýunça töläp bilmejegine anyk jogabyny almaly.

3. Zamunlyk şertnamasy bank tarapyndan onuň mazmunyna, doldurylyşyna, gollaryň anyklygyna we ygtyýar tarapdan çekilenine barlag geçirýär. Halkara tejribesinde ýörite gol çekmäge ygtyýary bar bolan taraplaryň kitaby ulanylýar. Şertnamada zamunlygyň kime berleni, kim üçin berleni, haýsy borçnama boýunça berleni we ş.m. ýaly anyk maglumatlar görkezilýär.

## 5.6. Bank tarapyndan karzlaryň ulanylmagyna gözegçilik

Türkmenistanyň «Kärhanalar hakyndaky» Kanunyna laýyklykda edaralar, kärhanalar, guramalar we ş.m. ykdysady subýektler şu aşakdaky guramalara hasabat tabşyrmaly, ýagny:

• Türkmenistanyň Milli hasabat baradaky döwlet komitetiniň edaralaryna;

• Türkmenistanyň Salgyt gulluklaryna;

• Türkmenistanyň täjirçilik we beýleki banklaryna (hyzmat edýän banklaryna ykdysady subýektler) hasabat (balans) tabşyrýarlar.

Şol berilýän hasabatlaryň esasynda hyzmat edýän banklar karz alýan kärhanalaryň çärýekde bir sapar ýa-da gerek ýagdaýynda aýda bir gezek umumy seljermesini geçirýärler. Seljerme geçirilende, karzyň ulanylyşyna aýratyn üns berilýär. Gerek bolan ýagdaýynda banklar karzyň ulanylyşyny ýerinde barlap bilýärler. Banklar barlag geçirende, olaryň pul we hasaplaşyk resminamalaryny, hasabat ýazgylaryny, statistik maglumatlary derňew etmäge haklary bardyr we girew hökmünde geçirilen emläkleriň ýagdaýyny hem barlap bilerler.

Karzyň ulanylyşyna gözegçilik edilende, banklar ähli maliýe we beýleki maglumatlary r (meselem audit gulluklarynyň netijelerinden we gaýry çeşmelerden) ulanyp bilerle.

Ýewropa döwletlerinde kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň, şereketleriň maliýe ýagdaýlary barada ýörite maglumatlary ýygnaýan şereketler bar. Olar bankyň islegi boýunça kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň, şereketleriň, maliýe ýagdaýy barada maglumatlary, banklara we başga edara görnüşli taraplara satýarlar.

Soňky ýyllarda Türkmenistanyň banklary daşary ýurt kompaniýalary bilen, hususan-da, Türk şereketleri bilen gurluşyk işleri, haryt satyn almak we hyzmatlary ýerine ýetirmek babatda şertnamalar baglaşylýar. Şol şereketler barada banklarda, köplenç, maglumatlar örän az. Şonuň üçin hem banklar şol şereketler hakynda daşary ýurtlardan maglumatlary alsalar, biziň döwletimiz üçin birnäçe ýagdaýlarda peýdaly bolar.

**Berlen bank karzlary kemçiliksiz we kemçilikli ulanylyp bilner:**

1. Karz berlen maksady üçin ulanylanok.

2. Karz alyjy bankyň gözegçiliginden gaçýar.
3. Berilýän hasabatlar nädogry.
4. Karz alyjy öň alan karzlaryny öz möhletinde gaýtaranok.
5. Karz alyjy erbet işleýär we onuň maliýe ýagdaýy erbetleşýär.
6. Alnan girewiň bahasy pese düşýär.
7. Karz alyjy dürli sebäplere görä köp ýitgi çekýär.
8. Beýleki kemçilikler.

Bank işgärleri karz alyjylaryň kemçilik tarapyny bilip,olary düzetmek üçin karz alyjy bilen bilelikde ýol tapmalydyr. Eger-de karz alyjynyň özi kemçiliklerini düzetmedik ýagdaýynda bank karz alyja garşy çäre görüp biler.

Banklaryň çärelerine:
1. Göterimleri ýokarlandyrmak;
2. Käbir ugurlar (obýektler) üçin karzlary bermek;
3. Berlen karzlary möhletinden öň yzyna gaýdyp almak;
4. Karz alyjynyň bergilerini üzmäge ukypsyzlygy hakda habar etmek;
5. Kärhanany batandygy sebäpli ýapmak barada mesele goýmak girýär.

Bank çäre görmäňkä, ilki bilen, kärhana habar etmelidir. Diňe şondan soň bank kärhanalara garşy ýokarda görkezilen birinji üç çäräni (olar karz şertnamasynda öňünden ýazylan bolsa) görüp biler.

Karz alyjynyň karzy üzmäge ukypsyzlygy hakynda habar etmek Türkmenistanyň «Karz edaralary we bank işi hakynda» Kanuny esasynda amala aşyrylýar. Şol jerimäni (sanksiýany) durmuşa geçirmek üçin bank işgärleri aşakdaky işleri ýerine ýetirmeli. **Birinjiden**, karz alyjynyň bergini üzmäge ukypsyzlygy barada karz alyjynyň özüne, onuň ýokarky edarasyna ýa-da ony bellige alan guramalara, ýagny salgyt gulluklaryna, kazyýete, karz alyjynyň hemşerlerine hat görnüşinde ýetirmelidir. Şeýle habar bankyň müşderilerine-de ýetirilýär, emma müşderilere ýetirilýän habar hat görnüşinde däl-de, bankyň ýörite tagtasynda bildiriş görnüşinde berilýär. **Ikinjiden**, habar berlenden soň, bank:
– müşderiniň karz hasabyndan tölegleri bes etmek;
– karzy möhletinden öň yzyna talap etmek;
– karzy üpjün edýän emlägi kanunda görkezilen tertipde almak çärelerini görüp biler.

Karz alyjy töleg talabyny we özüniň bergisini üzmäge ukypsyzlygy hakdaky habary alandan soň, iki aýyň döwamynda bergini üzmek barada borçnamany ýerine ýetirmese, Türkmenistanyň Kanuny esasynda, bankyň kazyýete ýüz tutmaga haky bar.

Bank işgärleri esasy bir zady hiç haçan ýatdan çykarmaly däldirler. Türkmenistanyň «Bergidarlyk hakda» Kanunynyň 33-nji maddasy esasynda, kazyýet karz alyjynyň bergidarlygy hakda karar çykarandan soň, karz alyjy banky girew bilen üpjün eden bolsa, bank bergileri (girewe goýlan emlägiň hasabyna) nobatsyz ýapylmalydyr.

## 5.7. Karzlaşdyrmagyň töwekgelçiligi

**Töwekgelçilik** – bu öňünden garaşylýan netijäniň näbelli derejesi. Başga pudaklar bilen deňeşdirilende bank ulgamynda karz töwekgelçiliginiň derejesi ýokary bolýar.

**Karz töwekgelçiligi** esasy berginiň we göterimleriň yzyna gaýtaryp berilmezligi bilen baglanyşykly. Bu karz beriji bankyň töwekgelçiligi bolup çykyş edýär. Başgaça aýdanymyzda, karz beriji bankyň karz serişdeleriniň borçnamada görkezilen şertlerde we möhletde yzyna gaýtarylmak niýeti we mümkinçiliginiň azlygy bilen baglanyşykly.

Durmuşda her hili ýagdaýlar ýüze çykyp biler. Şonuň üçin:

– karz alyjy ykdysady ýa-da syýasy üýtgeşmeler sebäpli pul serişdelerini ýygnamaga ukypsyz galanda;

– karz beriji tarapyndan karzyň ýerine alnan girewiň hili pes bolup, geljekki bahasyna ynam azalanda (girewi çalt satmak kyn);

– karz alyjynyň delallyk abraýý pese düşende;

– karz alyjynyň öndürýän önüminiň hiliniň peselmegi sebäpli alyjy tarapyndan isleg bildirilmände oňa ynamsyzlyk döreýär.

Karz beriji bank karz bermegiň töwekgelçiligini iň pes derejä çenli azaltmaga borçludyr. Karz beriji bank töwekgelçilikden gaça durmalydyr, sebäbi köp ýagdaýda karz beriji bank karzy öz serişdeleriniň hasabyna däl-de, beýleki müşderileriň (goýumçylaryň) hasabyna amala aşyrýar. Bu, esasanam, wagtlaýyn ulanylmaýan serişdeleri ýygnamak bilen hemde töwekgelçiligi dogry hasaplamak bilen baglydyr. Müşderileriň bank bilen baglaşan goýum sertnamasyna laýyklykda ilkinji talaby boýunça

bank müşderiniň serişdelerini gaýtaryp bilmelidir. Şonuň üçin karz beriji bank karz alyjynyň karzy ulanjak wagtyny, yzyna gaýtaryljak möhletini anyklap, **karzyň töwekgelçiligine baha bermek üçin, ýagny:**

– karz alyjynyň ruhy, etiki tarapdan abraýyny;

– karz alyjynyň önüm öndürmek ukybyny, marketingiň guralyşyny, maliýe ýagdaýyny;

– karz teklipleriniň göwnejaý taýýarlygyny, teklipleriň ykdysady we delil tarapdan mümkinçiligini;

– karzyň maksadynyň banka laýyklygyny göz öňünde tutmaly.

Karz beriji bank müşderilerden ýokarda görkezilen soraglaryna doly jogabyny toplap, başga çeşmelerden hem alnan ynanyp bolýan maglumatlary ýygnamaga çalyşmaly. Doly we ynanyp bolýan maglumatlary ýygnamak bolsa örän kyn. Haçan-da edaralaryň, kärhanalaryň, şereketleriň, guramalaryň we ş.m. ykdysady subýektleriniň ýyllyk hasabatlary garaşsyz auditor gulluklaryna barlaga berilmedik ýagdaýynda hem şol kynçylyklar döreýär.

Karz beriji bank müşderilerden hökman dogry taýýarlanan maliýe hasabatlaryny talap etmelidir. Hasabatlaryň içine balans, girdejiler hakynda resminama we pul serişdeleriniň sarp edilişi hakynda hasabat hem hökman girizilmelidir.

Karz beriji bank diňe karz bermän, müşderilere bilim hem bermelidir. Bankyň talaplary diňe bankyň özüne peýda getirmän, müşderlerine-de peýdaly bolmalydyr. Hasabatlary dogry ýöredýän müşderiler kärhanany maliýe tarapdan dolandyrmagy öwredýär.

Karz beriji bank karz berende, bankyň karz bukjasyny seljermeli, şeýle-de töwekgelçiligi peselýärmi ýa-da ýokarlanýarmy diýen soraglara hem jogap berip bilmelidir. Haçan-da karzlar bir pudaga, bir tarapa, bir maksada, bir möhlete berlen wagtynda töwekgelçilik ösýär.

Eger-de karz alyjy belli bir harytlary, hyzmatlary we taslamalary ýerine ýetirmek üçin bankdan karz soran ýagdaýynda, karz beriji bank bazary gowy bilmeýän bolsa, şol müşderilere karzlary bermeli däldir. Bazary bilmedik we töwekgelçilige dogry baha berip bilmedik ýagdaýynda karz beriji bankyň töwekgelçiligi ýokarlanýar. Karz beriji bankyň işgäri hökman töwekgelçilige baha bermek ölçeglerini bilmelidir.

# VI BAP

# KARZYŇ WE KARZ AMALLARYNYŇ GÖRNÜŞLERI

## 6.1. Karzyň görnüşleri

Ykdysadyýet ylmynda karzlar döwlet karzy, döwletara karzlar bank karzy, daşary söwda karzy, halkara karz, hojalygara karz, bankara we konsorsial karzlar ýaly görnüşlere bölünýärler. Ýokarda görkezilen karzlaryň her haýsynyň öz aýratynlyklary bar.

**Döwlet karzy** döwlet ilatdan pul serişdelerini çekmek üçin obligasiýalary we gaýry gymmatbahaly kagyzlary çykaranda ýüze çykýan pul gatnaşyklarydyr.

**Döwletara karzlar** döwletleriň biri-birinden pul serişdelerini karzyna almaklarydyr.

**Bank karzy** – bank tarapyndan edara-kärhanalara, guramalara, şereketlere, telekeçilere we fiziki taraplara (çykdajylaryň jemine, haryt dolanyşygyna ynamly sarp ediş, ipoteka karzlary – gozgalmaýan emlägiň girewi esasynda) pul serişdeleriniň berilmegi;

**Daşary söwda karzy** – eksport-import amallary amala aşyrylanda berilýän pul serişdeleri.

**Halkara karz** – daşary ýurt banklary tarapyndan berilýän pul serişdeleri.

**Hojalygara karz** hojalygara kärhanalar tarapyndan berilýän pul serişdeleri.

**Konsorsial karz** – birnäçe banklaryň bir taslama üçin berýän pul serişdeleri.

Karzlaryň bulardan başga-da birnäçe görnüşleri bar. Olaryň üstünde giňişleýin durup geçeliň.

**1. Maksatly karzlar.**

Kärhanalara maddy-haryt gymmatlyklaryny satyn almak, öz serişdeleriniň öwezini doldurmak ýa-da geljekde olary satyn almak üçin berilýär. Karzy almak üçin karz alyjy hyzmat edýän bankyna **arza ýazmaly, adyny, salgysyny, gerek bolan karzyň möçberini, maksadyny, möhletini, yzyna gaýtarmagyň düzgünini we girewiň görnüşini** görkezmeli.

Bankyň işgäri karz alyjynyň resmi kagyzlaryny öwrenip, karzy bermek ýa-da bermezlik barada teklip taýýarlaýar. Eger-de bu mesele oňyn çözülse, bank işgäri düzgünnama laýyklykda 72 sagadyň (3 günüň) içinde «Karz şertnamasyny» we «Girew şertnamasyny» 2 nusgada (biri müşderi üçin, beýlekisi bank üçin) taýýarlaýar.

«Karz şertnamasynda» **karzyň maksady, möçberi, möhleti, onuň berlişiniň we gaýtarylyşynyň tertibi, üpjünçiliginiň görnüşleri, göterim ölçegleri, olaryň töleg tertibi** göz öňünde tutulýar. Şertnama kärhananyň ýolbaşçysy, baş hasapçysy gol çekip möhur goýansoň we bankyň dolandyryjysy, baş hasapçysy gol çekip möhur goýansoň «Karz şertnamasy» güýje girýär.

Müşderä **karz hasaby açylýar** we pulhana amallary bölümine **görkezme berilýär.** Görkezmede görkezilen möçberde, möhletde pul serişdeleri müşderä berilýär. Maksatly karzlaryň 90%-ni döwlet edara-kärhanalary ulanýarlar.

**2. Kontokorrent karzlar** (italýan sözi bolup, **gündelik hasap** diýmegi aňladýar).

Bular ýeke-täk hasap bolup, hemişelik müşderi üçin bank tarapyndan açylýar, onda müşderiniň bank bilen hemme amallary (karz, hasaplaşyk hasaplary (aktiw-passiw hasaby)) hasaba alynýar.

Eger-de müşderiniň maliýe islegleri onuň **öz hususy serişdelerinden artan** ýa-da **müşderiniň töleg dolanyşygy bölünen** ýagdaýynda, **kontokorrent karzlar** ýüze çykýar.

**Kontokorrent karzlar** karz alyjynyň dolanyşyk serişdeleriniň hereketi bilen baglanyşykly bolýar. **Dt** boýunça hemme tölegler (zähmet haky, býujete tölegler) tölenýär. **Kt** boýunça kärhananyň ýerine ýetiren hyzmatlaryndan we öndüren önümini ýerleşdirmeginden alan girdejileri girýär. **Dt saldo** karz alyjynyň wagtlaýynça pul serişdeleriniň töleg geçirmek üçin ýokdugyny aňladýar we ol karz almaly bolýar.

**Kt saldo** karz alyjynyň girdejilerini görkezýär we oňa karz gerek däldigini aňladýar.

**Kontokorrent karzynyň** oňaýly tarapy hem müşderi özüniň gündelik işindäki pul serişdelerine isleglerini kanagatlandyryp bilýär.

**Kontokorrent karzlarda** düzülen şertnamanyň esasy şertleri ýerine ýetirilmelidir.

**3. Karz ugry.**

**Karz ugry** karzyň hasabyna islendik pul karz tölegini geçirmäge mümkinçilik berýär. Karz ugry **1 ýyla açylýar (**müşderiniň islegi boýunça).

**4. Owerdraft karzlary.**

**Owerdraft** bu karzlaşdyrmanyň (karzyň) gysgamöhletleýin görnüşi bolup, ol bankyň müşderileriniň öz hasaplaşyk hasabynda pul serişdeleriniň yetmezçiligine ýa-da ýoklugyna garamazdan tölegleri geçirmäge (amala aşyrmaga) hukuk beryär (mümkinçilik berýär).

**Owerdraft** iňlis dilinden terjime edilende **artyk harçlama** diýmegi aňladyar. Owredraft karzynyň berilmeginiň operatiwligi we ýönekeýligi müşderä karzy diňe, hakykatdan hem, zerur bolan halatynda almaga we karz bergileri köpelmezden ony tölemek üçin ýene-de uly möçberdäki karzy almagyna mümkinçilik berýär. Banka karz almak üçin zerur bolan resminamalary tabşyryp we karzlaşdyrma barada ýekeje şertnama baglaşmak bilen müşderi şertnamada görkezilen möhletiň (wagtyň) dowamynda belli bir maksatlar boýunça aýratyn karzlary resmileşdirmek üçin arza, ýüz tutma, täjirçilik meýilnamasy ýaly resminamalary taýýarlamazdan, ýene-de karz alyp biler. Owerdraft karzy müşderä diňe salgyt töleglerini amala aşyrmak üçin, zähmet hakyny tölemek üçin, şeýle hem maliýe-hojalyk işlerinde ýüze çykýan töleg-yzygiderliliginiň üzülmelerini maliýeleşdirmek maksatlary üçin berlip bilner, ýöne bank tarapyndan geçirilýän tölegler owerdraft çäginden çykmaly däldir.

Owerdraft karzyny bermek meselesine seredilende müşderä bolan hökmany talaplar:

– müşderiniň bankda hasaplaşyk hasabynyň bolmagyndan, hasaplaşýk hasabyna pul geçirilmeginden;

– serişdeleriniň gelip durmagyndan (bir hepdäniň dowamynda 4 gezekden az bolmaly däldir);

– her aýda 100 müň manatdan artyk dolanyşykdan (her müşderi üçin aýratynlykda);

– owerdraft karzyny almak üçin banka ýüz tutmazyndan ozal müşderiniň 2 ýyldan az bolmadyk wagtyň dowamynda durnukly täjirçiliginiň (telekeçilik işiniň) bolmagyndan;

– biperwaý karzlar barada maglumatlaryň ýoklugyndan (hyzmat edilýän bankda we beýleki banklarda öň alnan karzlar boýunça bergileriň we oňa kesgitlenilen göterimler boýunça hem-de komission sylaglar boýunça töleg bergileriniň yoklugyndan);

– müşderiniň hasaplaşyk hasabyna degişli nägilelikleriniň (soňky 6 aýyň içinde hasaplaşyk hasaby amal edilende, onda geçirilýän pul amallarynyň duruzylmagy ýa-da hasaplaşyk hasabynda №2 kartotekanyň bolmagy sebäpli nägilelikleriň) ýoklugyndan ybaratdyr.

**Owerdraft**:

– hyzmat edilýän bankdan we beýleki banklardan alnan karzyň yzyna gaýtarylmagyna we oňa kesgitlenilen göterimler boýunça bergileri, şol sanda owerdraft karzyny tölemek;

– karzy resmileşdirmek bilen bagly hyzmatlara (harajatlara) tölegleri geçirmek;

– paýnamalary satyn almak, fiziki we ýuridiki taraplara karz puluny bermek we karz puluny gaýtarmak;

– ýuridiki we fiziki taraplara maliýe kömegini bermek we maliýe kömegini yzyna gaýtarmak ;

– ýetmezçilikleriň we ýitgileriň öwezini dolmak ;

– önümçilik bilen bagly bolmadyk çykdajylary (harajatlary) tölemegi (puşmany pullar, jerime we ş.m ) amala aşyrmak ýörelgeleri boýunça **ulanylyp bilinmez.**

**Karzlaşdyrmanyň möhleti.** Owerdraft şertnamasynyň güýjüniň dowamlylygy (möhleti) bir ýyl bilen (3 aý ýa-da ýarym ýyl) araçäkleşýär. Şu wagtyň dowamynda müşderiniň owerdraft limitiniň çäklerinde köpsanly tölegnamalara (tölegleri geçirmäge) hukugy bardyr.

**Owerdraftyň limiti.** Owerdraftyň hemme görnüşleri üçin ortaça limit müşderiniň esasy işinden gelýän ortaça aýlyk düşewündini 40%-e çenli ýokarlandyryp bilmek mümkinçiligi bilen 25% möçberinde kesgitlenen.

Geljekki hyzmatdaşlykda ýokarlandyrylan göterimlerde limitiň möçberini köpeltmek boýunça meselelere seredilip bilner. Owerdraftyň her görnüşi üçin limitini hasaplamagyň öz usuly bar.

**«Standart» owerdraft limitiniň hasaplanylyşy:**

$$L = \frac{T}{2}.$$

Bu ýerde:

$L$ – owerdraftyň hasap limiti;

$T$ – müşderiniň hasaplaşyk hasaby boýunça kesgitlenilen iň az aýlyk karz aýlanyşygy.

**Bankda hasaplaşyk hasaby boýunça kesgitlenilen iň az aýlyk karz dolanyşygy şu tertipde hasaplanylýar:**

1. Hasaplaşyk hasaby boýunça aýlyk karz dolanyşygynyň soňky doly 3 (üç) aýynyň dowamynda pul serişdeleriniň 3 sany (her aý üçin aýratyn) aňrybaş (maksimal) gowuşmalaryny hasaba alýarlar (belleýärler). Bu hasaplamada karz boýunça gelen pul serişdeleri hasaba alnanok.

2. Hasaba alnan aýlanmalaryň (soňky 3 aý boýunça pul gowuşmalarynyň) arasyndan iň az aýlanyşykly aý saýlanylýar. Ol hem limitiň hasaplanyşynda ulanylýar.

**«Awans» owerdraft limitiniň hasaplanylyşy:**

$$L = \frac{T(a)}{3}.$$

Bu ýerde:

$L$ – owerdraftyň hasap limiti;

$T(a)$ – karz alyjynyň hasaplaşyk hasaby boýunça kesgitlenilen iň az aýlyk karz aýlanyşygy;

Karz boýunça bergileri we oňa hasaplanylan göterimleri tölemegi hasaba almak bilen, müşderiniň hasaplaşyk hasaby boýunça kesgitlenilen iň az karz aýlanyşygy şu tertipde kesgitlenilýär:

1. Hasaplaşyk hasaby boýunça aýlyk karz dolanyşygynyň soňky doly 3 (üç) aýynyň dowamynda pul serişdeleriniň 3 sany (her aý üçin aýratyn) aňrybaş (maksimal) gowuşmalaryny hasaba alýarlar (belleýärler). Bu hasaplamada karz boýunça gelen pul serişdeleri hasaba alnanok.

2. Hasaba alnan aýlanmalaryň (soňky 3 aý boýunça pul gowuşmalarynyň) arasyndan iň az aýlanyşykly aý saýlanylýar. Ol hem indiki hasaplaşykda ulanylýar.

**Inkassirlenen owerdraft limitiniň hasaplanylyşy:**

$$L = \frac{I}{1,5}.$$

Bu ýerde:

$L$ – owerdraftyň hasap limiti;

$I$ – müşderiniň iň az aýlyk nagt gowuşmalarynyň göwrümi;

Inkassasiýa düşewündiniň, kesgitlenilen iň az aýlyk göwrümi (müşderiniň öz tabşyranlaryny göz öňünde tutmak bilen) şu tertipde hasaplanylýar:

1. Soňky doly 3 (üç) aý boýunça müşderiniň hasabyna gelýän her aý boýunça nagt tölegleriň göwrüminden üç aňrybaş (maksimal) pul düşewündi hasaplanylýar.

2. Hasaba alnan aýlanmalaryň (soňky 3 aý boýunça pul gowuşmalarynyň) arasyndan iň az aýlanyşykly aý saýlanylýar. Ol hem indiki hasaplaşykda ulanylýar.

**Tehniki owerdraft limitiniň hasaplanylyşy:**

$$L = 0,95 \times Su \times K$$

ýa-da:

$$L = 0,95 \times S.$$

Bu ýerde:

$L$ – owerdraftyň hasap limiti;

$Su$ – konwertasiýa üçin gönükdirilen walýutanyň möçberi;

$K$ – puluň çalşylýan günündäki birža kursy (manat/walýuta);

$S$ – iň ýakyn 3 (üç) iş gününiň dowamynda müşderiniň hasabyna kepillendirilen görnüşde gowuşjak pul möçberi.

Müşderiniň hasabyna garaşylýan pul serişdeleriniň gowuşmagyndan soňra tehniki owerdraft ýapylýar.

Standart owerdraft, awans owerdraft we inkassirlenen owerdraftyň limitleri müşderiniň alyp barýan işine baglylykda her aý seredilýär we üýtgedilýär.

**Göterim derejesi.** Göterim derejesi, ilkinji nobatda, müşderiniň dolanyşygyna (aýlanyşygyna) we owerdraftyň möhletine bagly bolup durýar.

– 3 aýa çenli – 10 %;

– 3 aýdan 6 aýa çenli – 11 %;

– 6 aýdan 1 ýyla çenli – 12 % .

**Göterim tölegi.** Aýma-aý .

**Karza hyzmatlar boýunça bank komissiýasy (komission tölegleri).**

Karz bermek üçin komission tölegiň möçberi owerdraft limitiniň jeminden 0,5%-dir.

**Esasy berginiň üzülişi.** Müşderiniň hasaplaşyk hasabyna pul serişdeleriniň gowuşmagyna baglylykda bank özbaşdak, akseptsiz we jedelsiz tertipde owerdraft karzy boýunça bergileri müşderiniň hasaplaşyk hasabyndan üzdürýär, ýöne karz boýunça esasy bergini üzmegiň şu tertibi hem mümkindir:

Müşderiniň özi zerur bolan pul möçberini kesgitleýär we ol bergini üzmäge gönükdirilýär. Müňa garamazdan, owerdraft boýunça bergilerde tölegler doly möçberde amala aşyrylmalydyr. Tölegler aýma-aý, gündelik kalendar aýynda görkezilen soňky iş gününden gijä galmazdan we aýda bir gezekden az bolmadyk tertipde geçirilmelidir.

**Karz üpjünçiligi.** Owerdraft karzlaşdyrmasynda karzyň üpjünçiligi barada resminamalaryň taýýarlanylmagy hökman däldir. Şol sebäpli karzyň bu görnüşi bankyň ynamdar müşderilerine berilýär.

Aýratyn ýagdaýlarda owerdraftyň möçberi 500 mln manatdan geçen ýagdaýynda 500 mln manatdan geçen bölegine girew üpjünçiligi hökmandyr. Bank karzyň gaýtarylmagynyň üpjünçiligi hökmünde girew emlägini ýa-da beýleki ýuridiki taraplaryň zamunlygyny, kepilligini talap edip biler.

**Resminamalar.** Owerdraft karzyny almak üçin ýuridiki taraplar banka resminamalaryň standart bukjasyny tabşyrmalydyrlar:

**1. Karz almak üçin arza** (karzyň möhleti, maksady görkezilmelidir).

**2. Karz alyjynyň sowalnamasy** (anketasy) (karzlaşdyryş bölüminiň işgärleri tarapyndan berilýär).

**3. Maliýe, buhgalter resminamalary:**

– buhgalter balansy (1-nji görnüşli güwähat) soňky 2 maliýe ýyly üçin (çärýekleýin), soňky hasabat senesine goşundy (balansyň esasy maddalaryna anyklama) bilen birlikde;

– soňky doly 2 ýyly boýunça maliýe netijeliligi we olaryň ulanylyşy barada (2-nji görnüşli güwähat) hasabat (çärýekleýin);

– soňky doly 2 ýyly boýunça pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabat, şeýle hem bar bolan beýleki hasabatlar;

– soňky 3 aý boýunça pul serişdeleri baradaky hasaplaşyk hasabyndan göçürme.

**4. Karzyň berilmegine ýardam berjek islendik beýleki resminamalar** (hasap fakturalary, şertnamalar, gümrük jarnamalary we ş.m) we goşmaça:

– açylan hasaplaşyk hasaplarynda soňky 3 aýyň dowamynda karz aýlanyşygy barada banklardan kepilnama;

– açylan hasaplaşyk hasaplarynda karzlar boýunça bergileriň barlygy ýa-da ýoklugy barada, №2 kartotekanyň barlygy barada banklardan kepilnama.

**Karzlaşdyrylýan döwürde ýüze çykýan kynçylyklar:**

1) Owerdraft boýunça bergileri aýda bir gezekden az bolmadyk tertipde doly üzmek maksady bilen hasaplaşyk hasabyndaky serişdeleri belli bir senede jemlemek boýunça tejribäniň ýoklugy (ýetmezçiligi), owerdraftyň şeýle aýratynlygyny ýerine ýetirmezligi karz limitini üýtgetmek meselesini gozgaýar.

2) Möçberi we senesi boýunça pul akymlarynyň ýola goýulmagyny (sazlanmagyny) başarmazlyk ýagdaýy karzlaşdyrmanyň bes edilmegine ýa-da owerdraft limitiniň peselmegine getirer.

**5. Konsorsium karzlary** – belli bir işi amala aşyrmak üçin dürli banklaryň şertnama esasynda wagtlaýynça birleşmesi. Şol iş tamamlanandan soň ol öz işini bes edýär ýa-da täze konsorsium şertnamalary baglaşylýar. **Konsorsium karzlarynyň** şertnamasynda karzyň maksady, ugry, möçberi, şertleri, borçlary, karzy yzyna gaýtaryp bermek bellenilýär.

**Bu birleşmäniň maksady:**

– amallaryň möçberini ulaltmakdan;

– töwekgelçiligi paýlamakdan ybaratdyr.

**6. Ipoteka karzy** uzakmöhletleýin karz bolup, gozgalmaýan emlägiň girewine berilýän karzdyr. Ipoteka karzlarynyň ulgamynda iki ugur bar:

– Ipoteka karzyny hojalyk subýektine we ilata bermegi (täze has oňaýly jaý satyn almak üçin), esasanam, ipoteka banklary amala aşyrýar.

– Ipoteka karzyny ikinji bazarda satmak bolýar (ulanylan jaýlar – ýyllyk göterimi 5%-den 8%-e çenli).

Ipoteka karzyny amala aşyrmak üçin şertnama baglaşylýar. Şertnamada girew berijiniň we girew saklaýjynyň ady, ýerleşýän ýeri bellenilýär. Ipotekanyň tölenmeli wagty, girewe goýlan emlägiň häsiýetnamasy hem-de ipoteka karzy girew esasynda amala aşyrylýar. Karzlaşdyrmagyň bu görnüşi Türkmenistanyň «Girew hakynda» Kanunynda görkezilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 11-nde çykaran 9361-nji belgili «Türkmenistanyň raýatlaryna gozgalmaýan emlägi girewine alyp karzlary bermegiň usulyny ösdürmek hakyndaky» Kanunyna we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlaryna obalarda, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde, şäherlerde, etraplaryň we welaýatlaryň merkezlerinde hususy ýaşaýyş jaýlaryny satyn almaklary üçin şertleri döretmek maksady bilen «Türkmenistanyň raýatlaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny gozgalmaýan emläk hökmünde girewine, satyn almaga karzlary bermegiň tertibi hakynda» 2008-nji ýylyň maý aýynyň 12-sine çykarylan № 47 buýruk bilen Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan Düzgünnama işlenip taýýarlanyldy.

Şol Düzgünnamanyň esasynda gozgalmaýan emläk üçin karzyň möhleti **30 ýyl**, göterimi **ýyllyk 1%** we **5** ýyla çenli ýeňillikli döwür bilen berilmek (esasy bergini üzmegi gaýra goýmak) göz öňünde tutulýar.

Obalarda ýaşaýan raýatlar üçin ipoteka karzlary **ýer, gurluşyk, jaý** görnüşlerinde bolýar.

**7. Sarp ediş karzlary** uzakmöhletli karzlar bolup, esasanam, öý hojalyklara we şahsy taraplara berilýär.

Şahsy taraplara berilýän karzlaryň görnüşleri:

– gozgalmaýan emläkleri satyn almak, gurmak, abadanlaşdyrmak we düýpli bejermek üçin berilýän karzlardan;

– gaýragoýulmasyz zerurlyk üçin karzlardan (öý hojalygynda ulanylýan gymmatbahaly harytlar, hojalyga zerur bolan zatlar, ulag serişdelerini satyn almak üçin, medisina hyzmatlary üçin tölegler, syýahata we şypahana ýollanmalary satyn almak üçin, öý hojalygyna mallary, guşlary, balarylaryny satyn almak üçin, çagalary okatmak üçin we beýleki sarp ediş maksatlar üçin alynýan karzlardan) ybaratdyr.

Bu karzlar müşderi tarapyndan zerurlyk ýagdaýy ýüze çykanda alynýar. Müşderi banka arza bilen ýüz tutýar. Eger-de karz alyjynyň karzyny ýapmaga ukyplylygy bar bolsa, üpjünçiligi, hemme resminamalary kada-kanuna laýyk gelse, bank müşderi bilen «Karz şertnamasyny» baglaşýar. Müşderä karz hasaby açylýar.

«Karz şertnamasy» baglaşylandan soň bank işgäri pulhana amallary bölümine "Görkezme" berýär. Görkezmäniň esasynda görkezilen pul serişdeleri berilýär. Soňra «Karz şertnamasynyň» bir nusgasy müşdera berilýär, bir nusgasy hem şu karzy alyp barýan bank işgärinde galýar.

Bankyň işgäri tarapyndan aýma-aý karzy yzyna gaýtaryp bermegi barada töleg tertibi düzülýär (aýyň 20-sinden 31-ne çenli müşderi töleg geçirmeli).

Bank işgäri tarapyndan berlen karzyň yzyna gaýtarylyşy gözegçilikde saklanýar.

Sarp ediş karzlaryny yzyna gaýtaryp bermek iki usul boýunça, ýagny:

1) birbada;

2) bölekleýin amala aşyrylýar.

**Bankara karzy** banklaryň arasynda wagtlaýynça boş pul serişdelerini çekmek we ýerleşdirmek bilen baglydyr. Bankara karzlarynyň subýekti bolup Merkezi bank, täjirçilik banklary we beýleki banklar çykyş edýär.

Karz almak we yzyna gaýtarmak meselesini täjirçilik we beýleki banklar özbaşdak şertnama esasynda çözýärler.

**Şertnamanyň esasy bölekleri:**

1. Gysgamöhletli karzyň möçberi.
2. Karzlaryň obýekti.
3. Şertnamanyň möhleti.
4. Göterim derejesi.
5. Karzyň üpjünçiligi.
6. Taraplaryň borçlary we hukuklary.

**Karz alyjy bank bankara karzyny almak üçin şu aşakdaky resmi kagyzlary taýýarlamaly:**

1. Karz alyjy bankyň Tertipnamasy (Düzgünnamasy).
2. Bank amallaryny ýerine ýetirmek üçin ygtyýarnama.

3. Ýolbaşçysynyň golunyň nusgasy.
4. Karz alyjynyň bank balansy.
5. Bankyň likwidlilik kadalaýjylary.
6. Alnan bankara karzlaryň maglumaty.

**Merkezi bankyň karzlary**.

Bu karzlar diňe banklara berilýär.

Merkezi bankyň karzlary ulanylanda karzyň täze görnüşleri ýüze çykýar:

**1. Karz auksionlary** pul serişdelerini satmaga ýöriteleşdirilen karz auksionydyr. Karzyň bu görnüşi, bankyň likwidliligine ýardam edýär hem-de bankyň işini kadalaşdyrýar;

**2. Lombard karzlary**. Bu görnüşde banklara karz berlende girew hökmünde gymmatbahaly kagyzlar ulanylýar.

Käbir ýurtlarda bankara karzlar gaýragoýulmasyz tölegleri amala aşyrmak üçin hem berilýär.

Bu ýagdaýda Merkezi bank girew hökmünde likwidli aktiwleri kabul edýär. Banklar karzyň bu görnüşini öz serişdeleriniň ýetmezçiligi bolan ýagdaýda ulanýarlar.

Banklar bir günlük hasaplaşyk karzlaryny hem alyp bilýärler. Onuň esasy şerti karzy wagtynda hem doly yzyna gaýtarmak bolup durýar.

**8. Bankyň faktoring amallary** (**faktoring** iňlis sözi bolup, **araçy** diýmegi aňladýar**)** söwda-komission amallarynyň bir görnüşi bolup, dolanyşyk serişdelerini karzlaşdyrmak bilen baglanyşyklydyr. Faktoring satyn alyjynyň debitor bergileriniň inkassirlenmegini aňladýar we ol gysgamöhletli karzlaşdyrmagyň häsiýetli aýratynlygy hem-de araçylyk işjenligi bolup durýar.

**Bankyň faktoring amallarynda** pul talaplary eksport edijiniň import edijä garşy haryt eltmeleri bilen bagly bolup ýüze çykýar.

**Gatnaşyjylar:** faktor kompaniýasy ýa-da faktor, ilkinji karzlaşdyryjy (faktoryň müşderisi), bergidar, müşderiden harydy töleg möhletini süýşürip alýan tarap.

## 6.2. Banklaryň maýagoýum karzlary

Esasy gaznalary täzeden gurmak, abzallaşdyrmak, döwrebaplaşdyrmak üçin edilýän ähli çykdajylar **düýpli maýagoýumlar** diýip ha-

saplanýar. Düýpli maýagoýumlar we maýagoýumlar düşünjeleri deň däldir. Maýagoýum düşünjesi düýpli maýagoýumlara seredeňde has giň düşünjedir diýlip hasaplanýar.

**Maýagoýumlaryň gymmatlyklaryna:**

– pul serişdeleri, belli maksat üçin niýetlenen bank goýumlary, paýlar, paýnamalar we beýleki gymmatbahaly kagyzlar;

– gozgalýan we gozgalmaýan emläk (jaýlar, desgalar, enjamlar we beýleki maddy gymmatlyklar);

– awtorlyk hukugyndan gelip çykan emläk hukugy, «nou-hau» tejribesi (guramaçylyk, ylmy-tehniki, tehnologiýa, täjirçilik bilimleri) we beýleki intellektual gymmatlyklar degişlidir.

**Maýagoýum** raýatlaryň, edara görnüşli taraplaryň we döwletiň maýagoýumlaryny durmuşa geçirmek barada edýän iş ýüzündäki hereketleriniň tutuş jemidir.

Banklaryň maýagoýumlaryna ykdysadyýet ylmynda banklaryň karz goýumlary, gymmatbahaly kagyzlar bilen gaýry amallary geçirmek üçin we peýda ýa-da durmuşy netije gazanmak üçin edilýän ähli çykdajylar degişli edilýär diýlip düşünilýär.

Türkmenistanda maýagoýujylaryň hukuklary, borçlary we gatnaşyklary, maýagoýum işiniň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi we dolandyrylmagy Türkmenistanyň «Maýagoýumlary hakynda» we «Türkmenistanda daşary ýurt maýagoýumlary hakynda» Kanunlarynda görkezilýär.

**Maýagoýum taslamalaryny ýerine ýetirmek üçin banklaryň uzakmöhletleýin karzlary bermeginiň tertibi**

Uzakmöhletleýin karzlar, düýpli maýagoýumlaryň beýleki çeşmelerine seredeniňde, iň bir netijeli çeşmeleriň biri diýlip hasaplanýar. Onuň sebäpleri:

1. Karz hususy we başga serişdeleriň ýetmezçilik edýän halatynda wagtlaýyn kömek berýär.

2. Karz bermegiň ýörelgeleri dogry berjaý edilýän halatynda karz alyjy ony netijeli ulanmasa, banklar tarapyndan geçirilýän çäreleriň täsiri bilen olar köp zyýan çekýärler.

Edara-kärhanalar zyýan çekmezlik üçin netijeli işlemäge mejbur bolýarlar. Uzakmöhletleýin karzlaryň obýektleri häzirki wagtda bank

bilen müşderiniň arasynda ylalaşyk esasynda kesgitlenýär. Karzlaryň obýektleri bolup gurluşyk işleri, gymmatbahaly enjamlar we ş.m. zerur zatlar çykyş edýär.

Uzakmöhletleýin karzlar berlende bank tarapyndan inflýasiýanyň ösüşine, karzyň netijesine, karz bermek ýörelgelerine köp üns berilýär. Uzakmöhletleýin karzlar üçin bir bankyň karz serişdeleri ýetmezçilik etse, banklar birleşip karz berip bilerler. Şol karzlar ykdysadyýet ylmynda **konsorsial karzlar** diýlip atlandyrylýar. Uzakmöhletleýin karzlar karz şertnamasy esasynda berilýär.

Karz şertnamasy baglaşylmanka bank uzakmöhletleýin karz alýan müşderiden:

– täjirçilik meýilnamasyny;
– gurluşygyň maliýe resminamalaryny;
– taslamalaryň ykdysady netijeleriniň hasaplamalaryny;
– borçnamany;
– döwlet tarapyndan berilýän ygtyýarnamalary;
– girewe goýulýan emläkleriň sanawyny;
– kepilnamalary;
– ätiýaçlandyryş şertnamalaryny;
– karz alyjynyň üç ýyllyk, garaşsyz auditorlar tarapyndan barlanan hasabatlaryny;
– beýleki zerur resminamalary talap edýär.

**Türkmenistanda daşary ýurt maýagoýumlaryny karzlaşdyrmagyň tertibi**

Daşary ýurtly maýa goýujylaryň Türkmenistanyň banklarynda, Türkmenistanyň we beýleki döwletleriň pul birliklerinde goýum, gündelik we hasaplaşyk hasaplaryny açmaga, içerki walýuta bazarynda daşary ýurt walýutasyny satyn almak üçin Türkmenistanyň pul birligini ulanmaga haky bardyr.

Obýektleri gurmak baradaky maýagoýum taslamalary we meýilnamalary, tehniki-ykdysady esaslandyrmalar we tehniki-ykdysady hasaplamalar hökman döwlet barlagyndan (ekspertizadan) geçirilýär, şol sanda ýertitremesine durnuklylyk kadalarynyň, partlama howpsuzlygy kadalarynyň, ekologiýa we arassaçylygy saklamak we

saglygy goramak talaplarynyň berjaý edilişi döwlet ýa-da garaşsyz barlaglardan geçirilýär.

Eger-de gurulýan we ulanylýan desgalar arassaçylygy saklamak we saglygy goramak, ekologiýa talaplaryna we Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen beýleki kadalara laýyk gelmeýän bolsa, şol desgalara, daşary ýurt maýagoýumynyň çekilmegine ýol berilmeýär we banklaryň olary karzlaşdyrmaga hukugy ýokdur.

Daşary ýurtly maýa goýujylar öz serişdeleriniň hasabyna bir desga guryan bolsalar, onda bank tarapyndan oňa gözegçilik edilmeýär. Taslamalar banklaryň ýa-da döwletiň hasabyna amala aşyrylýan bolsa, onda hökman bank gözegçiligi edilmelidir. Daşary ýurtly maýa goýujylar karzlary daşary ýurtlaryň banklaryndan hem-de Türkmenistanyň banklaryndan alyp bilerler. Karz almak üçin daşary ýurtly maýa goýujylar, daşary ýurtlular gatnaşýan edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň karz alyjylary ýaly resminamalary tabşyrmalydyr. Gerek bolan ýagdaýynda, Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda, goşmaça resminamalar hem talap edilip bilner. Mysal üçin, maýa goýujynyň maliýe ýagdaýy hakynda daşary ýurtlularyň belli banklarynyň güwähatlary. Karz berlen serişdeleri yzyna alyp biler ýaly kepilnama hökmünde banklaryň daşary ýurt maýa goýujysyndan emläk girewini almaga hukugy bar. Girewe goýlan emlägi girew saklaýjy bank Türkmenistanyň pul birligi we daşary ýurt walýutasy boýunça (şol sanda hem auksionlarda) beýleki edara görnüşli we fiziki taraplara satyp hem-de karzyny ýapyp biler.

## 6.3. Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazarynyň ösüşi

Biziň ýurdumyzyň bazar ykdysadyýetine geçmegi düýpli özgertmeleri, şol sanda wajyp serişdeler çägindäki bazarlary – gymmatly kagyzlar bazaryny gurnamagy talap etdi. Bu bazar özüne mahsus bolan aýratyn ýerine ýetirýän wezipesinden başga syýasy-durmuş we durmuş-ykdysady ähmiýete hem eýedir. Türkmenistanda 1993-nji ýylyň 28-nji dekabrynda «Türkmenistanda gymmatly kagyzlar we fond (gazna) biržalary hakynda» Kanun kabul edildi. Bu Kanuna laýyklykda gymmatly kagyzlary çykarmagyň, dolanyşyga goýbermegiň we

ýerleşdirmegiň ýeke-täk ýörelgeleri bellenildi, gazna biržalarynyň işiniň esasy düzgünleri kesgitlendi, gymmatly kagyzlar bazaryna gatnaşyjylaryň hukuklary we borçlary düzgünleşdirildi. Gymmatly kagyzlar resminamanyň eýesiniň emläk hukugyny görkezýän we haýsy tertipde ulanylmalydygyny aňladýan pul resminamasydyr. Hemme gymmatly kagyzlar birmeňzeş maglumat binýady bolan alyjynyň adyny, üzmek möhletinde tölenilmeli möçberi, göterim girdejisiniň möçberini we onuň tölenilmeli möhletini özünde jemleýär. Muňa garamazdan, ykdysadyýetde gymmatly kagyzlaryň dürli-dürli görnüşleri köp bolýar. Olary birnäçe esasy toparlara bölüp bolar. Bu bolsa olar barada tertibe salnan görnüşde beýan etmäge mümkinçilik berer.

**Paýnamalar (aksiýalar)** paýdaryň paýdarlar jemgyýetini dolandyrmaga, onuň girdejilerini paýlamaga, paýdarlar jemgyýeti ýatyrylanda bolsa onuň emlägini paýlamaga gatnaşmak hukugyny tassyklaýan gymmatly kagyzlardyr. Paýnamalary edara görnüşli taraplar çykarýarlar. Şonda paýnamalaryň çykarylmagy bu kompaniýanyň (jemgyýetiň) esaslyk maýasyny emele getirmegiň usuly bolup hyzmat edýär. Bu bolsa telekeçilik işlerini ösdürmekde we goldamakda örän zerurdyr. Paýnama onuň saklaýjysyny kompaniýanyň emläginiň bir bölegine eýe edýär, soňra şärik bolmagyna getirýär. Kompaniýa paýnamalary goýbermek bilen, özüniň iri maýagoýum taslamalaryny amala aşyrmaga mümkinçilik berýän maliýe kuwwatlylygyny toplaýar. Paýnamalaryň eýesi diwidend (paýdan alynýan peýda) diýlip atlandyrylýan peýdanyň bir bölegini alýar, şeýle hem paýnamalaryň eýesiniň birnäçe beýleki hojalyk hukuklary bar. Mysal üçin, ses bermäge hukugy we kompaniýanyň (jemgyýetiň) ýolbaşçylygyna saýlanmaga hukugy bardyr, ýöne ses bermäge hukugy bolmadyk paýnamalar hem bar. Olara **artykmaçlykly** ýa-da **artykmaç hukukly** diýilýär. Artykmaçlyklaryň biri hem saklaýja bellenen diwidendiň yzygiderli (obligasiýalar boýunça tölenilýän göterimler ýaly) tölenilmegidir. Beýleki artykmaçlygy bolsa kompaniýa ýatyrylan ýagdaýynda, ilkinji nobatda, artykmaç hukukly paýnamany saklaýjynyň ýerleşdirilen emläkden alnan girdejiniň bir bölegini almagyndan ybaratdyr. Jemgyýet (onuň maliýe ýagdaýynyň nähilidigine garamazdan) ilki banklar we obligasiýalary saklaýjylar bilen, soňra artykmaç hukukly

paýnamany saklaýjylar bilen hasaplaşyklary geçirmelidir. Umuman, paýnamalar, obligasiýalar ýaly diňe öz maýasyny artdyrmak üçin, ýöne ses bermäge hukugy amala aşyryp, telekeçilik işini ýerine ýetirmäge niýetlenilendir.

**Obligasiýalar** emitentiň şolarda görkezilen möhletlerde kesgitlenen göterimleri, olaryň eýelerine tölemek bilen nominal gymmatyny gaýtaryp bermek baradaky borçnamasyny tassyklaýan gymmatly kagyzlardyr. Obligasiýalar jemgyýet, şeýle hem döwlet (hökümetiň baştutanlygynda) tarapyndan goýberilýär. Kim obligasiýalary goýberse, ol kesgitlenen möhletde esasy bergini we karzy ulanmakdan alynyan peýdanyň belli bir bölegini jemleýän esasy berginiň göterimini tölemäge borçlanýar. Diwidendden tapawutlylykda, göterim tölegi üýtgemeýär. Şonuň üçin käwagt obligasiýalar **berkidilen girdejili gymmatly kagyzlar** hem diýlip atlandyrylýar. Adatça, göterimler karz möhletiniň ähli döwri üçin deň bölünip tölenilýär. Paýnamalar we obligasiýalar birmeňzeş bolmadyk maýagoýum häsiýetine eýedir, ýagny maýadarlar üçin meňzeş bolmadyk özüne çekijidir. Paýnamalara garanyňda, obligasiýalar serişdeleriň goralyp saklanmagyny üpjün edip, has hem seresaply adamlary özüne çekijidir. Bu, aýratyn hem, abraýly döwletiň giň göwrümli tölegeukyply, kuwwatly ykdysady üpjünçiligi bolan döwlet obligasiýalaryna degişlidir.

**Döwletiň bergi borçnamalary** bergidar bolup degişli guramalaryň üsti bilen döwletiň çykyş eden ýagdaýynda algy-bergi gatnaşyklaryny görkezýän gymmatly kagyzlardyr. Döwlet, esasan, bergi guralynyň üç görnüşini goýberýär:

1. Gaznaçylyk wekseli – bu döwletiň esasy gysgamöhletli borçnamalarynyň görnüşi bolup, ol 15 günden 1 ýyla çenli möhlete goýberilýär, özi hem býujet ýetmezçiligini ýapmak üçin goýberilýär. Olar boýunça töleýji bolup döwlet çykyş edýär. Adatça, döwletiň tabşyrygy boýunça gaznaçylyk wekseliniň dolanyşyga goýberilmegini we tölegini Merkezi bank amala aşyrýar. Köplenç, diňe 3 we 6 aýlyk wekseller goýberilýär.

2. Ortamöhletli gaznaçylyk obligasiýalary kupon girdejisi bolýar. Bu, düzgün bolşy ýaly, aýda bir gezek tölenýär.

3. Uzakmöhletli gaznaçylyk obligasiýalarynyň, adatça, tölenilmeli möhleti 10 ýyl we ondan köp bolýar, şeýle hem olar kupon girdejisini berýär, özi hem, köplenç, ýarym ýylda bir gezek tölenýär.

**Paýnamalaryň sertifikaty** özünde ady görkezilen şahsyýetiň, jemgyýetiň paýnamalarynyň belli bir mukdaryna eýeçilik hukugyny jemleýän gymmatly kagyzdyr. Paýdaryň eýelik edýän ähli paýnamalarynyň bahasy doly tölenen şertinde oňa tölegsiz bir sertifikat berilýär. Goşmaça we ýitirilendigi üçin sertifikatlar kesgitlenen tölegli berilýär. Paýnamalara bolan hukugyň geçirilmegi bu amallary bellenen tertipde hasaba almak şerti bilen sertifikatyň bir eýeden başga bir eýä geçirilmegi dogry hasaplanylýar. Paýnamalaryň sertifikatynda esasy paýnamalaryň sany we olaryň nominal gymmaty, goýberijileriň (emitentiň) ady we hukugy, paýnamalaryň topary, eýesiniň ady, artykmaç hukukly paýnamalar boýunça diwidendiň möçberi, iki tarapyň goly we jemgyýetiň möhri hökman bolmalydyr.

**Opsionlar** kesgitli wagt aralygynyň dowamynda haýsam bolsa gymmatlylygy aýratyn tölegden şertlenilen nyrhda gymmatly kagyzlary satmaga ýa-da satyn almaga bolan hukuga eýe bolmakdyr. Şeýle hukugy almak bilen opsiony satyn alyjy satyja baýrak diýip atlandyrylýan kesgitli jemi töleýär. Şu baýrak bilen opsiony satyn alyjynyň töwekgelligi çäklenendir. Satyjynyň töwekgelligi bolsa alan baýragynyň ululygynda aşaklaýandyr.

Gymmatly kagyzlaryň bazary maliýe bazarynyň bölegidir. Onuň beýleki bölegi bank karzlarynyň bazary bolup durýar. Bazar ykdysadyýetinde 50%-den köpräk banklar döwlet we täjirçilik esasda bolýar. Eger olar arassa täjirçilik banklary bolsalar, onda olar söwdany, telekeçiligi we özbaşdak karz bermeleri gysgamöhletleýin maliýeleşdirme esasynda amala aşyrýarlar. Bu bolsa **golçur maýalaşdyrmagyň** (işläp taýýarlaýan we täzelikleri ornaşdyrýan uly bolmadyk barlaglar ýa-da ornaşdyryjy şereketlere töwekgelçilik kapital hökmünde pul serişdelerini bölüp berme) maliýe talabyny kanagatlandyryp bilmez. Şonuň üçin hem täjirçilik banklarynyň ykdysady ösüşe täsiriniň azrak bolmagy mümkindir. Gymmatly kagyzlary goýbermek bilen onlarça ýyllap pul alyp bolar ýa-da paýnamalardan kesgitlenmedik möhletde peýdalanyp bolar. Maliýe bazarynyň şeýle iki sany bölünişiniň esasynda kapitalyň **aýlanyş** we **esasy** görnüşleri durandyr.

Gymmatly kagyzlaryň bazary bank karzlaşdyryş ulgamynyň üstüni ýetirýär we onuň bilen özara herekete girýär. Mysal üçin, täjirçilik banklary gymmatly kagyzlar bazarynyň dellallaryna gymmatly kagyzlaryň täze goýberilişine ýazylmak üçin karzlary berýär. Olar bolsa banklara gymmatly kagyzlary bölekleýin täzeden satýarlar. Käbir Ýewropa ýurtlarynda gymmatly kagyzlar bazaryndaky dellallar hökmünde kuwwatly täjirçilik banklary (maýagoýum banklary) çykyş edýärler.

Gymmatly kagyzlar bazarynyň möhüm bölegi hökmünde pul bazarlaryny görkezmek bolar. Olarda gysgamöhletli (bir ýyla çenli) bergi borçnamalary (karz amallary) dolanyşykda bolýar. Pul bazary döwlet gaznasyna dolanyşykdaky pullaryň çeýe gelmesini üpjün edýär hem-de kompaniýalardaky we aýratyn adamlardaky wagtlaýynça erkin bolan pul serişdelerinden girdeji almaga mümkinçilik berýär. Şeýle edilmese, doly manydaky maliýe bazary bolup bilmez.

Beýleki bazarlarda bolşy ýaly, gymmatly kagyzlar bazary hem hyrydarlykdan, hödürlemeden hem-de olaryň nyrhlaryny deňagramlaşdyrýan ululyklardan durýar. Hyrydarlygy kompaniýalar döredýär, kähalatlarda maýagoýumlary maliýeleşdirmek üçin öz serişdeleri ýetmedik ýagdaýynda ony döwlet hem döredip biler. Gymmatly kagyzlar bazarynda **telekeçiler** we hökümet arassa karz alyjylar (berenlerinden has köp alýarlar) hökmünde çykyş edýärler. Arassa karz berijiler hökmünde ilat (hususy pudaklar) çykyş edýär. Olaryň girdejileri her hili sebäplere görä şu wagtdaky sarp etmeleriň we maýagoýumlaryň (ýaşaýşyň maddy aktiwleriniň) çykdajylaryndan artyk gelýär.

Gymmatly kagyzlar bazarynyň meselesi iki tarapy hem kanagatlandyrýan baha boýunça maýagoýumlara süýşürintgileriň doly we çalt gelmegini üpjün etmek bolup durýar.

Öňki tejribelerden görnüşi ýaly, Türkmenistanda gymmatly kagyzlaryň bazary öz ösäýmeli ýagdaýyna ýetip bilmedi. Türkmenistanyň kärhanalarynyň köp böleginiň döwlet eýeçiliginde bolany üçin olara gerekli pul serişdelerini döwlet býujetinden aldylar. Şonuň üçin kärhanalara gymmatly kagyzlary çykarmak, ýerleşdirmek we onuň bilen baglanyşykly amallary ýerine ýetirmek zerurlygy ýüze çykmady.

Şeýle ýagdaýda dünýäniň ösen ýurtlarynyň tejribesine esaslanyp, Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny emele getirmek we hereket etmek meselesine ýurduň ykdysadyýetinde telekeçiligi ösdürmek we paýdarlar jemgyýetini döretmek bilen baglanyşykly düzümleýin üýtgetmek meselelerini amala aşyrmak nukdaýnazaryndan seredilmelidir. Türkmenistanyň hökümetiniň ýurduň ykdysadyýetini dünýä ykdysadyýetine laýyklaşdyrmak syýasatynyň ugurlary ykdysadyýetiň dokma, himiýa, azyk senagaty, söwda pudaklarynda kiçi we orta telekeçiligi öşdürmek, paýdarlar jemgyýetlerini döretmek bolup durýar. Bu işleriň ýerine ýetirilmegi şol ugurlarda gymmatly kagyzlaryň bazarynyň ösmegine ýol açar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň awgust aýynyň 14-ndäki 10595-nji belgili Karary bilen «Gymmatly kagyzlaryň bazaryndaky hünär işini ygtyýarlylandyrmak hakynda» Düzgünnama tassyklanyldy. Bu Düzgünnama «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, gymmatly kagyzlar bazarynda iş ygtyýarlylandyrylanda we amala aşyrylanda hökman gerek bolan kadalary belleýär. Gymmatly kagyzlaryň bazaryndaky hünär işini ygtyýarlylandyryjy edara bolup Türkmenistanyň Maliýe ministrligi çykyş edýär.

Gymmatly kagyzlaryň bazaryndaky hünär işini ygtyýarlylandyrmagyň maksady Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryna gatnaşyjylaryň işine gözegçiligi üpjün etmek, şeýle hem işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşi amala aşyrylanda şahsy we edara görnüşli taraplaryň, jemgyýetiň we döwletiň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak bolup durýar.

**Häzirki wagtda bank ulgamynda üç sany paýdarlar banky bar. Olar:**

1. Ýapyk görnüşli Türkmen-türk Paýdarlar täjirçilik banky.
2. Açyk görnüşli «Garagum» Halkara paýdarlar banky.
3. Açyk görnüşli «Senagat» Paýdarlar täjirçilik banky.

Olarda metbugat (gazetler) arkaly olaryň gymmatly kagyzlarynyň (paýnamalarynyň) söwdasy barada bildirişler yglan edilýär.

Paýdarlar jemgyýetleriniň we gymmatly kagyzlaryň bazaryny döretmek, olaryň işlerini işjeňleşdirmek we ösdürmek üçin, biziň pikirimizçe, aşakdaky şertler döredilse ýerlikli bolardy:

**Birinjiden,** Merkezi bank we Gaznaçylyk döwletiň gymmatly kagyzlaryny dolanyşyga goýberse, täjirçilik banklary we beýleki täjirçilik şereketleri onuň yzyna eýerseler, erkin bazarda işleri ýerine ýetirmek üçin esaslygy üpjün ederdi hem-de dolanyşykdaky pula gözegçilik etmegiň ähmiýetli gytaklaýyn maliýe guraly bolardy.

**Ikinjiden,** gymmatly kagyzlar bazaryna gatnaşyjylary (treýderleri), dellalçylyk şereketleriniň wekillerini, biržalaryň dolandyryjylaryny taýýarlamak işlerine girişmeli. Gymmatly kagyzlar bilen işleýän hünärmenleriň bilim derejesi iň azyndan orta-tehniki ýa-da ýokary ykdysady bolmaly ýa-da hukuk ugrundan ýokary bilimi bolmaly. Olaryň işleýşi we hünär derejesi döwürleýin hünär synagyny tabşyrmagy bilen kesgitlenilmeli. Şeýle edilse, hünär boýunça işlemegiň hiline kepil geçilerdi.

**Üçünjiden,** gymmatly kagyzlar bazarynyň okuw-usulyýet binýady döredilmeli. Hünär derejesini kämilleşdirmek maksady bilen daşary ýurtlarda okuw geçmek, hünäriňi kämilleşdirmek örän peýdaly hem bolsa, ol işgärleri taýyarlamakda ýüze çykýan ähli meseleleri çözüp bilmez. Gymmatly kagyzlar boýunça hünärmenleri taýýarlamak boýunça ykdysady we hukuk ugurlar boýunça ýörite we ýokary mekdeplerde bölümleri (fakultetleri) we kafedralary açmaly.

**Dördünjiden,** maýagoýum kompaniýalaryny we dellalçy guramalar bolan broker we diler şereketlerini, hasaba alyjylary we ş.m. döretmeli. Täjirçilik banklary gymmatly kagyzlary satmak we olar bilen baglanyşykly işleriň görnüşleri bilen meşgullanyp bilerler. Meselem, ABŞ-nyň täjirçilik banklary, olaryň karzlary eýelemäge ymtylyşlary Amerikanyň döwlet obligasiýalar bazaryny ösdürmekde esasy hereketlendiriji güýç bolupdy. Paýnamalar başga mesele. Olar, obligasiýalardan tapawutlylykda, «köçe» bazarynda ýerleşdirilmän, esasan, birža arkaly ýerleşdirilýär. Dünýäniň 300-den köpräk biržalarynyň arasynda öz hatarlarynda täjirçilik banklaryny agza edýänleri hem bardyr. Şeýle birža Budapeştde bar. Onuň ähli wenger agzalary täjirçilik banklarydyr. Beýleki şular ýaly birža Amsterdamda ýerleşendir. Biržanyň düzgünine görä, täjirçilik banklary biržanyň söwda meýdanyna goýberilmeýär. Biržalaryň köpüsünde Nýu-Ýorkuň gazna biržasyndan başlap täjirçilik banklaryna agza bolmagy ret

edýärler. Hatda käbir biržalara banklar-a däl, hatda bank gullukçylary hem goýberilmeýär (mysal üçin, Gonkong).

Häzirki wagtda biziň ýurdumyzdaky täjirçilik banklarynyň hususy serişdeleriniň we amallarynyň möçberi uly däldir. Olaryň esasy bölegi döwlet tabynlygyndaky ýagdaýdadyr. Olaryň ykdysady garaşsyzlygy barada aýtmanyňda hem bank işiniň merkezleşdiriliş hereketi we ýöriteleşdirilen uly banklaryň täjirleşdirilmegi ir-u-giç gün tertibinde şeýle meseläniň orta atylmagyna getirer. Eger biz doly manydaky gymmatly kagyzlar bazaryna eýe bolmakçy bolýan bolsak, bu ugurda kanunçylyk we taýýarlyk esaslaryny kämilleşdirmelidiris.

**Bäşinjiden,** her hili gymmatly kagyzlaryň görnüşleri zerurdyr. Olar üçin bolsa erkin pul çeşmeleri gerekdir.

**Gazna biržasy** işiň esasy predmeti bolan gymmatly kagyzlaryň kadaly dolanyşygy üçin şertleri döredýän, olaryň bazar nyrhlaryny (gymmatly kagyzlar üçin islegler bilen teklipleriň arasyndaky deňagramlylygy görkezýän nyrhlary) kesgitleýän, ol hakdaky maglumatlaryň göwnejaý ýaýradylmagyny üpjün edýän gymmatly kagyzlar bazaryna gatnaşyjylaryň iş tejribesiniň ýokary derejesini saklaýan guramadyr.

Bazar ykdysadyýetli ýurtlarda brokerler we maýagoýum işini alyp barýanlar edil bank hünärmenleri ýa-da hasapçylar (buhgalterler) ýaly zerur gerekli hünärmenlerdir.

Şeýlelikde, bazar bolmak üçin isleg, teklip, dellalçylar, düzgünleşdirilýän we öz-özüni düzgünleşdirýän ulgam bolmalydyr. Gymmatly kagyzlara bolan isleg milletiň gurplulygyny kesgitleýär. Şu ýerde bellemeli zat hem durmuş derejesi näçe ýokary bolsa, şonça hem girdejiniň uly bölegi toplanýar. Netijede, şol bir deň şertlerde adamlar gymmatly kagyzlary satyn alýarlar.

Şu işler toplumlaýyn ýerine ýetirilmelidir. Bu ýerde öňe gitmegi deňagramlaşdyrmak üçin ugrukdyrmak gerek. Ol bolsa beýleki ykdysady özgertmeleriň ugurlary bilen bir toplumda alnyp gidilmelidir. Biržany döretmek çylşyrymly mesele däldir, ony işletmek çylşyrymlydyr. Mysal üçin, Wengriýada birža treýderleriň ýetmezçiligi zerarly işlemän dur, Hytaýda treýderler bar hem bolsa satmaga zat ýokdur. Şu ýerde biz dünýäniň iň gowy tejribesini ulanmaga çalyşmaly.

## 6.4. Lizing amallary

Bank ulgamyny ösdürmek we ony dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirmek üçin banklar daşary ýurt tejribesinde ulanylýan bank önümlerini (däp bolmadyk), lizing amallaryny müşderilere hödürlemeli, sebäbi lizing karz gatnaşyklarynyň bir görnüşi bolup, täze däp bolmadyk uzakmöhletli we göterim esasynda kärende gatnaşygy bolup çykyş edýär. Lizing amallary bank bilen işewür kärhanalaryň arasyndaky hyzmatdaşlyga ýardam edýär. Lizing geleşikleri ykdysadyýetiň ösmegine, kärhananyň maliýe ýagdaýynyň gowulanmagyna, kiçi, orta we uly telekeçilikde öndürilýän önümleriň görnüşleriniň we hiliniň ösmegine ýardam berýär.

Lizing geleşikleri 6 müň ýyl mundan ozal **Şumer** döwletinde döräpdir. Taryhçylaryň bellemegine göra, Aristotel: «Baýlyk eýeçilige bolan hukukda däl-de, ony ulanyp bilmekdedir» diýen pähimli sozlerini örän dogry we yerlikli aýdypdyr. Biziň eýýamymyzdan 350 ýyl öň hem, XI asyrda hem Wenesiýada lizing amallaryna meňzeş geleşikler ýerine ýetirilýärdi. Wenesiýanyň ýaşaýjylaryna, söwdagärlere we gäminiň eýelerine şol döwürde gymmat bolan labyry kärendä beripdirler. Olar yzyna gaýtarylandan soň ýene-de täzeden kärendä berlipdir.

Tejribeden görnüşi ýaly, 1877-nji ýylda ABŞ-da «BELL» telefon kompaniýasy öz enjamlaryny satman, kärendä bermegi makullapdyr, emma lizing amalyny ilkinji bolup öz işinde ulanan 1952-nji ýylda San-Fransiskoda ýerleşen «Ýunaýted steýts lizing korpereýşn» amerikan kompaniýasydyr. Şeýlelikde, bank lizinginiň häzirki zaman Watany ABŞ boldy. Eger-de XX asyryň 60-njy ýyllarynda lizing amallary 1 mlrd ABŞ dollary möçberinde bolan bolsa, onda 80-nji ýyllarynda 110 mlrd dollara barabar boldy.

Ýewropada ilkinji lizing amallary 1950-1960-njy ýyllarda ulanylyp başlandy. Fransiýadaky «Lokofrane», «Slibaý», «Lokabaý», «Sodilmobaý» iň iri lizing kompaniýalary bolup durýar.

Italiýada ilkinji lizing kompaniýasy 1963-nji ýylda dörese-de, bu amallar 1970-1980-nji ýyllarda has hem ösüpdir. 1980-nji ýylda Italiýada 2000-e golaý lizing kompaniýalary hereket edipdir.

Ýaponiýada lizing amallary ýokary derejede ulanylýar. Şeýlelikde, tejribede lizing amallary iň has giň ýaýran hem-de giňden ulanylýan amallaryň biri bolup durýar. Dürli ýurtlarda döwlet edaralary lizing amallaryny telekeçilik işiniň kiçi görnüşlerini ösdürmegiň möhüm serişdesi hökmünde peýdalanýarlar.

**Lizing** (**lizing** iňlis sözi bolup, **kärende** diýmegi aňladýar) uzak möhletde emlagi kärendeçä ulanmaga bermek, soň bolsa emlägi satyn alyp bilmegi aňladýar. Lizing bank önümleriniň görnüşi bolup, telekeçiligiň ösmegine ýardam berýär. Kärhanalara, şereketlere hem-de önüm öndürýän subýektlere önüm öndürmek üçin ulanylýan dürli gozgalýan, gozgalmaýan emläkler we öň ulanyşykda bolan zatlar we gerekli lizing resmi kagyzlary, tehniki pasport we ş.m. resmi kagyzlar bolmalydyr. Olar kanun tarapdan gadagan we kanuny bozýan enjamlar bolmaly däldir. Oňa ykdysady dilde ***emlak toplumy*** diýilýär. Emläk toplumyna jaý, tehniki serişdeler, awtoulag serişdeleri, enjamlar girýär. Olary başgaça **lizing predmetleri** diýip hem atlandyryp bileris.

Hakykatdan hem, **lizing** uly toplum bolup, bir wagtda **kärendä bermek, karzlaşdyrmak we kärhanalary maddy-tehniki taýdan üpjün etmek** amallaryny ýerine ýetirýär.

Türkmenistan Garaşsyzlygyna eýe bolandan soň döwlet tarapyndan döwrebap kada-kanunlar kabul edildi, sol sanda lizing amallary barada hem kanunlar kabul edildi. Ýurtda bazar ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek üçin dürli görnüşli bazar ykdysady amallaryny, gurallary ulanmak üçin 1999-njy ýylyň sentýabr aýynyň 15-ne «Lizing hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Türkmenistanyň «Lizing hakynda» Kanuny lizingiň hukuk we guramaçylyk-ykdysady aýratynlyklaryny we lizing işiniň esasynda maýagoýumlary çekmegiň ugurlaryny kesgitledi. Şu görkezilen kada-kanunlaryň esasynda Türkmenistanda lizing amallary amala aşyrylýar.

Kanuna laýyklykda **lizing** maýagoýumyň emlägi satyn almak üçin ulanylýan görnüşi bolup, ol ýuridiki we fiziki taraplara lizing şertnamasynyň esasynda belli bir wagta kesgitlenen töleg bilen we soň hem lizing alyja satyn almak şerti bilen berilýär. **Lizing söwdasyna lizing satyjylar, lizing berijiler we lizing alyjylar gatnaşýarlar.**




**9-njy cyzgy. Lizing amallary**

Ýagny:

1. Üçtaraplaýyn şertnama baglaşylýar.
2. Önümçilik üçin lizing alyja pul serişdesi berilýär.
3. Lizing şereketi töleg geçirýär.
4. Lizingi alyjy kärendä töleg geçirýär.
5. Lizing alyjy  lizing şereketine kärende tölegini töleýär.
6. Lizing beriji lizing satyja töleg geçirýär.

**Lizing satyjy** tehniki serişdeleri we enjamlary öndürýän zawod ýa-da şahsy tarap bolup,lizing alyja lizing serişdelerini hödürleýän subýekt.

**Lizing beriji** hojalyk subýekti ( lizing kompanýasy, bank we ş.m) ýa-da hususy kärhana (telekeçi) bolup,lizing işini ýerine ýetirýär, ýörite gerek bolan tehniki serişdeleri we enjamlary öndürýän zawoddan kärendä bermek üçin satyn alýar. Başgaça aýdanymyzda, lizing beriji tehniki serişdeleri we enjamlary **kärendä berijidir**.

**Lizing alyjy** hojalyk birleşigi ýa-da şahsy tarap bolup, lizing şertnamasynyň esasynda özüne gerekli tehniki serişdeleri we enjamlary ulanmak üçin kärendesine alýar. Şeýlelikde, lizing alyjy **kärendeçi** bolýar.

Lizing şereketi kärendä bermek hakynda üçtaraplaýyn lizing şertnamasyny baglaşýar.

Lizing şereketi satyja esasy serişdeleriň gymmatlygy (bahasy) üçin töleg geçirýär. Lizing alyjy lizing şereketine kärende tölegini töleýär.

Lizing kompaniýasy satyjydan (çykarýan – öndürýän zawoddan) satyn alan emlägini lizing alyja uzakmöhletli kärendä we töleg şerti bi-

len kärendeçä berýär. Şeýlelikde, lizing kompaniýasy telekeçileri karzlaşdyrýar. Şol sebäpli käte oňa **karz-kärendeçi** (kredit-daý) diýilýär.

Lizingde lizing beriji beren tehniki serişdeleriniň we enjamlarynyň eýesi bolup galýar. Lizing alyjy alan tehniki serişdelerini we enjamlary diňe wagtlaýynça töleg şerti bilen ulanyp, alan möhleti tamamlanandan soňra satyn alsa, onuň şol tehniki serişdelere we enjamlara ýuridiki taýdan hukugy bolýar.

Lizing şertnamasynyň şerti boýunça wagt dolansoň emläk yzyna gaýtarylýar. Eger yzyna gaýtarylmasa, ýa şertnamanyň möhleti uzaldylar, ýa-da emläk lizingi alyjy tarapyndan satyn alnar.

Dünýä tejribesinde uzakmöhletli ulanylýan harytlaryň (tehniki serişdeleriň, enjamlaryň we ş.m. harytlaryň) kärendesi esasynda emele gelýän geleşiklere **lizing** diýýärler.

Lizing iki görnüşde bolýar:

1. Içerki lizing.
2. Halkara lizing.

**Içerki lizing** gatnaşyklaryna laýyklykda lizing satyjy, lizing beriji we lizing alyjy, ýagny ähli görkezilen subýektler belli bir döwletiň rezidenti bolup çykyş edýärler. Meselem, Türkmenistanyň rezidenti bolmaly.

**Halkara lizing** bolanda lizing satyjy, lizing beriji we lizing alyjy, ýagny ähli görkezilen subýektler belli bir döwletiň rezidenti däl bolup çykyş edýärler. Meselem, işleýän ýeri Türkmenistan bolsa, ýaşaýan ýeri hem Türkiýe döwleti bolsa.

Eger-de kärendeçi uzakmöhletli ulanylýan tehniki serişdeleri we enjamlary (harytlary) kärenda aljak bolsa, ol kärende beriji bilen lizing sertnamasyny baglaşmaly. Baglaşylan şertnamanyň möhletine görä kärende amallarynyň üç görnüşi bolýar:

– Gysgamöhletli kärende (renting) – 1 aýdan 1 ýyla çenli;

– Ortamöhletli kärende (haýring) – 1 ýyldan 3 ýyla çenli;

– Uzakmöhletli kärende (lizing) – 3 ýyldan ýokary.

**Lizing amallary geçirilende iki görnüşde geçirilýär. Olar:**

1. Maliýe lizingi.
2. Operatiw lizing.

**1. Maliýe lizingi** hem lizingiň bir görnüşi bolup, lizing beriji belli bir möhletde we töleg şerti bilen gerek bolan tehniki serişdelerini we enjamlaryny satyn alyp, lizing alyja kärendä bermäge borçlanýar. Şertleri:

1) Üç tarap (satyjy, lizing alyjy, lizing beriji) gatnaşýar.

2) Şertnama wagtyndan öň bozulmaly däl.

3) Lizing şertnamasynyň wagty esasy serişdäniň ulanylyş wagtyndan köp (>) bolýar.

Şonuň üçin maliýe lizingi görnüşi ulanylanda, esasanam, ahyrynda emlägiň satylmagy göz öňünde tutulýar.

**Maliýe lizingi görnüşi ulanylanda** emläk salgydyny lizing alyjy töleýär.

**Maliýe lizingi görnüşinde** lizing tölegleriniň möçberi aşakdaky deňleme bilen kesgitlenýär:

$$P = \frac{S \cdot (1 + (T \cdot (K + L)) / 100}{N \cdot T}$$

ýa-da:

$$P = \frac{S(A + K + L)}{100N}.$$

Bu ýerde:

S – emlägiň ilkibaşdaky gymmaty;

$A$ – amortizasiýa geçirmegiň kadasy;

$K$ – lizing berijiniň karz serişdeleri (lizing emlägini satyn almak üçin);

$L$ – lizing maržasy ýa-da lizing %-i;

$T$ – lizing emlägini ulanmagyň amortizasiýa möhleti;

$N$ – lizing tölegleriniň sany (ýylda).

**Mysal:**

$S$ – 2 000 manat;

$A$ – 12,5%;

$K$ – 8%;

$L$ – 10%;

$T$ – 8 ýyl;

$N$ – 3.

$$P = \frac{2000 \cdot (1 + \frac{8 \cdot (8 + 10)}{100})}{3 \cdot 10}$$

**2. Operatiw lizing**

Şertleri:

1) Emläk belli bir wagta (1-3 ýyl) ulanylmaga berilýär.

2) Lizingi alyjy şertnamany islendik wagty bozup bilýär.

3) Lizing berijiniň lizingiň çykdajysy barada kepili ýok we hemme töwekgelçiligi kärendeçä geçirýär.

4) Lizing tölegi ýokary.

**Operatiw lizing** görnüşi ulanylanda emläk salgydyny lizing beriji töleýär.

**Lizing geleşigi** lizingiň predmetini lizing berijiniň, lizing alyjynyň we satyjynyň arasyndaky lizing şertnamasyny amala aşyrmak üçin zerur bolan şertleriň jemidir.

**Lizing şertnamasy** lizing berijiniň, lizing alyjynyň we lizing satyjynyň gatnaşmagynda lizingiň predmeti barada ýazmaça köptaraplaýyn baglaşylýan ylalaşyk.

Muňa, esasanam, lizing şertnamalaryna degişli pul serişdeleriniň çeşmesi, girew şertnamasy, kepillik şertnamasy, zamunlyk şertnamasy we ş.m. çeşmeler degişlidir.

Eger-de lizing şertnamasyna gatnaşýanlaryň bir tarapy şahsy tarap bolup durýan bolsa, onda lizing şertnamasyny kepillendiriş edarasynyň tassyklamagy kanunçylyk taýdan göz öňunde tutulýar. Şu halatda lizing şertnamasy kepillendiriş edarasy tarapyndan tassyklanan pursatyndan başlap güýje girýär.

**Lizing şertnamasynyň esasy bölеklerine:**

– şertnamanyň taraplary (lizing beriji we lizing alyjy);
– şertnamanyň predmeti (haryt, ýük ugradyjynyň ady, möhleti);
– lizing şertnamasynyň möhleti (obýekt işe girizilen gününden);
– taraplaryň borjy we hukuklary;
– lizing berijiniň ýük ugradyjy bilen şertnama baglaşmagy;
– ýük ugradyja hasap fakturasynyň iberilmegi;
– lizing tölegleriniň şertleri;

– lizing geleşigi boýunça tölegleriň görnüşi, möçberi, usuly;

– tölegleri geçirmegiň tertibiniň düzülmegi we tölegleriň möçberiniň görkezilmegi degişlidir.

**Hakujuly tölegler (awans töleg).** Lizing alyjy lizing berijä hakujy (awans) hökmünde satyn alan obýektiniň gymmatynyň 15-20%-ni tölemeli, galan töleglerini hem tölemegini dowam etmeli.

**Bellenmedik lizing tölegi.** Bu töleg göterim görnüşinde satuwdan alnan möçberde bolýar.

**Tölegiň usullary:**

1) Birgezeklik (bir saparda şertnama baglaşylanda tölenýär).

2) Yzygiderli (şertnamanyň hereket eden döwründe tölenýär).

**Geleşigiň obýektiniň ätiýaçlandyrylmagy. Lizing şertnamasynyň ýatyrylmagynyň düzgüni.**

Eger:

– lizing alyjy geleşigiň şertlerini doly ýerine ýetirmese;

– şertnama boýunça bellenen wagtda tehniki serişdeler we enjamlar işe girizilmese;

– kärende tölegi wagtynda tölenmese;

– lizing alyjy şertleri bozsa;

– göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlar ýüze çyksa, lizing şertnama wagty dolmaka ýatyrylyp bilner.

Lizing berijiniň ylalaşygy bilen täze şertnama baglaşylanda ol ýa-da beýleki enjamlara wagtyndan öň bozulan şertnama boýunça lizing alyjy lizingiň obýektini yzyna tabşyrmaly we ýitgileriň tölegini tölemeli.

Lizingiň gymmaty (bahasy) tölegleri bilen hasaplanýar. Lizing töleglerine:

– amortizasiýa;

– serişdelere bolan töleg (lizing beriji tarapyndan);

– lizing maržasy (lizing berijiniň girdejisi hyzmat edeni üçin 1-3%);

– töwekgelçilik baýragy (lizing berijiniň dürli töwekgelçiligi üçin) girýär.

**Şeýlelikde:**

**Lizing** tehniki serişdeleri we emlägi belli bir wagta soňra satyn almak şerti bilen alyja bermekdir. Umuman aýdanymyzda, lizing karz

geleşiginiň görnüşidir, ýöne puluň ýerine haryt ulanylýar (natural görnuşi).

**Lizing obýekti** gozgalýan we gozgalmaýan emläk bolup çykyş edýär.

**Lizing subýekti** – lizing beriji we lizing alyjy.

**Lizing beriji (bank, zawod, kärhana, telekeçi**) satyn alan tehniki serişdelerini we emlägini lizingleýär.

**Lizing alyjy.** Edara, kärhana, şereket, gurama, telekeçi ýa-da şahsy taraplar lizing şertnamasynyň esasynda töleg şerti bilen kärendä alan tehniki serişdelerini we emlägi ulanýarlar.

**Tejribede lizing tölegleriniň 3 usuly, ýagny:**

1) Tölegiň kesgitlenen möçberi.

2) Hakujy (awans) töleg.

3) Tölegiň iň pes usuly ulanylýar.

**Birinji lizing usuly** boýunça tölegler kesgitlenen möçberde geçirilýär.

Lizing tölegleriniň möçberi şu aşakdaky görkezilen deňleme bilen kesgitlenýär:

$$tP = S \text{ x } R/[1\text{-}1/(1+R)].$$

Bu ýerde:

$P$ – lizing boýunça tölegiň möçberi (manat);

$S$ – lizing boýunça esasy serişdeleriň bahasy (manat);

$R$ – töleg wagtyndaky göterim derejesi;

$t$ – geçirilen tölegleriň sany.

**Mysal**. Esasy serişdeleriň lizing bahasy 100 müň manat. Lizing möhleti 8 ýyl. Göterim derejesi (komissiýa göz öňunde tutulanda) ýyllyk 10%. Lizing boýunça kesgitlenen möçberde tölegler ýylda iki sapar geçirilýär.

Şu mysalda tapmaly çözgüdimiz:

8 ýylyň üçinde lizing alyjy lizing şereketine näçe möçberde töleg geçirmeli?

Tölenen tölegleriň sany:

$$t = 8 \text{ x } 2 = 16.$$

Ýarym ýylyň göterim derejesi:

$$R = 10/2 = 5\% \text{ ýa-da } 0{,}05\%$$

Tölegiň möçberi:

$$P = 100 \text{ x } 0{,}05/[1 - 1/(1 + 0{,}05)] = 9{,}23 \text{ manat.}$$

**Jemi:** 8 ýylyň içinde **147,7** müň.manat **(16 x 9,23).**

**Ikinji lizing usuly** boýunça hakujy (awans) tölegi geçirilýär. Şu usulda lizing alyjy lizing şertnamasynyň esasynda lizing berijä hakujy tölegini geçirýär. Galan töleginiň möçberi lizing şertnamasynda görkezilýär. Lizing tölegleriniň galan bölegi (hakujy tölegini (-) soň) kesgitlenen wagta görä tölenýär, ýagny lizing töleg hasaplaşyklary geçirilip başlanýar (ýokarda görkezilen birinji lizing usullary ýaly).

**Üçünji lizing usuly** tölegiň iň pes usuly. Bu usul boýunça tölegiň möçberi şu aşakdaky görkezilen deňleme bilen hasaplanýar:

$$P = A + K + W + D + N,$$

Bu ýerde

*P* – lizing töleginiň jemi möçberi;

*A* – lizing serişdeleriniň amortizasiýa tölegleriniň möçberi (manatda);

*K* – lizing beriji tarapyndan ulanylan karz we karzyň tölegleri (manatda);

*W* – lizing berijä tehniki serişdeleri üçin lizing şertnamasyna laýyklykda komissiýa tölegi (manatda);

*D* – lizing berijä lizing sertnamasynyň esasynda lizing alyja goşmaça edilen hyzmatlar üçin töleg (manatda);

*N* – goşulan baha üçin salgyt (manatda).

Meselem:

Kärenda berilýän lizing serişdesiniň bahasy 400 müň manat, lizing wagty 2 ýyl, amortizasiýanyň kadasy 15%, karzyň ýyllyk göterimi 20%. Lizing şertnamasyna laýyklykda, lizing berijiniň komissiýa tölegi serişdäniň birýyllyk bahasyndan 4%. Mundan başga-da lizing beriji lizing alyja goşmaça hyzmatlary hem edýär. Getirmek, gurnamak we şol gurnalan tehniki serişdelerde işlemek üçin işgärler bilen okuw geçirmek hyzmaty 10 müň manat, satylan serişde üçin goşulan baha salgydy 20%.

Amortizasiýanyň ýyllyk tölegleriniň möçberi şu görnüşde hasaplanýar:

$$A = 15\% \text{ x } 400 = 60 \text{ müň manat.}$$

Lizing beriji kärendä beren lizing serişdelerini karzyna alan ýagdaýynda, onuň tölegi şu görnüşde hasaplanýar:

**Lizingiň 1-nji ýyly:** Ýylyň başyna enjamyň bahasy 400 müň manat we ýylyň ahyryna 340 müň manat (400 – 60). Karza alnan serişdäniň ortaça bahasynyň hasaplanylyşy:

$$(400 + 300)/2 = 370 \text{ müň manat.}$$

Tölegi:

$$K = 20\% \text{ x } 370 = 74 \text{ müň manat.}$$

**Lizingiň 2-nji ýyly:** Karza alnan serişdäniň ortaça bahasynyň hasaplanylyşy:

$$(340 + (340 – 60))/2 = 310 \text{ müň manat.}$$

Tölegi:

$$K = 20\% \text{ x } 310 = 62 \text{ müň manat.}$$

Komissiýa töleginiň möçberi 1ýylda:

$$W = 4\% \text{ x } 400 = 16 \text{ müň manat.}$$

Goşmaça hyzmatlaryň tölegi 1ýylda:

$$D = 10/2 = 5 \text{ müň manat.}$$

**Goşulan baha üçin salgyt:**

**Lizingiň 1-nji ýyly:** 1 ýylda alnan girdeji (*K* + *W* + *D*),

$$74 + 16 + 5 = 95 \text{ müň manat.}$$

Goşulan baha üçin salgyt:

$$20\% \text{ x } 95 = 19 \text{ müň manat.}$$

**Lizingiň 2-nji ýyly: 11** ýylda alnan girdeji (*K* + *W* + *D*),

$$62 + 16 + 5 = 83 \text{ müň manat.}$$

**Goşulan baha üçin salgyt:**

$$20\% \text{ x } 83 = 16,6 \text{ müň manat.}$$

Lizing töleginiň möçberi:
**Lizingiň 1-nji ýyly:**

$$P = 60 + 74 + 16 + 5 + 19 = 174 \text{ müň manat.}$$

Lizingiň 2-nji ýyly:

$$P = 60 + 62 + 16 + 5 + 16,6 = 159,6 \text{ müň manat.}$$

Lizing amallaryny başga amallar bilen deňeşdireniňde, onuň bir oňyn artykmaçlygy – ol hem jemleýji bolup çykyş edýär. Birinjiden, lizing beriji hojalyk subýektlerini (birleşikleri) esasy serişdeleri (tehniki serişdeler we enjamlar) bilen üpjün edip, olary gurnamaga we işletmäge ýardam berýär. Şeýlelikde, pul serişdeleri dolanyşykda bolýar. Lizing sertnamasyna laýyklykda, berlen wagtyndan başlap esasy serişdeler lizing şereketiniň balans hasabynda hasaba alynýar, emma gündelik hasaplaşyk hasapdan geçirilýän çykdajy tölegler hojalyk subýektlerine (birleşikleri) degişli bolup, öndürilen önümiň özüne düşýän gymmatyna girýär we peýdasynyň möçberi peselýär. Şol sebäpli alnan peýda görä salynýan salgydyň möçberi hem peselýär.

Lizing amallary geljekde kiçi, orta we uly telekeçiligi guramaga we ösdürmäge uly goşant goşar, sol sebäpli lizing amallaryny ösdürmäge ýardam bermeli.

Türkmenistanyň «Lizing hakyndaky» Kanuny 1999-njy ýylyň 15-nji sentýabrynda kabul edildi. Bu Kanun Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň düzgünlerini ösdürmekde lizingiň hukuk we guramaçylyk-ykdysady aýratynlyklaryny kesgitleýär. Kanun lizing işiniň esasyna maýagoýumlaryny çekmäge gönükdirilendir. Bu Kanunyň esasynda hem Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň lizing amallaryny ýerine ýetirmäge hukugy bardyr.

**Lizing şertnamasy** lizing berijiniň, lizing alyjynyň we lizing predmetini satyjynyň gatnaşmagy bilen köptaraplaýyn ylalaşyk ýa-da lizing berijiniň we lizing alyjynyň arasyndaky ikitaraplaýyn ylalaşyk görnüşinde baglaşylyp bilner.

Lizing berijiniň we lizing predmetini satyjynyň arasynda ikitaraplaýyn şertnama baglaşylanda, eger lizing predmeti lizing berijiniň (şol tarapyndan taýýarlanylýar) eýeçiligindäki zat bolup durmaýan bolsa, lizing predmetini satmak we satyn almak barada şertnama baglaşylýar. Lizing subýektleri pul serişdeleriniň çekilendigi hakyndaky girew, kepil we başga hili ugurdaş şertnamalary baglaşyp bilerler. Kanun esasynda lizing şertnamasynyň mazmuny şu aşakdaky görkezijilerden, ýagny:

– taraplaryň atlaryndan;

– lizingiň predmetini satyn almak, bermek we onuň mazmuny bilen baglanyşykly hukuklardan we borçlardan;

– lizing şertnamasynyň möhletiniň gutarmagy bilen bagly taraplaryň hereketinden;

– taraplaryň jogapkärçiliginden;

– taraplaryň ýuridik salgysyndan we bank rekwizitlerinden;

– şertnamanyň baglaşylan wagtyndan we ýerinden ybarat bolmaly

Taraplaryň ylalaşmagy boýunça lizing şertnamasyna lizing predmetiniň ätiýaçlandyrmasy, fors-mažor ahwalaty, lizing şertnamasynyň berjaý edilmegi üçin lizing subýektlerine gözegçiligi amala aşyrmagyň tertibi ýaly birnäçe şertler hem girizilip bilner. Bulardan başgada, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, lizing şertnamasyna başga şertler hem girizilip bilner, ýagny lizing şertnamasynda lizing berijä lizing alyjy tarapyndan lizing predmetini peýdalanyp başlaýança hem-de peýdalanýan mahaly edýän goşmaça hyzmatlarynyň sanawy, möçberi we gymmaty hem göz öňünde tutulyp bilner.

**Lizing amallarynda töwekgelçilik.** Bankyň beýleki amallarynda bolşy ýaly, lizing amaly hem töwekgelçilikli hasaplanylýar.Töwekgelçiligi birnäçe görnüşler boýunça tapawutlandyrmak bolar. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

**Marketing töwekgelçiligi,** esasanam, bar bolan enjamlara lizing alyjyny tapmak kynçylygy bolup durýar. Ätiýaçlandyrmak arkaly lizing töleglerinde töwekgelçilik baýraklaryň ýokarlanmagyna getirýär. Has amatly şertli geleşikleri baglaşmak bazar gatnaşyklarynyň şertlerine bagly bolup durýar. Mundan başga-da obýekt görnüşi (moral) taý-

dan könelme töwekgelçiligine hem sezewar bolup biler. Görnüşi taýdan könelme ýüze çykan ýagdaýynda enjamyň işewürligi peselýär. Bu bolsa häzirki döwürde tehniki serişdeleriň kämilleşmegi esasynda ýüze çykýar.

Baha töwekgelçiligi gös-göni peýda öz täsirini ýetirýär, ýagny lizing şertnamasynyň hereket edýän döwründe lizing üçin berlen enjamyň bahasynyň üýtgemeginiň esasynda ýüze çykýar we lizing beriji ýitgä sezewar bolýar. Şonuň üçin hem enjamy operatiw lizingde lizing beriji ätiýaçlandyrýar, emma maliýe lizinginde lizing alyjy ätiýaçlandyrýar.

Tölegsizlik töwekgelçiligi lizing alyjynyň lizing töleglerini tölemezligidir. Şonuň üçin hem lizing beriji lizing alyjynyň maliýe ýagdaýyna seljerme geçirmeli.

Göterim töwekgelçiligi göterimleriň ýokarlanmagy esasynda ýitgi çekmek mümkinçiligi bolýar.

Walýuta töwekgelçiligi walýutanyň kursunyň peselmegi ýa-da ýokarlanmagy netijesinde ýüze çykýar.

Syýasy we hukuk taýdan töwekgelçilik biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Syýasy taýdan töwekgelçilik halkara derejesinde lizing şertnamalary baglaşylanda ýüze çykýar. Muňa döwletiň içindäki syýasy gatnaşyklar we ykdysadyýetiň üýtgemegi täsir edýär. Hukuk taýdan töwekgelçilik bolsa kada-kanunçylygyň üýtgemegine bagly bolup durýar.

«Daýhanlizing» lizing kärhanasy Türkmenistanyň «Kärhanalar hakyndaky», «Karz edaralary we bank işi hakyndaky» Kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Maliýe lizingini ösdürmek hakynda» 1996-njy ýylyň 5-nji ýanwaryndaky 2443-nji belgili Kararyna, Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň Tertipnamasyna laýyklykda döredilendir. Kärhanany esaslandyryjy bolup Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky çykyş edýär.

Bu kärhana hereket etmek bilen:

– agrosenagat we başga önümi öndürmek, kärendeçilere we beýleki adamlara hyzmat etmek we lizing amallarynyň başga görnüşlerini amala aşyrmak üçin niýetlenen gozgalýan we gozgalmaýan emlägiň lizingi;

– gozgalýan we gozgalmaýan emläk, gaýry maddy gymmatlyklar bilen lizing we lizing amallary bilen baglanyşykly mahabatlandyrma, harytşynaslyk, kliring, faktoring, konsalting, diling, dilerçilik hyzmatlary;

– tehnikany we ätiýaçlyk şaýlaryny, şeýle hem haryt-maddy we maddy-tehniki üpjünçilik gymmatlyklaryny satyn almak we ýerlemek boýunça lomaý dellalçylyk;

– awtoulaga tehniki taýdan hyzmat etmek we ony abatlamak;

– oba hojalyk önümini öndürmek, ýerlemek işlerini amala aşyrýar.

Kärhananyň emlägini esasy gaznalar we dolanyşyk serişdeleri, şeýle hem bahasyny kärhananyň özbaşdak balansynda görkezýän gaýry gymmatlyklar düzýär.

Emlägi döretmegiň çeşmeleri kesgitlenip, olar:

– esaslandyryjynyň pul we emläk gatançlaryndan;

– önümleri, işleri, hyzmatlary ýerläp gazanan gymmatbahaly kagyzlarynyň emissiýasyny goşmak bilen hojalyk işiniň dürli görnüşlerinden alnan girdejilerden;

– banklaryň we kreditorlaryň çekilen serişdelerinden;

– Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda gadagan edilmedik gaýry çeşmelerden ybaratdyr.

Kärhana ilkibaşda esaslandyryjynyň pul gatanjynyň hasabyna maýalyk goruny döredýär. Mundan soň maýalyk gory esaslandyryjynyň goşmaça pul we emläk gatançlarynyň hasabyna artdyrylyp bilner. Kärhananyň öz maýalyk goruny öz serişdeleriniň hasabyna artdyrmaga haky bardyr. Dolanyşyk serişdeleriniň wagtlaýyn ýetmezçiliginiň üstüni ýetirmek üçin kärhana bankyň gysgamöhletli we uzakmöhletli karzlaryndan peýdalanyp biler.

Lizing kärhanasynyň öz adyndan beýleki taraplar bilen şertnama baglaşmaga, kanunçylyga laýyklykda özüne degişli jaýlary, desgalary, enjamlary, ulag serişdelerini, çig maly we beýleki maddy gymmatlyklary almaga, satmaga we beýleki edara görnüşli taraplara we şahsy adamlara bermäge, olary balansdan öçürmäge, jaýlary desgalary, enjamlary, ulag serişdelerini, ýeri we kanunçylykda gadagan edilmedik beýleki harytmaddy gymmatlyklary kärendesine almaga, şeýle hem daşary ýurtlar bilen şertnama baglaşmaga, beýleki kärhanalaryň gatnaşyjysy bolmaga, harytlary we emlägi ýerlemek üçin degişli ygtyýarnama bolan mahalynda dükanlar açmaga, önümi çykarmak we öndürmek üçin tehnikanyň we enjamlaryň sergilerine we bazarlaryna gatnaşmaga hukugy bardyr.

Kärhana düzgünlere we ulanylýan kanunçylyga laýyklykda öz hojalyk işini özbaşdak amala aşyrýar, bazaryň ýagdaýyndan ugur alyp geljekki ösüş derejelerini kesgitleýär. Salgytlar we hojalyk hasaplaşygy ýörelgelerindäki beýleki hökmany tölegler tölenenden soň galýan girdejini öz hasabyna alýar. Lizing hyzmatlaryny ýerine ýetirmekden alynýan girdejilerden we beýleki serişdelerden maddy we olara deňleşdirilen harajatlaryň, zähmet haky üçin çykdajylaryň, ätiýaçlandyryş we gaýry tölegleriň öwezi dolunýar, karzlar boýunça göterimler tölenýär. Býujete salgytlar tölenenden soň 50% möçberinde galan girdeji esaslandyryjynyň hasabyna geçirilýär.

Kärhana girdejiniň galan böleginiň hasabyna:

– ýörite maksatly gazna;

– ätiýaçlyk gaznasyna pul serişdelerini geçirýär .

Esaslandyryjynyň razylygy bilen maýalyk gory zerur bolan ýagdaýynda ulanylýan kanunçylyga laýyklykda artdyrylýar. Bellenen gaznalary döretmegiň, peýdalanmagyň tertibi we möçberi kärhana tarapyndan kesgitlenýär. Netijede, kärhananyň maliýe we hojalyk işini barlamak salgyt, auditor gulluklary, ýolbaşçysy tarapyndan ýylda azyndan bir gezek, zerur mahalynda bolsa, Türkmenistanyň beýleki döwlet edaralary tarapyndan hem ulanylýan kanunçylyga laýyklykda we özygtyýarlyklarynyň çäklerinde amala aşyrylýar. Tutup almaga ygtybarsyz bolan debitorlyk bergini, haryt-maddy gymmatlyklarynyň ýitgisini, könelen we peýdalanmak üçin ýaramsyz enjamlary kärhananyň balansyndan çykarmalydyr. Lizing amallarynyň hasapçylyk hasabyna alnyşynyň guralyşy Türkmenistanyň Prezidentiniň 2002-nji ýylyň 30-njy ýanwaryndaky 5523-nji belgili «Maliýe lizingi hakyndaky» Karary, 1994-nji ýylyň 25-nji ýanwaryndaky 1659-njy belgili Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda hasaplaşyk hasaba alnyşy we hasabatlylyk hakyndaky» Düzgünnama, 2000-nji ýylyň 22-nji fewralynda tassyklanan 13-263-nji belgili «Kärhananyň maliýe-hojalyk işleriniň hasaplaşyk hasaba alnyşynyň hasaplar Meýilnamasy» we görkezmeler esasynda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň kada-kanunlaryna laýyklykda, «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynda «Daýhanlizing» kompaniýasy döredildi. «Daýhanlizing» kompaniýasynyň tejribesinde lizing amallary

2001-nji ýyldan bäri ulanylyp gelinýär, emma kärendeçi tarapyndan isleg bildirýänleriň sany az, sebäbi 15% goşulan baha üçin salgyt tölegi tölense-de lizing bilen karzyň aratapawudy bolmaýar. Şonuň üçin hem müşderiler karz almagy amatly hasaplaýarlar.

Häzirki döwürde «Daýhanlizing» kompaniýasy oba hojalygynda ulanylýan tehniki serişdeleri (traktor, kombaýn, ýeňil awtoulaglar we ş.m.) kärendesine ulanmaga möhletleýin, tölegleýin ikitaraplaýyn şertnama baglaşylmagy esasynda berýär. Tejribä esaslanan ýagdaýymyzda şu aşakdaky baglaşylan şertnama esasynda onuň goşundysyna seljerme geçirmekden netije çykaryp, lizing amallaryny amaly ýerine ýetirmek üçin has amatly maslahatlary berip bolar.

2010-njy ýylyň 1-nji fewralynda baglanyşylan şertnama 2015-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-ne çenli öz güýjüni saklaýar. Şertnama esasynda Aşgabat şäheriniň Bagbançylyk jemgyýeti «Daýhanlizing» kompaniýasyndan 5 ýyl möhlet bilen MTZ-80 traktoryny lizinge alýar. «Daýhanlizing» kompaniýasy uzakmöhletli ulanylýan serişdeleri satyn almak üçin dolandyryjy bankdan ýyllyk 5%-i bilen bank karzyny alyp bilýär. Lizing emläginiň bahasy 11440 manat, müşderiniň tölege ukyplylygyna göz ýetirmek üçin kompaniýa, ilki bilen, emlägiň bahasynyň 10%-ni (1144 manat) alýar. 10%-i töländen soňra lizinge berilýän emlägi 10296 manat möçberde resmileşdirýär (11440 – 1144 = 10296). Müşderiniň tölemeli lizing tölegine lizing tölegi, bankyň göterimi we serişdäniň amortizasiýasy girýär. Lizing tölegini müşderi her aýyň 30-na çenli lizing berijiniň hasaplaşyk hasabyna lizing emlägini peýdalananlygy üçin, lizing töleginiň tertibine laýyklykda, her aýda 143,39 manat ( şu tölegiň içine goşulan baha üçin salgyt hem girýär) geçirmeli.

# VII BAP

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TÄJIRÇILIK WE BEÝLEKI BANKLARYNYŇ AKTIWLERINIŇ WE PASSIWLERINIŇ DÜZÜMI

## 7.1. Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň aktiwleriniň düzümi we hili

Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň amallarynyň esasy bölegini aktiw amallar tutýar. Daşary ýurtlarda (meselem, Günbatarda) bankyň aktiwleri diýlip, geljekki ykdysady peýdalary getirip bilýän serişdelere aýdylýar. Şol serişdeler bankda öňki (bank açylan döwründen) amallaryň netijesinde toplanýar. Olary bank ulanýar hem-de gözegçilik edýär. Aktiwleriň umumy häsiýetnamasy «hyzmat mümkinçiligi» ýa-da «geljekki ykdysady peýdasy» bolup, olar geljekde hyzmat etmäge ýa-da peýda bermäge ukyplylygyny görkezýärler. Geljekki peýdalar pul akymlary görnüşinde ýüze çykýarlar.

Gysgaça aýdanymyzda, **aktiwler** geçen döwürde döreýär. Olar pul serişdeleri ýa-da pul däl amallar esasynda banka gelip biler. Aktiwler satyn alnyp bilner, olar beýleki aktiwlere çalşylyp bilner, subsidiýa ýa-da dotasiýa görnüşinde berlip bilner.

Banklaryň aktiw amallaryna karz, maýagoýum, walýuta, faktoring, forfeýting, lizing we ş.m. amallar girýär. Görkezilen amallaryň esasy maksady geljekde bank üçin aňrybaş peýda getirmekdir. Karz we maýagoýum amallary biziň banklarymyzda öňden amala aşyrylýar, emma öňler gymmatbahaly kagyzlary almak üçin maýagoýum amallary geçirilmeýärdi. Günbatar döwletleriň banklary, esasanam, aktiwleriň köp bölegini gymmatbahaly kagyzlary almak üçin ulanýarlar.

**Banklaryň aktiwleri dört topara bölünýär (ykdysady manysy boýunça aktiw amallar). Olar:**

1. Pulhanadaky nagt serişdeler.
2. Gymmatbahaly kagyzlara maýagoýumlar.
3. Karzlar.
4. Jaylar we enjamlar.

Aktiw amallary geçirip, banklar birnäçe ýagdaýlarda karz alan kärhanalaryň paýnamalarynyň, bukjasynyň eýesi bolup bilerler. Banklar uly däl paynamanyň bukjasyny satyn almaga we peýdasynyň belli bölegini almaga hukuk berýär. Günbatar döwletleriniň banklarynyň köpüsi kärhanalaryň paýnamalarynyň uly däl bölegine eýe bolup hem-de şol töwekgelçilik karzlaryna goşmaça öwezini doluş usuly bolup çykyş edýärler.

Bazar ykdysadyýetinde harytlaryň, hyzmatlaryň hümmetleri (bahalary) üýtgäp durýar. Şonuň üçin bank işgäri şu üýtgemeleri öňünden biljek bolmalydyr hem-de olara garşy halkara banklaryň tejribesinde ulanylýan usullary ulanmalydyr.

Her bank öz aktiwlerini döredende ol öz meseleleri hem-de milli aýratynlygy bilen kesgitleýär. Şonuň üçin her ýurduň bankynyň aktiwleriniň düzümi tapawutlanýar. Bankyň aktiwleriniň düzüminiň köp bölegini bir ýurtda pulhanadaky nagt pul serişdeleri tutsa, onda başga ýurduň banklarynda gymmatbahaly kagyzlara maýagoýumlar tutýar. Daşary ýurtlaryň aktiwleriniň düzümini seljersek, onda şeýle netijä gelseň bolýar:

*5-nji tablisa*

**Täjirçilik banklarynyň aktiwleri (%)**

| | Pulhana | Karzlar | Gymmatly kagyzlar | Beýleki | Jemi |
|---|---|---|---|---|---|
| Fransiýanyň «Kredilions» banky | 3,09 | 66,06 | 16,17 | 13,87 | 100 |
| Germaniýanyň «Doýçebank» banky | 3,90 | 78,65 | 15,50 | 1,95 | 100 |
| Amerikanyň «Bank of Amerika» banky | - | 19,90 | 2,15 | 77,95 | 100 |
| Ýaponiýanyň «Daýitikange» banky | - | 83,25 | 10,15 | 6,6 | 100 |
| Russiýanyň «Wozroždeniýe» banky | 6,0 | 47,0 | 9,0 | 38,0 | 100 |
| Türkmenistan | 6,0 | 55 | 1,0 | 38 | 100 |

Tablisadan görnüşi ýaly, bankyň aktiw amallarynda esasy bölegi karz amallary (19,9-83,25% ) tutýar, ikinji ýeri gymmatbahaly kagyz-

lara sarp edilýän maýagoýumlar (2,15-23,87%) tutýar, üçünji ýerde pulhananyň aktiwleri (0,2-12,94%) durýar. Aktiwleriň gaýry düzüminiň esasy bölegini bankyň jaýlaryna we enjamlaryna siňdirilen pul serişdeleri hem-de bankyň dürli hasaplaşyk amallary (2-78%) eýeleýär.

Umumy meýillerine garamazdan, her bank öz aktiwleriniň hilini ýokarlandyrmaga çalyşmaly.

Türkmenistanyň döwlet täjirjilik we beýleki banklarynyň öz gündelik borçlaryny üpjün etmegi üçin olaryň aktiwleriniň düzümi likwidliligiň talabyna laýyk gelmeli.

Şonuň üçin bankyň hemme aktiwleri likwidlilik derejesi boýunça toparlara bölünýär. Olar:

1. Ýokary likwidli aktiwler
2. Likwidli aktiwler
3. Uzakmöhletli likwidli aktiwler.

**Ýokary likwidli aktiwlere** nagt pullar, Türkmenistanyň Merkezi bankyň hasaplaryndaky pul serişdeleri, döwletiň bergi-borçlary, banklaryň habarçy hasaplaryndaky serişdeler, obligasiýalar we paýnamalar degişli. Bu serişdeleri çalt nagt pullara öwürýärler we dolanyşykdan çykarýarlar.

**Likwidli aktiwlere** ýokarda görkezilen serişdeler, şeýle hem gysgamöhletli karzlar, yzyna gaýtarmaly wagty dolan tölegler (möhleti geçen karzlar) degişlidir.

**Gündelik likwidliligiň kadalaşdyryjysy ($H_2$)** – bankyň likwid aktiwleriniň jemleriniň bankyň hasaplar boýunça borçlarynyň jemleriniň talap edilýänçä gatnaşygy (30 güne çenli).

Gündelik likwidlilik :

$$H_2 = \frac{LA\text{ ( likwidli aktiwleriň möçberi)}}{GB\text{ ( bankyň gündelik borçnamalary)}} \times 100\ \%.$$

**Çalt likwidliligiň kadalaşdyryjysy ($H_3$)** – bankyň ýokary likwidli aktiwleriniň jeminiň talap edilýänçä hasaplary boýunça borçnamalarynyň möçberine, şeýle hem hasabat senesine üzme möhleti düşen we möhleti geçen borçnamalaryň gatnaşygy.

Çalt likwidlilik:

$$H_3 = \frac{LA \text{ ( çalt likwidli aktiwler )}}{TB \text{ ( talap edilýänçä borçnamalar)}} \text{ x } 100\ \%.$$

**Uzakmöhletli likwidli aktiwler:**

**Umumy likwidliligiň kadalaşdyryjysy ($H_4$)** bankyň jemlenen we likwid aktiwleriň göterim baglanyşygy ýaly kesgitlenilýär.

**Umumy likwidlilik:**

$$H_4 = \frac{LA \text{ ( likwidli aktiwler )}}{A - ÄB \text{ ( aktiwleriň jemi – Ätiýaç borçlary )}} \text{ x } 100\%$$

Uzakmöhletli likwidli aktiwler yzyna gaýtarmaly möhleti bir ýyldan köp bolan karzlar, şeýle hem töleg möhleti geçen karzlardyr.

Banklar öz aktiwlerini döredende olaryň hilini ýokarlandyrmaga hem-de likwidli serişdeleriň ýeterlikli möçberini saklamaga çalyşýarlar. Banklar hökman çalt, gündelik we uzakmöhletli likwidliligiň kadalaşdyryjylaryny ýerine ýetirmeli. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklary tarapyndan Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bellän ykdysady kadalaşdyryjylary ýerine ýetirilýär. Olar şu aşakdaky görnüşe eýedir:

*6-njy tablisa*

| | **Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan goýlan ykdysady kadalaşdyryjylar** | **Bank 1** | **Bank 2** | **Bank3** |
|---|---|---|---|---|
| I derejeli maýanyň ýeterlikligi (*H* 1.1) | > = 7% | 10% | 11% | 12% |
| Hususy maýanyň ýeterlikligi (*H* 1.2) | > = 10% | 14% | 15% | 16% |
| Gündelik ukyplylyk kadalaşdyryjysy (*H* 2) | > = 60% | 82% | 83% | 84% |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Çalt ukyplylyk kadalaşdyryjysy (*H* 3) | > = 35% | 60% | 65% | 68% |
| Umumy ukyplylyk kadalaşdyryjysy (*H* 4) | > = 25% | 22% | 20% | 24% |

**Çalt likwidliligiň** kadalaşdyryjysy bankyň ýokary likwidli aktiwleriniň jeminiň talap edilýänçä hasaplaryndaky borçlarynyň jemine bolan gatnaşygydyr.

**Gündelik likwidliligiň** kadalaşdyryjysy bankyň likwidli aktiwleriniň talap edilýänçä hasaplardaky we 30 güne çenli möhletli borçlarynyň jemine bolan gatnaşygydyr.

**Uzakmöhletli** likwidliligiň kadalaşdyryjysy bankyň uzakmöhletli karzlarynyň onuň uzakmöhletli borçlaryna bolan gatnaşygydyr.

Olaryň esasynda bankyň serişdeleriniň likwidliligi hasaplanýar. Bankyň bu kadalaşdyryjylary aktiwleri dolandyrmak, olaryň ulanylyşyny seljermek üçin ulanylýar.

Bankyň aktiwleriniň düzümi serişdeleriň likwidliligi hasaba alnanda şeýle görnüşde bolýar:

1. Pulhana.
2. Merkezi bankdaky habarçy hasaby.
3. Habarçy banklardaky hasaplar.
4. Debitorlar.
5. Bankara karzlar.
6. Daşary ýurt amallary bilen hasaplaşyklar.
7. Karz alyjynyň karzlary.
8. Gymmatbahaly kagyzlar.
9. Esasy serişdeler.
10. Beýleki aktiwler.

Bankyň aktiwlerini seljermek üçin olaryň töwekgelçiliginiň derejesini hem hasaplap durmaly. Bularyň esasynda banklaryň girdejisini, peýdalylygyny we düşewüntliligini hasaplamaly.

*7-nji tablisa*

**Bank likwidliliginiň kadalaşdyryjylary Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenýär**

| | |
|---|---|
| **Gündelik likwidlilik (*H*2)** | 70% |
| **Çalt likwidlilik (*H*3)** | 50% |
| **Umumy likwidlilik (*H*4)** | 25% |

Bulardan başga-da uzakmöhletli likwidlilik we gymmatbahaly daşlaryň likwidliligi bank ulgamynda ulanylýar.

**Uzakmöhletli likwidlilik:**

$$H_5 = \frac{K \text{ (1 ýyllyk karzlar)}}{M + DB \text{ (bankyň maýasy+depozit boýunça bank borçlary)}} \times 100\ \%$$

**Gymmatbahaly daşlaryň likwidliligi:**

$$H_6 = \frac{LA \text{ (ýokary likwidli aktiwler)}}{OB \text{ (bankyň gymmatbahaly daşlarda borçlary)}} \times 100\%$$

Şeýlelikde, bankyň likwidliligini ölçemegiň 2 usuly bar:

1. Maliýe koeffisiýentleriniň esasynda bankyň balansyndan hasaplanýar we onuň likwidliligini görkezýär.

2. Bankyň balansynyň aktiwlerini we passiwlerini seljermegiň esasynda bankyň likwidli serişdelere bolan zerurlygyny hasaplamak pul akymyny seljerme esasynda döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň öz içerki we daşarky düzgünleriniň şertleri bolup durýar.

**Banklaryň borçlarynyň 2 görnüşi bar. Olar:**

1. Häzirki borçlar.

2. Geljekki borçlar.

**Bankyň häzirki borçlary** bankyň balansynda talap edilýänçä depozit, möhletli depozit, bankara karzlar, karz alyjynyň serişdeleri bolup bilýär.

**Bankyň geljekki borçlary** banklaryň berýän kepillikleri, müşderilere açyp berýän karzlary we dürli amallar bolup bilýär.Bankyň likwidliligini häsiýetlendirýän bankyň likwidliligini, onuň içiniň hilini kesgitleýär. Şeýlelikde, bankyň likwidliligi hökman iki alamata eýe bolýar. Olar:

1) Müşderiniň öňünde öz borjuny wagtynda ýerine ýetirmek;

2) Müşderiniň öňünde öz borjuny ýitgisiz ýerine ýetirmek.

Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň öz içerki we daşarky düzgünleriniň şertleri bar.

**Içerki şertler:**

**1. Banklaryň berk binýady.** Bu ýagdaýda banklaryň öz pul serişdeleri ýeterlikli bolmaly. Şonda goýumçylaryň we karz berijileriň serişdelerini kepillendirip bolýar. Banklaryň öz hususy maýasy näçe köp bolsa, şonça-da şol bankyň likwidliligi ýokary bolýar.

**2. Aktiwleriň likwidliligi** banklaryň aktiwleriniň nagt pula öwrülmek mümkinçiligidir.

**3. Aktiwleriň hili** dört görnüşli alamat bilen kesgitlenilýär. Olar:

1) Depozitleriň hili;

2) Daşarky çeşmelerden garaşlylygy kadalaşdyrmak;

3) Bank menejmenti;

4) Bankyň imiji (abraýy).

**Daşarky şertler:**

1) Ýurduň syýasy we ykdysady ýagdaýy;

2) Gymmatly kagyzlaryň bazarlarynyň ösüşi;

3) Bankara bazaryň ösüşi;

4) TMB TB-ni gaýtadan maliýeleşdirmek derejesi;

5) TMB-niň gözegçiligi, kadalaşdyryjylary.

**Tölege ukyplylyk** bankyň döwlete, şahsy we edara taraplara tölegler boýunça öz borçnamalaryny wagtynda ýerine ýetirmek ukybydyr.

Tölege ukyplylyk, esasanam, 4 ugur boýunça kesgitlenýär:

1) Banklar öz goýumçylaryna hökman depozit tölegleri töleýär;

2) Paýdarlaryna diwidend töleglerini töleýär;

3) Döwlete salgyt töleglerini töleýär;

4) Işgärlere zähmet hakyny töleýär.

## 7.2. Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň passiwleriniň düzümi we hili

**Banklaryň passiw amallarynyň düzümine** maýagoýumlar (başga banklardan karz almak arkaly), gymmatbahaly kagyzlar (çykarmak, satyn almak arkaly), bankyň peýdasyndan dürli gaznalary döretmek we ş.m. girýär. Bankyň passiw amallary bilen tanşanymyzdan soň, hökman bankyň hususy serişdeleri bilen hem tanyşmaly. **Banklaryň hususy serişdeleri** bankyň döredijileriniň we banklaryň peýdasyna alnan ýylda toplanan emläk we pul toplanmalary bolup çykyş edýär.

Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň döredijileriniň we bankyň peýdasynyň hasabyna sekiz sany gazna döredilýär. Şol sekiz gaznanyň düzüminde dörediş, dikeldiş (amortizasion), önümçilik, durmuş ösüş, maddy gyzyklandyrmak gaznasy, diwidendleri tölemek, indeksirlemek, ätiýaçlyk gaznasy we ş.m. bar.

Banklaryň dörediş gaznalary bankyň açylan döwründe banklaryň esaslandyryjylary tarapyndan döredilýär. Şol gaznanyň iň pes möçberi döwlet täjirçilik banklary üçin ABŞ-nyň 10 mln dollary, we beýleki banklar üçin ABŞ-nyň 5 mln dollary görnüşinde Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenildi.

Banklaryň dikeldiş (amortizasion) gaznasy, esasy gaznalaryň fiziki we görnüşi taýdan könelýänligi sebäpli, şol gaznalaryň öwezini doldurmak üçin döredilýär. Esasy gaznalaryň bahasynyň belli bir göterimi amortizasion ölçegler (normalar) boýunça şol gazna geçirilýär.

Önümçiligi durmuş taýdan ösdürmek gaznasy bankyň hasabyna bankyň işini ösdürmek we bank işgärleriniň durmuş ýagdaýlaryny gowulandyrmak üçin döredilýär. Türkmenistanyň kanunlary esasynda, banklar alan peýdalaryndan döwlet býujetine salgytlary geçirenlerinden soň şol gaznalary döredip bilýärler. Käbir banklar ýokarda görkezilen gaznalary bilen bilelikde maddy gyzyklandyrma, diwidendleri tölemek, indeksirlemek we ätiýaçlyk gaznalaryny hem döredýärler.

Bankyň hususy serişdeleriniň esasy maksady şol hususy serişdeleriň mukdaryny köpeltmekdir. Bu maksatlar:

– banklaryň maýasynyň gurluşyny amatly derejä getirip kanunalaýyklykda salgytlary peseltmek;

– maýagoýum syýasatynyň we maýanyň çykdajylarynyň meýilnamasyny netijeli üýtgetmek;

– täze maýagoýumlaryň peýdasyny meýilnamalaşdyrmak;

– depozitleriň we beýleki çykdajylaryň syýasatyny üýtgetmek;

– banklaryň maliýe, diwidend tölegini we hejirlemek syýasatyny üýtgetmek ýollary bilen durmuşa geçirilýär.

Hususy serişdeler bankyň durnuklylygyny saklaýar. Onuň hasabyna bank zerur bolan ätiýaçlyklary döredýär. Bankyň hususy serişdeleri uzakmöhletli aktiwleriň çeşmesidir. Şekilen serişdeler bankyň pul serişdelerine bolan islegiň 90% aktiw amallaryň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Bu bolsa edara we şahsy taraplaryň pul serişdelerine bolan islegini kanagatlandyrýar. Bankyň hususy we çekilen serişdeleri täjirçilik we beýleki banklar üçin habarçy hasaplarynda saklanylýar. Aktiw hasabyň debitinde serişdeler bellenilýär, goýlan serişdeler bolsa hasabyň kreditinde bellenilýär.

Şeýlelikde, debet saldonyň galyndysynyň möçberi bankyň ätiýäçlygyna täsir edýär. Bankyň ätiýäçlygy köp bolsa, onda bank durnukly, emma onuň peýdasy pes bolýar, ýa-da tersine, ätiýäçlyk möçberi az bolsa, onda bankyň durnuklylygy peselýar, emma onuň peýdasy köpelýär. Şonuň üçin täjirçilik banklary habarçy hasaplaryndaky serişdeleriniň galyndysyny azaltmaga çalyşýarlar.

Passiw amallar bank üçin wajyp bolup durýar we olar:

– goýumlardan;

– müşderileriň hasaplaryny açmakdan we ýöretmekden;

– gymmatbahaly kagyzlary çykarmakdan;

– bankara karzlary almakdan;

– bankyň peýdasyndan dürli gaznalary döretmekden ybaratdyr.

Passiw amallar, esasan, 3 çeşmeden, ýagny:

– hyzmat etmek bilen bilelikde müşderiniň serişdelerini çekmekden;

– hyzmat etmezden müşderileriň serişdelerini çekmekden;

– başga çeşmelerden serişdeleri çekmekden ybaratdyr.

Şeýlelikde, müşderiniň islegini kanagatlandyryp bilýän bank amallary bu bankyň hyzmatydyr. Olar goýumlardan, paýnamalary satyn almakdan we karzlardan durýar. Depozitler passiw amallaryň 95%-ni tutýar.

# VIII BAP

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TÄJIRÇILIK WE BEÝLEKI BANKLARYNYŇ GIRDEJISI WE ÇYKDAJYSY

## 8.1. Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň girdejisi we girdejiniň çeşmeleri

Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň girdejileri olaryň ýerine ýetirýän amallary we hyzmatlary bilen baglanyşyklydyr. Türkmenistanyň banklary öz müşderilerine hyzmat edip, öz girdejileriniň hasabyna hem işleýärler. Her bank ýerine ýerirýän işiniň (hyzmatynyň) bahasyny özi kesgitleýär. Meselem, şu amallary geçirmekde: hasaplaşyk hasabyny açmak, ýapmak we ondan pul serişdelerini geçirmek üçin nyrhy, edara-kärhanalara we fiziki taraplara daşary ýurt walýuta hasabyny açmak üçin nyrhy özleri kesgitleýärler. Eger-de bank müşderiniň eline hasaplaşyklary çaltlaşdyrmak üçin awizo berýän bolsa, onda bank müşderisinden töleg talap etmäge haklydyr, daşary ýurduň puluny çalşany üçin bank müşderiden geçirilen amaldan göterim tutýar. Bazar ykdysadyýetinde banklaryň esasy maksady edýän hyzmatlaryndan aňrybaş peýda almakdyr.

Banklaryň girdeji çeşmelerine:

– karz işewürligi;

– diskont işewürligi;

– gorag işewürligi;

– gymmatbahaly kagyzlar bilen işewürlik;

– bankyň kepilnama işleri;

– müşderiniň goýumlaryny çekmek we olar bilen amallary geçirmek işewürligi;

– habarçy gatnaşyklardan alynýan girdeji;

– däp bolmadyk hyzmatlardan alynýan girdeji degişlidir.

**Karz işewürligi** edara we şahsy taraplara hem-de başga täjirçilik banklaryna wagtlaýyn boş pul serişdelerini göterim esasynda bermekdir. Mundan başga-da karz işjeňligi bankara karz hökmünde ýa-

da başga bankda möhletli depozitler görnüşinde bolýar. Bankyň karz işjeňliginiň çeşmesi boş pul serişdelerini satmakdan alan göterim görnüşindäki girdejisi (peýdasy) bolup çykyş edýär.

**Diskont işewürligi** gymmatbahaly kagyzlary (wekselleri, çekleri, talapnamalary) belli bir peseldilen bahadan (diskont) satyn almak boýunça bankyň amallarydyr. Bulara, esasanam, faktoring amallary degişlidir. Olardan alynýan girdeji bolsa bankyň göterim girdejisidir. Faktoring amallary gaýragoýulmasyz hasabyň möçberlerine tölemek arkaly ýa-da berginiň ösüşine görä müşderiniň debitor bergisini inkassirleme bolup çykyş edýär.

**Gorag işewürligi** arkaly bank müşderiniň islegi boýunça ynamdar (trast) hyzmatlaryny amala aşyrýar. Bu işewürlik banka girdeji getirýär (komissiýa), sebäbi bank müşderiniň tabşyrygy boýunça onuň emlägini dolandyrýar ýa-da dürli amallary ýerine ýetirýär.

**Gymmatly kagyzlar bilen işewürlik** netijesinde bank gymmatbahaly kagyzlary çykarmak we olary satmak bilen bagly amallardan girdeji alýar. Bankyň girdejisi öz gymmatbahaly kagyzlarynyň satylýan we başga emitentleriniň bahalarynyň tapawudy bilen baglydyr.

**Banklaryň kepilnama işleri.** Bank müşderilere kepilnama we ynamdarlyk işlerini geçireni üçin olardan pul görnüşinde töleg alýar.

**Müşderiniň tabşyrygy boýunça ýerine ýetirilýän amallar bilen bagly we goýumlary çekmek bilen bagly işewürlik.** Bu hyzmat, esasanam, müşderä hasap açmak, ony ýöretmek, ýapmak, nagt pullary bermek amallary görnüşinde bolýar. Bu hyzmatlary ýerine ýetireni üçin bank töleg alýar.

**Habarçy gatnaşyklardan alnan girdeji**. Munda habarçy gatnaşyklarynyň başga bir karz amallaryndan tapawudy – ol hem elmydama göterim bilen baglanyşykly bolýandyr hem-de onuň alýan göterimi başga bankyň habarçy hasabynyň saldosynda bolýandyr.

**Däp bolmadyk hyzmatlardan alynýan girdeji** lizing, faktoring amallary, maslahat hyzmatlary, «Western union» hyzmaty, walýuta çalşylmasy, umuman, bank marketingi bilen bagly bolan girdejileriň biridir.

**Şeýlelikde, girdejileri 3 topara birikdirmek bolýar. Olar:**

1. Göterim girdejileri.
2. Komissiýa görnüşindäki hyzmatlardan alynýan girdejiler.
3. Beýleki girdejiler.

Has dogrusy, banklaryň girdejileri hökman onuň harajatlaryny (çykdajylaryny) ýapmalydyr we bankyň töwekgelçiligini peseltmäge ýa-da Merkezi bank tarapyndan kesgitlenen kadalaşdyryjylary berjaý etmäge mümkinçilik bermelidir.

## 8.2. Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň çykdajylary

**Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň çykdajylary** – munuň özi bank tarapyndan edilen harajatlary ödäp, girdeji getirmäge bolan ukybydyr.

Bankyň çykdajylary görnüşi boýunça 3 topara bölünýär.

1. Göterim çykdajylary
2. Göterim däl çykdajylar
3. Beýleki çykdajylar.

**Göterim çykdajylary** müşderiniň talap edilýänçä goýumlarynyň göterimi, başga banklardan karz serişdelerini satyn almak üçin çykdajylar, gymmatbahaly kagyzlary satyn almak üçin çykdajylar, başga bankyň depozitleri bolup çykyş edýär.

**Göterim däl çykdajylar** – bu bankyň ýerine ýetirýän amallary bilen baglanyşykly çykdajylar we bankyň müdiriýetini saklamak üçin (işgärlere zähmet hakyny tölemek, salgytlary tölemek we ş.m.) çykdajylary.

**Beýleki çykdajylar** – salgydy we ýitgileri tölemek, bankyň emlägini satmak bilen bagly amallary, bankyň ätiýaçlyklaryny döretmek üçin çykdajylar.

**Hasaba almak usuly boýunça çykdajylar üç görnüşde bolýar. Olar:**

1. Bankyň amallary we dürli çykdajylary ( bankyň salgytlary, serişdelere töleýän göterimleri), hyzmatlaryň (okuw, poçta, telefon, internet) tölegleri. Bu çykdajylar göterim we göterim däl görnüşinde bolýar.
2. Müdirligi dolandyrmak üçin çykdajylar (iş haky, salgytlary tölemek we ş.m). Bu göterim däl çykdajylardyr.
3. Bankyň jerimeleri.

**Häzirki döwürde banklaryň çykdajylaryny bäş uly ugur boýunça bölüp bolýar. Olar:**

1. Banklara tölenilen göterimler

2. Müşderä tölenilen göterimler
3. Komission çykdajylar
4. Administratiw çykdajylar
5. Beýleki çykdajylar.

**Göterim maržasy** bankyň göterim girdejisi bilen( çykdajysynyň alnan göterimleri bilen) tölenen göterimleriň arasyndaky tapawutdyr. Ol bankyň peýdasynyň esasy çeşmesi bolup, salgytlary, ýitgileri tölemek üçin ulanylýar.

## 8.3. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň girdeji we çykdajy derejesine baha bermek

**Banklaryň girdeji we çykdajy derejesine baha bermek üçin birnäçe usullar ulanylýar. Olar:**

1. Düzümleýin seljerme
2. Girdejiniň we çykdajynyň ösüş depgini
3. Maliýe koeffisiýentini hasaplamak.

Düzümleýin seljerme – bank tarapyndan girdejiler we çykdajylar, bölekler we çeşmeler boýunça seljerilýär. Şunlukda, seljermäniň esasynda bankyň ykdysady görkezijileriniň durnuklylygy kesgitlenilýär. Düzümleýin seljermäniň esasy maksady banklaryň girdejileriniň we çykdajylarynyň durnuklylygyna baha bermekdir. Seljerme geçen ýyllaryň hakyky ykdysady maglumatlarynyň esasynda geçirilýär.

**Banklaryň girdejisine baha berme 2 topara bölünýär. Olar:**

1. Bank amallarynyň girdejisi göterim ýa-da göterim däl girdejilerdir. Olar bank hyzmatlaryndan alnan girdejilerdir. Başga amallar bilen deňeşdirilende, olar durnukly bolýar.

2. Maliýe bazarlarynda geçirilýän amallardan alnan girdejler durnuksyz bolýar. Bu ykdysady tarapdan geçirilýän üýtgetmeler bilen baglanyşyklydyr.

Banklaryň **göterim** girdejisi seljerilende hökman onuň düzümini (karz bukjasyny, içerki karz, bankara karz, gymmatbahaly kagyzlar bilen geçirýän amallaryny, lizing, faktoring we gaýry amallaryny) we pudaklara berlen karzlaryň möçberiniň täsirini (önümçiligi ösdürmek), göterim maržasynyň ösüş depginini (eger göterim maržasynyň depgini peselse, onda bankyň batmaga ýakynlaşýandygyny aňladýar)

gowy öwrenmeli. Şeýlelikde, bank boýunça girdejiniň her göterimli amaldan alnan bölegi bilinýär we ösüşi seljerilýär.

Banklaryň **göterim däl girdejilerini** seljermek üçin olaryň düzümini öwrenmeli, bankyň karz däl hyzmatlaryny, olaryň aýratyn görnüşlerini, hyzmatlaryň bahasy bilen çykdajylarynyň gatnaşygyny we girdejiniň üýtgemeginiň sebäplerini bilmeli.

Banklaryň çykdajylarynyň seljermesi geçirilende **göterim we göterim däl** çykdajylaryň gatnaşygyna, ýagny bankyň dolanyşygyna edilýän çykdajylara hem-de bankyň töwekgelçiligini ýapmak bilen bagly çykdajylara üns bermeli. Bu seljermede çykdajylaryň ösüş depginini onuň bankyň aktiwlerine bolan gatnaşygyny, göterim maržasyny, göterim däl girdejileri we çykdajylary, göterim girdejilerini we çykdajylaryny ulanmaly.

Bankyň girdejisine we çykdajysyna baha bermek üçin aşakdaky maliýe koeffisiýentlerini, ýagny:

– döwürdäki göterim girdejileriniň girdeji getirýän aktiwlerine bolan gatnaşygyny;

– döwürdäki göterim däl girdejileriň balansyň aktiwiniň jeminiň galyndysyna bolan gatnaşygyny;

– döwürdäki göterim däl çykdajylaryň balansyň aktiwiniň jeminiň galyndysyna bolan gatnaşygyny;

– göterim däl girdejileriň göterim däl çykdajylar bilen tapawudynyň göterim maržasyna bolan gatnaşygyny ulanýarlar.

Dünýä tejribesi boýunça birinji koeffisiýent banklaryň maržasynyň 3-4% bolmalydygyny aňladýar. Dördünji koeffisiýent 30%-den köp bolmaly däl, sebäbi onda bankyň abraýy peselýär. Bu bolsa bankyň karz amallaryna bolan islegiň azalmagyny subut edýär.

## 8.4. Banklaryň peýdasynyň emele gelmeginiň çeşmeleri. Bankyň peýdasyna baha bermek.

Täjirçilik we beýleki banklaryň peýdasy onuň ýerine ýetirýän amallary bilen baglydyr. Banklaryň peýdasy, ýitgileri onuň balans hasaplarynda bellenilýär. Bu bolsa bankyň maliýe netijesini görkezýär.

Daşary ýurt ülňülerine laýyk gelýän hasabat boýunça banklaryň maliýe işiniň netijesi bolup arassa peýda çykyş edýär. Bu bolsa girdejilerden

ähli çykdajylar (salgytlar, gaznalara geçirimler) aýrylandan soň galan bölekdir. Bankyň peýdasy we ýitgileri barada ýörite hasabat berilýär. Ol hasabatda bankyň göterim we göterim däl girdejileri we çykdajylary barada maglumat berilýär we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilýär. Şol hasabatda bankyň arassa peýdasy hem görkezilýär.




**10-njy cyzgy. Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň peýdasynyň emele gelşi we paýlanyşy**

**Banklaryň peýdasynyň derejesine baha bermek üçin:**

– peýdanyň çeşmelerini düzümleýin seljerme;
– maliýe koeffisiýentleriniň ulgamyny seljerme;
– täsir edýän şertleri seljerme usullary ulanylýar.

Düzümleýin seljermäniň maksady peýdanyň esasy çeşmesini tapmakdan we oňa baha bermekden, onuň geljekde ösüşini görkezmekden ybaratdyr. Şonuň üçin bank her aýda, çärýekde, ýarym ýylda, ýylda peýdanyň üýtgeýän we üýtgemeýän çeşmelerini, göterim we göterim däl girdejileri we çykdajylary, bankyň ýitgilerini we arassa peýdasyny seljerýär.

Banklarda maliýe koeffisiýentleriniň ulgamynyň seljerilmesiniň maksady bankyň işini başga bank bilen deňeşdirmek, täze usullary

girizmek we olary peýdaly ulanmak, koeffisiýentleriň ösüşine baha bermek bolup durýar.

**Peýdalylygyň koeffisiýentiniň ulgamy:**

– peýdanyň we aktiwleriň gatnaşygyny;

– hususy maýanyň we peýdanyň gatnaşygyny;

– bir işgäre peýdadan düşýän paýy öz içine alýar.

Bu koeffisiýentleriň hersi aýratynlykda hasaplanýar:

$$1.\ K_1 = \frac{\text{Balans peýda}}{\text{Aktiwiň ortaça galyndysynyň jemi}}\ .$$

$$2.\ K_2 = \frac{\text{Balans peýda}}{\text{Hususy maýanyň ortaça möçberi}}\ .$$

$$3.\ K_3 = \frac{\text{Balans peýda}}{\text{Işgärleriň ortaça sany}}\ .$$

Banklaryň peýdalylygyna baha bermek üçin aktiwleriň ulanylyşynyň koeffisiýenti hasaplanýar:

$$\frac{\text{Arassa peýda}}{\text{Aktiwleriň ortaça möçberi}}\ .$$

Banklaryň peýdasynyň möçberiniň esasy şertleri bolup:

– bankyň girdejileriniň we çykdajylarynyň ösüş depgininiň gatnaşygy;

– bankyň beýleki aktiw amallarynyň ortaça girdejililigi;

– girdeji getirýän aktiwleriň bankyň aktiwlerindäki bölegi;

– girdeji getirýän aktiwleriň düzümi;

– aktiw amallarynyň beýleki görnüşleriniň peýdasy we ş.*m.* çykyş edýär.

Banklaryň peýdalylygyny hasaplamak üçin şu görkezilen deňlemeler ulanylýar:

$$\frac{\text{Peýda}}{\text{Bankyň aktiwleri}} = \frac{\text{Bankyň umumy girdejileri}}{\text{Aktiwleriň girdejileri}} \times \frac{\text{Peýda}}{\text{Bankyň umumy girdejileri}}$$

$$\frac{\text{Arassa peýda}}{\text{Hususy maýa}} = \frac{\text{Arassa peýda}}{\text{Umumy girdeji}} \times \frac{\text{Umumy girdeji}}{\text{Aktiwler}} \times \frac{\text{Aktiwler}}{\text{Hususy maýa}}$$

Banklaryň düşewüntlilik koeffisiýenti aşakda görkezilen deňleme bilen hasaplanýar:

$$K_d = \frac{\text{girdeji getirýän aktiwleriň ortaça galyndysy}}{\text{aktiwleriň ortaça galyndysynyň jemi}}.$$

# IX BAP

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TÄJIRÇILIK WE BEÝLEKI BANKLARYNYŇ HALKARA WE WALÝUTA AMALLARYNY KADALAŞDYRMAK

## 9.1. Banklaryň halkara we walýuta amallaryny ýerine ýetirmegini sazlaşdyrmak

Türkmenistanda 2009-njy ýylyň aprel aýynyň 18-ne «Walýuta operasiýalaryny düzgünleşdirmek hakynda» Kanun kabul edildi. Bu Kanun Türkmenistanyň içerki hojalyk dolanyşygynda we halkara hasaplaşyklarynda walýuta operasiýalaryny amala aşyrmagyň umumy ýörelgelerini, döwlet edaralarynyň walýuta amallaryny düzgünleşdirmekdäki hem-de walýuta serişdelerini dolandyrmakdaky ygtyýarlaryny we wezipelerini, rezidentleriň hem-de rezident dälleriň walýuta gymmatlyklaryna eýelik etmek, olardan peýdalanmak we olara erk etmek barasyndaky hukukaryny hem borçlaryny, walýuta gözegçiliginiň ugurlaryny hem-de walýuta hakyndaky kanunlaryň bozulmagy üçin jogapkärçiligi kesgitleýär.

Täjirçilik we beýleki banklar walýuta amallaryny geçirmegi göz öňunde tutýan bolsalar, olar hökman Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasyny almalydyr.Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasyny alan banklaryň şu aşakdaky görkezilýän walýuta amallaryny ýerine ýetirmäge, ýagny:

– eýeçilik hukugynyň walýuta gymmatlyklaryna geçmäge;

– töleg serişdesi hökmünde daşary ýurt walýutasyny hem-de daşary ýurt walýutasyndaky töleg resminamalaryny ulanmaga;

– daşary ýurtlardan Türkmenistana walýuta gymmatlyklaryny getirmäge we ibermäge hem-de Türkmenistandan daşary ýurtlara walýuta gymmatlyklaryny äkitmäge we ibermäge, şeýle hem halkara pul geçirimlerini, ugratmalaryny amala aşyrmak bilen baglanyşykly geçirilýän amallary alyp barmaga;

– halkara pul geçirimlerini amala aşyrmaga hukugy bar.

Walýuta amallary walýutanyň gymmatbahaly kagyzlaryň hereketinde ýüze çykýan, pul gatnaşyklaryny gurnaýan we dolandyrýan

hereketidir. Başgaça aýdanymyzda, walýuta amallary pul tölegleri bilen (hasaplaşyklar, kömekler we s.m. tölegler) hem-de maýagoýumyň (kapitalyň) hereketleri bilen baglanyşykly bolýar.

**Maýagoýum** dolanyşyga goýberilen pullaryň dolanyşykdan getiren girdejileridir. Maýagoýumlaryň hereketi girdeji almak maksady bilen telekeçiligi ösdurmäge goýberilýär.

Daşary ýurt walýutasynda we gymmatbahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallar 2 topara bölünýär. Olar:

– gündelik walýuta amallary;

– maýagoýumyň (kapitalyň) hereketi bilen bagly amallar.

Gündelik walýuta amallaryna:

– walýuta gymmatlyklaryny, harytlary we hyzmatlary satmak, satyn almak bilen baglanyşykly amallar;

– göterimleri, diwidendleri we bank goýumlaryndan, karzlaryndan, maýagoýumlaryndan hem-de beýleki maliýe amallaryndan alnan beýleki girdejileri daşary ýurtlara ibermek we daşary ýurtlardan getirmek amallary;

– söwda häsiýetinde bolmadyk serişdeleri ibermek, şol sanda iş hakyny, napagalary, alimentleri, mirasy geçirmek hem-de şolar ýaly beýleki amallar girýär.

**Maýagoýumyň (kapitalyň) hereketi bilen baglanyşykly walýuta amallary:**

– maýagoýumlar, şol sanda gymmatbahaly kagyzlary satyn almakdan we satmakdan;

– karz bermekden we almakdan;

– hasaplara hem-de goýumlara serişdeleri çekmekden we ýerleşdirmekden;

– nagt serişdeleri we gymmatbahaly kagyzlary serhetden islendik görnüşde geçirmekden ybaratdyr.

**Walýuta amallaryny ýerine ýetirmägeň düzgünlerine laýyklykda ygtyýarnama almak üçin:**

– banklaryň walýuta amallarynyň ýerine ýetirilişine jogapkär ýolbaşçynyň goly;

– walýuta amallaryny ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň razylygy baradaky hatyň göçürmesi;

– döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň içki gözegçiligi barada güwähat;

– döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň balansy;

– peýda we ýitgiler barada hasabat;

– döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň maliýe ýylynyň hasabaty;

– auditorlaryň geçiren barlagynyň netijenamasy bolmaly.

Ygtyýarnamany alandan soň täjirçilik we beýleki banklar:

– depozitleri çekmek we karz bermek;

– banklaryň müşderileriniň talaby boýunça hasaplaşyklary geçirmek;

– müşderiniň hasaby boýunça maýagoýumlary ýerleşdirmek;

– gymmatbahaly kagyzlary satyn almak, satmak, saklamak we ol amallar bilen hasaplaşyk geçirmek;

– nagt walýutany satmak we satyn almak bilen baglanyşykly amallary we geleşikleri ýerine ýetirip bilýärler.

Bu amallaryň hemmesi manatda ýa-da daşary ýurt walýutasynda amala aşyrylýar. **Nagt serişdeler** banknotlar, şaýylar, ýol çekleri hem-de ş. m. beýleki töleg serişdeleri görnüşindäki töleg serişdeleridir. Nagt däl serişdeler banklardaky hasaplardyr, hasaplaşyklardaky serişdelerdir.

Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasyna we ony ulanmak boýunça görkezmelere (2010-njy ýyl, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň «Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasy we ony ulanmak boýunça görkezmeler») laýyklykda, daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagynda döredilen Türkmenistanyň «Edara görnüşindäki taraplaryň gündelik hasaplary» diýip atlandyrylýan 23204-nji passiw hasap kärhanalaryň we guramalaryň, daýhan birleşikleriniň serişdeleriniň, şeýle hem Türkmenistanyň Merkezi bankynyň walýuta amallaryny düzgünleşdirmek hakynda kadalaşdyryjy resminamalarynda bellenilen tertipde hasaplaşyk-pul resminamalary boýunça şu serişdeleriň çäklerinde, daşary ýurt pulunda amala aşyrylýan hasaplaşyklaryň hasabyny ýöretmek üçin niýetlenen hasap. Hasabyň krediti boýunça kärhanalaryň we guramalaryň, şeýle hem şahsy adamlaryň peýdasyna gelip gowuşýan serişdeler geçirilýär. Hasabyň debeti boýunça kärhanalaryň we guramalaryň, şeýle hem şahsy adamlaryň tabşyryklary boýunça serişdeleriň peýdalanylmagy görkezilýär. Jikmejik hasapda daşary ýurt pulunyň her bir görnüşi boýunça we hasabyň eýesi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

**23908-nji** passiw hasap «Goýumlar we depozitler boýunça hasaplanylan we tölenilmedik göterimler». Bu hasap möhletli goýumlar we depozitler boýunça daşary ýurt pulunda hasaplanylan, ýöne tölenilmedik göterimleriň hasabyny ýöretmek üçin niýetlenen hasap. Olar goýumlaryň hem-de depozitleriň möçberleri we möhletleri barada bank bilen goýumçylaryň arasyndaky şertnamalarda anyk kesgitlenilýändigi bilen baglanyşyklykda esasy goýum we depozit hasabyna geçirilip bilinmez. Hasabyň krediti boýunça hasaplanylan pursatda goýumlaryň we depozitleriň eýelerine tölenilip bilinmeýän, hasaplanan göterimleriň möçberleri geçirilýär. Hasabyň debeti boýunça niýetlenilişi boýunça tölenilen göterimleriň möçberleri geçirilýär. Jikme-jik hasap şahsy hasaplarda ýa-da aýratyn kitaplarda serişdeleriň eýeleri we daşary ýurt pulunyň görnüşleri boýunça aýratyn hasaby ýöretmegi üpjün etmelidir. Goýumlar we depozitler boýunça göterimler, olary çykdajylara deň derejede degişli etmek üçin her aýda hasaplanylyp çykarylýar, emma şertnama laýyklykda bellenilen möhletlerde tölenilýär ýa-da, eger-de möhletler bellenilmedik bolsa, onda hasabyň eýesiniň talap etmegine görä tölenilýär.

**41401-nji** passiw hasap «Daşary ýurt pulundaky amallar boýunça girdejiler». Bu hasap daşary ýurt pulundaky amallar boýunça bankyň girdejileriniň hasabyny ýöretmek üçin niýetlenen hasap. Hasabyň krediti boýunça daşary ýurt pulunda geçirilen amallardan we ýerine ýetirilen hyzmatlardan bankyň gelip düşýän girdejileriniň möçberleri geçirilýär. Hasabyň debeti boýunça gündelik girdejiler boýunça düzediş girizmeleriň möçberleri, şeýle hem 32303-nji balans hasaba («Hasabat ýylynyň peýdalary (ýitgileri)» içki tertip boýunça bellenilen aralykdaky hasabat döwürleri tamamlananda (ýöne çärýekde bir gezekden az bolmaly däl) degişli edilen möçberler geçirilýär. Jikme-jik hasapda girdejileriň her bir maddasy boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar. Girdejileriň şu maddalary boýunça şahsy hasaplar açylýar.

**21103-nji** passiw hasap «Daşary ýurt täjirçilik ätiýaçlandyryş guramalarynyň hasaplary». Bu hasap daşary ýurt ätiýaçlandyryş guramalary bilen ätiýaçlandyryş arkaly geçirilýän hasaplaşyklaryň we serişdeleriň hasabyny alyp barmak üçin niýetlenen hasap.

Daşary ýurt täjirçilik ätiýaçlandyryş guramalarynyň hasaplarynyň açylmagy we olaryň tertibi Türkmenistanda hasaplaşyk, gündelik, býujet hasaplarynyň açylmagynyň bellenilen tertibinde amala aşyrylýar.

**22301-nji** passiw hasap «Nostro» hasaplary boýunça karzlar (owerdraftlar)». Bu hasapda diňe aragatnaşyk gatnaşyklary hakyndaky ylalaşyklarda bellenilen halatlarda we şertlerde karzlara (owerdrafta) ýol berilýär. Bu hasap we bankyň aragatnaşykçy bankda açylan aragatnaşyk hasaplaryndaky serişdeleriniň galyndylaryndan artyk sarp edilen serişdeleriň hasabyny alyp barmak üçin niýetlenen hasap. Hasabyň krediti boýunça aragatnaşyk hasaplary boýunça emele gelen karzlaryň (owerdraftlaryň) möçberleri görkezilýär. Hasabyň debeti boýunça aragatnaşyk hasaba gelip düşýän serişdeleriň möçberleri 22301-nji hasapda galyndy nola deň bolýança geçirilýär. Jikme-jik hasapda her bir bank boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

Türkmenistanyň «Walýuta operasiýalaryny düzgünleşdirmek hakyndaky» Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlary **rezidentlere** we **rezident dällere** bölünýärler.

Rezidentler:

1. Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan ýeri bolan, Türkmenistanda bellige alnan ýuridik taraplar, şeýle hem ýuridik tarap statusy bolmadyk subýektler, şol sanda daşary ýurt maýagoýumlary çekilen kärhanalar.

2. Türkmenistanyň daşary ýurtlarda ýerleşýän diplomatik, söwda wekilhanalary we beýleki resmi wekilhanalary, şeýle hem Türkmenistanyň kärhanalarynyň we guramalarynyň daşary ýurtlarda ýerleşen, ýöne hojalyk işi ýa-da başga täjirçilik işi bilen meşgullanmaýan gaýry wekilhanalary.

3. Türkmenistanda ýerleşýän halkara guramalaryň halkara gullukçylary hökmünde işleýän işgärleri.

Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasyna laýyklykda daşary ýurt pulundaky gündelik hasaplar we depozitler **23201-nji** hasapdan **23206-njy** hasaba çenli bellenilen. Bu hasap kärhanalaryň we guramalaryň, daýhan birleşikleriniň serişdeleriniň, şeýle hem Türkmenistanyň Merkezi bankynyň walýuta amallaryny düzgünleşdirmek hakynda kadalaşdyryjy resminamalarynda bellenilen tertipde hasaplaşyk-pul resminamalary boýunça şu serişdeleriň çäklerinde, daşary ýurt pulunda amala aşyrylýan hasaplaşyklaryň hasabyny ýöretmek üçin niýetlenen hasap. Hasabyň krediti boýunça kärhanalaryň we guramalaryň, şeýle hem şahsy adam-

laryň peýdasyna gelip düşýän serişdeler geçirilýär. Hasabyň debeti boýunça kärhanalaryň we guramalaryň, şeýle hem şahsy adamlaryň tabşyryklary boýunça serişdeleriň peýdalanylmagy görkezilýär. Jikme-jik hasapda daşary ýurt pulunyň her bir görnüşi boýunça we hasabyň eýesi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

**23201**-nji passiw hasap «Türkmenistanyň rezidentleri bolan edara görnüşindäki döwlete dahylsyz taraplaryň gündelik hasaplary».

**23206**-njy passiw hasap «Telekeçilik işi bilen meşgullanýan Türkmenistanyň rezidentleri bolan şahsy adamlaryň gündelik hasaplary».

**23208**-nji passiw hasap «Türkmenistanyň rezidenti bolan şahsy adamlaryň talap edilýänçä goýumlary». Bu hasap Türkmenistanyň rezidenti bolan şahsy adamlaryň talap edilýänçä goýumlaryna daşary ýurt pulunda goýlan serişdeleriň hasabyny ýöretmek üçin niýetlenen hasap. Hasabyň krediti boýunça bellenilen tertibe we şertnama laýyklykda goýumlara gelip düşen serişdeler we olar boýunça hasaplanylan göterimler geçirilýär. Hasabyň debeti boýunça bellenilen tertibe we şertnama laýyklykda goýumlardan tölenilýän we geçirilýän serişdeleriň möçberleri geçirilýär. Goýumçylaryň serişdelerini hasaba almak hakynda we goýumçylaryň hasaplary boýunça hasaplaşyklaryň tertibi barada Türkmenistanyň Merkezi bankynyň goýum amallary hakynda kadalaşdyryjy resminamalarynda jikme-jik kesgitlenilýär.

**21102**-nji passiw hasap «Türkmenistanyň rezidentleri bolan aragatnaşykçy banklaryň aragatnaşyk hasaplary». Bu hasap Türkmenistanyň rezidentleri bolan aragatnaşykçy banklaryň serişdeleriniň hasabyny alyp barmak üçin niýetlenen hasap. Hasabyň krediti boýunça aragatnaşykçy bankyň we onuň müşderileriniň peýdasyna gelip düşen serişdeler, şeýle hem aragatnaşyk ylalaşyklaryna laýyklykda aragatnaşykçy bank arkaly geçirilýän hasaplaşyklar görkezilýär. Hasabyň debeti boýunça aragatnaşykçy bankyň tabşyryklary boýunça tölenilýän ýa-da geçirilýän serişdeler, şeýle hem aragatnaşykçy bankyň tabşyryklaryny ýerine ýetirendigi üçin banka berilmeli ýygymlar we çykdajylar hem-de karz (owerdraft) üçin göterimler geçirilýär, şeýle hem şu hasaplardan aragatnaşykçy banklaryň görkezmeleri boýunça Türkmenistanyň beýleki banklarynda hyzmat edilýän guramalaryň we şahslaryň peýdasyna tölegler amala aşyrylýar. **Jikme-jik**

hasapda her bir aragatnaşykçy bank boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

**10104-nji** aktiw hasap «Başga bankda saklanylýan daşary ýurt pulundaky nagt pul serişdeleri». Bu hasap başga bankda saklanylýan daşary ýurt pulundaky nagt pul serişdelerini hasaba almak üçin niýetlenen hasap. Hasabyň debeti boýunça başga banka saklamaga berlen nagt pul serişdeleriniň möçberleri geçirilýär. Hasabyň krediti başga banka saklamaga berlen nagt pul serişdeleriniň bankyň amallaryny geçirýän pulhanasyna gaýtarylan möçberli geçirilýär. Jikme-jik hasapda daşary ýurt pulunyň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

**21102**-nji passiw hasap «Türkmenistanyň rezidentleri bolan banklaryň aragatnaşyk hasaplary». Bu hasap Türkmenistanyň rezidentleri bolan banklaryň aragatnaşyk hasaplarynda daşary ýurt pulundaky serişdeleriň hasabyny alyp barmak üçin niýetlenen hasap. Hasabyň krediti boýunça «Loro» hasaplaryna daşary ýurt pulundaky serişdeler we olaryň eýeleriniň peydasyna şu hasaplar boýunça galynda daşary ýurt pulunda goşulýan serişdeler geçirilýär. Hasabyň debeti boýunça «Loro» hasaplarynyň eýeleriniň tabşyryklary boýunça ol hasaplardan daşary ýurt pulunda geçirilen serişdeleriň möçberleri, şeýle hem aragatnaşyk hasaplardan serişdeleri hasapdan aýyrmak boýunça hasaplaryň aragatnaşyk ylalaşyklarynda göz öňünde tutulan beýleki görnüşleri geçirilýär. Jikme-jik hasapda daşary ýurt pulunyň her bir görnüşi boýunça we aragatnaşykçy bank boýunça aýratyn hasaplar alnyp barylýar.

**Rezident däller:**

– Türkmenistanyň çäginde bolýan, şeýle hem onuň çäginden daşarda bolýan hem-de Türkmenistanyň rezidentleri hasaplanmaýan fiziki we ýuridiki taraplar, şeýle hem ýuridiki tarap statusy bolmadyk subýektler.

Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasyna laýyklykda daşary ýurt pulundaky gündelik hasaplar we depozitler bellenilen:

– **23203**-nji passiw hasap «Türkmenistanyň rezidentleri bolmadyk edara görnüşindäki taraplaryň gündelik hasaplary»;

– **23206**-njy passiw hasap «Telekeçilik işi bilen meşgullanýan Türkmenistanyň rezidentleri bolmadyk şahsy adamlaryň gündelik hasaplary».

– **23208**-nji passiw hasap «Türkmenistanyň rezidenti bolmadyk şahsy adamlaryň talap edilýänçä hasaplary». Bu hasap Türkmenistanyň rezidenti bolmadyk şahsy adamlaryň talap edilýänçä goýumlaryna daşary ýurt pulunda goýlan serişdeleriň hasabyny ýöretmek üçin niýetlenen hasap. Hasabyň krediti boýunça bellenilen tertibe we şertnama laýyklykda goýumlara gelip düşen serişdeler we olar boýunça hasaplanylan göterimler geçirilýär. Hasabyň debeti boýunça bellenilen tertibe we şertnama laýyklykda goýumlardan tölenilýän we geçirilýän serişdeleriň möçberleri geçirilýär. Jikme-jik hasapda goýumçylar boýunça we daşary ýurt pulunyň görnüşleri boýunça şahsy hasaplar alnyp barylýar. Goýumçylaryň serişdelerini hasaba almak hakynda we goýumçylaryň hasaplary boýunça hasaplaşyklaryň tertibi barada Türkmenistanyň Merkezi bankynyň goýum amallary hakynda kadalaşdyryjy resminamalarda jikme-jik kesgitlenilýär.

– **21102**-nji passiw hasap «Türkmenistanyň rezidentleri bolmadyk aragatnaşykçy banklaryň aragatnaşyk hasaplary». Türkmenistanyň çäklerinde we onuň çäklerinden daşynda ýerleşýän, Türkmenistanyň rezidentleri bolmadyk banklaryň milli puldaky serişdeleriniň hasabyny alyp barmak üçin niýetlenen hasap. Munda hasabyň krediti boýunça aragatnaşykçy bankyň we onuň müşderileriniň peýdasyna gelip düşen serişdeler, şeýle hem aragatnaşyk ylalaşyklaryna laýyklykda aragatnaşykçy bank arkaly geçirilýän hasaplaşyklar görkezilýär. Hasabyň debeti boýunça aragatnaşykçy bankyň tabşyryklary boýunça tölenillýän ýa-da geçirilýän serişdeler, aragatnaşykçy bankyň tabşyryklaryny ýerine ýetirendigi üçin banka berilmeli ýygymlar we çykdajylar hem-de karz (owerdraft) üçin göterimler geçirilýär, şeýle hem şu hasaplardan aragatnaşykçy bankyň görkezmesi boýunça Türkmenistandaky we daşary ýurtlardaky beýleki guramalaryň we şahslaryň peýdasyna tölegler amala aşyrylýar. Jikme-jik hasapda her bir aragatnaşykçy bank boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

**22301**-nji passiw hasap «Rezident bolmadyk banklaryň «Loro» aragatnaşyk hasaplary». Bu daşary ýurt banklarynyň aragatnaşyk hasaplarynda daşary ýurt pulundaky serişdeleriniň hasabyny alyp barmak üçin niýetlenen hasap. Hasabyň krediti boýunça daşary ýurt banklarynyň ara-

gatnaşyk hasaplaryna daşary ýurt pulunda geçirilen serişdeleriň möçberi we hasaplaryň eýeleriniň peýdasyna şu hasaplar boýunça galynda goşulan göterimleriň möçberleri geçirilýär. Hasabyň debeti boýunça hasaplaryň eýeleriniň tabşyrmagy boýunça geçirilýän daşary ýurt pulunyň möçberleri, hasaplaryň eýeleriniň tabşyryklarynyň ýerine ýetirilmegi üçin daşary ýurt pulunda banka berilmeli ýygymlaryň we çykdajylaryň möçberleri we karz (owerdraft) üçin göterimleriň möçberleri geçirilýär. Jikme-jik hasapda daşary ýurt pulunyň her bir görnüşi we aragatnaşykçy bank boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

## 9.2. Türkmeniatanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň daşary ýurt walýutasyny kadalaşdyrmak, satyn almak we satmak amallary

Türkmenistanyň «Walýuta amallaryny düzgünleşdirmek hakyndaky» Kanunyna laýyklykda, daşary ýurt walýutasy hökümet tarapyndan satyn alynýar. Daşary ýurt walýutasyny satyn almakda Türkmenistanyň Merkezi banky ýa-da ygtyýarly edilen islendik bank artyk hukuga eýedir. Ygtyýarly edilen bank Türkmenistanda we daşary ýurtda Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde walýutany erkin satyn alyp we satyp biler.

Türkmenistanda ähli walýuta amallary ygtyýarly edilen banklaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Ygtyýarly edilen her bir bank öz müşderileri bilen özüniň dellallyk etmeginde (araçy bolmagynda) geçirýän alyş-çalyş amallarynyň kanunylygyny üpjün edýär.

Walýutany satmak we satyn almak geleşik esasynda amala aşyrylýar:

**Nagt geleşik.** Muňa geleşik amala aşyrylandan soň şol gün, ertesi ýa-da ondan soňky gündäki ýerine ýetirilýän amallar degişli.

**Möhletli geleşik**. Bu geleşik amala aşyrylandan soň geçirilip başlanýar.

Onuň 4 görnüşi bar:

1. **Forward.** Bu möhletli ylalaşyk bolup, 3 günden birnäçe aýa çenli dowam edip biler.

2. **Fýuçers.** Bu ylalaşyklar boýunça geleşik amala aşyrylýan döwründäki kurs we wagty dolandan soň kursuň tapawudyny tölemegiň borjy (marža).

3. **Opsion.** Bu geleşikde geljekde walýutany satyn almak ýa-da satmak maksady bilen öňünden ylalaşylan kurs esasynda hukuk bermekdir.

4. **Swop**. Bu geleşikde täjirçilik banklary wagtlaýynça boş walýutasyny yzyna gaýtarmak şerti bilen satýar.

Ýokarda görkezilen amallar ýurduň bankara bazarynda satylýar.

Walýuta bazary «Foreign exchane» (Forex) diýlip atlandyrylýar.

Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasynyň we ony ulanmak boýunça görkezmeleriň (2010-njy ýyl, Türkmenistanyň Merkezi banky «Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasy we ony ulanmak boýunça görkezmeler» esasynda «Nagt daşary ýurt puly we daşary ýurt pulundaky töleg resminamalary» diýlip atlandyrylýan **11101**-nji aktiw hasap nagt daşary ýurt puluny, ýol çeklerini we nagt pul serişdelerine deňleşdirilen daşary ýurt pulundaky beýleki töleg resminamalaryny hasaba almak üçin niýetlenen. Hasabyň debeti boýunça bank tarapyndan satyn alnan (şol sanda şahsy adamlardan satyn alnan), şeýle hem müşderiler tarapyndan olaryň gündelik hasaplaryna tabşyrylýan nagt daşary ýurt puly, daşary ýurt pulundaky ýol çekleri we beýleki töleg resminamalary hasaba alynýar. Hasabyň krediti boýunça edara görnüşindäki taraplaryň we şahsy adamlaryň gündelik hasaplaryndan we goýumlaryndan berlen, satylan daşary ýurt pulunyň möçberleri, şeýle hem daşary ýurt pulunda satylan we iberilen töleg resminamalarynyň möçberleri hasaba alynýar. Jikme-jik hasapda daşary ýurt pulunyň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

**11106**-njy aktiw hasap «Ýoldaky nagt daşary ýurt puly». Bu hasap ýoldaky nagt daşary ýurt puluny hasaba almak üçin niýetlenen. Hasabyň debeti boýunça bank edaralaryna we pul çalşylýan ýerlere iberilen daşary ýurt pulunyň möçberleri hasaba alynýar. Hasabyň krediti boýunça pul serişdeleri alyjy banklaryň we pul çalşylýan ýerleriň güwä geçiji resminamalarynyň esasynda niýetlenilişi boýunça gelip düşen daşary ýurt pulunyň möçberleri hasapdan aýrylýar. Jikme-jik hasapda daşary ýurt pulunyň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

**11104**-nji aktiw hasap «Pul çalşylýan ýerlerdäki nagt daşary ýurt puly we daşary ýurt pulundaky töleg resminamalary». Bu hasap pul

çalşylýan ýerlerdäki nagt daşary ýurt puluny we nagt pul serişdelerinde deňleşdirilen daşary ýurt pulundaky töleg resminamalaryny hasaba almak üçin niýetlenen hasap. Hasabyň debeti boýunça amal gününiň başynda pul çalşylýan ýeriň pulhanaçysyna ýerleşdirmek üçin berilýän hakujunyň möçberleri, şeýle hem pul çalşylýan ýerler tarapyndan satyn alnan nagt daşary ýurt pulunyň we daşary ýurt pulundaky töleg resminamalarynyň möçberleri hasaba alynýar. Hasabyň krediti boýunça pul çalşylýan ýerler tarapyndan satylan daşary ýurt pulundaky töleg resminamalarynyň möçberi, şeýle hem amal gününiň ahyryndaky pul çalşylýan ýeriň pulhanaçysy tarapyndan bankyň pulhanasyna tabşyrylýan walýuta gymmatlyklary hasaba alynýar. Jikmejik hasapda daşary ýurt pulunyň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

## 9.3. Banklaryň walýuta amallarynyň ykdysady esaslary

**Daşary ýurt walýutalary hazirki döwürde 3 görnüşde, ýagny:**

1. Banknot görnüşinde pul bellikleri, gazna biletleri, şaýlyklar
2. Hasaplaşyk hasabyndaky serişdeler
3. Walýuta gymmaty bolup daşary ýurt walýuta görnüşindäki gymmatbahaly kagyzlar görnüşinde çykyş edýär.

Walýuta gymmatlyklary:

– gymmatbahaly metallar (altyn, kümüş, platina);
– gymmatbahaly daşlar (tebigy daşlar);
– daşary ýurt walýutasy;
– gymmatly kagyzlar görnüşlerinde bolýar.

Banklara walýuta gymmatlyklaryny satmak we öndürmek bilen bagly amallary geçirmek gadagandyr. Walýuta amallaryny diňe Türkmenistanyň Merkezi banky we ygtyýarnamasyny alan täjirçilik banklary ýerine ýetirip bilýär.

Munuň üçin:

1. Bankyň Tertipnamasynyň (Düzgünnamasynyň) nusgasyny;
2. Daşary ýurt walýuta amallaryny amala aşyrýan täjirçilik banklarynyň taýýarlygy we zerurlygy baradaky resmi kagyzy;
3. Täjirçilik banklarynyň daşary ýurt walýutasy bilen işlejek bölümleriniň gurluşy dogrusyndaky resmi kagyzy tabşyrmaly.

**Walýuta töwekgelçiligi we olary sazlaşdyrmagyň usullary**

**Walýuta töwekgelçiligi** kurslaryň ýitgileriniň töwekgelçiligidir, ýagny walýuta kursunyň üýtgemegi bilen bagly ýitgilerdir.

Walýutalaryň alyş-çalyş hümmetini kesgitlemegiň tertibini Türkmenistanyň Merkezi banky belleýär. Bellenen tertibe laýyklykda kesgitlenen alyş-çalyş hümmeti Türkmenistanda geçirilýän ähli walýuta amallarynda ulanylýar. Walýuta kursy bolanda bir walýutanyň başga walýutada aňladylyşydyr.

Türkmenistanda:

– 1998-nji ýylyň aprel aýynyň 20-sinden ABŞ-nyň 1 dollary = 5 müň 200 manat;

– 2008-nji ýylyň maý aýynyň 1-nden ABŞ-nyň 1 dollary = 14 müň 215 manat (2 manat 85 teňňe).

Türkmenistanyň Merkezi banky alyş-çalyş hümmeti (kursy) bilen baglanyşykly edilen töwekgelligiň öwezini dolmaýar hem-de walýuta amallary boýunça ýa-da şolar bilen baglanyşykly hereketler boýunça başga hiç hili subsidiýalary bermeýär.

Walýuta töwekgelçiligi bilen bagly amallar banky girdejilere we ýitgilere getirýär. Şonuň üçin walýuta töwekgelçiligi:

Telekeçilik;

Konwersion;

Ykdysady;

Buhgalterçilik görnüşlerinde bolup bilýär.

**Walýuta töwekgelçiligini ätiýäçlandyrmagyň usullary:**

– aktiwleri, passiwleri, bergidarlygy sazlamakdan;

– tölegiň möhletini üýtgetmekden;

– daşary ýurt walýutasynda karzlaşdyrmakdan;

– lizingden;

– forward geleşiklerinden;

– swop amallaryndan;

– öz-özüni ätiýäçlandyrmakdan;

– hejirlemekden (bir töwekgelçiligi başga töwekgelçilik bilen çalyşmak, ýagny milli walýutanyň kursy peselse, onda bank hökman milli walýutany satmaly we geleşik üçin başga walýutany ulanmaly);

– milli walýutada gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallary azaltmakdan;

– milli walýutadaky debitor bergidarlygyny almakdan;
– karz bergidarlygynyň tölegini togtatmakdan;
– importy artdyrmakdan;
– iş hakyny, diwidendleri tölemekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasyna laýyklykda 11104-nji aktiw hasap «Pul çalşylýan ýeriň pulhanasy» alyş-çalyş amallaryny geçirmek üçin pul çalyşmak amallaryny geçirmek üçin pul çalşylýan ýere hasabat bermek şerti bilen jogapkärçilige berlen pullary hasaba almak üçin niýetlenen hasapdyr. Hasabyň debeti boýunça amallar geçirilýän pulhanadan alnan nagt pul serişdeleri, şeýle hem daşary ýurt nagt puluny ýerleşdirmekden gelip düşýän pul serişdeleri görkezilýär. Hasabyň krediti boýunça amallar geçirilýän pulhana iberilen pul serişdeleriniň möçberi, şeýle hem daşary ýurt puluny satyn almak üçin peýdalanylan nagt pul serişdeleri geçirilýär (pul çalşylýan ýeriň pulhanaçysynyň hasabatyna laýyklykda).

Şahsy adamlaryň kredit bank töleg kartoçkalary bilen hasaplaşyklary üçin pul serişdeleri **11103**-nji aktiw hasap bolan «Bankomatlardaky nagt daşary ýurt puly» diýen hasap bilen geçirilýär. Bu basap bankomatlardaky nagt daşary ýurt puluny hasaba almak üçin niýetlenen. Hasabyň debeti boýunça bankomatlara goýlan nagt daşary ýurt pulunyň möçberleri geçirilýär. Hasabyň krediti boýunça edara görnüşindäki taraplar we şahsy adamlar tarapyndan bankomatlardan alnan nagt daşary ýurt pulunyň möçberi geçirilýär. Jikme-jik hasapda daşary ýurt pulunyň her bir görnüşi boýunça aýratyn şahsy hasaplar alnyp barylýar.

# X BAP

# BANK INNOWASIÝASY

## 10.1. Bank innowasiýasy barada düşünje

**Innowasiýa** (iňlis sözünden bolup, **täze**, **täzelikçilik** diýen manyny aňladýar) pudaklarda öň ulanylmadyk mehanizmleriň, usullaryň (nou-hau) birinji gezek girizilmegidir.

Häzirki döwürde tehnikanyň ýokary ösüş depgini bilen bir hatarda täze halkara habarlaşma torlarynyň çäkleri günsaýyn giňelýär. Bu bolsa, öz gezeginde, adamzada dürli hyzmatlaryň elýeterliligini üpjün edýär. Bu, birinjiden, maliýe ulgamynyň döwrebap önümlerini emele getirýär. Serişdeleriň dolanyşygynyň tizliginiň artmagy onuň özüne düşýän gymmatyny azaldýar. Maliýe ulgamynyň döwrebap önümleriniň görnüşleriniň köpelmegi, ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň tizliginiň ýokarylygy, alternatiw mümkinçilikleriň artmagy, öz gezeginde, amallaryň töwekgelçiligini we howplulygyny emele getirýär. Munuň şeýle bolmagyna garamazdan, bütin dünýäde banklar, maliýe korporasiýalary, maýagoýum gaznalary we beýleki dürli maliýe gurallary bilen işleýän şereketler maliýe ulgamynyň döwrebap önümlerini we ýokary innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmagy dowam edýärler.

Ikinjiden, maliýe ulgamynda, daşary söwda (eksport we import) bilen iş salyşýan edara-kärhanalarda we hususy şereketlerde innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy möhüm şertleriň biri bolup çykyş edýär. Hususan-da, edara-kärhanalar, şeýle hem hususy şereketler özleriniň ösüş we özgeriş strategiýalaryny täze maliýe ulgamynyň önümleri we olary ýerine ýetirip biljek innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen berk baglanyşdyrýarlar. Gysgaça aýdylanda, bu ýagdaý degişli pudaklarda bäsdeşligiň artmagynyň açary bolup hyzmat edýär. Ylmy taslamanyň çäklerinde seredilmäge degişli meseleleriň sanawy:

– hasaplaşyklaryň örän ýeňil we tygşytly bolmagynyň hasabyna maliýe ulgamyna dolanyşykdaky bar bolan ähli gorlary çekmek şerti bilen, makroykdysady maglumatlaryň nädogrulyk derejesini azaltmakdan we çaklamalary anyklaşdyrmakdan;

– bazar gatnaşyklarynyň janlanmagyna (hereketlenmegine) ýardam bermekden;

– nagt pul dolanyşygynyň azalmagy we şol bir wagtyň özünde ýurduň islendik künjeginde gerek möçberde nagt pul almak mümkinçiliginden;

– hususy pudagyň, şeýle hem ilatyň pul serişdeleriniň bank hasaplaryna çekilmegi bilen salgyt binýadynda aýdyňlygyny gazanmakdan we salgyt toplamagy ýeňilleşdirmekden;

– syýahatçylyk girdejilerini artdyrmakdan, hususan-da, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyna dynç almaga gelýän müşderi gatlagyna täze döwrebap maliýe hyzmatlaryny hödürlemekden;

– söwda merkezlerinde elektron hasaplaşyklary, şeýle hem bölekleýin şertleri elektron ýagdaýda amala aşyrmagy ýaýbaňlandyrmakdan;

– özara algy-bergileri aýdyňlaşdyrmakdan we hasaplaşyklary ýeňilleşdirmekden;

– pursatlaýyn karzlaşdyrmak amallaryny kämilleşdirmekden;

– daşary yurt maýadarlaryna we iş saparlary bilen ýurdumyza gelýän myhmanlara döwrebap hyzmatlary ýerine ýetirmekden;

– banklaryň nagt töwekgelçiligini azaltmakdan we girdejilerini artdyrmakdan;

– halkara maliýe töleg ulgamyna goşulyşmagyň çäklerinde döwrebap hasaplaşyk medeniýetini girizmekden ybaratdyr.

Maliýe hyzmatlarynyň ösüş depgini maliýe ulgamynyň döwrebap önümlerini emele getirmegi we oňa degişli üýtgeşmeleri öz içine alýar. Muňa mysal edip, debet plastiki kartlaryny, bankomatlary, elektron fond geçirmelerini, swop, repo we gelejegi nazarlaýan bank amallaryny we beýleki daşary ýurt pulunyň töleglerini görkezmek bolar.

**Bank töleg kartlary bilen geçirilýän hasaplaşyklar.**

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda amala aşyrylýan ykdysady özgerişler bank hyzmatlarynyň bazarynyň ýokary depginde ösmegini talap edýär. Bu bolsa öňdebaryjy daşary ýurt tejribesini öwrenip, Türkmenistanyň banklarynda innowasion tehnologiýalaryň ulanylmagyna, dünýä kompýuter torunyň ornaşdyrylmagyna bolan zerurlygy ýüze çykarýar hem-de şol esasda täze görnüşli bank hyzmatlaryny döretmäge mümkinçilik berýär, sebäbi dünýä kompýuter

tory banklara öz amallaryny gysga wagtda we az çykdajylar bilen ýerine ýetirmäge hem-de dünýä derejesine çykarmaga uly ýardam edýär. Munuň bilen baglanyşyklylykda, ýurdumyzyň banklarynda nagt däl hasaplaşyklar bank kartlarynyň üsti bilen, ýagny «wirtual tölegler» görnüşinde geçirmek derwaýys bolup durýar. Türkmenistanda häzirki döwürde dolanyşykda nagt pul serişdeleriniň möçberini peseltmek we nagt däl pul serişdeleriniň möçberini ösdürmek wajyp bolup durýar, şol sebäpli banklar tarapyndan däp bolmadyk nagt däl hasaplaşyklaryň täze görnuşleri ulanylýar. Mysal üçin, bank töleg kartlary.

Türkmenistanyň çäginde **bank töleg kartlary** ulanylyp geçirilýän nagt däl hasaplaşyklar Türkmenistanyň kanunçylygyna we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanda bolup geçýän ykdysady özgerişikler bank hyzmatlarynyň bazarynyň ýokary depginde ösmegini talap edýär. Bu bolsa öňdebaryjy daşary ýurt tejribesini öwrenip, Türkmenistanyň banklarynda innowasion tehnologiýalaryň ulanylmagyna, dünýä kompýuter torunyň ornaşdyrylmagyna bolan zerurlygy ýüze çykarýar hem-de täze görnüşli bank hyzmatlaryny döretmäge mümkinçilik berýär, sebäbi dünýä kompýuter tory banklara öz amallaryny gysga wagtda we az çykdajylar bilen ýerine ýetirmäge hem-de dünýä derejesine çykmaga uly ýardam edýär. Banklarda nagt däl hasaplaşyklary bank kartlarynyň üsti bilen, ýagny «wirtual tölegler» görnüşinde geçirmek derwaýys bolup durýar.

Türkmenistanyň bank ulgamynyň öňünde durýan esasy meseleleriň biri hem, milli manadyň hümmetini ýokarlandyrmak we pul dolanyşygyny çaltlandyrmak bolup durýar. Şu meseläni çözmek üçin banklar bank kartlary bilen hasaplaşyklary geçirmegi makul bildiler.

Elbetde, serişdeleriň dolanyşygynyň tizliginiň artmagy onuň özüne düşýän gymmatyny hem azaldýar. Maliýe ulgamynyň döwrebap önümleriniň görnüşleriniň köpelmegi, ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hiliniň ýokarlanmagy, alternatiw mümkinçilikleriň artmagy, öz gezeginde, amallaryň savowekgelçiligini we howplulygyny emele getirýär. Munuň şeýle bolmagyna garamazdan, bütin dünýäde banklar, maliýe korporasiýalary, maýagoýum gaznalary we beýleki dürli maliýe gurallary bilen işleýän şereketler maliýe ulgamynyň döwrebap önümlerini we ýokary innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmagy dowam edýärler.

Beýan edilen meseläniň ikinji bir tarapy hem döwrebap maliýe ulgamynda, daşary söwda (eksport we import) bilen iş salyşýan edara-kärhanalarda we hususy şereketlerde innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy möhüm şertleriň biri bolup çykyş edýär. Hususan-da, edara-kärhanalar, şeýle hem hususy şereketler özleriniň ösüş we özgeriş strategiýalaryny täze maliýe ulgamynyň önümleri we olary ýerine ýetirip biljek innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen berk baglanyşdyrýarlar.

Ýurdumyzyň çäginde bank kartlary bilen geçirilýän nagt däl hasaplaşyklar Türkmenistanyň kanunçylygyna we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň 2009-njy ýylyň 19-njy ýanwarynda çykaran № 6 buýrugy bilen tassyklanan «Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakynda» Düzgünnama laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanda ilkinji bankomat 1996-njy ýylda girizildi we häzirki wagtda, esasan, öz banklarynyň çykarýan bank kartlaryny ulanýar. Türkmenistanyň daşary ykdysady iş döwlet bankynyň «Milli kart» (onuň üç görnüşi hereket edýär; «Altyň millikart»; «Kümüş millikart»; «Milli kart» we «Wiza kart»), «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň «Türkmenkart», Türkmenistanyň Merkezi bankynyň «Altyn asyr» bank kartlary ilata hyzmat edýär.

Häzirki wagtda bank töleg kartlary, esasan, diňe nagt pul almak üçin ulanylýar. Şol sebäpli olary ulanmakda amatsyzlyklar döreýär. Şonuň üçin bank töleg kartlaryny söwda nokatlaryna doly ornaşdyryp, harytlar we hyzmatlar üçin hasaplaşyklary geçirmek hem-de özara algy-bergileri aýdyňlaşdyrmak we hasaplaşyklary ýeňilleşdirmek mümkinçilig artdyrylmalydyr. Meselem, pursatlaýyn karzlaşdyrmak amallaryny kämilleşdirmek, daşary ýurt maýadarlaryna we iş saparlary bilen ýurdumyza gelýän myhmanlara döwrebap hyzmatlary ýerine ýetirmek, halkara maliýe töleg ulgamyna goşulyşmagyň (integrasiýanyň) çäklerinde döwrebap hasaplaşyk medeniýetini girizmek. Umuman, bank töleg kartlaryny ulanyjylar bolup şahsy we edara görnüşli taraplar çykyş edip bilýärler.

Ilkibaşda bank töleg kartlary boýunça işi ýola goýmagyň örän köp çykdajylary talap edýändigine garamazdan, olaryň bank üçin ähmiýetli taraplary köpdür:

1. Bank töleg kartlary raýatlaryň ýanyndaky nagt serişdeleri dolanyşyga çekmäge mümkinçilik döredýär we bankyň çekilen serişdeleriniň artmagyna getirýär.

2. Nagt pul dolanyşygyna hyzmat etmek we pulhana amallary bilen baglanyşykly çykdajylary azaltmaga mümkinçilik berýär.

3. Bankomat gije-gündiziň dowamynda işläp bilýär.

4. Müşderilere bank töleg kartlaryny bereni üçin we onuň bilen baglanyşykly amallary geçirmek üçin bank ýygym töleglerini alýar.

Bank töleg kartlary müşderilerde hem uly gyzyklanma döredýär, sebäbi kartlar, **birinjiden** köp nagt pul serişdelerini göterip gezmek bilen baglanyşykly töwekgelçiligi aradan aýyrýarlar, **ikinjiden,** ýitirilen ýagdaýynda banky habarly edip, pul serişdeleriniň hereketini saklamak mümkinçiligini döredýär, **üçünjiden** tölegleri geçirmegiň hilini (tizligini) ýokarlandyrýar.

Häzirki döwürde çykarylýan bank töleg kartlary döwrüň ösmegi bilen has-da kämilleşýär. Onuň ýerine ýetirýän wezipeleri, tehniki häsiýetleri we aýratynlyklary tapawutlydyr. Olaryň artykmaçlyklarynyň biri hem töleg kartoçkalary rugsat edilmedik daşky täsirlerden ýokary derejede goralandyr. Bank töleg kartlarynyň kömegi bilen dürli hyzmatlar we harytlar üçin tölegler nagt däl görnüşinde amala aşyrylyp, karz we goýum amallary geçirilip bilner.

Türkmenistanyň çäginde bank töleg kartoçkalaryny giňden ýaýbaňlandyrmak esasynda ýurdumyzyň pul-karz ulgamyny kämilleşdirmek, nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek, milli ykdysadyýetde pul serişdeleriniň dolanyşygyny çaltlandyrmak hem-de nagt däl pul dolanyşygyna ilatyň nagt serişdelerini çekmek maksady bilen, şeýle hem Türkmenistanyň Merkezi bankynyň iş ulgamyny döwrebaplaşdyrmak üçin 2008-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Prezidenti «Türkmenistanyň Merkezi bankynyň maksatnama üpjüçiligi we kartly töleg ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» 9362-nji belgili Karary kabul etdi. Bu Karary durmuşa geçirmek üçin Türkmenistanyň Merkezi banky öz öňünde maksat goýup degişli işleri alyp barýar. Merkezi bankyň «Altyn asyr» kart ulgamyny ähli banklaryň gatnaşmagynda ýurdumyzyň paýtagtyndan başlap, hemme welaýatlarda gurnamak göz öňünde tutulýar.

Bankyň töleg kartlary bankyň müşderilerine berilýän töleg kartlary nagt däl görnüşde haryt almakda ýa-da nagt pul serişdelerini almakda ulanylýar. Bank töleg kartlary iki görnüşden ybarat; magnit töleg kartlary we çip töleg kartlary.

**Magnit töleg kartlarynyň** – ýüzünden 3 sany magnit ýoljagaz geçýär; 1-nji ýolda müşderiniň ady we familiýasy, 2-nji ýolda bolsa bankyň ady, kartyň gutarýan wagtynyň senesi, 3-nji ýolda kart boýunça iň soňky amallar, ondan galan galyndy bolýar.

**Çip töleg kartlary** beýleki kartlardan örän amatly. Müşderiniň elektron gapjygy, ondaky galan galyndy we PIN kod kartynyň içinde saklanýar. Bu ýagdaý pul almak üçin amallary geçirmäge rugsat berýär.

Dünýä tejribesinde nagt däl hasaplaşyklar dürli görnüşde bolýar. Günbatar ýurtlarynda:

1. Bank awtomatlarynyň üsti bilen hasaplaşyklary geçirmek (pul almak, karz almak, hasap barada maglumat almak, hasaplardan başga hasaplara pullary geçirmek);

2. Söwda nokatlarynda terminallary ulanmak (haryt satyn almak üçin töleg geçirmek we gerek wagtynda nagt pul almak);

3. Telefon arkaly hasaplary geçirmek;

4. «Home bankin» (internet arkaly öýde oturyp hasaplaşyk geçirmek) görnüşleri has giňden ulanylýar.

Nagt däl hasaplaşyklary ösdürip, pul serişdeleriniň dolanyşygyny çaltlandyryp töleg ulgamynyň netijeliligini artdyrmak, söwda we hyzmatlar babatda olaryň hasabynyň ýoredilişini we dolanyşygyna gözegçiligi kämilleşdirmek işleriniň amala aşyrylmagy we durmuşa geçirilmegi, ýurdumyzyň maliýe taýdan durnuklylygyny pugtalandyrmaga, milli puluň hümmetini berkitmäge, ýurdumyzyň ykdysady ösüşini we pul serişdeleriň kadaly dolanyşygyny üpjün etmäge, makroykdysady görkezijileri has-da gowulandyrmaga we halkymyzyň durmuş-ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga, şeýle hem müşderileriň pul serişdelerini berk gorap saklamaga we peýdalanylmaýan mümkinçilikleri ýüze çykarmaga oňyn täsir eder.

Daşary ýurtlarda bank kartlary diňe bir nagt pul serişdeleri almak, harytlary we hyzmatlary tölemek üçin ulanylman, eýsem müşderilere bank töleg kartlarynyň görnüşine laýyklykda dürli hyzmatlar hem hödürlenýär.

Häzirki wagtda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň dükanlarynyň 61%-i «Wiza kart», 15%-i «Master kart», 14%-i «Amerikan ekspress» we 10%-i «Diskaweri kart» görnüşli plastiki kartlary ulanýar. Sarp

ediş bazarynda 750 mln-dan gowrak dürli bank kartlary hereket edýär we köp maşgalalar 1-den köp kartlary ulanýarlar.

«**Amerikan ekspress**» kartlarynyň bütiň dünýä boýunça 99 mln sanysy hereket edýär. Bu kartlar bilen dünýäniň 136 ýurdunda dürli söwda we hyzmat ediş nokatlarynda hasaplaşyk amallary alnyp barylýar. Onuň eýelerine:

1. Ätiýaçlandyryş hyzmatlary hödürlenilýär.
2. Kart boýunça satyn alan harytlaryna 12 aýa çenli kepillik berilýär.
3. Karz serişdelerine çäk kesgitlenilmeýär.

**Master kart**. Dünýäniň 170 ýurdunda 200 mln-dan gowrak bank kartlary hereket edýär. Şol sanda 12 mln şereket bu kartlaryň kömegi bilen hasaplaşyklary amala aşyrýar. 300 müň bankomatlar hyzmat edýär.

**Wiza kart.** Bütin dünýä boýunça 320 mln-dan gowrak adam «Wiza» kartyna eýedir. Görkezilen kartyň eýesi dünýäniň islendik nokadynda 450 müň bankomatyň kömegi bilen islendik wagtda (24 sagadyň dowamynda) nagt pul alyp bilýär.

Dünýänin 22 müň banky «Wiza international» halkara kompaniýasynyň agzasy bolup durýar we 20 müň banka «Wiza» kartyny çykarmaga hukuk berlen. Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş döwlet banky hem şolaryň hataryna girýär. Bu bank 1994-nji ýylda «Wiza internationalyň» agzasy bolup, daşary ýurt kart çykaryjy banklaryň bank kartlaryna hyzmat edip başlady. 1998-nji ýylda bolsa öz «Wiza» bank kartyny çykaryp başlady. Türkmenistanda «Wiza» kartynyň üç görnüşi hereket edýär. Olar: «Wiza elektron»; «Wiza bizness»; «Wiza klassik».

Dünýäde 200-den gowrak ýurtda bank kartlarynyň esasynda bank hyzmatlary amala aşyrylýar. Bank kartlary bilen hasaplaşyklary geçirmek üçin bankomatlaryň sany dünýäniň ösen döwletleri bolan ABŞ-da 60 müňden hem köpräk, Fransiýada 15 müňe, Germaniýada 29 müňe barabar. Bankomatlaryň iň köp görnüşi Ýaponiýada (1 bankomat 1000 adama) hyzmat edýär.

Häzirki döwürde elektron kartlaryň arasynda ýokary derejede isleg bildirilýän we ulanylýan kartlar bolup «Wiza» kartlary çykyş edýär. «Wiza» kartlary dürli görnüşde bolýar. Olar 210 ýurtda hereket edýär. Bu kartlaryň eýesiniň sany 320 mln adam.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat, 2008.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat, 2008.

3. Täze Galkynyş eýýamy. Wakalaryň senenamasy – 2007-nji ýyl. – Aşgabat, 2008.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Eserler ýygyndysy. I tom. – Aşgabat, 2007.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. – Aşgabat, 2008.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. – Aşgabat, 2009.

7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. – Aşgabat, 2009.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I-II tom. – Aşgabat, 2010.

9. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy. – Aşgabat, 2010ý.

10. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.

11. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň kanuny. – Aşgabat, 2011 ý.

12. «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2011 ý.

13.«Gymmatbahaly kagyzlar we gazna biržalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 1998.

14. « Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2000.

15. «Daşary ýurt maýagoýumlary hakynda » Türkmenistanyň Kanuny. – Aşgabat, 2008.

16. “Mikromaliýe guramalary we mikromaliýeleşdirme hakynda” Türkmenistanyň kanuny. – Aşgabat, 2011.

17. «Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasy we ony ulanmak boýunça görkezmeler». Türkmenistanyň Merkezi banky. – Aşgabat, 2010.

18. Bank habarlary. Türkmenistanyň Merkezi banky. – Aşgabat, 01.01.2012.

19. Altyn asyryň ykdysadyýeti. Dergi.

20. *Pürliýew B.G., Rahmanowa E.G., Uwdiýew T.O.* Bazar ykdysadyýetiniň esaslary: pul, nyrh, harydarlyk, hödürleme. – Aşgabat, 2009.

21. *Pürliýew B.G., Rahmanowa E.G., Uwdiýew T.O.* Bank menejmenti. – Aşgabat. 2010.

22. *Taýharow B.T., Hajygurbanow H.* Pul, karz we banklar. Okuw gollanmasy. – Aşgabat, 2009.

23. *Taýharow B. T., Hajygurbanow H.* Halkara walýuta-karz gatnaşyklary. Okuw gollanmasy. – Aşgabat, 2010.

24. *Öwezow M. S.* we beýlekiler. Bank işi. Okuw gollanma. – Aşgabat, 2001.

25. Beýik Galkynyş eýýamynyň bank ulgamy. TMB. – Aşgabat. 2010.

26. Банковское дело. Учебник. Под редакций О.И. Лаврушина. – Москва, 2000–2002.

27. Банки и банковское дело. Учебное пособие. Под редакцией И.Т. Балабанова. – Питер. СПБ. 2002.

28. Банки и банковские операции. Учебник. Е.Ф. Жуков. – М., 1998.

29. *Александрова Н. Г., Александров Н. А.* Банки и банковская деятельность для клиентов. – Питер. СПБ, 2002.

## MAZMUNY


Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

I BÖLÜM
BANK IŞINIŇ NAZARYÝETI

I BAP
BANK IŞINIŇ GURALYŞY

1.1. Bank işiniň döremeginiň we ösmeginiň taryhy . . . . . . . . . . . . . . 10
1.2. Türkmenistanyň bank ulgamynyň döreýşiniň
we ösüşiniň taryhy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 13
1.3. Bank işiniň ykdysady, guramaçylyk we hukuk esaslary. . . . . . . . 22
1.4. Bank ulgamynyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady
ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyny»
ýerine ýetirmekde orny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 25

II BAP
TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
WE ONUŇ WEZIPELERI

2.1. Merkezi bankyň döredilişiniň taryhy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 32
2.2. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täjirçilik
banklar bilen aragatnaşygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 40
2.3. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň halkara gatnaşyklary . . . . . . 43
2.4. Türkmenistanda döwlet täjirçilik we beýleki banklary açmagyň,
togtatmagyň we ýapmagyň tertibi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 49

II BÖLÜM
BANKYŇ AMALLARY WE HYZMATLARY

III BAP
TÜRKMENISTANDA DÖWLET TÄJIRÇILIK
WE BEÝLEKI BANKLARYŇ DÖREÝŞI, OLARYŇ
ÝERINE ÝETIRÝÄN WEZIPELERI

3.1. Türkmenistanyň bank ulgamynda döwlet täjirçilik
we beyleki banklaryň orny we wezipeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 51

3.2. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki
banklarynyň hasabaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 88
3.3. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki
banklaryň döredilmegi we döwlet tarapyndan bellige alynmagy . . . . 96
3.4. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki
banklaryň serişdeleri, olaryň düzümi we mazmuny . . . . . . . . . . . . . 97
3.5. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki
banklarynyň hususy maýasynyň düzümi we onuň
ýerine ýetirýän wezipeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 101
3.6. Bankyň hususy maýasynyň ýeterlikligine baha bermek. . . . . . . 103
3.7. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň
serişde çekmek işiniň gurnalyşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 104

## IV BAP
## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TÄJIRÇILIK WE BEÝLEKI BANKLARYNYŇ HASAPLAŞYK AMALLARY

4.1. Banklaryň hasaplaşyk amallary we olaryň görnüşleri . . . . . . . . 108
4.2. Bankyň müşderileriniň hasaplaşyk hasabyny açmagyň,
ýöretmegiň we ýapmagyň tertibi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 109
4.3. Nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 111
4.4. Türkmenistanyň banklarynyň pulhana amallary. . . . . . . . . . . . . 122

## V BAP
## BANK KARZLAŞDYRMASY

5.1. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki
banklarynyň karz syýasaty. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 130
5.2. Karzlaşdyrmagyň ýörelgeleri we müşderiniň karza
ukyplylygy barada düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 133
5.3. Banklarda karzlaşdyrmagyň usullary we karz
meseleleriniň çözulmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 145
5.4. Karzy yzyna gaýtarmagyň şertleri
we göterim tölemegiň tertibi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 149
5.5. Karzy göterim bilen yzyna gaýtaryp bermegiň
üpjünçiliginiň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 151
5.6. Bank tarapyndan karzlaryň ulanylmagyna gözegçilik . . . . . . . . 160
5.7. Karzlaşdyrmagyň töwekgelçiligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 162

## VI BAP
## KARZYŇ WE KARZ AMALLARYNYŇ GÖRNÜŞLERI

6.1. Karzyň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 164
6.2. Banklaryň maýagoýum karzlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 174
6.3. Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazarynyň ösüşi . . . . . . . . 177
6.4. Lizing amallary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 185

## VII BAP
## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TÄJIRÇILIK WE BEÝLEKI BANKLARYNYŇ AKTIWLERINIŇ WE PASSIWLERINIŇ DÜZÜMI

7.1. Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň
aktiwleriniň düzümi we hili . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 201
7.2. Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň
passiwleriniň düzümi we hili . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 208

## VIII BAP
## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TÄJIRÇILIK WE BEÝLEKI BANKLARYNYŇ GIRDEJISI WE ÇYKDAJYSY

8.1. Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň girdejisi
we girdejiniň çeşmeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 210
8.2. Döwlet täjirçilik we beýleki banklaryň çykdajylary. . . . . . . . . . 212
8.3. Türkmenistanyň döwlet täjirçilik we beýleki
banklarynyň girdeji we çykdajy derejesine baha bermek . . . . . . . . . 213
8.4. Banklaryň peýdasynyň emele gelmeginiň çeşmeleri.
Bankyň peýdasyna baha bermek.. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 214

## IX BAP
## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TÄJIRÇILIK WE BEÝLEKI BANKLARYNYŇ HALKARA WE WALÝUTA AMALLARYNY KADALAŞDYRMAK

9.1. Banklaryň halkara we walýuta amallaryny ýerine ýetirmegini
sazlaşdyrmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 218

9.2. Türkmeniatanyň döwlet täjirçilik we beýleki banklarynyň daşary ýurt walýutasyny kadalaşdyrmak, satyn almak we satmak amallary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 226
9.3. Banklaryň walýuta amallarynyň ykdysady esaslary . . . . . . . . . . 228

## X BAP
## BANK INNOWASIÝASY

10.1. Bank innowasiýasy barada düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 231
Edebiýat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 238

*E. Rahmanowa, O. Sadywakasowa*

# BANK IŞI WE BANKLAR

Okuw gollanmasy


| | |
|---|---|
| Redaktory | *B. Hojadurdyýewa* |
| Teh. redaktor | *T. Aslanowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *N. Nazarow* |
| Kompýuter bezegi | *Ý. Peskowa* |

Ýygnamaga berildi 06.02.2013. Çap etmäge rugsat edildi 16.08.2013.
Ölçegi 60x90 $^1/_{16}$. Ofset kagyzy. Edebi garnitura.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 15,25. Çap listi 15,25.
Hasap-neşir listi 12,8. Neşir № 80. Sargyt №00. Sany 1300.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.